*Hydyr AMANGELDI*

# GÖREN KIM GÖRÜNEN KIM...

(powest)

**Dostum Hüdaýi Jana...**

***Gören kim, görünen kim, galdyk güman içinde***
*Ýunus Emre*

Ýene bir gün geldi. Ýene bir gün geçer. Eýýamlar geler, Şammat diýip biriniň ýaşanyny bilýän ýekeje adam hem galmaz. Ýok, gadymky şalaryňky, soltanlaryňky ýaly, ölenimden soň asyrlar geçse-de, meni ýatladyp duran galalar galdyrmak ýaly, otursam-tursam aklymdan çykmaýan güýçli höwesim, arzuwym ýok. Ýogsa, öleniňden soň ýylyň sowlup-sowulmanka, özümi unutsalar, kän bir halabam durman, eger öleniňden soň halap-halamazlyk diýlen duýgy mende galsa. Niçigem bolsa, «Şundanam ahyry dynaýdyg-aý» diýşip, begenip, üstüme gum sürerler-ä öýdemok. Ýöne maňa bu gündeligi başladan zat yz galdyrmagym ýa ýatlanmagym däl. Içim-içime syganok. Öljegiň-ä belli, ýaşaýanyňam näbelli. Özümi – daş-töweregim, maňa, çykdajy edip, bilim beren döwlet beýle-de dursun, özümem hasaba alamok. Boldum näme, bolmadym näme?! Diňe men däl, indi näçe ýyldyr üzümli haýatlardan üzüm çöpi ýygnap, gapysyna basyp ýören goňşym Ýaran aga boldy näme, bolmady näme?! Garry aýaly ölinçä çörek bişirse-de indi onuň tamdyr towulyk diýip ýygnan çöplerini ýakyp gutarmaz, ol bolsa şo-ol daşap ýör. Özüne «Näme üçin beýdip ýörünem?» diýenok, aýaly, çagalaram öwrenşipdirler – hiç kimiň onuň bilen işi ýok. Menem şeýle ýokary bilimli hukukçy, ýöne indi näçe ýyl bäri gapymda kartoşka ekip günümi görüp ýörün. Meni gerekleýänem ýok, hiç kimiň meniň bilen işem ýok. Bir Ýaran aga ikimiz bolsak, jähennem, tutuş millet şeýle. Her kim itme-ýykylma, gün-güzeran, ýuwaş-ýuwaş diýen bolup ýaşap ýör. Adama azaryň ýokmy – boldy, adamlar seni azar edinmez. Onsoň tamyň üçegine çykyp: «Men öli däl, diridirin ha-aw! Diri ýaşasym gelýär-le, ha-aw!» diýip gygyryberesiň gelmezmi. Häzirlikçe, ýazyp-ýazyp, içimi sowadaýyn diýýän, ýöne tamyň üstüne çykylyberse-de, geň däl.

Ýazga geçirmedik agym, gürrüň bermedik gussam, aýdyma salmadyk begenjim dagda-düzde erkin gezip ýören keýikler mysaly. Olary hatda özümem islän wagtym ýanyma çagyryp bilmeýärin. Olaryň özi islän wagtlary ýanyma gelýärler. Hamala, haraý isleýän ýaly, gelip maňa çalaja süýkenýärler. Olaryň başyny sypalaýan, gulaklarynyň töweregini gaşaýan. Soňra olar biraz köşeşip, ýene daga-düze siňip gidýärler. Bu gün bolsa gündelik diýilýän özüne maýyl ediji at bilen, olary ýeke-eke tutup size berýärin.

Emma gündeligimi günleriň bir güni ýakaryn, owadan tory ýyrtaryn, şol günem ähli duýgularym, oý-pikirlerim, ýalňyşlarym, ýeňişlerim, ýeňlişlerim, ejizligim, gaýratym... – bary boşar. Edil köpçülikleýin günä geçilişdäki tussaglaryň azatlyga çykanlaryna begençlerine, bir-birlerini gujaklap, öýli-öýlerine dagaýyşlary ýaly, olaram ýene daga-düze, ynsan gözünden, gep-gybatyndan, kesä çekmelerinden uzaga

siňip giderler. Şeýdibem, dodak çöwürmelerden, ýaňsa alynmalardan, kesä çekilmelerden, bazara çykarylan haryt ýaly gowy, erbet, arzan, gymmat diýlip baha kesilmelerden halas bolarlar. Eger bir sebäp bilen muny başarmasam, goý, olar bagyşlasyn.

Şeýle bir owadan rowaýat bar. Adam öleninden soň, onuň beden agzalary Allanyň öňünde şikaýat edermişler.

El aýdarmyş: «Meniň eýäm şu adam, ellemejek zatlarymy elletdi».

Aýak aýdarmyş: «Barmajak ýerlerime bardyrdy».

Göz aýdarmyş: «Görmejek zatlarymy görkezdi».

Dil aýdarmyş: «Diýmejek sözlerimi diýdirdi».

Agyz aýdarmyş: «Iýmejek-içmejek zatlarymy iýidirip-içirdi».

Gulak aýdarmyş: «Eşitmejek sözlerimi eşitdirdi»...

Häzir meniňem göwnüme duýgularym, pikirlerim, bizi her dürli nazarlaryň öňüne okladyň diýip, nägile bolaýjaklar ýaly. Men olardan çyn ýürekden ötünç soraýaryn. Eger bagyşlap bilseler.

Şu gün üýtgeşik düýş gördüm.

Aslynda, düýş görmeýän ýokdur welin, meniň düýşlerim täsin. Adatça, gündiz gören adamlaryň, ünji eden zatlaryň düýşüňe girýändir. Düýşümde köplenç, ömrümde barmadyk ýerlerimi görýän, görüşmedik adamlarym bilen görüşýän. Bolup geçýän wakalaram hiç akylyma gelmejek zatlar. Köpüsem hopukdyrjy, ýakymsyz. Dar köçelerde yzymdan ýaragly kowalaýarlar ýa-da bokurdagyma pyçak goýup haýsydyr bir zady aýtdyrjak bolýarlar. Ýa-da özüm elimdäki mähnet daş bilen çabalanyp ýatan kimdir biriniň kellesini mynjyratjak bolýan. Öldürdim-öldürdimde-de basyrganyp oýanýan. Gijäniň ýary oýanamsoň, daşarda çala şykyrdy bolsa, tisginip, gürs-gürs edip urýan ýüregimiň üstünde elimi goýup, ony çaga köşeşdiren ýaly köşeşdirjek bolýan. Biraz rahatlananymdan soň, üzlem-saplam ýadyma düşýän düýşümdäki adamlaryň kim bolup biljekdiginiň pikirini ede-ede, hiç hakydama getirip bilemok. Näme üçin kowalandyklaryna ýa-da bokurdagyma pyçak goýup, nämäni aýtdyrmak isländiklerine hiç düşünip bilemok. Has beterem, kellesini mynjyratjak bolanymyň kimdigini tanamok. Soňam, baş çykaryp bilmän, ýamaşgan uklajak bolup, derde galyp, agdarynjyrap ýatýan. Bir gören kinom düýşüme girýändir diýsemem uruşly, banditli, ogruly kinolara kän gyzygyp ýörenem däl. Düýşlerim welin, kino meňzänok. Yzymdan kowalaýan eli pistoletli adamlar, hakykatdanam, meni atýardylar. Beýle düýşlerden soň, gaty kän wagtlap uklap bilmän petige, ýa-da Aýyň şöhlesiniň düşýän ýerine tiňkämi dikip ýatyşyma, öz-özüme haýran galýan. Indi näçe ýyldyr meniň üçin gyzygyny ýitiren dirilige düýşümde şeýle çyr-çytyr ýapyşyşymy geň görýän. «Ýaşap oturan jaýyňdan çykyp giden ýaly, şu dünýedenem çykyp gidiberilýän bolsa, arkaýyn, gynanman, çykyp giderdim» diýýän wagtlarymam, at oýnadyp, ýalan sözlämokdym.

«Şu dünýeden çykyp gidiliberilýän bolsa, arkaýyn, gynanman, çykyp giderdim» diýsemem, men bir terkidünýä adam däl. Ýa bu dünýede adalat ýok diýip, däli mežnun bolubam ýören däl. Emma ýüregimde terkidünýäligem, adalaty küýsemegem köräp duran köz ýaly bolmagy mümkin. Göwnüm nämänidir başga bir zady, başgaça kanunlara görä ýaşalýan durmuşy isleýär. «Ol kanunlar nähili kanunlar?» diýseler, anyk jogabam berip biljek däl. Ýöne mahal-mahal şu dünýeden şeýle bir ýadaýan.

Görýän welin, özüňi düşündirmek aňsat başardaýjak zat däl öýdýän. Gowusy, oglanlygymdan bir mysal getireýin, belki, aýtjak bolýanyma düşünmäge kömek eder.

Bir gowy dostum bardy. Klasymyzda iň daýawydy. Diňe göwresem däl, özem gaýratly, merdemsi oglandy. Gomparmany bilmez, adama ýallaklamaz, gepi iki çykmazdy. Biziň iýenimiz aýry gidenokdy. Hatda öýlerimiz golaýjagam bolsa, aýrylyşyp bilmän, käwagt biri-birimiziňkide gije ýatmaga-da galardyk. Bir günem ol ýoldaşlarymyzdan birini erbet urdy. Biz ylgaşyp barýançak, urlanyň burny gara-gan bolupdyr. Şonda-da dostum ony rehimsiz ýençýärdi. Mugallym ýetişip, zordan ony dostumyň elinden aldy. Biz nämäň-näme bolandygyna düşünmän galdyk. Mugallym olaryň näme üçin urşandyklaryny sorasa-da, ol hiç zat aýtmandyr. Soň okuw gutardy. Urşuň sebäbini bilesim gelýärdi. Biz dostumyň öýlerinde otyrdyk, saklanyp bilmän, soradym. Käşgä soramadyk bolsadym. Ol ilki aýtmajak boldy. Henize çenli menden zat gizlemedik dostumyň bolşy hasam gyzykdyrdy. Ahyry ol:

– Aý, ýanyma gelipdir-de, «Şol atasy näbelli, çöpdüýbi Şammat bilenem dost bolýaňmy?» diýdi. Şoň üçin urdum.

Şu wagt o wakadan näçe ýyl geçenden soňam onuň aýdanlaryny kagyza geçiremde elim titreýär. Hasam bu iki sözi ýazjak bolanymda elim, barmaklarym, hatda ruçkama çenli ýazasy gelmeýär. Emma isleg bilen hakykatyň dawasynda hakykat ýeňiji bolýar. Elmydama hakykat ýeňse, bu-da beýle bir gowy zat däl eken. Bu sözleri ýazamda nähili ejir çekýän, ýüzüme aýdylanda, nähili bolandygymy göz öňüne getirmegem agyr.

Muny ilkinji gezek gönüläp aýdanam iň gowy görýän dostum boldy. Nädip ylgap daşaryk çykanymy bilemok. Köçede her kim, her zat maňa seredip gülýän, «atasy näbelli» diýip ha-haýlaýan ýalydy. Men ýol bilen däl-de, köräp duran goruň üstünden ýöräp barýardym. Ylgaýyn diýsem, beter awunjak, dursam, ondanam beter boljakdy. Bokurdagym dolsa-da, aglap bilemokdym. Aslynda, bokurdagyma dykylanyň agydygynam, ýigrençdiginem, biçärelikdiginem bilemokdym. Meniň bilen dost bolmaz ýaly, näme aýbym, näme günämiň bardygyna düşünemokdym. Zordan öýe ýetdim. Içki jaýa girdim. Hernä, öýde hiç kim ýokdy. Ýüzümi ýassyga berdim. Öýümiz beýle hossardyr öýtmeýärdim, ol meni ýad-u-ýakyn gözlerden goraýardy. Agladym. Dogrusy, şondan soň aglanymam ýadyma düşenok, eger diňen bolsam...

Diňendirin. Agy ynsanyň ýüregini ýukaldar, meniň bolsa ýüregimiň daşyny gitdigiçe gemre baglaýardy. Meni agladan günämiň nämededigine düşünmezligim bolsa, bokurdagyma tegek bolan ýigrenjimdi. Agy ýigrenç bilen bile gelende, ýüregiň däl, beýniňem – tutuş süňňüň doňýan eken. Bar zady ýigrenýärdim. Dünýä inmegime sebäpkär bolan kaka-ha beýle-de dursun, gapymyzyň öňünde ýatan tuduň töňňesine çenli ýigrenýärdim. Üstüme ejem geldi. Hyrçymy dişläp, agymy gizläp: «Meň kakam kim?» diýdim. Bu-da birinji gezek ejeme azmly ýüzlenişimdi.

Meni dünýä indreni üçin häzir ejemi günäkärläp bilemok. Ýöne şol wagtky ýigrenjim ejänem seljerenokdy. Onuň kakamyň kimdigini gizleýänine hasam gaharym gelipdi.

«Kakam» diýýän. Bu sözi million gezek gaýtalasamam, oňa siňdiren manylarymy doly düşündirip bilmen. Ýaşym kyrka ýetip barýar. Ölemde-de: «Kaka, kaka» diýip ölsem gerek. Belki, ol ynsan bu söze, onda-da «kaka» sözüne siňdirýän ýigrenjime-söýgime, zarlygyma-bizarlygyma degýänem däldir. Bilemok. Biz

köplenç, aladasyny edeniňe degmeýän zatlaryň aladasynda ýaşap, gadyryny bileniňe, aladasyny edeniňe degýän zatlaryň bolsa, gadyryny bilmän, aladasynam etmän ölüp gitmeýärismi?! Aňymdan «kaka» sözüni syryp-süpürip öçürmelidim. Beýle ejiri duşmanyma-da arzuw etmerin.

Ejem şol günem maňa öňden bilýän zatlarymy aýtdy.

Biz şäherde ýaşaýan ekenik. Kakam bir ýaşymdakam urşup tutulyp, türmä düşüpdir. Şo ýerde-de öldürilipdir. Kakam ölenden soň ejemi bir eltisi bilen kakamyň gyz doganlary öýe sygdyrmandyrlar. Ejem hassahanada işlänsoň, gijelerine-de nobatçylyk edýär eken. Şonuň üçin oňa ýaramaz gezýäň diýip müňkürlik edipdirler. Ejem, hakykatdanam, birine durmuşa çykjagam bolupdyr. Ahyram, durmuşa-da çykman, ýat oba göçüp gaýdypdyr. Obada lukman bolmansoň, sanjym edip bilýän biriniň gelenine-de begenipdirler. Kolhoz ejem ikimize jaý salyp beripdir. Emma obanyň mollasy Hudaýnazar aga bilen ejemiň eltisi daşgynrak garyndaş eken. Ol: «Täze göçüp gelen dogtor gelin bozukdyr» diýip, Hudaýnazar agany gowy ynandyrypdyr. Hudaýnazar aganyň gepi bilenem, oba ejem hakynda ýaramaz gürrüň ýaýrapdyr. Ýöne ejemiň arassadygyny gören adamlar bu gürrüňi derrew ýatlaryndan çykarypdyr. Çykarsalaram, meniň, hamala, ejesiniň yzyna düşüp gelen çöpdüýbüligim hakyndaky düşünje adamlaryň aňynda galypdyr. Häzir baryny bilýän, emma oglankam welin, bu söz maňa gaty ýokuş degipdi.

Goýunlara tut ýapragyny syryp gelen ejemiň üsti kirşendi. Ol azymly soragymy eşidip, aýyply ýaly, ýere bakdy. Güne ýanan ýüzi hasam garaldy. Belki, ol şol güne garaşyp gezendir. Belki, gijeler ýatman, öz ýanyndan oňa telim hili jogaplar berendir. Meniň bilen içgin-içgin gürleşendir. Emma o wagtlar beýle pikir kelläme-de gelmeýärdi. Ýowuz nazarym bilen ony iýäýjek bolýardym. Hatda onuň eliniň arkasyny çybyk çyzyp, ýüzüniň ganjaryp duranyny görsemem, nebsagyrjylyk duýgusy ýüregimde oýanmaýardy. Ejem jogap bermän, turup, çykyp gidiberjek ýaly etdi. Ol iňňä sapaýmaly hor göwresini nirä sokjagyny bilmeýän ýalydy. Soň ýene bir gysym bolup, çugtduryp oturdy. Hor göwresiniň galpyldysyna barmaklarynyň titreýäninem duýmaýardy. Ahyry ol ýuwaş sesi bilen zordan:

– Sen ony bilýäň-ä – diýdi.

Ejemiň sandyramasy, aşak bakmasy, oňa ynanmazçylygymy hasam artdyrdy.

– Maňa hakyky kakamyň kimdigini aýt.

– Sende ýalan kaka, hakyky kaka diýilýän zat ýokdur. Seň kakaň ýeke, olam öldi. Ony sen bir ýaşyňdakaň pyçaklap öldürdiler.

– Ýalan sözleýäň. Onda näme adamlar başga zat diýýär?!

Ejem bir bada jogap bermedi.

Çaga akylyma saňsar daşy degen ýalydy. Daşaryk çykdym. Töwerek boşlukdy. Hiç kimiň, hiç zadyň meniň bilen işi ýokdy. Bu dünýe üçinem, onda ýaşaýan adamlar üçinem dünýä inenimiňem inmänligimiňem parhy ýok ýalydy. Eger bar zada parhsyz bolsaňyz, çöpdüýbüligim ýa-da däldigim nä azaryňyz? Diňe ejem yzymdan adymy tutup gygyrdy. Olam ejedi. Eje bolsa, gygyrar-da, dagy nätsin?!

Obamyzyň çagyl dökülen köçesi bilen, ýüzüm nirä bolsa, şol tarapa barýardym. Başymy ýerden galdyryp bilemokdym. Pikirlerimiň agramyna Günem aşak basylýan ýalydy. Aýaklarym zordan ädilýärdi. Olar meni mekdebe getirdiler. Aňyrda oglanlar futbol oýnýardylar. Mekdebiň howlusynyň bir çetinde ýörite ýangyna garşy edilen

çuň howuz bardy. Çaga gaçaýmasyn diýip, onuň üsti çüri, hüjre ýaly edilip, agaç bilen ýapylgydy. Howzuň diňe bir adam giräýmeli agzy, onuňam ýörite gapysy bardy. Ol gapam açylmaz ýaly sim bilen saralgydy. Sim bilen baglanan gapynyň öňünde köp oturdym. Özümiň çöpdüýbidigime hiç şübhäm ýokdy. Agajyň jaýryklarynyň aşagyndan gap-gara bolup suw görünýärdi. Häzir şol suwa özümi bir oklap bilsem, bu dünýädäki çöpdüýbüleriň biri azaljakdy. Azalanda-azalmanda-da ullakan üýtgän zat bolmaz. Bar zat ýene şol parhsyzlygyna galar. Diňe obamyzyň gaýrasyndaky gonamçylyk – Hojamazarda beýlekilere görä kiçiräk ýene bir tümmejik dörär.

Emma ol sim maňa açdyrarly däldi. Ol esli ýyl bäri açylana-da meňzänokdy. Ony açmak üçin ýeke hereket hem edemokdym, diňe, jadylanan ýaly, gara suwdan, towlanan posly simden gözümi aýyryp bilmän otyrdym. Kelläm doňan ýalydy. Hiç zadyň pikirinem edip bilemokdym, gözümiň görýän zatlaryna düşünibem bilemokdym. Ähli zat boşdy. Bu boşluk ýöne boşlugam däldi – iniňi tikenekledýän sowuk boşlukdy. Birden ejemiň tut ýapraklarynyň kirşeni basan keşbi göz öňümde janlandy. Damarlak, hor eliniň arkasyndaky çöpüň çyzan ýeriniň ganam gatamandyr. Özüm bilmän daşymdan «ýok» diýdim. Öz sesime özüm tisginip gitdim. Emma ejem göz öňümden gitmeýärdi. Ol birhili: «Ýüzüňi ýere salmak islemändim» diýýän ýaly, naýynjar seredip durdy.

Häzir Hudaýa şükür edýän, şol wagt diňe doňan ýaly bolup oturypdyryn. Eger sähelçe hereket edip bilen bolsam, meni posly sim saklap bilmezdi.

Birdenem, gözümden iki damja ýaş ýere damdy. Özüme geldim. Ýerimden turdum. Eýýäm garaňky gatlyşyp barýardy. Häzir mekdebiň garawuly geler.

Gelenje ýolum bilen yzyma öýmüze tarap ugradym. Sürüden gaýdyp gelýän sygyrlaryň, olary garşylaýan itler bilen adamlaryň sesi köçä syganokdy. Men welin, ýalňyzdym. Taşlanan ýurt ýaly ýalňyzdym.

Öýe geldim. Içki jaýa geçdim. Edil ýaňy agymy özüne siňdiren ýassyk hiç zat bolmadyk ýaly ýatyrdy. Şol wagt ýene ejem içerik girdi. Tisginip gitdim. Ol öňküsi ýaly çommalyp oturdy-da, başyny ýerden galdyrman:

– Seni ulaldyp, bir deräň eýesi etmesem, gözümi açyp giderin – diýdi. Erbet ümsümlik döredi. Az salymdan ejem, gelişi ýaly, çykyp gitdi.

Gözüni açyp ölen adamy birinji gezek alty-edi ýaşlarymda görüpdim. Goňşymyz Myradyň ejesi ýogalypdy. Myratlara köp adam üýşüpdi. Her kimiň ýüzi salykdy. Dostum Myradyňam aglap-aglap diňen gözleri gyzaryp, pökgerip durdy. Nädip onuň göwnüni açjagymy bilemokdym. Jübümdäki aşyklarymyň baryny beresim gelýärdi. Şol wagt Myradyň ýanyna daýzasy geldi:

– Gel, Myrat jan, ejeň bilen hoşlaş .

– Ýok, gitjek däl...

Myrat goşaryny daýzasynyň elinden çekip aldy. Näderini bilmeýän daýzasynyň gözi maňa düşdi:

– Ýör, Şammat jan Myrada ýoldaş bolaý. Ol hoşlaşmasa, ejesi gözüni ýumanog-a.

Näme üçindir, men göwünjeň boldum. Gaýta Myrada-da: «Ýör, näme bor öýdýäň» diýen boldum. Ikimiz tirkeşip öliniň ýatan jaýyna girdik. Bir ýere üýşen pürenjekli aýallar agyr ýüzli adamlardanam eýmendirjidi. Öýüň törräginde Myradyň

ejesi uzanyp ýatyrdy. Onuň ýüzüne ýapylan ýaglygy galdyrdylar. Ol seredişi ömürem unudyp bilmen. Öli gözler göz däldi – bir buzdy. Onuň nazaram, buzdan edilen naýzalar ýaly, içiňden geçip barýardy. Wägirip yzyma gaçdym. Myradam menden beter gygyryp daşaryk ylgady...

Soň iki hepdeläp gyzdyryp, basyrganyp, düşekde ýatdym. Häzirem ejem «gözümi açyp giderin» diýenden göz öňüme şol öli gözler geldi. Süňňüm gowşap, hamala, ejem gözüni açyp gidip barýan ýaly boldy. Ejem çykyp gidenden soň töweregim şeýle bir boşady. «Deräň eýesi bolmak» sözüne doly düşünmesemem, adamyň maňa at dakyp bilmejek derejesidigi düşnüklidi. Öňümde sowuk, ýakymsyz maksat döredi. Men «deräň eýesi» bolmalydym.

Şonda ýüregimde dörän boşlukdan, belki, ýyllap özüme gelip bilmedim. Hiç ýylamadym.

Şol günden soň dostum bilenem sowaşyp gitdim. Näçe özüme zor salsamam, bolmady. Ýogsa ol meniň üçin, meniň abraýym üçin urşanam bolsa, aramyzda geçip bolmajak bir perde goýlan ýaly boldy. Ertesi dostum ýanyma gelmedi. Ol, biygtyýar, özüniňem ýüregimiň ýarasyna öwrülendigini syzýan ýalydy. Soň birki gün kän bir-birimiz bilen işimiz bolman gezdik. Ahyr ol  gelip:

– Okuwdan soň bize gidýäsmi? – diýdi. Men ýene şol günki halyma dolanyp geldim. Gyzardym. Saçym düýrügip, endamym tikenekläp gitdi. Ejemiň çybyk çyzyp ganjaran eli, howzuň gara suwy, üstüne köz düşelen köçe, öli gözler... ýene hakykat ýaly  göz öňüme geldi. Galan zatlar – mekdep, ýoldaşlarym, mugallymlar bolsa ýalana öwrüldi. Zordan:

– Ejeme tut syryşmaly-laý – diýdim.

Aslynda, ejemiň şol naýynjar kirşen basan ýüzi, titreýän barmaklary, eliniň ýaňy gatap ugran gany...– bular, hakykatdanam, hakykat eken. Galan zatlar hyýaly eken. Häzir olaryň bary hyýaldanam uzaga geçip gitdiler. Emma şol gün welin, iň owunjak zatlaryna çenli aňymdan hiç gitmeýär. Olar, ölemden soň, gabryma-da bile girmeseler razy.

Şeýdip, dostumy özümden itekledim. Ony beýleki ýoldaşlarymyň deňine getirdim. Soň ýoldaşlarymam, dostum bilen birlikde, özümden itekläp tanyş-u-nätanyş adamlaryň deňine getirdim. Hamala, kim bilen içgin gatnaşyp, ýürekdeş bolsam, şolam meni awundyraýjak ýaly boldy.

Özüm özümi köşeşdirdim, özüm özümi diňdirmäge çalyşdym.

Birhili boşan göwrä döndüm. Adamlary, köpçüligi halaman başladym. Hamala, olaryň bary, diline almasalar-da, aňlary bilen, gözleri bilen: «Şu, hakykatdanam, çöpdüýbimikä? Aý, ot ýanmasa, tüsse çykmaz» diýýän ýaly boly. Adamlaryň, köpçüligiň içine garyşyp-gatyşybersem, olar meni ýene mekdebiň suwly howzuna eltäýjek ýaly boldy. Posly sime, bu gün ýapyşmasam, ertir ýapyşmagym  mümkindi. Ol howzuň gara suwundan goranmalydym. Bilmedim, muny bilip etdimmi, bilmän etdimmi? Megerem, bilmän eden bolsam gerek. Akylymdan duýgym üstün çykandyr. Ýa duýgymdan akylym üstün çykdymy bilemok, ýa Hudaý goradymy, ýöne gaýdyp şol howzuň ýanyna barmadym. Hatda derman etmek üçinem ýaramy gozgamazlyga çalyşdym.

Aslynda, ol howuzdan gorkubam duramokdym. Öňi-soňy bir başa – bir ölüm, ýöne: «Pylany mekdebiň howzunda özüni öldüripdir» diýip, adymy tutmaga

mynasyb-u-mynasyp däller gürrüňimi ederdi. Ejem görgüli ýeke galardy. Elbetde, beýle pikirler kelläme soň-soňlar gelýär. Men – adam. Janym barmy – ýaşamaly. Hiç kimden hiç ýerimiň kem däldigine akylym ýetýär. Eger artyk bolmasam. Kemimi gözleýänlerem täterimiň teýine gitsin.

Özüm kaka bolanymdan soň, bu ýaramyň ýüzi doly kesmekledi. Howzam ýadymdan çykaňkyrlady. Ýakymly ýylam ýüregimi ýylatdy. Ejemiň ýalan sözlemändigine-de, oňa töhmet atylanyna-da doly göz ýetirdim. Ýöne indi giçdi. Mende ne dost bardy, ne-de dostly bolmak islegi. Şol günden soň maňa hatda ejemem ýakyn bolup bilmedi. Bizi baglanyşdyrýan köpri partladylyp ýarylan ýaly boldy. Indi ejemiň ýanyna aýlawly, daş ýol bilen ýakynlaşmaly bolýardym. Olam juda seýrek bolýardy. Men ejemi ynjydypdym. Ondan ötünç soramalydym. Ýöne nädip ejeňden ötünç sorajak? Ejeň bilmän, atdanlykda, aýagyny basan nätanşyň däl ahyry «Bagyşlaň, bilmändirin» diýäýer ýaly. Bilýän, belki, ahyry bir gün ejem bilen razylaşaryn, ýöne giç bolaýmasa. Ynsan hemişe ýa iriň, ýa-da gijiň arasynda örtenip ýörmelidir-dä, elbet.

Ynha, şular ýaly zatlar sebäpli, mahal-mahal şu dünýeden «çykyp gidiberesim» gelýärdi. «Zatlar» diýsem, başga-da şular ýaly wakalary başdan geçirendir, tutuş ömrüm töhmetden, kemsidilmeden doludyr öýtmäň. Ýöne, her kimde bolşy ýaly, mende-de ýeterlik boldy. Emma adam üçin şular ýaly wakalaryň ýekejesiniňem kän bolmagy mümkin. «Ýagşy ata bir gamçy, ýamana ata müň gamçy» diýilýär. Nakyly öz ýerinde ulanmadyk bolmagym, özümi «ýagşy at» görnüşinde görkezjek bolan bolmagymam mümkin. Eger şeýle kabul etseňiz, goý, şeýle bolsun. Bu hakynda jedel edip, özümi hasam oňaýsyz hala salasym gelenok. Ýöne ýagşy ata ýekeje gamçyňam juda kändigini aýdasym geldi-de – onam başarmadym.

Aslynda, meniň üçin ukyňam gymmaty ýokdy, oýalygyňam. Gündizden ýadaýan ynsan gijä bir baglanaýmaly, oňa, halasgärine ýapyşan ýaly, ýapyşaýmaly welin, gaýta, daň atman geçýär. Turup, ony-muny okaýyn diýsem, çyrany ýakmaly boljak, oňa-da çagalar örjek. Aýalymyňam: «Ahyry dälliremeseňem razy biz-ä» diýip iňirdäp başlajagy belli. Onsoň, şo ýatyşyma, daň atansoň uka gidýän. Gün asmana galýança-da oýanman, öli ýaly ýatýan. Bu günem şeýle. Üstesine-de, hemişeki düýşlerime meňzemeýän süýji düýş gördüm:

Düýşümde men 20-22 ýaşlarymda. Haýsydyr bir nätanyş şäherde okaýanmyşym. Şäher deňziň ýakasynda. Okaýan uniwersitetimiň penjiresinden deňiz görnüp dur. Ekzamen tabşyrýan. Mugallym jogaplarymy haýran galyp diňleýär. Soňam zaçetka «otl» diýip ýazýar. Guş bolup uçýamyşym, guşa öwrülemok-da, begenjimden özümi şeýle duýýan. Belki, uçandyrynam, anyk bilemok. Kursdaşlarymyň maňa gözi gidýär. Buýra saçlarym seçelenip dur. Egnimdäki täzeje göm-gök kostýumym şeýle bir gowy gelişýär. Äpet şäheriň giň köçesinden barýan. Deňiz edil aýagyň aşagynda ýaly. Onuň üstünden ösýän ýakymly şemal buýra saçlarymy daraýar, ýüzümi sypalaýar...

Düýşümiň şu ýerinde-de oýardylar. Dogrusy, aýalym Akbibi gygyryp oýardy.

– Gyýw, turjak dämi sen?!

Ol henizem ýatanyma jany ýanyp, has gatyrak gygyran bolarly, çasly sesine tisginip, ýatan ýerimden dikeldim:

– Gykylygyň näm-aý?!

Akbibi meni gorkuzanyna çala nebsi agyryp, ýene-de, özüni aklajak bolýan ýaly, müýnli ses bilen:

– Tur-da, senden başga ýatan ýok. Seň namaz okanyňdan okamanyň gowy eken – diýip hüňürdedi.

Düýşüm zym-zyýat boldy. Deňziň ýakasam, ýigrimi ýaşam, ýanyp duran kostýumam gitdi. Kyrka golaýlan ýaşym, ýüregime düşen içeri töwerekde çaşyşyp ýatan gerek-gerekmejek zatlary bilen dolanyp geldi. Ukudan oýananyma däl, düýşümiň düýşdügine, öňümde eli sübseli iňirdäp duran aýalymyňam düýş däldigine gynanýardym.

Muňa ýüregiňdäkini nädip düşündirjek? Erkege erkek düşünenok, aýal bir düşünäýmeli ahyryn...

Ertir beýle düýşi gaýtadan görmejegim belli. Belki, şonuň üçinem bu gün barada ýazanyňa degse degýändir. Günleri biri-birine meňzemeýän adamlar nähili bagtly durmuşda ýaşaýandyklarynam bilýän däldirler?! Ýöne beýle adamlaryň bardygyna ynanmok.

At oýnadyp näme edeýin. Şu zatlary ýazyp otyryn welin, kimdir biriniň gyzyklanma bilen ýazanlarymy okaýşyny, okajakdygyny, men hakynda pikir etjekdigini, özüni meniň bilen, biygtyýar, deňeşdirjekdigini, kyn günüme gynanyp, begenen ýerimde onuňam begenjekdigini göz öňüme getirýän. Ýazyjylar, adatça, olara «okyjy» diýýäler welin, meniň oňa beýle sowuk ady dakasym gelenok. Dostum diýesim gelýär, emma bu sözüňem edil «agam» sözi ýaly, agyz ugruna aýdyla-aýdyla, gadyrdan gaçanyna gynanýan. Şeýle bir dostum bolsady, ol maňa dostum diýmänkä dostumdygyny bilsedim. Hatda birden biz birek-birege «dostum» diýäýsek, aramyzdaky ýakynlyk kemsinäýjek ýaly bolup dursa... Hawa, men şeýle dosty isleýän. Özümiň beýle dosta mynasypdygymam bilemok, emma isleýän. Islegiň muzdy bardyr, onuň yzynda durmalydyr diýip pikirem edemok. Adam ogly dil bitmänkä eýýäm islemegi bilip, başaryp dünýä inýär. Bäbejigiň ajyganda iňňä-iňňä edip, memme dileýşinde, talap edişinde utançsyzlyk bardyram öýdeňok. Derrew onuň islegini kanagatlandyrmaga çalyşýaň. Ol iňňäläp ýatyşyna, emjek süýdüni haklap biljegi-bilmejegi hakynda pikirem edenok. Ol hatda “Sesimi eşdýän bir barmyka” diýibem alada edenok. Menem şonuň ýaly isleýän. «Men-ä oňa dostum diýsem, ol bolsa, «sen maňa haçan, nirede dost bolduň?» diýse» diýip pikir edesim gelenok. Ýöne özüm şu ýazanlarymy okajak kişiniň şol çuň manydaky dostumdanam ýakyn bolmagyny isleýän. Eger şeýle bir duýgy bolmasady, belki, gündelik ýazmagyň geregem bolmazdy. Gündelik özüň üçin ýazylýan bir ýazga meňzese-de, hakykatda, ol dostuňdanam, özüňdenem özüňe has ýakyn birine ýazylýan ýazgy bolsa gerek. Gündelik birhili ajygan bäbegiň iňňäsine meňzeýär. Belki-de, gündelik diýilýän zadyň özi şol islenilýän dostuňdyr?!

Bilmedim. Ýöne bu ýazgylarym has göwni açyklykdan kösense, kösener. Olaryň şol kösençlerine dözmänem, ýazgymyň başynda gündeligimi öňi-soňy ýyrtaryn diýipdim. Bu sözlerim üçin hiç kim özüni kemsidilen ýaly görmesin. Çyn dosty tapmagyň kyndygyny ýadyňyza salyň-da, bilmezlikde, göwnüňize degenim üçin bagyşlaň. Menem bir näçe hak dost bolmaga mynasyplary, şübheli garaýyşlarym bilen köp gezek ynjydyp ürküzenleriň biri.

Birgiden giriş sözlerini ýazyp, gep nokatladym welin, telim işi çalşyp, ahyr soňam hiç ýerde işlemän öýünde ýatan bir ýaltaň gündeliginde näme bolsun? Kagyz garalap oturman, gaýratyň bolsa, turup gidip kartoşka ekmeli.

Häliden bäri daşardan dürk-dürk edip, bir zadyň urulýan sesi gelýär. Içimden: "Bu nämekä, ýa goňşular bir zatlar edýärmikä?!" diýsemem, ýerimden turasym gelenok. Ahyry turup penjiräň öňüne bardym. Aýalym mellekde piliň arkasy bilen kesekleri owradýan eken. Türkmen piliň arkasy her kesege gürpüldäp degende, töwerege ýukajyk tozan ýaýrap gidýär. Aýalymyň gök köýnegine tozan siňip, solak görünýär.

Otuzy ortalan, inçesagat, dogumly, özümden kän dogumly bu aýal bilen indi on bäş ýyl bäri bile ýaşaşyp ýörüs. Onuň poslap ugran pili zarp bilen inderişi, durmuşdaky ahmyryny keseklerden çykarjak bolýana meňzeýär. Oňa çynym bilen nebsim agyrdy. Özümi onuň öňünde günäkär ýaly duýdum. Entek ulugyzka "Saňa şeýdip, ýer ýençdirip, kartoşka ekdirjek oglana durmuşa çykarmydyň?!» diýseler, «Waý, ýog-eý, daş edewersin» diýjegi belli. Aslynda, belki, beý diýmezem. Ol meni erbed-ä görenok. Erbet görmese, ýigrenmese, boldugymyka? Bir-biriňi söýüp ýaşamak diýlen zat hyýaly bir zatmyka? Şu wagt «söýüp» diýip ýazýan welin, öz-özümden utanýan. Durmuş saňa hindi kinosydyr öýdýäňmi dýesim gelýär. Bir-birege hormat, söýgi bilen ýaşaşmak üçinem, belli bir derejede, medenýetem gerekdir. Söýmegem öwrenmek gerekdir. Biziňkileň gyzka-ra mata-marlakdan, soňam çagasynyň, äriniň kirinden başga görýän-bilýän zady barmy?! Şu wagt şol petigaraň kellesinde «kärtişgeden» başga näme bardyr? Aý, bolýa. Bu durmuşda bir-biriňi itden beter ýigrenmeseňem boldugy, şoňa şükür et. Birek-biregi gözüňde okuň bolsa, atjak bolup, dowzaha dönen içeride ýaşaýan bolsam, söýgi ýadyma düşmezdi. Türkmeniň sabyram bir bagty. Maňa kysmatyna kaýyl Akbibiň sataşanam, bilsem, bagt. Söýgi şol.

Emma aýal – aýala mynasyp ýaşamaly, enä mynasyp ýaşamaly. Ol diňe öýi däl, daşynda-da dünýäň bardygyny, dürli ýaşaýyşlaň, düşünjeleň bardygyny bilmeli. Dünýägaraýşy bolmaly, giňemeli. Şoň üçin ýagdaý döretmelem men – içeriň erkek kişisi. Eger başarmaýan bolsam, ýer ýençdirýän bolsam, elbet, men günäkär. Mendenem bir är bolarmy? Senden är bolmasa, söýgi islemegiňem haýasyzlyk. Çyn söýgi bilen çyn är söýülse gelşer. Ýogsa itiň boýnuna göwher dakylan ýaly bolar. Göwherem aglar, item. Aýalyňam aglar, senem. Gowusy, söýülmäniňe şükür et.

«Mendenem bir är bolarmy?» diýip bilmegem – uly ärlik. Indi arkaýyn ýassygyňy gujakla-da ýatyber. Ýatmamda, elimden näme gelýär? Häzir elinden pilini alsam, kätmen bilen joýa çekip başlar. Beýle durmuş onuň maňlaýyna edil daşa oýulyp ýazylan ýaly bolarly. Nädip çyn är boljak? Bolmanda, işleseň, işläniňe görä-de, hak alyp, öýüňe getirseň.

Uçup barýan uçaryň sesi gelýär. Başymy galdyryp, onuň mawy asmandan ýüzüp barşyny synladym. Onuň içinde-de adamlar bardyr. Nirädir bir ýerlere gezelenje barýandyrlar. Mundan ýaşaýyş bolmaz.

Gün asmana galypdy. Şäheriň gyrasynda ýerleşýän obamyza-da ýaz gelipdi. Ýazyň ilkinji günleri Günüň şöhlesiniň ýakymly ýylysyna ot-çöplere, janly-jandarlara jan girýärdi. Zordan daşaryk çykdym. Gözlerimi bürüşdirip Güne seretdim. Günüňki hezil. Onuň derdi dogmak. Ol dogany üçin ýaşamaly bolýanlaryň dat gününe.

Menden başga ähli janly-jandar, hatda serçelere çenli, ýazyň gelenine begenýänini bildirýär. Ýöne gyşa degjek pasyl bolarmy!

Galyň gar ýagsa, azyndan bir hepdeläp hiç kim öýünden çykyp bilmese. Adamlar ýaşaýyş diýip hars urmasyny bes edip, az salymam bolsa, otursa. «Ertirden-agşama hasyrdap ýörmeseňem, aç ölmejek ekeniň-laý» diýip oýlansa.

Indi ýer dörjelemek başlanar. Her kim eksem, gazansam diýip çapalanyp başlar. Öz ekini gijiräge galyp, goňşusynyňky ozduraýsa-dagy bar onsoň, göriplikden ýaňa näderini bilmezler. Äri aýalyna gygyrar, aýaly ärine. Iki arada-da çagalar şarpyk ýer. Şeýdibem ölüp gidibermelimikä?

Indi näçe gün bäri «kärtişgäňi ekeňok» diýip, aýalymyň beýnimi gazaýany aňymda.

Ertirlik diýip çaý bilen çörek iýenimden soňam elim işe baranok. Göwnüm deňziň ýakasyny, iňirdi diýilýän zadyň nämediginem bilmeýän gelni, seçelenip duran saçymy – düýşümi küýseýärdi, ýatsam, düýşümiň dowamyny görsem diýýärdi. Ýöne Akbibiň ýatyrmajagyna-da gözüm ýetip dur. Adam ýaly ýaşamak isleýärdim. Bu bir ýöne eljireýäniň islegi däldi. Özümi şeýle islegi etmäge hakly hasaplaýardym. Sebäbi şeýle ýaşaýanlaryň hiç biriniňem menden artyk däldigini duýýardym. Bar, “hiç biri” diýmäýin, ýöne köpüs-ä meniň ýaly adamdyr.

Häzirem Akbibi iki otaglyja kiçijik jaýyň girelgesinde, otaglara görä giňiräk salnan eýwanda oturyşyna ekilmeli kartoşkany kesýär. Onuň häzir küý-pikiri mendirin. Ol meni turuzmagyň kyndygyny bilýändir. Bäş çagaň enesi, pukaralyk bilen öwrenişip giden bu aýal meni içenok, çekenok, urup-ýenjip ýörenok diýip, gowy görýär. Täzeden bäri namaza dagy başladym welin, hasam begenýär. Ýöne meniň bar zatdan elimiň sowuklygyny halanok. Sowatsyz görgüli, äri okuwly-diplomly bolsa-da, ýetde-gütde ýaşaýandygyna, «A» harpyndan şermende, öz adyny ýalňyşsyz ýazyp bilmeýän biriniň içersinde-de doňuz bögürýändiginiň sebäbine düşünip bilenok. Şu wagt baryp derdini gozgaýsam: «Nämemiş, daýysy zawmagmyş, şoň zatlaryny satyp berýämiş. Özem satanok-la, jygyldykda oturýan heleýlere bir ýerden geçirip gaýdýarmyş. Özi satmaly bolsa, şonam oňarasy ýok...» diýip, janygyp başlar. Ol şeýdip janygýa-janygýa-da, içiniň ýangynjyny iş bilen basýar. meniňki welin, tersine.

Aýalym düňk-düňk edip, oturan jaýyma geldi. Ol döşümi ýassyga berip ýatanymy görüp, näme üçindir, sägindi. Ýogsa, gykylyklabam göreýin, heý, turuzyp bolmazmyka diýip gelen bolmagam mümkin. Geliş-ä batlydy. Men geldiňmem diýmämsoň, hüňürdemäge başlady.

– Şu kärtişge-de, hazan urmuş, ahyry ekilmän galjak. Indi näçe gün bäri her gün diýe-diýe dilim syryldy. Ekilmän geçsin-le diýäýjek welin, tohumyna eslije pul berildi. Aýlygy azam bolsa, erkek kişiň işe gidip-gelip durany gowy ekeni. «Öýde bolsam, ekin ekerin, bir zada güýmenerin. Edaraň işinden alýan aýlygym ýoluma ýetenok» diýip duraňsoň, bolýa diýäýdik-dä.

Bu iňirdäp başlan bolsa, indi goýmaz. Oýunlyga salandan gowusy ýokdur:

– Goýsan-a, özüň maňa mydam gözüň düşüp duranyny kem görmediň – diýip, özüme zor salyp ýylgyran boldum. Bu ýylgyrmamyň janam bardy. Akbibi okuwly adamsyny şäheriň ors aýallaryndan gabanmanam duranokdy.

Eli kartoşka kesýän pyçakly aýalym görgüli hoş söz eşdenine ýumşap, arkasyny diwara berip oturdy. Soňam gara çyny bilen aýdanymy tassyklady:

– Dogry-da, hon-ha, Bibijemalyňky bir orsy tapypmyş-a. Ol ors ömür indi ony sypdyrarmy?! Biz-ä, Bibijemal ýaly, diýjegmizi diýibem bilmeris. Başyňy alarsyň-da, ymyklyja gidiberersiň. Henizem şol zor gyz, saklaýar ärini. O tulalaň gözleýäni arak içmeýän, çilim çekmeýänmiş-dä, özleriniňki içegen bolansoň.

Aýalymyň sadalygy çökgün göwnümi biraz göterdi. Bulary gürledip, gürrüňlerine gülüp ýörmeli welin, bizem okuwsyz, zat görmedik diýen bolýas. Ýadyma düşýä, ilki gelin ýyllary işden soň oňa-muňa gitsem, öýe giç gelsem ýa-da gelmesem, «komandirowka gitdim» diýerdim. Bu görgüli komandirowkaň nämediginem bilenokdy şol ýyllar. «Hä» diýen bolup, gaýta «Ýadawmyň, çaý içjekmi, çörek iýjekmi?» diýip, daşymda kökenekdi. Soň ejem komandirowkaň nämedigini düşündiräýipdir-dä. Baý, bir salym torsarylyp gezdi. Şo ýyllaram gowudy-laý. Ukudan oýanamda, turasym gelerdi, ýatamda, nädip uklanymy bilmezdim. Dünýäň özi, düýş ýaly, gyzyklydy, indi welin, bir gowy düýşe-de zar boldum.

Düýşümiň täsirinden çykyp bilemokdym. Beýle düýşden soň, turup, topraga bulaşasym gelmeýärdi.

Haýsy şäherdikän-aý? Henize çenli deňiz ýakasyndaky bir şähere-de gidip görmändim. Ýöne gowy şäher eken. Ýer ýüzünde nähili täsin ýurtlar, üýtgeşik şäherler bardyr, biz olary göz öňümize-de getirip bilýän däldiris, hyýal etmeg-ä beýlede dursun. Biziň bilen çüýşä gaçan möjegiň tapawudy näme. Möjek çüýşä düşmänkä erkinligiň nämedigini bilýändir, çüýşäň daşyny görendir, biz bolsak çüýşäň içinde dünýä inenler.

Pikirlerim dünýämi ýene daraltdy. Nädip ýassyga elimi uzadanymy bilmedim. Süýndüm.

Şu gün-ä kartoşka ekmejek bolaryn.

Akbibi, meniň ýene süýnenimi görüp, näçe jany ýansa-da, gaharyny basdy. Ol häzir galmagal etse, meniň ýagdaýymyň has beter boljagyny bilýärdi.

– Gyýw, näme ýaraňokmy? Seň bu gün ýanyň ýerden galanok-la?

– Endam janym soka salynan ýaly. Hiç galasym gelenok.

Ol ýanymda oturyp, bilimi, arkamy owkalamaga durdy. Aýalymyň eli dili ýaly däldi, ýakymlydy. Onuň gataňsy barmaklary etimi ýumşadyp, bogunlarymy ýeke-eke yzarlap barýardy. Hezil etdigimçe, bolup ýatyşyma utanýardym. Emma utandygymça-da, beter galasym gelmeýärdi. Mümkin, ganym çaltyrak aýlanyp ugrandyr-da, dikeldim.

– Howadanmyka?

– Bilmedim.

– Kärtişgäňi ekmejekmi? Uly il ekip boldy.

Il sözüni eşdenimden, ýene jynym atlandy:

– Il bilen näme işiň?! Gaýta ýylyrak ýerde goý, gowja şine ursun. Sowuk ýere gömeniň bilenem, ösüp gidesi ýok.

Ýene özümi ýassyga berdim. Bu gündeligi okamaň, okajagam bolmaň. Erksiz, heňläp barýan adamyň ýazgylaryndan näme peýdaly many alarsyňyz?!

Akbibi maňa näme diýjegini bilmedi.

– Kelläň agyrýan bolsa, analgin äbereýin, atsaň?!

– Ýok, özem aýrylar-la...

Meň hiç ýerim agyranokdy. Ýöne sagam däldim. Hiç ýerde işlemän, islän wagtym ýatjakdym, islän wagtym turjakdym. Hiç bir başlygym bolmasyn diýdim. Şonda-da isläniň bolanok. Bu nähili beýle bolýar, islemegem ýigrenip barýan. Käşgä garry bolsam, islesem: soňam «wah, garradym-da» diýsem. Ýogsa-da ýaş ýigit bolsam, arzuwymam, özüm ýaly, her gün bir ýana öwsüp dursa...

– Bor-da, sen ýaramasaň, özüm başlan bolup bir göreýin. Kiriňizem ertir ýuwaryn-da – diýip, Akbibi çykyp gitdi. Ol meniň durumsyzdygymy, aňyrsy ýarym sagatdan hyk-çok edip geljegimi, kartoşkanam ekjegimi bilýärdi.

Nälaç dikeldim. Penjireden ýaňy pyntyk ýaryp ugran tutlaryň şahalary görünýärdi. Ýene-de elimi ýassyga uzadamda, gözüm galyň depdere düşdi. Çagalar onuň başky sahypalaryny çyzyşdyrypdyrlar, galan ýeri arassa. Arassa sahypalary görenimden bir zatlar ýazasym geldi. Ýadyma çagalygym düşdi.

...Klasymyzda iň boýy gysgajygydym, iň ejizidim. O döwürler şeýle bir garlar ýagardy welin, elimdäki içi kitap-depderli portfelim gara degip, mekdebe barýançam çyzyk çyzyp giderdi. Boýum kiçijigem bolsa, klasyň iň ökdesidim. Owadan hatym bardy. Başlangyç klaslarda diňe bäşlik alardym. Ýekeje gezek arifmetikadan dörtlük alamda, uzak gün aglanym, şu günki ýaly, ýadymda. Ejem zordan köşeşdiripdi. Barlag işi bolanda, her kim gelip, menden göçürerdi. Mugallym meni birinji partada oturdardy. Ejemem meni arassa geýindirerdi. Okuwa mydama jübüm elýaglyklyja giderdim.

Depdere bir zatlar ýazasym geldi. Hatymyň owadanlygyny barlasym geldi. Hamala, hatymyň şol owadanlygy bolaýsa, ýene-de çagalygym dolanyp geläýjek kimindi. Ýeňillik bilen turup, şkafyň tahyllaryny dörüşdirip bir ruçka tapdym.

Ýadyma bäşliklerden doly gündeligim düşdi. Uly harplar bilen GÜNDELIK diýip ýazdym. Öz hatyma özüm aşyk bolup seretdim. Soňra çen bileräk şu günkidirdä diýip aý güni ýazdym:

4-nji mart 198... ýyl.

Ýene bir gün geldi. Ýene bir gün geçer. Eýýämler geler, Şammat diýip biriniň ýaşanyny bilýän ýekeje adam galmaz...

Şeýdip şu gündeligimi ýazmaga başladym. Dogrusy, bu «Gündelik» diýip, mahabatly at goýan ýazgymy, aňry gitse, bir-iki günden taşlajagymy bilýän. Häzir gündelik bahanasy bilen, kartoşka ekmejek bolýanyma-da akylym ýetip dur. Bu ýaltalyk beden ýaltalygy däldi. Ruhumda ýaltalyk, höwessizlik bardy. Men özümi asmandan asamok. Ýöne bäş ýyl okap, ýokary bilim alanymdan soň, ýer depip, daýhançylyk edesim gelenokdy. Iň erbet ýerem, edesiň gelmese-de, mejbury edäýmelidi. Ýogsa, daýhançylygy kemsidesim gelenok. Höwes bilen etseň, daýhançylygyň lezzetiniňem, gyzygynyňam hiç kärden pes däldigini bilýän. Ýöne bäş ýyl... Onda-da adamyň iň arzuwçyl, her bir zady öwrenmäge, bilmäge höwesli, dünýäniňem gözüňe ähli owadanlygy bilen görünýän ýyllary. Bäş ýyl geçip-geçmänkä-de, sen eden höwesiň, yhlasyň barynyň biderek ekendigini duýup başlaýaň. Okuwyň bir aýry, işiň düýbünden başga zatdygyna düşünýäň. Lapyň keç bolýar. Boş diýen ýaly geçen ýyllaryňa gynanýaň. Ertirden agşama işiňden buýrulan ýumşy bitirjek bolup ylgaýan bolsaň-a, ne ýagşy. Onda, belki, lapykeçlige eliňem

degmez. Ýöne kabinetde oturmaly bolsaň, senden öňki işläp ýörenlerem edere iş tapman oturan bolsalar, şonda erbet bolýar. Aýlygyň az, edýän işiň ýok. Aý, bolýa, gep nokatlap ýüregimi hasam gysdyrmaýyn. Şu wagt daşary ýurtlaň birine gitseň, arassa, tertipli köçeler, höwes bilen işine barýan medenýetli, tämiz geýnen adamlar... Deňiz ýakasy...

Näme üçinkä, hemişe bitmejek zatlary arzuw edýän. «Şu wagt bir maşynym bolsa ilerki baýra çykardym...» – ýeri şundanam arzuw bolarmy?! Nirededir bir ýerlerde ysmaz keseli degip, daşaryk çykyp bilmän ýatan biri bardyr. Şu sagatlygy oňa bersediň. Daşaryk çyk, kartoşka ek, ylga, bök diýsediň. Olam hezil ederdi. Menem ysmaz keseli degen adam, arkaýyn hiç kimden utanman, özümi ýigrenmän ýatardym.

O petigaraňam ýeke özi ekjek bolup derde galýandyr, oňa-da kömekleşmelidirin.

Mekdebi altyn medal bilen tamamlamsoň, hukuk fakultetine okuwa girdim. Ýogsa, özüm ýalylar, ep-eslije para beribem, hukuga girip bilmeýärdiler. O ýyllar aýagym ýere degenokdy. Okuwa şäherara gatnaýan awtobusda gidip-gelemde kimdir biri: «Okaýaňmy?» diýäýse dagy, derrew: «Hawa, hukukda» diýýärdim. Saçjagazymy sypalap, kitaplarymy goltugyma hasam berk gysýardym. Özümden sähel ulurak biri dik duran bolsa, derrew turup ýer berýärdim. Okuwyň lezzeti bir ýaňa, şol awtobusda gatnamagyň lezzeti bir başgady. Obaň içi bilen öýümize ýöräp gaýdamda-da, aýagymyň burnuna seredip ýöreýärdim. Özüme seredilýänini görmesemem, bütin süňňüm çar tarapdan maňa seredýän gözleriň aşagyndan barýan ýaly duýgyny syzýardy. Ejem görgülem her gün ýatjak bolanda eşiklerimi ütükläp ýatardy. Okuwdan gelýän wagtym daşarda durup garşylardy. Hakykatdanam, «bir deräniň eýesi» bolmaga esasy ädimi atypdym.

Meniň üçin urşan dostumam okuwa girip bilmedi. Gulluga gitdi. Gullukdan ýekeje hat ýazdy. Menem jogap ýazdym welin, soň hat gelmedi. Mümkin, hile bir okuwa giren kişi, öwünip bir zatlar ýazandyryn. Olam hatymy halan däldir. Ýogsa, men-ä hat alyşjakdym, student durmuşym barada ýazjakdym.

Şol ýyllar ýekeje zat keýpime zyýan berýärdi, o-da boýumyň gysgalygydy. Soňky kurslara baramda ösübem gitdim-de, başda oglanjyk ýalydym-da. Bir gezek dagy öz awtobusymyzdan gijä galdym welin, başga birine münüp, ýolda düşüp gaýtmaly boldum. Obamyz bilen uly ýoluň arasy, bolsa, iki-üç kilometrdir. Pyýadalap obamyza tarap gelýärdim welin, bir ýaşuly maşynyny deňimde saklady. Köçämize çenli getirdi. Ýolda-da şo bir sorag:

– Nirede okaýaň?

– Hukukda.

– Tüweleme, gowy ugurda-ra okaýan ekeniň. Okuwy gutaryp sud-prokuror bolsaň obaň adamlaryna birneme göz-gaş edersiň-dä.

Belki, ol ýaşuly meniň kiçijik göwräm bilen «hukuk» diýen bolup, sime çykan serçe ýaly, pökgerlen bolup «gukgullap» oturşymy ýaňsa alyp diýendir, kim bilýär, çyny bilen diýendir, meniň welin, ýyljyraklap hezil edişimi bir görsediňiz. Hernä, «bor» dagy diýen bolup, pakgarmandyryn.

Gündeligiň arkasyndan şol günleri täzeden ýaşan ýaly boldum.

Mundan artyk mümkin däl. Turaýyn, garamaňlaý görgülä kömekleşeýin. Gündeligem gutardy. Işlemedik – dişlemez. Ysmaz keselem entejikler maňa degjege meňzänok. Uzak gündelik okaryn öýdenler meni bagyşlasyn. Belki, bu gündeligiň uzaga çekmänligine begenlerem köp bolar, sizi begendirenim üçin şat.

6-njy mart 198... ý.

"Gündeligimi dowam etmelimi, etmeli dälmi?" diýip, iki gün pikir edip gezdim. Ýok, ýaltalygym ýa-da üýtgeşik bir zadyň bolmandygy üçin däl. Gaýta, tersine, şu iki gündäki ýaly ýazmak islegi hiç wagt bolmandy.

Gündeligimden başga içimi dökere, syrymy aýdara hiç kim galmady. Ýekeligi söýe-söýe taşlanyp gidilen ýurtda, giden harabaçylykda ýeke galan ýaly bolanymam duýmandyryn.

Ýadyma düşýär, o wagtlar mekdepde okaýardym. Bile okaýan ýoldaşymy dogany bilen birlikde otly kakypdy. Olar agşamyň alagaraňkysynda obamyzyň gaýrasyndaky otly ýoluň ötüginden motorly geçjek bolýarlar. Olar otlynyň kellesi geçenden soň yzyndaky tirkew wagonlary görmändirler. Yzdaky wagonlaram çagyl ýüklenýän pessejik tirkewler eken. Olary motory zady bilen otuz-kyrk metr süýräp alyp gidipdir. Doganlaryň ikisem şo ýerde jan beripdir. Öýeräýmelisi bilen ýaňy murty taban ogullaryny aldyran kakanyň aglaýşy hiç göz öňümden gidenok. Onuň elinde ak gyraly ýaglygy bardy. Ol birden-birden şol ýaglygy bilen ýüzüni tutýardy-da, ýylan ýaly, towlanyp-towlanyp oturberýärdi. Ondan ne ses, ne-de gözünden ýaş çykýardy. Çyn ýüregiň bilen agyň tutanda, gözüňden ýaş gelmeýän eken. Edil şonuň ýaly, ynsan öljek bolup ýatyrka, iň zerur wagty oňa ýoldaş tapylmaýşy ýaly, başyňa iş düşende, halyňy gürrüň berere, maslhatlaşara-da ýakyn tapylmaz eken.

Bu gün dostumam, maslahatdaşymam şu gündeligim boldy. Depderiň gülmek, geňlemek, ýaňsa almak, näme aýtjak bolýanyňa düşünip-düşünmän, garşyňa gitmek ukybynyň ýokdugy meniň üçin tapylgysyz zatdy. Ýöne, erbet ýeri, näme sorasam, soraglarym, tä özüm jogap berýänçäm, açyklygyna galjakdy. Mende bolsa häzir sorag kändi. Durmuşym düýbünden başga tarapa akmalydy. Bir özüm ol akymyň garşysyna durup biljek däldim. Gaýta, akymyň ugruna akasym gelýärdi. Durmuşa garşy ýüzmekden ýadapdym.

Bir gün oýansam, bütin ömrüm, durmuşym tutuşlygyna üýtgäp gitse diýip arzuw etsemem, muny erteki, hyýaly bir zat hasaplardym. Men gorkýan. Ýata suwa meňzeýän durmuşymdan, hakykatdanam, bizar bolsamam, häzir şu ýaşaýşymy üýtgetmekden gorkýan. Ýa ýyllaryň geçmegi bilen, batga söýer gurbaga öwrüläýdimmikäm? Hakyna seredeniňde gorkara näme bar?! Gorkara hiç zadyň ýoklugy hasam beter gorkuzýar. Ýata suwa meňzeýän, üýtegemeýän durmuşda ýaşamak has gorkunç dälmi?

Indi yza gaýtmak ýok. Yza gaýtmagy islämogam. Indi yza gaýtmak, öňe gitmekden has gorkunç. Beýle wakalar adam ömründe bir gezek bolup geçýändir. Heý, onsoň, yza gidip, şol mümkinçiligi sypdyrmakdan beter gorkunç zat bolup bilermi? Ýazaýyn. Ýazgylarym maňa güýç berýär. Kelläm has dury işläp başlady.

"Aýalyma kömekleşeýin, kartoşka ekişeýin" diýip, gündeligimi ýapyp, ýerimden turanymdan soňky bolup geçen zatlary, başardygymdan, giňişleýin ýazaýyn. Belki, ýazýan wagtym soraglaryma jogaplar taparyn.

Ýöne gündeligime başlamazymdan iki aý töweregi öň namaza başlanymy, oňa sebäp bolan bir wakany ilki gürrüň bereýin. Şeýtsem, soňky bolup geçenler has düşnükli boljak.

O wagtlar gazetleriň birinde habarçy bolup işleýärdim. Kiçijiklikden gazeti gowy görerdim. Gazetçiler bilen tanyşasym gelýärdi. Göwnüme, olar ähli zatdan başy çykýan, köpi gören düşünjeli adamlardy. Dogrusy, gazetde işläp bilerin diýip pikirem edemokdym. Bir gazetiň baş redaktory tanyşymyň dosty bolup çykdy. Şonuň bilen bir gije bile oturdyk. Ondan-mundan gürrüň etdik. Şo wagt hiç ýerde-de işlemeýän döwrümdi. Ol: «Gel, men seni gazete işe alaýyn» diýdi. Bu işi oňarjagyma ynamym bolmasa-da, garaz, bardym. Bir salym işledimem. Birdir-ikidir ulurak makalamam çap edildi. Soň bu käri halamadym. Ýöne maňa şol ýerde bir aýal şu wakany gürrüň berdi. Şolam hökümet işinden çykyp, namaza başlamagyma esasy sebäp boldy. Işden çykmagyma, aýlygyň azlygy, her gün şähere işe gatnamagyň kynlygy, edýän işlerime höwesimiň bolmany ýaly birnäçe sebäplerem bardy. Ol aýalyň beren gürrüňini, başardygymdan, eşdişim ýaly ýazmaga çalyşaýyn.

«Öz-ä güýzüň günüdi. Ýapraklar sap-sary, edil şol ýapraklara meňzäp duran Günem çykyp durdy. Indi bir aýdanam gowrak wagt bäri agzyna suw damdyrylyp ýatan mamamy soramaga barypdym. Dogrusy, halyny soramaga däl-de, razylaşmaga bardym. Her kim onuň indi aýak üstüne galmajagyny bilýärdi. Ejemem, iki aýdyr, mamamyň ýanyndady. Menem gideýin-gideýin diýip, işden sypyp bilmedik bolup ýördüm. Ahyry birden gijä galaýmaýyn diýip, bar zady taşlap gitdim. Ýöne beýleki gyz agtyklary häli-şindi baryp, her baranlarynda-da üç-dört gün galyp, oňa seredişýärdiler.

Ýetmişden ýaňy geçip ugran mamam görgüli horlanyp, süňk bolup galypdyr. “Maňlaýy ýasy, ullakan gözleriniň üstünde gaşlary gerlip duran mamamyň, garrasa-da, şol owadanlygy, nuranalygy” diýip öňler haýran galardym. “Onuň görk-görmeginden bize-de azajyk geçäýmel-ä” diýip kemsinerdim. Ýöne mamamyň, bu keselden soň, horlanan ýüzüniň öňküsindenem beter nurlanandygyny görüp, hasam haýran boldum. Hatda salamlaşmagy tas ýadymdan çykarypdym. Ol gabaklaryny galydyryp, gussaly nazary bilen bir mähirli seretdi welin, jadylanan ýaly bolup gitdim. Agzyna suw damdyrylyp ýatan mamamyň owadanlygy diňe meni geň galdyrman ekeni. Ol pahyr ýogaldy welin, dirikä soramaga gelen her kimiň dilinden düşürmän eden gürrüňi onuň üýtgeşik nuranalygy hakynda boldy. Ejemem mamama şeýle çalymdaşdy, özem görmekli diýilýänlerdendi, ýöne şol wagt eneli-gyzy deňeşdirseň, aralary ýer bilen gök ýalydy. Mamam görgüli sähel beýigiräjik ýassykda ýatyr welin, edil ýüzüne aýratyn yşyk tutulýamyka diýdirýärdi. Şu wagtam gürrüň berýän welin, keşbi göz öňümde janlanyp barýar. Pahyr meni tanady. Adymy tutdy. Soňam: «Öýüň-içeriň bilen bolgun. Adamyňy närza etmegin» diýdi. Birhili boldum, näme diýjegimi bilmedim. Edil men öýüm bilen däl ýaly bolaýdym. Onda-da, iň soňky demini sanap ýatan mamamdan bu sözi eşitmek birhilidi. Onuň başyny saklap oturan başga-da, ogly-gyzy, ýakynlary bardy. Ýüzümiň çapady ýaly gyzanyny duýdum. Hernä, ejem dadyma ýetişäýdi. Ol mamamyň alkymyna süýşüp: «Eje, ol öýi bilen ahyryn, aýdýanyň näme?!» diýdi. Şonda pahyr çala ýylgyrýan manyda dodagyny gerdi-de: «Bilýän. Gyzymdan razydyryn» diýdi. Arkamdan ýük aýrylan ýaly bolup: «Menem razydyryn, mama! Özüňem razy bolaweri!» diýenimden,

gözünden ýeke damja syrygyp gaýtdy. Ejem eliniň aýasy bilen mamamyň ýaşyny sylyp: «Saňa ýolugan dert ýaman bolaýdy-da, eje» diýdi. Mamamyň ýüzi üýtgäp gitdi. Ol çala pyşyrdaýan ýaly gürlese-de, gowy eşitdirip: «Ýalňyşma, gyzym. Derdine-de döneýin, Özüne-de döneýin» diýdi. Bu sözleri eşidip, endamym jümşüldäp gitdi. Şol gün onuň bokurdagyndan zat geçmän, diňe bal garylan süýjüli suwuň damdyrylýanyna otuz ýedi gün eken. Şondan üç gün soňam görgüli dünýeden ötdi. Mamam pahyr: «Namazymy geçirenimi bilemok, haçan başlanymam bilemok, gaty kiçijikdirin-dä» diýerdi. Oňa degen keselem düwnükdi...»

Ol garry aýalyň şonça ejir çekse-de, «Derdine-de döneýin, Özüne-de döneýin» diýmegi maňa güýçli täsir etdi. Belki, çala kesellän biri ýa-da eli kesiljegi kesilip, onuň yzyna gaýdyp gelmejegini bilip duran biri «Özüne-de döneýin» diýen bolup biler. Gatyrak ýatan garrylary soramaga baraňda-da «Ýagşy diýmeli bolýa-da, ýagşylg-a ýok» diýenini eşdipdim. Ýöne öljegine gözi ýetip duran, belki, Ezraýylyň gelişini synlap ýatan garrynyň «hyk-çok» etmän, nalaman, «döneýin» diýip ýatmagy, bu diňe çyn ýürekden çykýan söz bolmaly. Muny diýmegi, aýal adam-a beýle-de dursyn, mertdirin diýen kişidenem her kim-her kim başarmaz. Gep owadanlap nädeýin, şeýle derejede “döneýin” diýdiren Allasy bolan ol garry aýala gözüm gitdi. Özümde-de şeýle bir zadyň, dogrusy, Allaň bolanyny isledim. Alladan başga hiç bir zadyň özüni şeýle söýdürip bilmejegine şol wagtam, şu wagtam akylym ýetip dur.

Şeýdip ýuwaş-ýuwaşdan dünýeden sowaşdym. Töweregimdäki gazetçiler işlän bolýarlar, onuň-munuň gürrüňini edýärler, wezipe dawalaryna goşulup bileni goşulýar, goşulyp bilmedigem, keýp bilen gyzygyp, şoňa tomaşa edýär. Meniň welin, daýhana gözüm gidýärdi. Onuň belli bir güýjüniň ýetäýjek ýeri bar – şoňa-da seredýär. Şony ekýär, suwarýar, hasylyny ýygnaýar. Dünýe bilen Alla arasynda sazlaşykda ýaşap ýör. Şu düşünjelerim bilen gazetdenem çykdym. Baş redaktor, näler, goýbermejek boldy welin, etmedim. Daýhançylygam dört-bäş aý bäri edip ýörün. O-da ýüregime düşdi. Ertirden agşama ýer dörüp, üstüňden gum sowuryp gazananyň bezeneniňe ýetenok. Iň erbet ýerem, hiç ýerde işlämok, öýde daýhançylyk edýän diýseň, seni adam hasabyna-da alanoklar. «Hä, hawa. Şondan gowusy ýokdur» diýen bolýalar welin, ýüzüňe boşluga seredýän ýaly seredýärler. Aý, ol-a hiçem-le. Kim nähili seretse, şeýle seretsin. Dagy näme, iliň ruhumy götermejegine akylym çatýar. Ýöne owal «Redakцiýada işleýän» diýem-de boluşlary başgarakdy-da.

Namaz öwrenip ýörenime-de bir aý bolup barýar. Obamyzda Abdy molla diýip biri bar, şonuň aýalynyň üstüne Akbibini iberdim. «Özi gelmäge utanýar, öwrener ýaly ýazgylary bolsa bersin» diýdirdim. Molla aga bir topar ýat tutmaly zatlar iberipdir. Olardan diňe “Kulhuallany” bilýän. Başda-ra dilim öwrülmän, taşlaýsamam diýdim, soň ýene şol garry aýalyň nurana keşbi göz öňüme geldi-de, taşlamadym. Indi azaldyp barýan. Arada bir sadakada Abdy mollanam göräýdim. Dogrusy, ol meni görüp saklady. «Nädýäň öwrenýäňmi? Öwrendim edeňsoň ýanyma, öýe gelip git. Men bir gün işläp, üç gün boş. Mydam öýde» diýip, içime-daşyma geçip barýar. Hem: «Tüweleme, namaz öwrenýär» diýip, töweregindäki ýaşulular buşlaýar.

Hawa, aýyň dördi güni sagat on bir töwerekleri, birden, daşardan adam sesi geldi. Penjirä bardym. Näme üçindir, penjiräň tutusyna gizlenip daşaryk seretdim. Kolhozyň başlygynyň şofýory aýalym bilen gürleşýärdi. Içimden: «Gidäýbilseýdir. Meni soraýan bir bolmabilsedir» diýýärdim. Emma ol meniň oturan otagymyň

gapysyna tarap ýöneldi. Ylgap ýerime geçdim. Ýassyga döşümi berdim. Ýazanlarymy okaşdyran boldum. Oňa çenlem gapy açyldy:

– Şammat, öýdemiň?!

– Hä, geliber.

– Salowmaleýkim.

– Waleýkim essalam. Giriber, geçiber.

Başlygyň şofýory näme üçindir çekinjeňlik bilen:

– Seni başlyk çagyrýar. «Alyp gel» diýip iberdi – diýdi.

Birhili boldum. Indi näçe ýyldyr kolhozda işlemeýänim.

– Başlyk meni näme etjek-kä?

– Bilmedim.

Biraz özüme gelmek üçin:

– Sen gidiber, men pyýada bararyn – diýen boldum.

– Ýok, başlyk: «Alyp gelgin» diýdi. Maşynda garaşaýjak.

– Bolýar, häzir bardym.

Şofýor oglan çykany bilen Akbibi içerik girdi:

– Gyýw, o näme üçin gelipdir?

Şifoneriň içine düýrelenip atylan eşikleriň içinden, geýer ýaly, ýygyrdy azyrak bir zat gözläp durşuma, gaharly jogap berdim:

– Sen öliň soragyny berýänçäň, maňa bir düzüwli eşik tapyp ber, başlyk çagyrýamyş. “Meniň eşiklem aýry dursun, çagalaňky aýry dursun” diýip müň gezek aýtdym.

– Aýry dursunyň bolýamy, gyz? Çagalar gelýä-de, ýene garym-gatym edýä – diýip, Akbibi derrew şifonerdäki eşikleri orta dökdi. Ortada gyş eşiklerimden başlap, çagalaryňkylara çenli garym-gatym üýşmek döredi. Aýalym olaryň arasyndan, garaz, beýlekilere görä, ýagşyrak, geýer ýaly bir zat çykaryp durşuna:

– Başlyk seni näme etjekkä? – diýdi. Egnime geýenlerimiň ýygyrdyna gaharyma jogap bermämsoň, ol ýene durup bilmän:

– Birden gowuja iş hödürlese, kesirligiňi edip durmagyn. Öýde ýatybam, alýan galaňy görmedik. Ýatanyň bilen şah çykjak bolsa, çykarça boldy – diýdi.

Şähere gitmeseň, ile çykmasaň, eşikleňem şoňa görä-dä. Häzir saňa başlyk bir zat diýer seňem kelläňde eşigiň ütüksizligi, könejeligidir. Egniňi ýygryp duransyň. Aý, nätjek, obadyr-da. Hiç kimiň eşigem meniňkiden üýtgeşik däldir. Häzir “ütükle» diýseň, ütügem tapylmaz şu içeriden, goňşulardan getirmelidir.

Geýnişime çenli giňişleýin ýazýanymy geň görmäň. Munuň özümi soňky alyp barşyma täsiriniň uly bolandygyny bilýän. Başga biri üçin, belki, ýygyrtly eşik, süpürilmedik köwüş ullakan bir mesele-de däldir. meniň üçin welin, köýnegimiň bir iligi gaçsa-da, her kimiň gözi şonda ýaly. Belki-de, bu bolşum ýagdaýymyň pesliginden, göwnümiň küýseginiň bolsa, güzeranymdan ýokarraklygyndan bolmagam mümkin. Aý, bolýa-da.

Başlygyň ýanyna giremde, onuň ýanynda geýnüwli biriniň oturanyny görüp, götünjekläberjek boldum welin, başlyk:

– Geliber, Şamyrat, geliber – diýip açyk ýüz berdi.

Bu birinji gezek doly adymyň tutulyşydy. Düz ýerde büdremän, zordan başlygyň kabinetine girdim.

Başlyk bilen elleşdim welin, ýanyndakam bir hili ýakymly ýylgyryp, elini uzatdy-da, adyny aýtdy:

– Albert.

Beýle ýagdaýda näme diýilýänini bilmän duramokdym, ýöne hemişe beýle tanşylyp ýörülmänsoň, aljyradym. Menem öz adymy tutmalydym. Şammat diýmelimi, Şamyrat diýmelimi? Onsoňam, jaýa girenimden başlyk meniň adymy tutupdy. Bu onuň ýanyndaky myhmanyna-da meni tanatdygydy. Garaz, oňa-da “salowmaleýkim” diýip, başlygyň görkezen ýerinde oturdym. Bäh, hany bäş ýyl şähere gatnap okanym, esli ýyl şäher edaralarynda işlänim?! Dört-bäş aýyň içinde guma bulaşyp ýören daýhan bolupdyryn-la. Nätanşyň egnindäki gymmat eşiklerem däldi welin, birhili, edil ýörite biçilip tikilen ýaly, gelşiklidi. Men elim bilen balagymyň ýygyrdyny ýapmaga çalyşdym. Bilen bolsam, ýaramok diýerdim. Gelmezdim.

Men oturdym welin, başlyk, bir zady bahanalan bolup, çykyp gitdi. Albert diýilýän bilen ikiçäk galdyk. Meniň bilesigelijiligim hasam artdy.

Meni haýran eden hem çekindiren zat Albertiň mylaýymlygy boldy. Onuň mylaýymlyk bilen ýakymly ýylgyryşy, iki sözünden bir Şamyrat diýip doly adymy tutuşy henizem gulagymda ýaňlanyp dur. Ol damagyňy agyrtman çaljak mylaýymlardandy. Onuň sözleri hem ýumşakdy, hem daşyňa ýylan ýaly dolaşyp barýardy. Syrly kişiniň edýän gürrüňleri hasam geňdi. Ol döwletiň göni ýolunyň terse äkidilendigini, jemgyetimizde iş başarýan, halal, arassa adamynyň däl-de (ol şu ýerde birhili edip gelşirip «özüň ýaly halal» diýibem goýberdi), elinden zat gelmeýän ýaranjaň, haramzada adamlaryň gadyrynyň bilinendigini... garaz, şu günler Moskwaň telewizorynda görýän, orsuň gazetlerinde okaýan zatlarymy gaýtalamaga başlady. Gazetde işleýän wagtlarym-a hasam syýasata gyzygyp, şular ýaly zatlar ýazylan batyrgaý makalalary ürç edip okaýardym. Meniň üçin Albertiň aýdýanlary geň däldi-de, aýdyp bilýändigi geňdi. Onda-da kolhozyň başlygynyň kabinetine ýörite çagyryp, bu zatlary aýdyp oturmagy has haýran galdyrýardy. Başymy atyp onuň aýdýanlaryny tassyklaýardym. Gözümi bolsa onuň gelniňki ýaly uzyn, näzik barmakly ýumşak ellerinden aýyryp bilmeýärdim. “Eline pil berip, “şundan çörek iý” diseň-ä, aç ölerdi” diýen pikir kelläme gelip gitdi. Ýöne onuň elleriniň jadysy bar ýalydy. «Ýeri bu zatlara meniň näme dahylym barka?!» diýip, içimden oýlananymam şoldy welin, Albert gürrüňini maňa tarap öwürdi:

– Şamyrat, halkda ynam galmady. Biz onuň ynamyny öldürdik. Ynha, sen dört-bäş aý bäri hiç ýerde işläňok...

Albert işsiz ýatan wagtymyň aýyna çenli gözüme dikan seredip aýdanda, inim tikenekläp gitdi. Hernä, ol derrew sözüniň yzyny ýetirdi:

– Howsala düşme. Sen işlemediň, döwletden hakam almadyň. Emma köp adamlar hem işlemediler, aýlygam aldylar, üstesine, ogurlygam etdiler... Al, çaý iç.

Dem alyşymyň üýtgäp, ýüregimiň gürsüldäp urýanyny, Albertiň uzadan çaýyny alamda, duýup galdym. Häzir gündizki bolan wakalary ýazyp otyryn welin, näme üçin şeýle gorkanyma düşünip bilemok. Şol wagt özümi ol döwlet adamsynyň öňünde garynjadanam ejiz duýan bolarlym. Depäňden başam barmagy bilen bassa, gutardyň. Bäý, ynsan şeýle möjejige-de öwrülip biläýjek ekeni. Öýüm, içerim,

çagalarym diýip şeýle gorkdymmykam? Häzir batyrsyran bolýan welin, hiç ýerde işlemän ýatan muguthor diýip iş gozgasa gozgar oturardy-da.

Emma Albert onuň ýaly ownuk işlere wagtyny ýitirjek adam däldi. Ol gürrüňi garaşmaýan ugruma sowdy.

– Bolýa, geçen geçdi, Şamyrat. Zyýanyň ýarysyndan gaýtmagam bir peýda. Halk nämäni isleýär? Biz näme etsek, halk bizden razy bolar?

Ol soragly nazaryny maňa dikdi. Kelläme taýak degen ýaly bolup oturamsoň, soragyna ýene özi jogap berdi. Ol iki sözünden bir doly adymy tutup ýylgyrýardy:

– Şamyrat, halka ynamyny gaýtaryp bermeli.

Hasam aljyradym. Içimden: «Näme men iliň ynamyny ogurladymmy? Ynam diýdigi nämekä? Näme diýjek bolýaka? Ynam näme pulmy, zatmy ony alyp yzyna gaýtaryp oturar ýaly?» diýip, bu gürrüňden näçe many çykarjak bolsamam, başarmadym. Belki, ýüregimde dörän gorky, aljyraňlylygym bolmasa, onuň näme diýjek bolýanyna düşünsemem, düşünerdim. Şol wagt welin, kelläm guran töňňe ýalydy. Içinde çalaja şyggyldam ýokdy. Baýlyk, garyplyk, wezipe, hatda gozgalaň diýilse-de, belki, düşünsem düşünerdim, ýöne ynam diýlende, kelläme hiç zat gelmeýärdi. Halkyň ynamy elinden alnyp, hiç kime ynanman ýören müňkür däl. Gaýta, tersine, biri bir zat diýse, güp ynanyp ýören kän bolaýmasa. Ynanyp-ynanmazlyk ýagdaýa bagly bir zat diýen ýaly pikirler ýadyma düşýärdi.

Albert welin, düýbünden başga zadyň gürrüňini etjek bolýan eken. Hernä, dilimi ýuwudan ýaly bolup oturanym gowy bolaýypdyr.

– Metjit gurmaly. Goý, ýaşulular namaz okasynlar!

Gulaklaryma ynanman, başymy galdyryp, Albertiň ýüzüne seredenimi duýman galdym. Ol şol bir dikan bakyşyny edip, syrly ýylgyrýardy. Bäş ýyl «Ylmy kommunizm», «Ylmy ateizm» diýlip okadylmak nire, metjit nire? Heý, orsam selläňi tegeletdirip namaz okatdyrarmy? Albert içimden edýän pikirlerimi bilip oturan ýaly:

– Näme geň görýäňmi? Merkezi gazetlerde demokratiýa, ynsan hukugy diýlip ýazylýan makalalary okaňokmy? – diýdi.

– Okaýan welin... O Moskwa, bu ýeri...

– Moskwadaky zat şu ýerigem geler. Biz bir bütewi soýuz ahyryn. Gelensoň pikir etsek giç bolar. Biz bu zatlaň aladasyny şu wagtdan etmeli. Ýalňyşmaýan bolsam, senem täzeräkden bäri namaz öwrenip ýörsüň öýdýän?

Ýene tisginip gitdim. O meniň namaz öwrenýänimi nireden bilýärkä? Näme bular obaň öwladyny, mollasyny ýygnaýjakmykalar?! Meniň bu buz ýaly sowuk, mylaýymsyraýan adamyň ýanyndan bahymrak turup gidesim, aýalyma kartoşka ekişesim geliberdi.

– Aý, namaz nire? Ýöne işsizlikden... öýde oturamsoň, aýalymyň iňirdisine çydaman...

Albert ellerini owkalap güldi. Ýerinden turup kabinetiň içinde gezmelän boldy. Ogurlykda tutulan ýaly, gitdigiçe ýygrylyp, kelläm iki egnimiň arasynda gizlenäýjek bolýardy.

– Şamyrat, ýok zatlary pikir edip özüňizi ýitirip oturmaň. Siz ýokary bilimli, düşünjeli adam. Pikir edip görüň. Eger dine rugsat berilse, sowatsyz halk suwsan goýun ýaly metjide eňer. Dogrumy? Adamlar bir ýere üýşüberse, onda-da din diýip

ýygnansa, döwletem kommunistleriň, «Hudaý ýok» diýýänleriň döwleti bolsa, soňunyň näme bilen gutarjagyny göz öňüne getiriň.

Tutuş göwräme galpyldy geldi. 37-nji ýyl diýilse, gaty daşmyka öýderdim welin... Men sesimi çykaryp bilmän otyrdym hem: «Bu işe näme dahylym barka?» diýip pikir edýärdim. Göni soramaga-da gorkýardym. Albertiň bolsa meni gürledesi gelýärdi. Içimden öz-özüme gaharym gelýärdi. «Ýokary bilimiň bar, ýeri, Alla bilen näme işiň?» diýýärdim.

– Siziň pikiriňizçe, näme etmeli şu ýagdaýda?

Zaňňar edil küşt oýnaýan ýaly, bu ýagdaýda näme etmeli diýýär-aý. “Ýeňiş üçin ruhlary gurban etmeli-de, pyýadany perzä çykarmaly” diýäýse-de, geň eşdiljek däl.

– Obada öwlatlardan Hudaýnazar aga bilen garaçydan çykan Abdy molladan başga mollaçylyk edeýin diýip ýörenem ýok. Olaram ýygnalaýsa...

– Ýok, indi adam ýygnap iş düzetmersiň. Gaýta, halk hasam dine möwjüger. Olary ýygnamak pikiriň ýalňyş.

Mende olary ýygnatmak pikiri asla ýokdy. Tersine, olaram ýygnalsa, has erbet bolar diýjek bolupdym. Gowusy, gürlemäýin. Bu ýerik çagyran bolsa bir zat diýmek üçin çagyrandyr. Goý, özi çybynyny ýarsyn. Ýogsa, diýmedigiňem diýdirjek bu adam.

– Onda bilmedim-dä.

Albert başyny ýaýkady. Çyny bilen aýdanlaryma gynananlardan boldy. Ol:

– Senden beýle jogaba garaşamokdym – diýdi-de ýerinden turdy. Menem, indi gidibermelidirin öýdüp, ýerimden turdum. Albert ellerini daldalap, meni oturtdy:

– Oturyň, oturyň, Şamyrat. Biz indi meseläň esasy ýerine geldik.

Otur diýlip-diýilmänkä, özümi lampa oturgyja goýberdim. Şol wagt ol adam maňa azymlyrak «Ýat!» diýse, walla, tapyr-tupur, başlygyň kabinetinde ýüzün düşýämegimem mümkindi.

Albert welin, howlukman çaý guýup uzatdy. Näçe titretmejek bolsamam titreýän barmaklarym bilen  käsedäki çaýy dökmän aldym. Men özümi beýle züwwetdindirin öýtmeýärdim. Ýöne döwlet döwlet bolýar. Onuň bilen oýnuň deň gelermi?! «Itiň oýnam bolsa, göläň çyny» diýleni bolsa, bolar durberer.

– Gep uzaldyp, seni horlap oturmaýyn. Görýän welin, sen biziň adamymyz ýaly.

Biziň gözleýänimiz seň ýaly towşan ýürek diýildigimikä? Aý, näme diýse, şony diýsin. Batyr-a bolup bilemok.

– Men ýürejigimdäkini göni aýdaýyn. Biz obaň paýhasly, düşünjeli adamlaryny ýeke-ýeke ölçerip-dökdük. Bu oba uly oba. Eger şu obada metjit guruljak bolsa, oňa senden laýyk ymam bolup biljek adam ýok diýen karara geldik.

Dikelenimi duýman galypdyryn. Men nire, ymamlyk nire?! Ymamlygyň nämediginem bilemok ahyryn. Albert egnime elini goýup, oturtdy-da, gepletmän, sözüni dowam etdi:

– Howlukma. Ýaňky mysal getiren mollalaň düşünjesiniň pesdigini saňa düşündirip oturmaň geregi ýok. Sen obaň ýaşulularyna-da, mollalaryna-da belet. Sen ýokary bilimli adam. Döwlet näme, tertip-düzgün näme, gowy düşünýäň. Onsoňam, sen kän bir arak içip ýören däl, çilim-ä asla çekeňogam. Obada-da ejeňem, senem arassa, tertipli adamlar diýip sylaýarlar. Ymam bolsaň, obada hasam abraýyň artar.

Oňa garşy gitjek boldum. Ol eli bilen yşarat edip meni gepletmedi.

– Namaz-töwiri öwrenýäniňem kanundan çykma bir zat däl. Biziň döwletimizde-de islendik adamyň islän dinine uýmaga haky bar. Mesele onda däl. Gep diniň arkasyna bukulyp, öz şahsy bähbitleriňi, bet pygyllaryňy amala aşyrjak bolmakda. Ine, şeýle adamlar howply. Dini ýarag edinip, halkyň arasyna pitne saljak bolýanlar bar, ana, şolaryň ýaramaz niýetleriniň üstüni açmaly, öňüni almaly. Bular ýaly işem seň ýaly ýokary bilimli, düşünjeli, sowatly adamlar etmese, kim etsin. Munuň üçin olaryň arasynda bolmaly. Olaryň her bir ýaramaz maksadyndan döwlet habardar bolmaly.

Başymy aşak salyp oturyşyma, Albertiň aýdýanlaryny ünsli diňleýärdim. Aýdýanlary, hakykatdanam, maňzyma batýardy.

– Din – uly güýç. Gerek bolsa biz ony saňa özümiz öwrederis. Bäş-alty aýyň içinde Kur’andan bolsun, hadysdan bolsun, şerigatdan bolsun, ýaňky sanan mollalaň barsyndan gowy biler ýaly öwrederis. Arap dilinem öwrederis. Gerek bolsa, Daşkende-de ibereris, ýörite dini medresäni gutardarys. Mekgä-de gidersiň, hajam borsuň!

Albert sözüne dyngy berdi-de, sesiniň äheňini üýtgedip, gümmi-sümmüräk edip: «Aýlygam töläris» diýdi. Aýlyk sözüni eşidenimden, birhili boldum.

Albertiň ähli öňki aýdanlarynyň gymmaty gara şaýa deňlenen ýaly boldy. Özümi göz-görtele satyn alynýan ýaly duýdum. Ýöne aýalym ýadyma düşüp gitdi. Onuň naýynjar seredip: «Gowuja iş berseler, kejirlik edip durmagyn» diýişi gaýtadan gulagyma geldi. Ýöne Mekgä ibereris diýeni welin, ýakmanam durmady. Daşary ýurdy bir görmek meniň bitmejek-ýitmejek arzuwlarymyň biridi. Onsoňam, edil satyn almagam däl bolsa, däldir, belki, bu birinji gezek gadyr-gymmatymyň bilindigidir.

Ady ýewreý ady bolsa-da, türkmençe şeýle arassa gürleýän, ýaňy suwdan çykan balyk ýaly sypjyk adam, birhili, ýürekdeş dost sypatyna, işdeş ýoldaş şekiline geçdi.

– Şamyrat, bir zada akyl ýetir. Biziň halka ýamanlyk niýetimiz ýok. Size-de ýamanlyk etmek maksadymyz ýok. Eger ýamanlyk etjek bolsak, beýle gürrüň edişip oturmazdyk, özüň bilýäň. Aýlyk diýibem häzir, siziň ýaly halal ýaşajak bolýan adama gün-güzeran aýlamak kyn bolansoň diýäýdim.

Onuň ýürekdeşliginden birneme özümi tutup ugradym. Oturan ýerimde biraz gaýşarylanymam duýmandyryn. Albert ýene üýtgäp gitdi:

– Görýän welin, maňa dogry düşünmediň öýdýän. Gözel göwnüň, eger islemeseň, onda, bu gürrüňi goýbolsun edeliň.

Gymmat bir zady elimden aldyryp barýan ýaly, özüm bilmän:

– Ýok, ýok. Düşünýän, düşünýän – diýemde, Albert bolşuma ýene ýylgyrdy. Onuň ýylgyryşynda birhili jady bar ýaly, özüne çekijidi. Bu doly ýeňlişim boldy. Men çüňke gabalan syçana döndüm. Halas boljak gümanym ýokdy. Özümi ýigreneýin-ýigrenmäýin elimden zat gelenokdy. Albert ýene egnime elini ýetirdi. Ondan maňa nähilidir hapa ýokuşýan ýalam görýädim, ýöne ellänini kemem göremokdym, onuň maňa ynananyny isleýärdim.

– Ikimiziň düşnüşjekdigimizi bilýärdim. Ertir şähere gel, gürrüňimizi şo taýda dowam edeliň. Ýene bir haýyş, Şamyrat şu gürrüňi ikimizden başga hiç kim – ýaňky kolhoz başlygam, hatda aýalyňyzam, ejeňizem bilmesin. Sebäbi hemme kişi bize dogry düşünmez. Düşünýäň dälmi?

– Hawa-la, bor, bor...

Ahyry oturgyçdan turdum. Albert bilen hoşlaşyp, başlygyň kabinetinden çykdym. Pyýadalap öýüme gaýtdym.

Men nire, mollaçylyk nire? Sakgalymy sallap, çüýşe balaga onluk çyraň peltesinden uçgur edinip, tomsuň güni ýalaňgat jäheksiz don geýen bolup, çolanjyrap ýörmeli bolarmykam indi? Ymamlyk diýdi, Arabystan diýdi, Mekge-Medine diýdi, arap dili diýdi – bu zatlar-a ýakmanam duranok. Aýdýanlarynyňam jany bar. Eger dine ýol beriljek bolsa, bu, hakykatdanam, şeýle bolar, ýata suwuň ahyry gurap gidişi ýa-da täze suwlaryň ony ýuwup arassalaýşy ýaly, bu düzgüniňem täzelenjegi görnüp dur. Häzirki düzgün, syýasat ýata suwdanam beter boldy. Her kim, iň ýokary başdan, kolhozça çenli, öz-özüni aldaýar. Öz-özüňi aldabam ýaşasa bolar, ýöne muny özüň duýmasaň. Häzir gazetleriň her sanynda «SSKP-niň kararlaryndan ruhlanyp» diýip ýazylýar. Hakykatda welin, ruhlanmak diýlen zadyň nämediginem bilemizok. Bolýar, mekdep okuwçysynyňam düşünýän zadyny gaýtalap oturmakda many ýok. Indi nätmeli. Ýa-da «Nätmeden Hudaý saklasyn» diýen bolup, gözümi ýumup eňibermelimi? «Aýlygam bereris» diýäýdimi?! Näçe bererkäler?

Soňky göwnüme gelenleri biri eşdäýen ýaly, töweregime ýaltaklanymy duýman galdym. Adamyň içinden pikirlenip bilýänem bir gowy zat.

Bu ýaz güni agaçlaryň ýaňy pyntyk ýaryp, dünýäň täzelenýän wagty meniň duruşymda-da uly öwrülşigiň boljagyny syzýardym. Bu edýänje pikirlerimiň hem boljak zatlaryň öňüni almakdan ejizdigini duýýardym. Meni sil alyp gidipdi. Garşylyk görkezen bolaryn, ugruna akan bolaryn, emma sil eltjek ýerine elter. Ynha, şu günki barýan çola köçämden geçemde her kim daşaryk çykyp, kimi assyrynlyk bilen, kimi aç-açan meni synlar. Yzymdan gürrüňimi eder. Obaň ymamy diýerler. Kolhoz başlygyna çenli bir iş etjek bolsa, gelip, meniň bilen maslahatlaşar. Hakykatdanam «bir deräň eýesi» bolaryn. Bu öwrülişik özüne çekijidi, ýakymlydy, şöhrat ýaly bir zatdy. Iň esasy zadam, bu öwrülşige garşy gidere-de hiç hili erkim ýok ýalydy. Erkim ýokdy asyl. Näçe pikir etdigimçe, ol köpbilmişiň aýdýanlarynyň dogrudygyny tassyklaýardym. Allaň arkasyna bukulyp, şahsy bähbitleri üçin ýurtda pyssy-pujurlyklar döretjek bolýanlaryň üstüni açmaly diýýär-aý. Okuwly adam, bijaý okuwly. Okuwly bolmasaň, o ýerlerde işletjek gümanlary barmy. Dogrusy, diniň arkasyndan ýurt derejesinde nähili erbetlikler edip boljagyny göz öňüme getirmesemem, özüni hor etmejek bolup, namaz-töwir öwrenýän nebisjeň mollalaň bardygyny menem bilýärdim. Dogrusy, şeýle mollalary gördüm diýsemem ýalançy welin, iliň gep-gürrüňine görä, mollalaryň uly aladasy düwünçek almak diýip hasaplaýardym. «Derdine-de döneýin, Özüne-de döneýin» diýip, Allany söýüp takwa ýaşaýan pylan molla bar diýib-ä eşidemokdym.

Ýöne namaz okamak bir aýry, mollaçylyk bir aýry. Albertiň aýdyşyna görä, men molla bolmaly. Diňe molla-da däl. Obada metjit gurup, şoňa ymamlyk etmeli. Muny başararmykam? Başarmaz ýaly näme bar? Ynha, Abdy aga molla bolan bolup ýör. Näme indi sende şoňkyça-da düşünje ýokmy? Albertiň edarasam ýöne-möne edara däldir. Olar başarjak bilen başarmajagy gaty bahym tanaýandyrlar. Haýran galaýmaly, olaň, gelip-gelip, tutuş obadan meni saýlaýyşlaryny?! Namaz öwrenýänimi goňşularymyňam hemmesi bilýän däldir, o zaňňar welin, bilip dur.

Kelläm ýene başga zatlara alyp gaçýar. Näme etmeli? Ymamlyga razy bolmalymy?

Albert: «Adamlaryň ynamyny yzyna gaýtaryp bermeli» diýende, näme diýjek bolandygyna düşünmän, bolup oturşym ýadyma düşüp, gülküm tutdy. Dogry-da. Ynam diýen bolup, onam yzyna gaýtarmaly diýip. Ýaşab-a ýörüs. Ynamymyzyň alnanyndanam habarymyz ýok. Gaýtaryp berlende-de, habarymyz bolar öýdemok.

Bu pikirlerimden utanyp gitdim. Ýokary bilimim bar – ynamyň nämedigine akylym ýetenok. Ynam diýlen suw-çörek ýaly zat däl, bolsa-da bolýar, bolmasa-da diýen düşünjäm bar. Ynamlary üçin janyny gurban edenler, dogrusy, meniň üçin kinoda bolýan gahrymandy. Ynam, onuň üçin janyňy gurban etmek maňa ýadam bolsa, bu ýerde Alla bar ahyryn. Nädip ýörite maksat bilen namaz okaryn? Aýat-töwir öwrenen bolup, soňundan obaň ymamy bolmak niýetim bilen mollalaryň arasyna bararyn?

Aý, mollalar-a hiç-le. Olaram garransoňlar, başga-da elimizden gelýän zat ýok diýip, gara garynlary üçin, egilip-galyp ýörenler. Garraýançak adamlary aldamak kemini goýmadyk, indi garradyk Allany aldasagam, oňararys diýýänler. Ýöne döwletiň şolardanam gorkup, aralaryna adam goşup ýörşi geň. Olara adam nämä gerek, şeýle-de, biri-birleriniň gybatyny edip bilseler, armanlary ýok. Döwlet döwletdä, ol towşany araba bilen tutýar. Dogurdanam, näçe aýlyk bererkäler?

Ertir baraga-da, Alberte: «Bu meniň başarjak işim däl» diýäýsemmikäm? «Näme üçin başarjak däl?» diýse, näme diýerin. Ol näme: “Alla dil ýetir” diýýämi? Ýa “Ýalandan namaz okan bol” diýýärmi? O, gaýta, saňa: “Allany gora, adamlaň Alla bolan ynamyny gora, ony betniýetliler öz bähbitleri üçin ulanmasynlar” diýýä. Bu ýerde Allaň halamajak näme işi bar?

Ymam bolaryn. Adamlaň ýalňyşýan ýerine ýalňyşýaň diýip bilerin. Ejiziň, garybyň arkasyny alaryn. Alyp bilmesem, aljag-a bolaryn. Namazam okaryn. Okap bilşime görä, okaryn. Kim namazy Allany görüp duran ýaly okaýar-aý? Kim Alla görüp duran ýaly ýaşaýar? Aýlygam berseler, berenjelerini alaryn. Ýadamadyňmy Akbibiň iňirdisinden?! Öýüňde eşikleriňi goýar ýaly öz başyňa şifonýeriň ýok. Her kimem çagasyny ekleýär. Kişi malyna el uzadamok, boldy-da. Besdir, ýetdegütdelikden bizar boldum. Menem çagamy eklemekçi. Deresem şol, eýesem.

Bir wagtlar, okaýarkam, her gün irden sowuk suwa düşünip, maşk edip başlapdym. Soň, bir aýdanmy, üç aýdanmy, taşlapdym.

“Namazam bir maşkdyr-da” diýjek bolýaňmy? Namaz maşk-a däldir, ony bir başlasaň, soň taşlab-a bilmersiň.

Taşlab-a, baý, taşlasa bor-la. Otuzynjy ýyllardan soň tutuş halk namazyny taşlady – asman inip, ýer-ä çöwrüläýmedi. Esasy zat, seň garaýşyňa bagly. Namaza-da başlasaň, başlanar, taşlasaň, taşlanar, maşk ýaly garasaňam, maşk bolar. Taşlamaryn. Näme üçin taşlaýyn? Albertden öňem namaz okajakdym. Onuň aýlygynyň meniň namazym bilen näme dahyly bar?

Ýene töweregime ýaltaklanymy duýman galdym. Pikir gizlin. Ony diliňe almasaň, biljek adam ýok. Onsaňam meniň içimde erbet pikir barmy? Ýa-da aýdýanym ýalanmy? Otuzynjy ýyldan soň bir neslem çalşanok, eýýäm altmyşynjy ýyllarda tebärek çykara obadan adam gözlenýär eken. Onsoň adamlaň goýundygy ýalanmy? Albert «suwsan goýun» diýdimi?! Suwsan goýnuň öňüni gaýtarmakda

näme erbetlik bar?! Hudaýnazar aga diýdi, Abdy molla diýdi, olarda eglip-galmakdan başga näme düşünje bar? Ne içki syýasatdan, ne daşky syýasatdan, ne ykdysadyýetden näme bilýän zatlary bar? Dogrusyny aýtsaň, olaryň dünýägaraýşy bilen meniň dünýägaraýşymyň giňligini, heý, deňeşdirer ýalymy? Olaryň dünýägaraýşy kündüklerinden giň däl.

Näçe özüme bat beren bolsamam, bir telek iş edýän kimin, içimden howp aýrylmaýardy. Ýok köprini hyýalymda bar edip, özümi batly akýan derýa urýan ýalydym. Çapalanyp pikir edýänimiň özi telek işe baş goşýanymy subut edip duran ýalydy.

Başga bir tarapdanam, hyýala-da meňzänokdy. Arkaňda döwlet durar-da, hyýal bolarmy?! Döwlet islese, gözüňi Sibirden açyp biler, islese-de, ýag iýdirip, ýüpek geýdirer. Meniň, hakykatdanam, ýag iýip, ýüpek geýesim gelýärdi. Gara «Wolgada» gaýşaryp oturşyma, şofýoryma: «Eýläk sür, beýläk sür» diýesim gelýärdi. Sana goşulman ýaşamakdan iripdim. Bir ýerik barsam, dereje bilen, ör turup garşylanlaryny, hormatlap ugradanlaryny isleýärdim. Her kimiň meni görende, nirede oturtjagyny bilmän, aljyrap sandyranyny, tolgunjyna, el-aýagyny ýitirenini, diliniň tutulanyny isleýärdim. Dünýede kemsidilme paýymy alypdym, indi kemsitme paýymam alasym gelýärdi. Adamlary eýmendiresim gelýärdi.

Ýene töwregime ýaltaklanymy duýman galdym. Gizlinlik bir gowy zat. Megerem, gizlinlik dünýäň owadan nagşynyň düşegidir. Gözelligem bir zat bilen sähelçe örtülse, gözüňe dürtülip durandan has owadan görünýär ahyryn. Syrly garaýyşlarda dälmi, aşyk-magşuklygyň gözelligi?! Gizlinliginde dälmi ajalyň gözelligi? Gizlinliginde dälmi säheriň gözelligi? Ýaşaýşy barmagynyň ujuna mündürip, aýlap duran gizlinlik dälmi?!

Birden özümi Albertiň barmagynyň ujunda aýlanyp duran ýaly gördüm. Belki, şol wagt obaň köçeleriniň adamsy ýetikdir, belki, birdir-ikidir ýaşula salamam berendirin, birdir-ikidir ýaş ýigidiň salamynam alandyryn. Ýöne töweregim boşlukdy. Näme etmeli? Ol sypjyk adama näme diýmeli? Ýa-da «Almany göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek» etmelimi? Wah, şu wagt jan ýaly doganyň, bolmanda, iýeniň aýry gitmeýän dostuň bolsa-da boljak – otursaň, maslahatlaşsaň. Iki-ýeke dostsyrap ýören oglanlarym ýadyma düşdi. Ýöne olar oturlyşyk dostlarydy.

Derdimi aýdara, maslahatlaşara adam ýokdy. Aslynda, maslahatlaşmaga hakymam ýokdy.

Dogrusy, näme bolsa şol bolsuna urupdym. Aýalyň iňirdisini diňläp, ýer dörjeläp, bazarda oturyp, kartoşka satmakdan gerk-gäbe doýgundym, elli bizardym. Bu ýaşaýşym üýtgejek bolsa, özümi oda oklamalam bolsam razydym.

Mende ýene bir häsýet bar. Uzak wagtlap şol bir zat üýtgemän, şol bir akyşyna akyp dursa, halamok. Zähmet depderçämde boş ýer galmady diýen ýaly. Hukugy gutaranymdan soň telim iş çalyşdym. Hatda haýwanat bagynda-da laborant bolup işledim.

Hukugy gutaran ýylym meni prokuratura sülçi edip iberdiler. Şol ýylam galyňa garşy göreş syýasaty gidýärdi. Gazetlerem, radio-telewidenýe-de «galyň könäniň zyýanly galyndysy» diýip basyp otyrdy. Maňa-da ýaşy ellä ýeten bir daýzanyň işini berdiler. «Iş» diýer ýaly çylşyrymly zady ýokdy. O daýza gyzyny çykaranda «mal kesipdir», «şu zatlary getirersiň» diýip, gudasyna okuwçy depderiniň iki sahypasyny

dolduryp, «ispisek» beripdir. Gyzy gaýdyp gelende-de: «Şol boýun alan zatlaryňyzy getirmeseňiz, gyzymy bermen» diýipdir, «gaýtarma saklapdyr». Edeninem boýun alýar. Iş gozgalanda-da, giýew ýigidiň arzasy esasynda gozgalypdyr. Menem galyňa garşydym. Şonda-da, saçyna ak giren, ýuwaşja gürleýän, ejem ýaly aýaldan sorag etmek maňa gaty agyr degipdi. Ol daýzanyň tiňkesini poluň jaýrygyna dikip, her sözüniň arasyna esli maý salyp, durup-durup, şu aýdanlaryny bütin ömrüme ýadymdan çykarmasam gerek. Garry daýzanyň:

– Gyz satyp, baý bolmak niýetimiz-ä ýokdy. Yzynda öýeräýmeli oglum bar, şoňa az-owlak tekge bolaýsyn diýdim. Ýöne beýdişip, süýtleşip-gatyklaşjakdygyny aýdan bolsalar, şeýle berer goýbererdim. Özüm günäkär. Gyzymyň halaşanyndanam habarym bar. Çagamy başyma çykardym. “Özüň nähili çözseň şo hili bolar. Senden närza ýerim ýokdur” – diýip, näçe merdemsi gürlese-de, gözüniň ýaşyny sylyşy göz öňümde. Oturgyjymda oýkanjyrap: «Hökümetiň galyňa garşy göreşýändigini bilýänsiňiz-ä?» dýemde, ol horaşa geýnen, hortaňsy aýal başyny galdyrman, jogabam bermän oňaýdy. Ol soragy gutarýançam hem şol bir nokada seretdi oturdy. Hamala, ýere ýazylan bir hakykaty okap, gözlerine ynanman, şol gaýta-gaýta okap oturan ýalydy. Men bolsa onuň maňa garşy gidenini, özüni aklajak bolanyny, günäni başga biriniň üstüne ýüklänini, dagy bolmasa, özüni tutduran giýewsine ýa-da onuň bilen halaşyp, ýüzüni gara eden gyzyna garganyny isleýärdim. Onuň öňünde özümi gögele duýýardym. Ol sesini çykarman, «özüm günäkär» diýdigiçe, gaýta, içimden: «Bu biçäräň näme günäsi bar? Ata-baba gelen düzgün şeýle» diýýän ses güýçlenýärdi. Emma bu sesi daşyňa çykaryp bolanokdy.

Soňra gyzyň kakasy bilen gürleşdim. Ömrüni kolhozda traktor sürüp geçiren, ellä ýeten ýaşuly aljyrapdyr. Tutuş göwresi galpyldaýar. Zol-zol derleýär. Elindäki, kirläp, biraz goňras görünýän, ak ýaglygy bilen gaýta-gaýta derini sylýar. Ol sorag bermänkäm gürläp başlady:

– Öýüň ýaşulusy adymyz bar, roly «saçy uzynlaň» eline berseň, soňunyň şeýle gutarjagy belli. Günä mende welin, etjek zadym ýok. Ile gürrüň-ä bolduk.

Ýaşuly damarlak elleriniň uzyn hor barmaklary bilen ýaglygyny penjeläp dymdy. Ol içinden köp gezek gaýtalan sözerini aýdansoň, başga näme diýjegini, näme etjegini bilmeýärdi. Menem ondan näme sorajagymy bilemokdym. Hemme zat eliň aýasynda ýaly düşnüklidi. Birdenem, garry dikeldi-de, hamala, aýaly bilen gürleşýän ýaly:

– Gyzyň halaşansoň, hiç zatdan gaýtmajagyna akylyň çataýmal-a. Göläni idip barýakaň, öňüňe bir düşürseň, oň seni süýremäge güýjüniň ýetjekdigi belli ahyryn, saklama, gitsin-dä ýok bolsun-da – diýdi. Soňam güne ýanan ýüzüni galdyrdy:

– Gyz-oglan – jahyllar öňümize düşdi, indi Alla olaryň öňünden çykaýmasa... Niçigem bolsa, oglum, aýal bilen deň bolup durmaň. Düşünýän häzir hökümetiň bu zatlara jyny düşdi. Size-de ýokardan buýruk berilýänine-de düşünýän. Siziňkem aňsat däl. Onda-da, oglum, ýylyny azyrajyk keseweriň. Adam pahyr, ölmese, her zady görjek eken. Bu ýaşdan soň ýanyňdakyny türmä ugradyp, ýeke galmaly bolduk...

Onuňam gabakman gözleri aşak bakdy. «Neneň-niçik boldy? Sizden gizlin etdilermi?» diýen ýaly soraglar berseň, owalam derdi ýetik adamyň hasam ýüreginiň ýarasyna basyljakdy. Onsoň özümçe ýazyşdyran bolup, ýaşula gol çekdirdim. Ol gol

çekende ýüzüniň deriniň kagyza damyşy şu wagtam göz öňümde. Adam beýle-de derlär eken.

Giýew oglanyň sypatam şu günki ýaly ýadym-da. Uzyn boýny, kiçiräk kellesi, jüýk burun inçe ýüzi ony guşa meňzedýärdi. Guşuňam geçiguşy diýen ýaly kiçiräk hiline. Ol timralanyp, daralan saçyny silkip, oturgyjynda rahat oturyp bilmän, zowzuldap durdy. Özem jany ýanansyrap, ýetişip bildiginden üzlem-saplap gürleýärdi. Menden üç ýaş kiçi, ýaňy ýigrimi ýaşapdyr.

– Söýüşdik. Bizde üýşüp ýatan zat ýok. Beýdip öýüňi boşadyp öýleneňsoň nädip ýaşajak? – diýýär. Bir ýerde okaýan-a diýipdi, şu wagt ýadyma düşenok. Özünden uly iki sany agasy bar eken.

– Olaram kömek etse-de, ýene bergidar özüň bolýaň. Bir ýerde bolmasa, bir ýerde diline çolap: «Seni öýeren özüm» diýse, näme diýerin. «Munuň soňy gowluk bilen gutarmaz» diýip, näçe gezek aýtdym. Bir gram sylanoklar-a. Eje diýen bir allajy bar, kakasy görgüliň-ä bary-ýogam bildirenokdy-la – diýýän ýigdiň, gyssanjyna, demi-demine ýetmejek bolýardy.

Beýle soragy bermäge hakym ýokdy, ýöne saklanyp bilmän:

– Ol ýyl kesilip basyljak aýal seň söýen gyzyň ejesi ahyryn, oňa nebsiň agyranokmy? – diýdim. Ol bir salym zowzanaklamasyny goýup durdy-da:

– Eli bilen etdi – egni bilenem çeksin-dä – diýip dymdy. «Bolýar, gidiber!» diýemsoň, turup, gapa ýetdi-de, yzyna dolanyp gelip, bir zat diýjek ýaly etdi, soňra-da: «Bolýar, sag boluň!» diýip, elini uzatdy. Biz el gysyşyp aýrylyşdyk. Soň ony gaýdyp görmedim.

Gelin bolup giden gyzyň bolşuny-ha ýazasymam gelenok. Gele-gelmäne, aglan bolup başlady. Şondan bäri, aýal maşgala gözüni sykyp ugrasa, şol gelin ýadyma düşýär. «Men günkär, meni basyň» diýen bolýar. Ejesiniň agysy bilen gyzynyň agysyny deňeşdirer ýalam däl. Şonda içimden: «Çyn agyň sesi bolmaýan eken-ow» diýipdim. «Näme üçin sen günäkär? Näme ejeňe: «Şo zatlary getirmeseler, barjak däl» diýdiňmi?» diýdim welin, oň sesi tapba kesildi. «Ýok, oň ýaly zat dýemok. Biz halaşdyk» diýip gözlerini tegeledi. «Halaşdyk» sözi ony ähli zatdan goramaly, halaşsaň edeniňi edibermeli ýalydy. Bir salym sesimi çykarman oturdym welin, ol kellesine atynan gülli gyňajynyň ujuny gözüne ýetiren boldy. Onuň ullakan owadan gözleri bardy. «Onda näme üçin: «Men günäkär» diýýäň?» diýip, ony bir salym gyssadym. Ol ejesiniň ýerine, hakykatdanam, basylaýaryn öýtdümi, nämemi, «Boldy, bar gidiber!» diýenim bilen, hasyr-husur çykyp gitdi.

Soň sud boldy. Suda gatnaşmanam bilýärdim, ýöne durup bilmedim. Gowy bir spektakly sypdyraýjak ýaly, gitdim. Daýza ýyl kesilenden soň, gyzy ýarym-ýaş: «Bagyşla, eje jan, menden boldy!» diýip, äkidilip barýan ejesiniň elinden aslyşdy. Ejesi: «Git, owarra bol, tula!» diýip, gyzynyň ýüzüne tüýkürdi.

Ynha, meniň şol ilkinji hem iň soňky alyp baran «işimden» ýadymda galany şular. Işi suda geçirdim-de, ertesem işden çykmaga arza berdim. Ol ýyl kesilip, türmä ugradylan aýal soň köp gezek düýşüme girdi. Näme etjegimi bilmedim. Ahyry türmä gideýin, «Bagyşla, razy bol!» diýmäge gaýratym çatmasa-da, ýagdaýyny soraýyn, yzyndan ony-muny elteýin diýdim.

Okan okuwym hukuk bolansoň, türmäni, tussagy birinji gezek görmeli däldim. Şonda-da beýik haýat eýmendirijidi. Içindäki birmeňzeş gara eşikli, ýüzleri tutuk

aýallar hasam çekindirýärdi. Kä wagt eşdilýän gülki sesem ýakymsyz, çakyr çykýardy. Bu ýeri şatlygyň terk eden ýurdudy. Garry daýzany getirdiler. Öňküsindenem horlanypdyr. Kysmata kaýyllyk öňküsindenem beter dünýesini gurşapdyr. Ýöne arkaýynlaşany, ýagdaýy bilen öwrenişeni bildirýän daýzanyň howasynyňam, iýmitiniňem, tesellisiniňem şol kaýyllykdygy göze dürtülip durdy. Ol meni ilki tanamady. «Sen pylanylardan-a dälsiň?» diýip, daşgynraklarynyň adyny tutdy. Maňa özümi tanatmak gaty agyr düşüpdi. Elten zatlarymy zordan dökmän-gaçyrman berdim welin, o görgüli tanamaýan adamsyndan zat alasy gelmän, zol: «Bir görenime meňzedýän-de, hiç hakydama getirip bilemok» diýýär. Ahyry aýtmaly boldum. «Wiý, janym, senimidiň asyl» diýip, garry görgüli, gaýta, begenen ýaly boldy. Hamala, öňden gatnaşyp-bilşip ýören ýaly: «Çagalaram, öý-içeriňizem saglykmy? Azara galyp ýörmelem däl ekeniň» diýdi. Menem: «Şu ýere başga iş bilen geldim-de, sizem göräýeýin diýdim» diýen boldum. Razylaşyşymam şol boldy. Boşan göwre bolup yzyma dolandym. Diňe göwräm däl, tutuş dünýäm, töweregimem, içi adamdan doly awtobusda barsamam, töweregimde yns-jyns ýok ýaly, boşluga öwrülip, yzyma dolanyp geldim.

Bu işiň aňyrsynda hökümet durmasa, döwlet tarapyndan gorjalanyp, gižželenmese, adamlaryň biri-birini basdyryp, wejera bolşup ýörmejekdikleri görnüp durdy. Her kim karz-kowal edýärdi, bergä girýärdi, garaz, ogluny öýerýärdi. Zady bolman, müjerret geçýän-ä duşmandym. Esasy zat, hiç kim hiç kim bilen nesiller aýlansa-da, ody öçmejek duşman bolup galmaýardylar. Ýogsa, ol adamlar guda-garyndaş bolup, bir-biregi gadyrlap ýaşamalydylar. Ynha, indi bu giýewden boljak agtyg-a beýle-de dursun, çowlugam bu garry daýzaň içersine eziz görünmez. Ýöne hökümetiň öz milletini biri-biriniň üstüne küşgürip, masgaralamakdan, şeýle derejede olary duşman etmekden näme bähbit görýänine düşünemokdym. Indem «metjit», «din» diýen bolup, iliň başyna oýun salynjakmyka? Menem şol oýnuň oýnawajy bolmalymykam?

Şondan soň bir edarada bir ýyldan köp işläp bilmedim. Dogrusy, işläsimem gelmedi. Işim derrew ýüregime düşýärdi. Ýene-de işimi täzelesem, bir bada gyzygan bolýardym. Şeýtdi-de, iş çalyşmak häsýetime öwrüldi.

Garaz, kolhoz başlygynyň kabinetinden çykyp, öýe barýançam şuňa meňzeş ugur-utgasyzrak pikirlenip gaýtdym. Hakykatda, eden bolýan pikirlerimem ýöne öz-özüňi aldamak ýaly bir zatdy. «Mollaçylyk bolsa, mollaçylyk bolsun. Namazymy okaryn, musulmançylygy öwreden tapsam, öwrenerin. Mollalaram adamdyr, olar bilenem düşünişerin. Düşünişmeseler, düşünişdirerin» diýip hem oýlanýardym. Aradan kän gün geçmedigem bolsa, ýolda içimden eden oýlanmalarymy häzir doly hem dogry kagyza geçirip bilemok. Pikirleriň käbirini soň edendirin, käbiri öň akylyma gelendir, käsini bolsa, gündeligi ýazyp durkam özümden goşup ýazýandyryn – muny aýyl-saýyl etmek kyn. Bu bir wajyp zadam däl bolsa gerek. Albertiň ýanynda, garaňkam bolsa, gorkunjam bolsa, bagtygetirenligem bolsa, onuň teklibine tarap bir ädim ätläpdim. Şol bir ädim indiki, ikinji ädimimi ätlemäge mejbur edýärdi. Indi götünjekläp bilmejegimi duýýardym. Götünjekläsimem gelenokdy. Häzirki ýazýan gündeligimem şoňa hemaýat etmelidi.

Garaz, öýe nähili ýetenimi duýmadym. Gapymyza gelenim bilen, Akbibi ylgap öňümden çykdy. Onuň soragly nazaryny görenimden, özümi ýitirdim. Kelläme gelen zady aýdyp goýberdim:

– Aý, suw edarasyna täze başlyk bellenipdir. Şoňa meniň bilen bile okandyr öýdüpdirler. Biz ýaly-da oň ýaly tanyş näme işlesin – diýip, eşiklerimi çalşyrmaga durdum. Emma aýalym sözümden çigit ýalam ýalan duýmady.

– Näbleli, bir gowuja iş beriläýjekmikä, Alla ryzkymyzy açaýjakmyka öýtdük-dä.

– Hawa-la, garaşyber. Alla saňa düwünçege düwüp, pulam oklar.

– Çagalaňda çalşyrgyç ýok. Kärtişge ýetişip bazara çykynça-da garabokurdakdan bir zat geçirmelidir. Karz dilemedenem utanýas indi biz-ä. Il-ä, gyz, ot-pot ekip, şony satybam, çagasyny ekläp ýör.

Akbibiň iňirdisine sesimi çykarmadym. Oňa jogap beräýseň, tükezzybana tutjagy bellidi. Tozan bilen der siňen aýalymdan topragyň ysy gelýärdi. Bu ys maňa yzagalaklygyň, gün-güzeran aýlamakdan başga zady bilmän haýwan ýaly ýaşamagyň ysy ýaly gelýärdi. Bu, çüýrük zadyň ysy ýaly, ýüregiňi bulamasa-da bägüliňki kimin, ýakymly däldi.

Başga gün bolsa, belki, ikimiz gowuja gygyrşardyk. «Ilden nämämiz kem. Hökman «Wolgaň» bolmalymy? Uly ilem awtobus bilen oňup ýör, bizem oňarys» diýip, kanagatlysyrardym. Emma indi durmuşym bahym üýtgejekdi. Belki, maşynlam bolaryn.

– Bir alajy bolar-la, ajyndan ölýän ýok.

– Şu ýetde-gütdelikden-ä it iren ýaly iripdirin.

– Hany, çaý bersene.

Belaň körüginiň özümdedigi bellidi. Ne işläp aýlyk getirýärdim, ne-de daşyndan gazanç etmäni oňarýardym.

Aýalym çaý getirdi.

Aý, ymamlyk işim ugruna barsa, hemme zat düzeler gider.

– Şükür et, Alla, berjek bolsa, ýoluny tapar.

Gaharlanman, çytylman ýürekdeşlik edýänime görgüliň göwni göterildi.

– Hawa-la, beýle gözgynam ýaşamyzok-la. Alla ýetiribem dur-la – diýip, käsäme çaý guýdy...

Geçen bolsa bäş-alty aý geçendir goňşymyz Hallow gelin edindi. Uniwersitetiň mugallymy bolansoň puly bar, öýerýänem ilki ogly, gowy toý etdi. Dikdurma bagşylaň depiniňmi ýa gitarasynyňmy sesi obany göçüräýjek bolýar. Olaryň iki gapdalynda ýanýan çyralaryň çekýän nagşy gözüňi gamaşdyrýar. Orta-da gyz-gelin, ýaş ýigitler üýşüp tans edýäler. Uniwersitetiň rektory gelende dagy, gaýşaryp gara «Wolgadan» düşüşini görsediň. Hallow ony nirede oturtjagyny bilenok. Stoluň üstünde-de islän zadyň bar.

Bizem, rektor bolmasagam, oglanlar bilen bir gyrarakda hezil edip otyrdyk welin, gyzjagazym gelip ýeňimden çekýär:

– Ejem çagyrýa.

Geň galdym, Akbibide beýle häsiýet ýokdy. Bir bolmasy zadyň bolanyny aňdym. Niçigem bolsa, syr bermän, ýuwaşlyk bilen adamlaň arasyndan çete çykdym.

Ýaşyndan uly görünjek bolýan, gulpagy bir garyşja gyzym gözjagazyny petredip pyşyrdady:

– Merdan arak içipdir. Samrap ýatyr.

– Kim Merdan? Nädip içipdir?

Ýaňy ýedinjä geçen ýumruk ýaly oglum beýle zat eder diýip ömür kelläme gelmeýärdi. Öýe barsam, ol, hakykatdanam, oýaly-ukuly gözjagazyny süzüp ýatyr. Akbibem baş ujunda. Toýuň aragyndan gowuja keýpini kökläpdir, zaňňar, maňlaýjygam derläpdir. Merdanymyň bolup ýatyşyna hem gülküm tutdy, hem birhili geň, ýüregiňi ezip, sykyp goýberýän begenç geldi. Belkem, oglumyň ýetişip barýanyny birinji gezek duýandyryn. Baryp onuň elinden tutdum.

– Merdan han, nädýäň-how, arak içeňde ýeke içmeli däl-ä.

– Goýber elimi.

Oglum elini silkip aldy-da ýüzüni kese sowup hüňürdedi:

– Sendenem kaka bormy?

– Aý, nätdiň-aý...

– Hemme kişiň finkasy bar. Diňe mende ýok. Bedenterbýe mugallymymyz näçe wagtdan bäri zala goýberenok. Myratda dagy gapdaly ak çyzyklysam bar...

Ol ejesiniň dyzyna kellesini goýup, içi-içine sygman, hynçgyrmaga başlady. Özüne zor salyp, aglamajak bolýan oglumyň tutuş göwresi silkinip-silkinip gidýärdi. Sesimi çykarman jaýdan çykdym. Daşardaky aýdymyň sesi beýnimiň içinde ýaňlanyp, kelleçanagymy ýaryp barýardy. Hemmesiniň sebäpkärem pulsuzlygymdy. Özümiň biagyrlygymdanam bolsa, bardyr, ýöne zeruryndan zerury bar, ynha, ekin satylsa, alarys diýip ýördüm. Näbleýin çagaň beýle kemsinip, ejir çekýänini. Ertesi karz tapyp, alybam berdim-le.

Bu wakanyň ýadyma düşmegi Albertli meseläni çözdi.

«Howlukma bakaly, Albert aýlyk töläp ugrasyn. Alla berdi näme, Albert berdi näme? Albert berse-de, Allaň berdigi, çagalara eşigem alarys, bokurdagymyzam hor etmeris, maşynam edineris» diýip, içimden, heşelle kakmasamam, belli karara geldim. Ýöne ýüregimde heşelle kakmak pikiriniň özümdenem gizlenip ýatanyndan utanyp gitdim.

Gijäň köpüsi geçdi uklap bilemok. Ukym tutmansoň, ýadyma düşen, kelläme gelen zatlary ýazyp ýatyryn. Uklarsyň. Uky süýji zatdyr.

10-njy mart 198... ý.

Näçe gün geçdi. Şu gündeligiň oňly zadyň üstünden eltmejegini duýsamam, ýazman saklanyp bilemok. Muny özümi öwmek üçin başlamandym. Aýbyňy açyp oturmagam ýakymly bir zat däl. Ýöne gündeligim meni yzarlaýar. Otursam-tursam, özümi keseden synlap, aňymda gündeligime geçirýärin. «Agşam bu bolşumy nädip ýazaryn?!» diýip, öz-özümi duşaklabam oturamokdym welin, ýakymsyzdy, bir tarapdanam, gyzykly. Durmuşyň tolkunlarynyň aýlap uruşyny, gark bolmajak bolup dyrjaşyşymy, kesesinden synlan ýaly, synlamak – gyzykly. Durmuş diýdim, tolkun diýdim, gark bolmajak bolmak diýdim – käşgä, şu zatlar, hakykatdanam, bolup geçsedi. Eýlesi-beýlesi bäş metrlik ýata suwda nireden tolkun bolsun, onda nädip gark aljak?! Niçigem bolsa, ýüregime düşýänçä bir ýazaýyn. Soň taşlar goýbärin-dä.

Gije ýarymdan agandyr. Aý aýdyň. Ukym tutanok. Özüm-özüme haýran galýan. Özüme gynanjagymam bilemok, öz üstümden güljegimem bilemok, ýigrenjegimem bilemok.

Kartoşkanam ekdik.

Beý, dorudanam, sakgal goýberdip, molla bolup gidiberermikäm? Mollaçylyk indi maňa ýeten bolsa, dünýeleňňem işi gaýdypdyr. Boýun alýan, puluňam täsiri az däldir welin, diňe pul üçin-ä bu işe baş goşamok. Ýöne pul wyždany horlasa-da, pulsuzlygyň ony has beter horlaýanam belli.

Öýdäkilerem maňa haýran. Aýalyma namaz okajakdygymy aýdamda, begenipdi. Bu gün: «Molla boljak, sakgal goýbertjek» diýdim welin, ilk-ä ynanmady. Oýun edýändir öýtdümi, nämemi, sesini çykarmady-da oňaýdy. meniň çynymdygyny bilibem, birbada näme diýjegini bilmedi. Soňam ýuwaşlyk bilen gelip, ýanymda oturdy. Mydam dars-dars edip ýören aýalymyň ýuwaşajak ýerem bar eken.

– Gyýw, seň çynyňmy?

Düşünmediksirän boldum:

– Näme çynymmy?

– O, molla boljak diýýäniň?

– Hawa, çynym, dagy, mollalyk bilenem oýun edilermi? Näme möleryäň, nä aýyp bir iş etjek bolýanmy?

Akbibi öňümdäki boşan çäýnegi alyp tarsa ýerinden turdy:

– Bolaýjak-da, indi gapy-gapy aýlan-da, garnyňy otar-da ýör. Kärtişgä-de seredilmez, zadam edilmez. Bary meniň başyma düşer.

– Saňa azarym degmese bolýa-da.

Ol eli çäýnekli gidibilmän durşuna, ahyry gönüledi:

– Sakgalam goýberjekmi?

– Aý... bilmedim, molla boljak bolsaň, goýbermeli bor-la.

– Waý-eý, il-gün näme diýer? Men-ä utanýan. Sakgalyň bilen meniň ýanyma-ra gelmersiň.

– Sakgal-a goýbermeli bolar. Şuny syrmakdanam bizar bolup ýördüm.

– Şamyrat jan, sadagaň bolaýyn, sakgal bir goýbermesene, murt goýberäý bolmasa...

Birden gaharym depäme urdy:

– Şu wagt «Arak getir!» diýsem, gidip getirersiňiz, aýala gyzsam «Dur!» diýen bolmaz. «Pälimden gaýtjak, sakgal goýbertjek, namaz okajak, molla boljak» diýsem, aýypmyş, utanýamyş. Nähil-aý bu dünýä, wejerany geňleýän ýok, düz gezen geň görülýär. Sakgalam goýberjek, türkmen köýnegem, türkmen balagam, donam geýjek. Ilden utansaň, öýüňden çykma-da otur.

Beýle gaharlanmany Akbibi menden kän eşitmänsoň, gaýtargy bermäge-de çekinip, çykyp gitdi.

«Gaýta, murt goýber diýýär-aý» diýip, aýalym gidensoňam köşeşip bilmän otursamam, hakykatda, men Akbibä däl, özüme gygyrýardym. Bu işleri ederin diýmek aňsat, etmäge welin, güýç gerekdi. Oba ymam boljak bolsaň, sakgalam goýberäýmelidim. Ýogsa, bilýän, indi Alberte «ýok» diýip bilmejekdigimi. Onda-da, aýal adam ýaly, öz-özüme näz eden bolýan. Müň gepiň başyny agyrdýan.

Gündizki galmagalymy şu wagt göz öňüme getirip ýatyryn welin, ejemiň atam hakynda gürrüň berip: «Ak sakgaly döşüni tutup durardy, ömründe bir gezegem sakgalyna päki degirmändir» diýýäni ýadyma düşýär. Aý, sakgal ösdürenimiz bilen, bizden ol adamlar bolasy ýok-la.

Aslynda, sakgal goýbertmek, munda iň bärkije zat. Emma şony ýeňere-de häzir mende güýç az. Maňa geň galyp seretjek gözlerden utanýan. Alladanam, adamlardan utanyşym ýaly, utanyp bolsady. Alla ynamyň ýok bolsa, ýerini il bilen çalşyrmaly bolýandyr-da. Ýöne Alla gadagan eden zadyna ertir rugsat berip, rugsat beren zadynam ertir gadagan edip durmaýar. Onda, Alla gadaganlyklaryň berk saklanmagy, haramyň halal bilen garym-gatym bolmazlygy üçin gerekmikä?

Aý, bolýa-laý, bu zatlara içgin serediberseň, bolmaz. «Süýde siňe seretseň gan görner». Mundan öň hökümetde der döküp işläp, aýlygyňy halallap alan bolsaň, käşgä. Esli aýlap ýatan çöpi galdyrman, aýlygyňy sypdyrman alýadyň-da, utanç ýadyňa düşenokdy. Bar işimiz «Aýlyga näçe gün galdy-aýdy?!» Hem kabinetimizdäki siňekleri öldürerdik. Aý, Bu zatlar hiç, ynha, molla boljakdygymy ejeme aýtmaly – şonda iş bar. Ejemiň muny halamajagy belli.

Bir gezek ors-türkmeniň gürrüňi çykypdy. «Öz türkmenimizden ors kän ynsaply» diýem-de, ejem ýüzüni ýerden galdyrman: «Biz şu oba göçüp gelemizde obaň mollasy Hudaýnazar aga nemedipdi» diýdi.

Ejem halamadyk sözüni, hemişekisi ýaly, «neme» bilen çalşyp, gürrüňini dowam etdi.

«Şonda obamyzyň ors dili mugallymy Galina pahyr Hudaýnazar aga «Obada ogurlyk edýän bar, süpük tirýekkeşliginden ýaňa, çagasyny köçä nemedýän bar, arak puluny tapmasa, gapy-gapy aýlanyp ýören bar. Seň gözüň olary görenok-da, ýeke naçara jynyň düşdümi? Görgüliň tutuş dünýäde ýeke perzendinden başga zady ýok. Şonam köp gördüňmi?» diýip, o mollany gürlemez ýaly edipdi. meniň arkamy alypdy» diýip gürrüň beripdi.

Oba ýaşululyk edip oturan, paýhasly saýylýan öwlat adamyň däl-de, hiç dine ynanmaýan ors aýalyň özüne ynanmagy, hossar çykmagy ejemde ýaşululara, mollalara ýigrenji döreden bolmaga çemeli. Gelip-gelip indi onuň ýeke ogly menem molla bolmakçy. Men muny oňa nädip aýdaýyn?! Onsoňam, ejemiň meni deräň eýesi etmek barada, inçelip üzülere gelen umydy, molla bolmagym bilen, doly üzüljekdi.

Ýene bir zady eşidipdim. Muny maňa kimiň gürrüň bereni ýadyma düşenok. Bir gün Hudaýnazara aga gyşyň güni guma goýunlarynyň yzyndan gidipdir. Ýolda-da maşyny döwlüpdir. Garaz, aňzakly gün horlanypdyr, öýkenine sowuk degipdir. Zordan öýüne dolanyp gelip, gyzdyryp ýatyrka, ejem oňa pensilin sançmaga barsa, Hudaýnazar aga derman etdirmändir. Gaýta, öýünden kowan ýaly edipdir. Şonda-da ejem onuň gyzdyryp ýatyşyna dözmän, aýalyna sanjym etmäni öwredipdir. Ejem olaň goňşularyna baryp, Hudaýnazar mollaň aýalyny çagyrdýan eken, eline gaýnadylan şpriцi, dermanlary berip goýberýän eken. Obada dogtarhanadan başga ýerde bu zatlaryň ýokdugyny, sanjym etmänem ejemden başga kişiň aýalyna öwretmejegini bilip duran molla agaň gaharyna çişensirän bolşuny, içini hümledişini, arkasyna öwrülip, aýalyna sanjym etdirşini häzir, ýanynda ýaly, göz öňüme getirýän.

Şeýle-dä. Obaň sylanýan adamsy şeýdip ýörse, beýlekilerden nämäni gaty görjek?!

14-nji mart 198... ý.

Niçigem bolsa, bu meseläni gaty aňsat çözdüm. Ejeme hiç zadam diýmedim.

Ejem hiç-le, oturlyşyk dostlary diýen ýaly dostlarym geldi. Oglanlaň biriniň ogly bolupdyr. «Gideli-gideli» diýip dyzadylar, näçe gitmejek bolsamam, günüme goýman, äkitdiler. Ilkibada özümi, buky ýerde aýyp iş edip oturan ýaly, oňaýsyz duýsamam, näme: «Indi bu zatlary goýdum, namaz öwrenýän» diýip bolýamy – içdim. Obada oturlyşyklary sowup ýören bagşymyz Annaşka-da bar eken, Marlen mugallymyň ogly – gyjakçysy Ummanam ýanynda-da, hezil berdiler. Magtymguly Garlyň ýoluna «Ak göwsünde goşa-goşa nar gyrmyzy geýinipdir» diýip bir gygyrdy welin, içimden: «Bu hezilliklerden galyp, nädip molla bolarkam?» diýenimi duýman galypdyryn. Ýöne indi yzyňa dolanjak gumanyň ýok. Onsoň ahmyryma: «Aý, iň soňky gezek içişimdir» diýip, gatyragam gitdim. Daňa golaý zordan öýe geldim. Ýazyň güni, howa-da gowy. Hemme zat gülala-güllük. Aý, araga taý geljek zat ýok-laý. Ruhuň göterilip, ýazyňam ýaza meňzäýýär. Şü Gurbanam gepe ökd-aý, Annaşka dynjyny alanda, güldürip-güldürip, tas içimizi gyrypdy.

Obada Myşşow diýip bir doga kemli, agzy-burny gyşaryp duran biri bar. Aýagynyňam biri çepine towlanyp duransoň, ýörände-de, maýryklap ýöreýä, görgüli. Ýaşam, bolsa, bizden sähel kiçidir-dä. Obaň garagol oglanlary muny oýnap, içiripdirler. Owalam kemli işigaýdan, sähel içenden, lüt bolup, ýaba ýykylyp, uklap galypdyr. Onsoň ýaňkyň üstünden Hudaýnazar aga gelipdir. Myşşowyň ýykylan ýerem şoň öýüniň töweregimiş. Garry görgüli ogullarynyň birini çagyryp, eýdip-beýdip, ahyry, ony turzupdyr. Ogly Myşşowyň goltugyna girip, alyp ugrapdyr welin, Hudaýnazar aga, janynyň ýangynjyna: «Aý, Myşşow! Il-ä saňa meňzejek bolup içýä, sen kime meňzejek bolup içýäň?» diýip käýinýämiş. Gülüp-gülüp, tas janym çykypdy. Gurbana sähel gep bolsa, boldugy, agzyny gyşardyp, aýaklarynyň birinem towlap, Myşşowyň agzyna öýkünip: «Hemme zat gül ýaly. Meň ýöne ýatasym geläýdi, Hudaýnazar aga. Gül ýaly. Siz öýüňiz-ze gidiň. Menem öýümiz-ze gideýin. Hemme zat gül ýaly» diýende dagy, edil özi bolýar.

Öýe näçe usulluk bilen girsemem, bolmady, Akbibi oýandy.

– Geldiňmi, molla?

Bu sözler onuň, gije ýatman: «Geläýse bor, ýüzüne patyladaryn» diýip, taýýarlap goýany bolmaly. Diýýäňmem diýmän, ýerime geçdim. Ýöne ählije keýpim uçdy. Agdaryldym, ýanyn ýatyp gördüm – bolmady. Gözüme uky gelenok. Aňymdanam ýaňkyň teýeneli sözi çykanok.

«Molla boljak däl. Mollalygy başym ýapaýynmy?! Siz üçin, adam ýaly ýaşamak, sizi adam sanyna goşmak üçin, tutuş ýylyň dowamynda ýer dörjeläp geçirtmejek bolup şu işe baş goşdum» diýip bolýamy? Şol ýatyşyma, birden birhili erbet boldum. Ýalandan namaz öwrenip, ýalandan namaz okan bolmag-a beýle-de dursun, beýtmegi göz öňüne-de getirip bilmeýärdim. Beýle zat meniň üçin asla mümkinem däldi. Alladanam oýunjak bormy?! Allaň özi geçirsin-dä. Alla geçirimlidir, bendesi bilen deň bolmaz. Alla bolan ynanjyň näçe az bolsa, Ol saňa

şonça-da geçirimli görünýän bolaýmasyn? Bu özüňe görä Alla ýasamak ýaly bir zad-a däldir-dä?

Inim jümşüldäp gitdi. Uklap bilmän agdarynjyrap ýatamsoň Akbibi: «Çaý içjekmi?» diýdi. Owalam janym ýanyp duransoň: «Ýok» diýdim. Ýogsa, çaý bolsa, kem ýarajak däldi. Şol wagt: «Demläý bir çäýnek» diýen bolsam, belki, çaý başynda Akbibä ymamlyk hakynda, Albert hakynda, serhoşlyga salan bolup, gürrüň bersemem, bererdim. Gürrüň beräýen bolsam, belki, ýüküm ýeňlärdi. Akbibi görgüli ýene sesini çykarman ýatyp bilmedi:

– Gury ile gülki bolarsyň. Namaz diýip, mollalyk diýip, başyňy ýok zada sokýaň. Bolmasa, öýde özüň üçin okasaň, oka...

– Bolýa, hany, ýataly. Şu wagt şoň gürrüňiniň ýeri däl.

Soň ondan ses çykmady.

Namazy okap-taşlap ýörsem, üstümden gülünjegi görnüp dur-la. Işigaýdan Myşşowyň üstünden gülýäler, näme meni sylap goýarlar öýdýäňmi?! Dogurdanam, başymy ne belalara goýdum. Indi şeýdip çaga eklemämde olar aç gyrylardy-ow?!

Oglanlar-a ýene geler. Bu gün biriniň ogly bolan bolsa, ertir beýlekisi maşyn alar. Hezil edip oturarlar, saňa-da «ýör» diýerler. Menem taňry gargan ýaly, ýeke özüm öýde garalyp oturmaly bolarmykam?!

Hany: «Ýag iýip, ýüpek geýesim gelýä, sana goşulman ýaşamakdan irdim. Adamlary eýmendiresim gelýär. Bir ýerik barsam, dereje bilen ör turup garşylanlaryny isleýän» diýýädiň. Göz öňüme GAZ-24 maşyndan düşüşim, adamlaň ylgaşlap öňümden çykyşy, «Geleweri, geleweri, molla aga» diýişleri geldi. Muň ýaly mümkinçilik her kime ýetdirip duranmydyr?! Oturlyşykdan, arak içmekden, keýp çekmekden şah çykjak bolsa, çykarça bolandyr. Ony haçan islesemem, taparyn, ýöne Alberti bir ýitirsem soň tapmaryn. Il olar ýaly adam bilen tanşyp bilenok, sen bolsa oň bilen bile işlärsiň.

Näme işlederkän-aý? Bu mollalaň döwletden gizlin nämeleri barka? Etse, özi ýaly sandan galan garry bilen patdyk-sutdyk Kur’an okaýandyr-da. Onam, näme, döwlete aýtdyňam bir, aýtmadyňam. «Dinsizlere garşy göreşeliň, agyz birikdireliň!» diýjek gümanlary barmy? Hökümetdir-dä, ätiýaçdan, aralarynda adamymyz bolsun diýýändir-dä. Bu bir saňa Hudaýyň berdigi-le.

Ertesi sagat on ikiň töwereginde oýandym. Agşamkydan ýaňa kelläm ýarylyp gelýärdi. Iň erbedem, aýalymyň ýüzüne göni seredip bilemokdym. Bir bahana tapyp, azgyrlaýsam-a, soň beýdip müýnürgäp oturman. Gündelik ýazýanym bir gowy zat. Hiç zat bolmadyk ýalysyran bolup, ýazyp ýatyryn.

Bu pikirlerim – çaga pikirleri. Pikir eden bolup, özümi güýmeýän. Gözüm şifoneriň aýnasyna düşdi. Onda görünýän şekilime barmagymy pistoletiň niline meňzeden bolup, çenedim-de: «Tark... tark... Indi yza ýol ýok» diýdim.

16-njy mart 198... ý.

Oturlyşykdan soň süňňüme, nähilidir bir, ýeňillik, çusluk geldi. «Kärtişge ekmejeg-ä bolaryn» diýip myllaryp ýatan Şammad-a indi ýok. Gaýta, kartoşka kätmen urasym gelýär. Özümi ýeňil duýýan. Molla bolmagy, hakykatdanam, ýüregime düwdüm. Namazam okamaly, sakgalam goýbermeli. Ilem gülse, gülübersin. Göreli, kim-kimiň üstünden gülýä.

Albert bilen görüşdim. Olam Abdy mollaň ýanyna gitmegi maslahat berdi.

17-nji mart 198... ý.

Abdy mollaň öýüne gitdim.

Ol menden on-on iki ýaş ulurak, ellä ýetip barýan biri. Ýangyn söndürýän edarada işleýär. Bir gije-gündiz işde, iki günem öýünde. Öýünde bolýan günleri söwda-satyk edýär. Şäherde bir magaziniň zawmagy bilen dostmyş, şondan delje köýnek, köwüş getirip, obada satýar. Öýüne «Abdyň magazini» diýýäler. Bir «Moskwiç» maşyny bardy. Soň onsunam ýaňy-ýakynda «Wolga» öwürdi. Işleýän ýerinde-de bir ýaşuludan namaz öwrenipdir. Bäş-alty ýyldan bärem söwdasynyň daşyndan, ölä-dirä ýarap, mollaçylyk edip ýör. Gepiň keltesi, elini sowuk suwa uran adam däl. Ýöne etjegini bilýän, müti kişi. Tegelek ýüzli, gözlerem tegelekden iri bolansoň, baýguşa meňzeýän, seýrek sakgaly ýüzüne gelşip duran bu ýumşak adamy bir-iki gezek sadakada synlapdym. Onuň köpe ýakymly bir häsýeti bar. Ol az gürleýär. «Hä, hawa» diýip, ugruňa kowmaga ökde. Özem, göwnüme bolmasa, iliň özi hakynda erbet pikir etmeginden öler ýaly gorkýar. Belki, Alladanam beýle gorkýan däldir. Haçan görseň ýere seredip oturandyr welin, biri gürledigi oňa tarap ýalt edýär-de, ýene sakgaljygyny daraklap ýere seredýär. Biri telegräk gürrüň etse, özi jogabyny beräýmän, oýkanjyrap, ony başga biriniň ederine garaşýar. Şeýle çemeçil adam ýaly gördüm. Ýalňyşýan bolmagymam mümkin. Ýöne parasatly, öwüt-nesihatly gürrüň edip, ili özüne aňk edip oturan adam däldigini-hä anyk aýdyp biljek. Mümkin, gizlin magazininiň barlygyndan, arzan alyp gymmat satýanyndandyr, mydama müýnli ýaly, iliň ýüzüne, köpçülige göni seredip, diýjegini diýip bilenok. Şol bir wagtyň özünde-de ýeke-ýeke garşysyna çyksaň, ýylan ýaly, sessiz-üýnsiz çakaýsa-da, ýa-da kepjebaş ýaly, kellesini galdyryp, üstüňe owsun atyberse-de daş däl.

Abdy mollalara barýarkam beýle pikirleri edemokdym. Bu pikirler häzir kelläme gelýän zatlar. Şol wagt welin, bir nätanyş dünýä bilen tanyşmaga barýan ýaly, gyzyklanma bilen birlikde, gidesigelmezlik bardy. Baryp, bir mollany diňläsim gelmese-de, diňlemeli, garşy gidesim gelse-de, gitmeli däl, garaz, şoňa görä bolmalydym. Bu diýdigim näme diýse, «dogry aýdýaň, molla aga» diýip ýyljyraklap oturmagam däl, men muny etjek bolsamam, edip bilmen. Ýöne arkaýyn dynç alyp, öz peýwagtyňa pikirlenip ýatyrkaň, üstüňe myhman gelse, dikelmeli, myhmana hödür-kerem etmeli, ony gyzyklandyraýjak temalardan gürrüň açmaly, habaryny almaly bolşuň ýaly bir zat. Muny bolsa asla islemeýärdim. Bütin ömrüme-de islemän ýaşadym. Namaz okasymyň gelýänini bir tarapam şu özbaşdaklygymy, erkinligimi goramak üçin bolmagam mümkin. Sebäbi Alla seniň işiňe goşulmaýar. Ine, haýyr, ine-de, şer diýse-de, eliňden tutup haýra ýapyşdyrmaýar. Bu bolsa gaty gowy häsýet. Belki, Allany şeýle etmeýändigi üçinem söýeniňe degýändir. Abdy molla welin, beýtmez, derrew elime ýapyşar. Ynha, şeýleräk pikirler bilen Abdy mollalara ýaýdanybrak barýardym.

Barsam, Abdy molla ýaňyja şäherden gelipdir-de, täze getiren harytlaryny maşynyndan düşürip duran eken. Söwdagäriň akylynda näme, harydyny satmak-da. Ol meni görüp: «Ilkinji alyjym-a harydymy düşürmänkäm geldi» diýip begendi

öýdýän, güler ýüz bilen garşylady. Işini goýup, gadyrly görüşdi, känbir saglyk-amanlygam soraşman:

– Şammat, üstünejik geldiň. Rysgally oglan ekeniň. Çehleň köwşi – diýip, harydyny elime uzatdy.

Onuň uzadan kagyz gapyrjagyny alyp açdym. Hakykatdanam, gowy köwüş ekeni. Magazinlerde beýle aýakgaba duşjak gümanyň ýok. Bahasam özüçe bardyr.

– Al-da ötägit, puluny soň getirseňem bolar.

– Aý, ýok. Şu wagt beýle köwüş geýere ýagdaý ýok. Hany, ekinler ýetişse, göreris-dä.

Abdy molla aýakgaby yzyna uzadanymdan, elimden aldy-da, soň asyl kän meniň bilenem bolmady. Onuň bu bolşy, «Puluň ýok bolsa, gidiber!» diýýän ýalydy. Ol sadakadaky ýaly, meniň namaz öwrenişim bilen içgin gyzyklanmag-a beýlede dursun, edil muny ýadyndan çykaran ýalydy. Gidäýjegem bir boldum. Ýene özüme zor saldym. Gidip bolmaz. Gitsem, ýene-de öňküje günümdir-dä, göwnüme ýaran aýakgabam alyp bilmän, «Ýagdaýym ýok» diýer duraryn-da.

Aslynda, Abdy mollaň bu bolşy maňa geň däl. Molla halkynda namaz okamaýanlara, eli çilimlilere, dost-ýar gelende, käwagt elli gram içýän bolsaňam – baryna ýokardan seretmek häsýeti bar. Bu tebigy bir zat. Bolmalysam şeýle. Edil kommunist, iltilgent adamlaryň sakgalyny sallaşyp, şindem kündük göterip ýörenlere göwniýetmezçilik bilen garaýyşlary ýaly. Belki, bulardan birinden-biri beýlekä: «Siziňem möwritiňiz geçer ýa ölüp gutararsyňyz, ýa guran döwletiňiz ýykylar» diýen düşünje bilen däl-de, söýgüden gelýän hakyky gynanç nazary bilen seretsedi. Ýöne munuň hiç wagt beýle bolmajagy belli, özüňe garşy gidýäni söýüp bolmaýar, ony diňe ýeňip bolýar. «Ähli ýeňişleriň açary söýgüde» diýilýärem welin, hany, söý-dä şu alyp-satar mollany. Üstesine-de, seni adam hasabyna-da alasy gelenok.

Garaşyp durşuma mollaň sakgalyny eşigini synlaýardym hem özümi şonuň sypatynda göz öňüme getirmäge çalyşýardym. Menem sähel günden şol sypata girmeli. Telpegi gymmadyrak bolaýmasa, dony, köýnek-balagy-ha gymmadam däldir. Matasyny alsam, Akbibýem tiker.

Eger içki dünýäňde daş sypatyň görünýäni çyn bolsa sakgal goýber, don geý üýtgejek zat bolmajak ýaly, ýöne häzir muňa ynanamokdym. Gaýta, daşyma görä içim üýtgäýjek ýalydy. Häzirki sakgalsyz Şammat bilen ýene bir-iki ýyldan çal sakgaly döşüne düşüp duran Şammat mollaň arasynda ullakan tapawut bolmaz diýseň, ynanar ýalymy?! Geň. Ynsan özüni gurjak oýnan ýaly oýnap ýör-aý. Häzir nähili geň, gülkünç, ýene iki-üç ýyldan, kim bilýär, neneň görner. Şol wagtky molla aga şu günki Şammady tanarmykaberi?!

Mollalaryň il arasynda abraýy-ha geň. «Molla aga» diýip gadyrly garşylanarlar. Öýüň töründen oňa ýer bererler. Turup giderem welin, gybaty ediler.

«Molla» diýilse, üýtgeşik adam göresiň gelýär. Bular halkyň öňüne düşüp, gerek ýerinde utandyryp, gerek ýerinde dogry ýol salgy berip oturan, sözleri diňlenýän parasatly adamlar bolaýjak ýaly-da. Iki dünýä göz ýetirip oturan, dowzahy-jenneti ýanynda ýaly duýýan, adaty dünýäsöýer adamlardan tapawutly bir adamdyr diýip pikir edýäň. Mollalar bolsa, köplenç, öňünde goýuljak nohutly-kişmiş üçin din öwrenen ýaly. Aslynda, näme üçin şu häsýetdäki adamlar dini saýlaýarkalar? Ýa-da mollaçylyk olary şeýle häsýetli edýärmikä? Mollanyň diňe öli ugradylanda gerek

bolýanlygy üçin ýa-da tebärek çykmak, nika gyýmak ýaly, kän bir uly ähmýeti bolmadyk işlere ýaraýandygy üçin, başga-da elinden kär gelmeýänler muňa baş goşýarmyka? Näme ZAGS-da öýleneni hasaba almak üçinem ullakan başarnyk, talant hökman däl. Ýa-da mollaň sözi diňlenmeýäni üçin şular ýaly adamlara mollalyk ýetýärmikä? Ýeri şu söwdagäri kim diňlär? Haý, ýöne bu gidişine gitse, hakyky mollaň gutaraýmasa. Ýa-da bir wagt gutarandyr-da, biz bihabarmykak?

Şol wagt: «Özüň näme? Özüňem-ä namaz okajak molla boljak diýýäň?» diýen sorag kelläme-de gelmändir. Bilemok Hudaýnazar mollaň nähilidigini. Aý, o-da sandan galan garry. Bü – Abdy molla diýlen-ä, din diýip, gözüne ýaş aýlaýandyr öýdemok. Işsizlikden «Öwreneýin, söwda edemde ynamdar görünerin, hem ýolda sakgalymy görse, milise saklamaz» diýip öwrenen bolaýmasa.

Birden Abdy mollaň ýadyna namaz öwrenýänim düşdi öýdýän.

– Ýogsa-da, nädýäň, namaz bilen, öwrenibilýäňmi?

– Öwrenjeg-ä bolýan. Käbir zatlar soraýaýyn diýip geldim welin, işliräk ekeniň, bolmasa, soňrak geläeýin.

– Aý, iş bolup ullakan işim ýok-la. Ine, dynýan. Sen öýe giräý, menem häzir şujagazlary birýanýüzli etdigim, barýan.

– Aý, bor-la. meniň howlukmaç ýerim ýok.

Abdy molla tertipli, yzygyderli hereketlerini çaltlandyrdy.

Ol ahyry harydyny düşürip boldy. Dogrusy, düşürip-düşürmez ýaly kän bir zadam ýokdy. Bary on-on iki sany köwüş bilen ýaş oglanlaň geýýän bäş-üç sany moda köýnegidi. Abdy molla bu zatlary gelniniň eline berensoň, ýene maňa tarap öwrüldi-de: «Hany, ýör, öýe gireli, nämeler öwrenipsiň, göreli» diýdi.

Birden ýaňky sypaýysyrap duran molla «Goý, haram, eşek» diýip maňa tarap topuldy. Tas ýüregim ýarylypdy. Hernä, maňa däl-de, arkamda kündükdäki suwy döküp, oýnap oturan üç-dört ýaşlyja agtygyna topulan eken. Nämäň-nämedigine düşünmän, arkan çekilsemem, molla päsgel berendirin-dä, çaga kündigi taşlap, gaçyp ýetişdi. Abdy molla: «Indiki zamanyň çagalary çaga däl how, äjit-mäjit bular» diýip, suwy boşaňkyrlan kündügi dikeltdi. Ol meni yzyna düşürip öýüne alyp barşyna-da, hüňürdäp barýardy: «Ejelerine telimem aýtdym-la, kündük boş dursa, günädir diýip. Aý, olaryňam günämi sogapmy azarlaryna däl».

Ikimiz gül pürkülen ýaly arassa, bezemen, giň otaga girdik. Daşyndan göräýmäge, mollaň jaýy obaň beýleki jaýlaryndan tapawutlanmasa-da, giren otagym meni haýran etdi. Otagyň düşegi diňe teke halysy bilen düşelen. Onda-da ne haly – reňkleri gözüň ýagyny iýip barýa. Öýüň töründäki serwant, gapdalyndaky mähnet, ýumşak kürsüler, üstüne ýaponyň tawus gülli düşekçesi atylan diwan, diwaryň tutuş bir tarapyny tutup duran garnitur. Gymmat magnitofon, mähnet telewizor... Tas näme üçin gelenimi ýadymdan çykarypdym.

Nähilem bolsa, biraz arkaýynlaşdym. Ýat tutan surelerimi ýeke-eke okap geçiberjek bolup ýaňy başladym welin, molla aga gaty ses bilen duýdansyz «Dur!» diýdi. Tisginip gidenimem duýmandyryn. Ol dyzyma kakdy. Şonda-da düşünmän, aňka-taňka bolup otyryn. Ahyry Abdy molla azymly: «Çöke düş» diýdi. Men aýbogdaşymy gurup otyrdym. Derrew çöke düşdüm, ýöne onuň beýtmesine erbet boldum. Muny Abdy mollaň özem duýdy öýdýän. Bilýänlerimi aýdyp berenimden

soň, ol köpi gören zaňňar, syr bermän: «Tüweleme, tüweleme» seň-ä namazy öwreniberipsiň» diýen boldy. Soňam:

– Gowja ýüregiňe düwdüňmi? Namaz bu gün başlanyp, ertir taşlanýan zat däldir – diýip takal okamaga oturdy.

Öýünde kitap diýlen zat görnenok. Görgüli «a» harpyndan şermendedir-le. Bulara ylym diýseň, sowat diýseň, jynlary atlanar. Derrew: «Adam maýmyndan döräpdirmi? Seň ata-babaň maýmynmy?» diýip başlarlar. «Näme üçin Alla Adam atany palçykdan ýasadyka? Daşdan ýasasa bolmazmydyka?» diýip soraýdygyň welin, ýeňsedamarlary gatar. Asyl, seň ýüzüňe seredesi gelmez. Sen, hakykatdanam, çynyň bilen soraý, tapawudy ýok. Molla halkyna sorag berdigiň, gutardygydyr. «Hemme zady biljek bolup, soraşdyryberseň, Alla şek ýetirersiň. Biziň akylymyz Allaň edenine ýetmez» diýer. Özleri kündüklerini süýräp ýörkä, beýleki milletleň Aýa uçup ýöreninden habary ýokdur.

Emma Abdy mollaň hereketleri ýumşakdy. Sesi parahatdy. Ýaňky kündügi döken agtygyny kowalan molladan nam-nyşan ýokdy.

Aslynda, dindar halky tebigatyň bir bölegine öwrülip, haýwanlar ýalyrak ýaşamak isleýän bir millet öýdýän. Esasy zat – parahat, asuda, gapma-garşylyk ýok. Janyň rahatyna bakyp, «Hudaýa şükür!» diýip ýaşap ýörmeli. «Hudaýa şükür!» diýeniň bilen, bäş wagt eglip-galanyň bilen çekjek zyýanyň näme? Gaýta, arak diýip, keýpi-sapa diýip, gijäň ukusyndan galyp ýörmersiň. Artykmaç çykdajy etmersiň. O dünýe diýen bol-da, şu dünýede rahat ýaşa-da geziber. Kim bilýär, o dünýe diýlen zat çyn bolaýsa-ha, hasam seňkiň çüwdügi.

Bu molla näderkä? Häzir «Alla, Alla» diýip yzyny üzenok welin, bu baýlygyň arasynda «Alla döneýin» diýip ölüp bilermikä? Hudaý jan, ölsemem tarpa-taýyn öleweräýin. Ölümiň öň ýanynda masgara bolmakdan erbet zat ýokdur. Şol masgaraçylygyň bilenem gidersiň. Ony gaýdyp ýuwup-ýuwmarlajak gümanyň ýok.

Bilmedim, näme üçin, ýa-da çöke düşürişinden boldumy, molla aga-da özüne çekijilikden itijilik köpdi. Bahymrak turup gidesim gelýärdi. Diňlemeýän halyňa diňlän bolmak, höweslisirän bolmak kyndy. Emma çydamalydym.

Abdy molla arap dilindäki «aýn», «gaýn» harplarynyň okalyşyny bokurdagyny bogup, seslendirip görkezdi. Ýörite meniň üçin «Alhamy» okaýşyny dagy görsediňiz. Çöküne düşüp gözlerini tiňkäme dikip: «Elhamdülüllähi Rebbil älemi-i-n...» diýip başlady welin, süňňümiň nähili gowşanyny hem bilmändirin.

«Mollalyk bilen, şular ýaly kaşaň ýaşaýyş eýgerdýän bolsa, erbedem däl» diýen bolup, özümi höweslendiren bolsamam, bolup ýörşüm hiç maňzyma batanok. Iň haýran galdyrýan ýerem – men öz erkimde däl ýaly. Nähilidir bir, daşgary güýç maňa bu zatlary etdirýän ýaly. Ol güýjüň nämedigine-de akyl ýetirip bilemok. Hor-homsyrak ýaşaýşymmy? Ýa-da säwlikleriň yzly-yzyna tirkeşip gelmegimi? Ýa-da özümiň erksizligim, ykbalymyň öňünde gorkaklygymmy? Ýa-da «Muň soňy nähili bolarka?» diýip, gyzykly kino görýän ýaly bolup, günlerimiň yzyna düşüp ýörünmi? Bilmedim, ýalňyşmaýan bolsam, bu zatlaryň bolup geçmeginde öz erkimden-ä nam-nyşanam ýok. Ýataýyn sagat bir-ä bolandyr. Ýatyp bilemok.

Göwnüme bolmasa, Alla gulluk etmek, Ony söýmek bir zat, mollalyk düýbünden başga zat ýalydy. Menem şol başga zady saýlap aldym. Näme üçin? Bolýa, ýataýyn. Gündeligem bar bolsun, mollalygam.

22-nji mart 198... ý.

Saçymy syrdyrdym. Ýöne sakgalymy goýberip bilmedim. Ýogsa, dört-bäş gün dagy syrmanam gezdim. Zol aýnaň öňüne baryp özümi synladym. Iliň sakgaly-ha op-owadan, näme üçin meniňki betnyşanka? Aýnaň öňünde agzymy, burnumy towlap gördüm dagy welin, özüm-özümden gorkdum. Derrew päkini aldym-da daşyna geçdim. Syrdymam welin, ýeri taýpardy durberdi. Beý, görk-görmegim hiç neneň dälmikä diýýädim welin, bu nähili boldy-aý. Dogrusy, beýdip ýylmanyb-a molla bolup bolmaz. Batdyňmy – boýuňça. Onsoňam, at oýnatmak nämä gerek. Sakgalyňy sallap aragy öňüňe alyp bilmersiň. Şoň üçinem sakgaldan gorkýaň. Indiki sakgalymy, ölýänem bolsam, syrmaýyn. Ondan bärde şu kartoşkany bir kätmenläýin. Soň sakgalymy tozana bulap, kül urulan ýaly edip ýörsem, bolmaz.

Oraza-da ýetip gelýär, belki agzymy bekläp görerin, bir gün, iki gün.

24-nji aprel 198... ý.

Bir aý oraza tutdum. Namaz okamasamam, özümi synap göreýin diýdim. Ilkä çydamaryn öýdüpdim welin, ýazyň güni bolansoň, bilmedimem. Ýöne birinjimi ýa ikinji günmi erbet ajygdym. Üstesine-de, ikindä ýakyn kelle agyrym tutdy. Holodilnigi açsam bir bölek kolbasa dur. Oňa nädip ýapyşanymam bilmändirin. Pyçak alyp, saçagyň başyna-da geçdim. Öýde-de adam ýokdy. Emma birden erbet utandym. Turup kolbasany ýerine goýdum. Şol pursat özümde nähili duýgularyň bolup geçenini anyk aýdyp biljek däl. «Alladan utandym» diýsem-ä, ýalançy bolaryn. Ýöne Alladan utanmadyk bolsam, şol wagt iliň-ä şony iýenimi-iýmänimi biljek gümany ýokdy. Ätiýaç üçin baryp gapyny gulplasamam ýeterlikdi. Mümkin, wyždanym çatan däldir? Belki, öz-özümden utanandyryn? Eger Alladan utanmadyk bolsam şol kolbasany iýdim-iýmedim, tapawudynyň ýokdugyna akylym ýetýär. Sebäbi agzyňy Alla üçin bekleýäň, wyždanyň üçin bekläňok.

Kim bilýär, belki, Alladan utanmasamam, gorkandyryn? Alladan nähili gorkulýarka? Şu gün Allany äsgermezçilik etsem, ertir başyma bela inderer öýdüp gorkulýarmyka ýa-da o dünýe sebäplimikä? O dünýe, seni bir gezejik görüp gelip bolsady... O dünýeden gorkýan bolsam, Alladanam gorkýandyryn. Ýok, muny meniň göwnüm isleýär – Albert bilen Allanyň bir ýerde ýerleşip biljek gümany barmy? Bu diňe göwün aldamak.

Niçigem bolsa, bir aý agzymy doly bekledim. Akbibi näçe kyn görse-de, her gün ýary gije turup, meniň üçin selälige nahar etdi. Içindenem: «Näçe gün çydaýarkaň» diýenini bilýän. Onam, özümem haýran edip, doly bir aý agzym bekli gezdim.

Abdy molladan alyp gaýdan zatlarymy bir wagt öwrendim. Bahym namaza başlaryn.

Albert aýlygam berdi. Azam däl, köpem däl – boljak. Dogrusy, aýlygym hakynda ýazasymam, o hakynda kän bir pikir edesimem gelenok. Sebäbi Albertiň aýlygyna «gerek däl» diýib-ä biljek däl, onsoň müň gepiň başyny agyrtmak nämä gerek?! Ýöne o puly öýdäkilere görkezemok. Jygyldyga gidip, Albertiň puluna namazlyk satyn aldym. Galanynam daşyna köne esgi sarap, kümede asyp goýdum. Owalam bir gysym gawun çigidi, ekine sepilýän awy, ýene şoňa meňzeş köne-küşül zatlar düwünçek edilip düwlüp, kümäň üçegini saklaýan ýogyn pürsden asylan eken.

Syçan degjek aladasy ýok. O ýerde pul bardyr diýib-ä hiç kimiň kellesine-de geljek däl. Asylgy puly synlamda, göwnüme, puluň ýerine özüm asylyp duran ýaly boldum. Daş etsin.

Ertir Abdy mollaň öňünden ýene geçmeli.

25-nji aprel 198... ý.

Mollaň öňünden geçdim. Hernä, molla aga ullakan kemçilik tapmady. Bara-barmana-da, bugurçy çöken ýaly, öňünde çökdüm. «Ertirden başlap namazyňy okaber» diýdi. Her kimiň öz namazy barmyka? Aý, gepiň gelişine görä diýip goýberendir.

Abdy molla maňa gadyr etdi. Ýörite palaw bişirdipdir. Başga adam-a çagyrmandyr welin, meniň namaza başlajagyma begenýän ýaly. Ýeňil gopýar. «Berekellamy» berdi.

– Çaltam öwrendiň, tüweleme.

– Molla aga, seniň yhlasyň, hoş sözleň bilen boldy bu zatlar. Ýaltanyberýän welin, ýanyňa gaýdyberýän. Çynyň bilen, yhlas edip öwretjek bolşuňdan, menem yhlaslanyberýädim.

Molla aga meniň öwgime hoşal bolup ýylgyrdy. Adamy öwüp, soňundan bolşuny synlamak ýaly hezil, lezzetli zat ýokdur.

– Aý, ýok-la, özüň zehinli ekeniň – diýen bolsa-da, onuň ýüzünden ýylgyrmasy aýrylmady. Asyl, öňündäki etlerem öňüme süýşüriberdi.

Obada namaz okaýanlary ýeke-eke sanap, üstüne menem goşdy. Namaz okaýanlaň hemmesi ýaşy ýetmişden geçen garry adamlardy. Içlerinde iň ýaşam, iň okuwlysam mendim. Abdy molla:

– Hudaýnazar agaň ogullary bir okaýjak ýaly-da. Aňyrdan gelýän, gapysyndaky itine çenli sylanýan öwlat adamlar-da welin, şoňkulaňam gaçgyny namaz. Ýöne, näme-de bolsa, dinimiz edil ýitäýenok, şoňa şükür – diýdi.

Içimden «Gel, şu mollany gürledeýin-le, häsini ýetirip, Hudaýnazar agaň üstünden hapa baryny döküşini diňläýin-le» diýen niýete mündim.

– Pylan diýmegemem kyn welin, Hudaýnazar agaň ýanyna «namaz öwret» diýip baran bolsam, seň ýaly höwesli öwretmejek ýaly.

Bu sözlerimi eşdip, Abdy mollaň ýüzi birden üýtgäp gitdi. Esli salym hiç zat diýmedi. Bu sözleri diýenime puşman edip başladym. «Ýeri, hezil et-de, bal ýaly palawy iý-de otur-da. Hudaýnazar aga bilen näme işiň». Özüme käýinsemem, häzir başlar, şindi başlar diýip, Abdy mollaň gybat ederine garaşýardym. Eger ol Hudaýnazar agaň gybatyna başlaýsa, hemme zat ýerli-ýerine baraýjak ýalydy. Palawam öňki tagamyna geljek, keýplerem düzeljekdi. Emma bu söwdegär molla garaşmaýan jogabymy berdi:

– Bilmedim. Ýöne biz-ä Hudaýnazar agadan ýamanlyk görmedik. Adamdyr, ýalňyşmanam bolmaz, oňam ýalňyşan, bärden gaýdan ýeri bardyr, ýöne ýaman niýet bilen, bilip, bilgeşleýin ýamanlyk eden-ä däldir. Onsoňam, «Bir adam hakynda erbet pikir edip, günä galanyňdan, gowy pikir edip, ýalňyşanyň gowudyr» diýlipdir.

Ýer ýarylmady men girmedim. «Aý, göwnüme geldi-de, diýäýdim» diýen boldum. Abdy molla-da: «Her göwnüňe gelenini diýibermeli däldirem» diýmedi. Hamala, şeýle gürrüň edilmedik ýaly boluberdi. Bu maňa hasam agyr degdi. Garaz,

syr bermediksiräp otursamam, soňky iýenim zäher, içenim awy boldy. Abdy molla gözüme başga adam bolup görnüp başlady. Onuň howlukman nahar iýşine, egin-eşiginiň tämizligine, hiç kelç-külçüniň ýoklugyna indi gözüm düşüp ugrady.

Bu adam diňe söwdasy bilen boluberende-de, gül ýaly ýaşajak welin, şonda-da, namaz diýip, oraza diýip, özüni kösäp ýör. Ony zorlaýanam ýok, meniňki ýaly Albertem ýok, aýlygam alanok. Ol diňe ruhy dünýesini kanagatlandyrmak üçin, namaza, Alla ýapyşypdyr. Mal ýaly, ruhunyň pikirini hem etmän, «Iýjegimi tapýan, geýjegimi tapýan, boldy-da» diýip ýaşap ýörmändir. Meniň ýaly, gazetden, telewizordan, Moskwaň syýasatçylarynyň dawalaryndan ruhuny kanagatlandyrjak zatlar gözlemändir. Onuň ruhy has belent zatlary küýsäpdir.

«Bir adam hakynda erbet pikir edip, günä galanyňdan, gowy pikir edip, ýalňyşanyň gowudyr». Özüme okuwlydyryn, mollalaň eglip-galmakdan başga bilýän zatlary barmy diýen bolýadym. Heý, şeýle pikir meniň düşünjeli kelläme ömür geljek zatmy?

Erbetligiň utanjyny-ha şu gün öz başymdan geçirdim. Dogrymy aýtsam, Abdy mollaň eteginde namaz okabermeli däldigi meniň üçin kem däldi. Ýogsa, pisligim onuň gowlugynyň dar agajynda boglup barýar.

Aý, menem agzyndan bir söz eşidäýdim welin, indi ony perişde edip barýan. Adamdyr, müň dürli öwser.

Hawa-la, bir büdräp bilse, çapak çarpyp, hezil edip: «Ak jüýjesirän bolup ýördüň welin, bizçe-de ýok ekeniň» diýmän-ä oňararyn.

Abdy aga meni ugratmak üçin daşaryk çykdy. Daşary salkyn bolsa-da, tomsuň gelýäni bildirýärdi. Gündizleri yssy düşüp, meýdanlar ýagşy küýseýärdi.

– Adam hakynda içiňde kitüw saklamak gowy däldir. Hudaýnazar aga bir wagt seň ejeňe ýamanlyk edenem bolsa, o zatlary unutgyn.

Abdy mollaň daş işige çenli ugradyp, sagbollaşansoň, aýdan bu sözleri depämden gaýnag suw guýlan ýaly etdi. Mende beýle pikir asla ýokdy. Näme jogap berjegimi bilmän, aljyradym.

– Hany, bolýa. Alla kabul etsin. Ertirden namazyňa başlaber. Başga-da böwrüňi diňleden zat bolsa, gelibergin.

– Bolar, sag oturyň.

Hudaýnazar mollaň bizi obadan göçürjek bolşy, garaz, şol ýakymsyz gürrüňleriň bary bir wagt ýadymdan çykyp gidipdi. Ilem ony ýadyndan çykarandyr öýdýärdim. Gijäň garaňkysynda öýe barýançam telim iti örüzen bolsamam, nädip gapymyza ýetenimi bilmedim. Abdy mollaň soňky sözleri: «Namaz okasaň, oka welin, seň kimdigiňi oba bilýändir» diýen ýaly edip aýtmagy, dünýämi dik başaşak edipdi.

Häzirem gündeligime güýmenen bolup otyryn. Hiç ukym tutanok. Abdy mollaň Aýyň ýagtysyna ýyldyraýan gözleri nazarymdan gidenok. Olar heşelle kakýan ýaly ýyldyraýar.

Ertir baryp, Abdy molla: «Düýn agşam maňa ýalňyş düşündiň. Meniň içimde hiç hili kitüw ýok» diýsem diýip pikir etdim. Beýtsem, has beter bolar. «Içiňde kitüwiň ýok bolsa, onda näme üçin Hudaýnazar aga hakda ýaramaz pikir etdiň?» diýilse, näme jogap berersiň?!

Ýataýyn, ertir ir turmaly – namaza turmaly. Ertir birinji gezek namaz okap başlamaly. Bä, bir gün däl, iki gün däl, kim bilýär, näçe ýyllap, gyş-tomus diýmän,

bäş wagtyna namaz okamaly. Tomsam ýetip gelýär. Onsoň dagy has ir turmaly bolar. Eýýäm sagat bir bolupdyr. Höwesiň gaçyberse, Alberte: «Aýlygymy galdyr, namaza höwesimi artdyr» diýersiň-dä.

Birden, çynym bilen namaza gyzygyp gidäýsem?! Hakyky molla bolup: «Allany ýatdan çykarýaňyz, kyýamat gününiň hasabyndan gorkaňyzok» diýip otursam?! Aý, men nire, beýdip oturmak nire?

Kellämdäki şu pikirlerim bilen neneň utanman namaz okajagymy bilemok.

26-njy aprel 198... ý.

Uzak gije iki-üç gezeg-ä oýanyp, sagada seredendirin. Ahyry daňam agaryp başlady. Menem namaza turdum. Düýnki, öňňinki, asla, öňki eden pikirlerim, ökünçlerim hakynda pikir etmedim. Edesimem gelmedi. O zatlar bir kelläňe gelse, soň etjek-etjek däliňe bakmajagy belli-le, ýöne daňyň täsin howasyndan boldumy, nämemi, täret kyldygymça süňňüm ýeňläp barýar. Hem ýalňyşarmykam diýip aljyraýan. Ilki agzyňy çaýkamalymy, burnuňy arassalamalymy, garaz, ber-başagaý bolup täret kyldym. Soň dikeldim welin, gözüme dünýe täzelenen ýaly göründi. Bu daňdanyň ümüş-tamşynyň hem sowuk suwuň edýän oýnudy.

Kelläme ýörite ýeňiljek şypyrma telpek aljakdym, ýadymdan çykypdyr. Abdy molla: «Gulakjynyň gulagy bardyr. Munuň bilen namaz okanyňdan, papagyň gaşyny yzyna edip geýeniňem gowudyr» diýensoň, köneje papagymy tapdym. Gaşyny yzyna edip geýdim welin, kinolardaky köçelerde ygyp ýören şypanaň bar-da. Nätjek, şonda-da «gulakjyndan gowudyr» diýip geýdim. «Şu sypatymy başga biri bir göräýmäbilsedir» diýip, namazlygy kybla ýazyp, «bismillah» diýip, sag aýagym bilen onuň üstüne çykdym. Namaz okap durkam kimdir biri «Näderkä?» diýip, synlap duran ýalydy. Haýran galaýmaly – ýüregime tolgunma geldi. Özüme basalyk etjek boldugymça, beter aljyraýan. Birinji gezek mekdebe gidip, birinji gezegem mugallymyň öňünde jogap beremde-de beýle aljyran däldirin. Ýalňyş okanymy, dogry okanymy bilemok, eýdip-beýdip, namazymy okap boldum. Bir görsem, maňlaýym çygjarypdyr. Indi düşündim adamlaň näme üçin namaz okaslarynyň gelmeýändigine. Namazyň başynda adam edil sülçiň öňünde günälerini boýun alýan ýaly bolýan eken. Diňe günäňem däl, görmeýän, bilmeýän birine sežde edip durşuňa, sen, bir hili, çybyndanam ejizdigiňi duýýaň. Birhili, Alla howaýy, hyýaly däl-de, Onuň, hakykatdanam, bardygyny duýan ýaly bolýaň. Bu duýgularymy nähili ýazjagymy bilemok. Olary ýazmak üçin başga bir dil, başga bir okalyş ýoly gerek ýaly.

Adam, ölmese, her zatlar etjek eken. Birinji gezek aýalymdan başga bir aýal bilen ýatamda-da şunuň ýaly geň duýgyny başdan geçiripdim. Dogurdanam, adam, ölmese, her zatlar etjek. Diri adamdan zady geň görmeli däl-ow.

6-njy maý 198... ý.

Indi on gün bäri sypdyrman bäş wagt namazymy okaýan. Okamaga gün-günden ökdeleýän. Kelläme şypyrma-da aldym. Başymdan geçirýän duýgularym geň. Dogrusy, özüm-özüme geň galýan. Namazlyga münemsoň, ýyljyraklap ýa-da öz bolup durşuma gülkim tutup duranok. Ýöne dürli pikirler kelläme gelip geçýär. Namazda sanaýan zatlarymyň manysyna düşünemok diýen ýaly, mümkin, şonuň

üçindir, käwagt rekagat sanymy bulaşdyrýan. Dördüň ýerine üç egilýän, ýa-da üçdür öýdýän. Emma «Bolýa-laý, üç boldy näme, dört boldy näme? Kim seniň rekagatyňy sanap dur, prýom-sdaça etme aladaň barmy?» diýip bilemok.

Adam çagalykda kellesinde ornaşan zadyň täsirinden çykyp bilmän ýaşaýan bolarly. Kiçijikkäm gabat garşymyzdaky mellekde ýaşaýan Hajar enelere töweregiň çagalary bolup üýşüp barardyk. Bir gowy daýzady. Ap-ak gyňaçlydy. Saçam, edil gyňajy ýaly, akdy. Şo wagtlar Hajar enäniň saçy ak gyňaç daňynýany üçin şeýle akdyr öýderdim. Öz agytyklaram üç-dörd-ä bardy welin, şonda-da, bizem barsak: «Gidiň öýüňize» diýmezdi. «Kulhuallany» şo pahyr öwredipdi. «Ýataňyzda üç gezek «kulhuallany» okap ýatsaňyz, daşyňyza gala aýlanar, onsoň, ýatyrkaňyz hiç zat ýanyňyza gelip bilmez. Gowy düýş görersiňiz» diýerdi. Bizem muňa şeýle berk ynanardyk. Hajar enäň hamy ýygyrt-ýygyrt barmagynda ullakan kümüş ýüzügi bardy. Ol ýüzüge jadylydyr öýderdim. Ýedi-sekiz çaga bardyrys, günortan barymyz «kulhuallany» okap, Hajar enelerde ýatardyk. Şu wagtlaram gijede-girimde ýeke özüm obaň demirgazygyndaky gamyşlyk jaryň içinden geçsem «kulhuallany» gaýtalanymy duýman galýan. Ýogsa, «kulhuallaň» gala bolup bilmejegine akylymam ýetýä. Şonda-da, ýüregiňe birhili güýç goşulan ýaly, rahatlyk tapan ýaly bolýaň. Çagalygymyzyň bolanyna şükür edäýmeli. Ulalaňsoň-a beýle zatlara ömürem ynanmarsyň. Hajar ene näme bişirse, bal ýalydy. Hasam gowurma çorba çörek dograp, üstüne-de süzme döküp ýerdik. Hajar ene biziň bilen nahar iýip bolardy-da: «Töwiri erkek kişi galdyrmalydyr diýip, maňa galdyrdardy. Içimizde iň ulusam mendim. Şo wagtlar mekdebe ýaňy gidip başlapdym. Özümiň erkek kişi saýylýanyma monça bolardym. Gaýşarlyp töwir galdyrardym. Hemme kişem meniň yzymdan ellerini ýüzlerine ýetirýärdi. Garaz, şeýleräk.

Ýöne Alla namaz okap gulluk etmeli diýen düşünjäni, birhili, kemter gaýtmak ýaly görýän.

Kime «egilip-gal» diýseň, başarmaz?! Ondan-a bir-biregi ynjytmazlyk parz edilen bolsady. Ýa-da adam aldamazlyk... Ýöne «bir-biregi ynjytma, göwnüni ýykma» diýseň, kim başarar?! Muny başarjakdan başarmajak has köp bolaýmasa. Belki, şoň üçinem bu zatlaň ýerine namaz parz edilendir. Ýeri, bäş wagtyna däl, on bäş wagtyna eglip-galaňda näme?! Öz agtygyňa äjit-mäjit diýip otursaň, namazyňdan ne peýda?! Dogrusy, äjit-mäjit diýilýäniň nämediginem anyk bilemok welin, garaz, namaza-ra başlanandyr. Öňem bir namaza başlan köne kommunistiň namazynyň ortasynda «Ta-ak» diýişi ýaly bir zatlar diýmän-ä okaýan.

Dogrusy, namazdan köp zada garaşýardym. Islendik adamyň, hatda içalyňam namaz okap biljekdigine düşünmek agyr degýär. Men içaly däl welin, düzüw adam däldigimem bilýän. Aslynda, kirläniň üçin sabyna igenýän bolaýma?!

9-njy maý 198... ý.

Ýaňy agşamymy okap, namazlygymy ýygnapdym, öňküje oturyşýan oglanlarym baýramçylygy bahanalan bolup geldiler. Olara oýun gerek. Öňlerinde Nury tilkiň ogly Meretje, Marlen mugallymyň ogly Umman, Babaň ogly Gurban, Sapby, Annamyrat, Nunna dagy güpürdeşip geldiler. Olar öýe girenlerinden aragyň ýiti ysy burnuma urdy.

– Şu gün Şammadyň ýedisi diýdiler. Tebärek çykaýjakdyk.

– Aý, gowy oglandy, imany hemra bolsun.
– A-how, öňümizde duran Şammadyň özi ýaly-la.
– Baýramyň gutly bolsun-how, dost.
– Hany, bolýa-laý, geçiňsen-aý.
– Biz geçeris-le welin, nahar-şoruň bolsa alyşdyryber.
– Arak-parak diýip azara galmagyn.
– Molla agaň öýünde-de arak bolarm-aý?! Saňa-da akyl gelmän geçjeg-aý, Nunna.

Bularyň gowy dildüwüşip gaýdanlary bellidi. Meretjäň dagy gözjagazlary ýyldyr-ýyldyr edýä. Keýplerem kökje. Biri gürledigi, beýlekileri pakyrda beren bolýalar. Gepiň keltesi, öňümize nahar aldyk welin, Umman arak çykardy. Birhili bolup gitdim. Çüýşe gözüme ýakymly göründi. Ýöne ýadyma Albertem, Abdy molla-da, Akbibem düşmedi, göz öňüme ýaňkyja okan namazym geldi. Erbet utandym. Meretje, zaňňar, ýüzümiň üýtgänini aňdy öýdýän, aý, muny hemmesem aňandyr-la, ol dyzyma kakdy:

– Bolýa-laý, aljyrap oturmasa-naý, düýn dälmidi bileje süsüp ýörenimiz.
– Içmejege zorluk ýok-how. Guýar ýaly käse-päse tapylsa...

Turup, käse getirmeli boldum.

– Saňa-da elli gramjyk...
– Ýok, guýma.

Umman ör-gökden gelen boldy. Mümkin, çyny bilen geň görendir, bilmedim.

– Nätdiň-aý. Seň çynyňmaý?
– Bolýa-laý, hiç kime aýtmarys.
– Ýok.
– Näz etmesen-aý.
– Men namaza başladym.

Orta-da top ýarylan ýaly boldy. Hiçisinden ses çykmady. Ýene ilki özüne gelen Meretje boldy:

– Çynyň-maý?
– Namaz bilenem oýun bormy?

Sähel gowşaklyk etseň, bu degişmeleriň soňy geljek däldi. Olar derrew degişmä salan bolup, seni oýunjaga öwürjekdiler. Içimde-de harasat gopýardy. Gymmatly bir zadymy ýitirýänimi duýýardym, elimden gelýän zadam ýokdy. Oglanlar guýanjalaryny içdiler. Soň gaýdyp guýmadylar. Olaryň nahar bilenem, gep bilenem ugurlary bolmady. Ortadan tabak aýryldy welin, maňa: « Töwir galdyr!» diýdiler. «Özüňiz galdyraýyň!» diýsemem, etmediler. «Biz içgili» diýdiler. Onsoň töwir galdyrdym. Dostlugymyzyňam töwiriniň galdyryldygy bolaýarmyka? «Sen içeňok, molla bolduň» diýip, oglanlar ýüz öwüräýerlermikä? Meretje bir turjak bolanlarynda: «Oňarýaň, bizem, wagty gelende, taşlarys-da bu zatlary» diýen boldy. Ummanam derrew suňşurdy: «Ikimiz öljek bolup ýatyrkagam, bokurdagymyza suw ýerine arak damdyrylsa kem görmeris-laý». Oglanar muňa gülüşdiler. Şeýdibem, gülüşen bolup gitdiler.

Gitdiler welin, ýüregimiň bagy üzülen ýaly boldy. Olar öz ýanlary bilen meniňem öňküje erkinligimi alyp gitdiler. Käşgä, hakyky bir «Huw, hak» diýip oturan dindar bolsam...

16-njy maý 198... ý.

Indi on gündir sakgalam syramok. Eňegimiň aşagyna çaýyr gögeren ýaly boldy. Hiç kime görnübem bilemok. Ne eje görülýändir, ne köçe. Elime kündügimi alýanda, derrew täret kylyp, öýe kürsäp urýan.

Bar zat bir ýaňa, şu sakgalym bir ýaňa boldy. Aýalymam şol iňirdäp gidip otyr. «Bolaýdy-da, sakgalyňy geçiň sakgally ýaly et-de, seňk-seňk et-de otyr. Ölmeseň, her zat görüljek eken» diýýä. «Akmak heleý, sen bu sakgalyň oýnuny bileňok. Äriň obaň ymamy bolanda bilersiň» diýip bolýarmy? Äre gitjek gyz ýaly, günde telim ýola aýnaň öňüne barýan. Lineýka alyp, gündeki ösüşini ýazyp alamok diýäýmesem, galanyny edýän. Sypalan bolup görýän. Kä wagt dagy töwir galdyran bolubam görýän. Edil artistiň bar-da. Özümi ile çykmaga taýýarlaýan. Geň üýtgeşmeler duýup başladym. Birhili, islesem-islemesem, agras görünmäge çalyşýan. Gatyrak güläýsemem geň görüläýjek ýaly. Garaz, bu sakgal meni öz ugruna iýtjeg-ow. Näme-de bolsa, binamyslyga salmasam-a, günüm hasam kynlaşjak. Näme iliň ekinine girdim-maý? Sakgal özümki, islesem, syrýan, islesem, ösdürýän.

7-nji awgust 198... ý.

Sakgalymy goýberenime üç aý dagy geçdi. Tomus düşdi. Kümedäki içi pully düwünçegim ulalyp barýar. Bir köpüginem sowup bilemok.  Şu gün ýörite Abdy mollaň öýüne gitdim. «Okar ýaly heý, kitabyň-beýlekiň ýokmy?» diýip soraýyn, hem sakgalymy görkezeýin diýdim. Ol meniň sakgal goýberenimi görüp, tas çaşypdy. Nirede oturtjagyny bilenok. Hem «Gutly bolsun!» diýýä, hem «Tüweleme!» diýýä, hem «Gowy gelşipdir» diýýä, garaz, bir salym gyzarmaly boldum. Näme-de bolsa, meniň utanýanymy duýup, halys suwuny akdyrmady. Ýogsa, elläbem-ä görjekdi welin. Elbet, gaty gyzarandyryn-da. Bir ýukajyk kitapça-da berdi. Içinde dogalar, Kur’andan aýatlar bar. Gidenim gowy boldy. Abdy molla ýangyn söndürýän edarada ýer boşanyny, komandiriniňem «Arassa adam ýokmy?» diýenini aýtdy. Maňa-da bir edara gelip-gidip dursam, kem däl. Albertden alýan aýlygymy öýdäkilerden ýygşyryp, derde galyp ýörün. Ertir irden Abdy molla bilen ýangyn söndürýän edara işe girmek üçin gitmeli. Işe girmek pikirime Albertem garşy bolmady.

8-nji awgust 198... ý.

Indi öňki Şammatdan nyşan galmady. Şammatlygy taşlap, kim bolanymy bilemok, ýöne taşlama kemini-hä goýmadym. Tirkeşýän oglanlarymyň birem gelenok. Arada Berdi çyparlar tam toýy etdi. Tam toýam bolsa, öňünden tebärek çykardylýar-da. Bärden barsam, oglanlar gazanyň başynda üýşüp duran ekenler, deňlerinden geçip bilmedim, salamlaşaýaýyn diýdim. Barsam, Gurban eýýäm keýpini gowja köklän eken. «Bo-ow, molla Şammat nähil-ow? Biý, sakgal-a saňa gowy gelşipdir-aý» diýip, hem ýaňsyly, hem gadyrly görüşdi.

– Sen bar-a Şammat, indi molla bolupsyň, sakgal goýberipsiň, düşünjäň biziňkä görä nemeräkdir.

– Estagfyrullah, meniňem üýtgeşik bilýän zadym ýok.

– Ýok, sen o gepleňňi goý. Sen bize jogap ber, şü, aýalyň bilen nebsiňi öňüňe düşürseň, gutardygyň dälmidir?

– Nebsiň öňüňe düşse, gowy däldigin-ä bilýän.

– Aýalyň öňüňe düşse näme? O bolýamy? Ynha, o gün Sapby maşynlyja barýar, aýalynam ýanyna – öňdäki oturgyja mündüripdir. Muňam aýalyny bilýäň-ä gübernat ýaly  gaýşarlan bolup, elinem aýnadan daşyna çykaryp, güberlip otyr.

Töwerekdäkileriň Sapbydan galany bu gürrüňi öňem eşden bolsalaram pakyrda berdiler.

– Dogru-da, onsoň o aýal seni diňlärmi?! Bolup oturyşyny dagy bir görsediň, men-ä how, bir ýeriň ministrimikä öýdüpdirin, görsem, Gytja gelnejem-dä.

Sapbam ýylgyran bolup, çiliminiň külüne pitikläp:

– Mündürjek. Näme ministriň meniň heleýimden niresi artyk – diýdi.

– Ana, ana, gör-dä düşünjesini. Ony ministr etseň, ýa sekretar ska bolmaly, ýogsa-da, hyzmatkäri borsuň-da. Biz-ä Sapby diýip sekretar skany tanamyzok.

Jogap bermän, ýylgyryp duramsoň, Sapby bu zatlarda men günäkär ýaly, elini salgap: «Içerik giribersen-aý, mundan düzüwli gürrüň eşitmejegiň belli dämi» diýdi. Oglanlar onuň aljyramasyna hezil edip gülüşýärdiler. Gurban: «Aý, bolýa, hany, sen bahymrak täbärek çyk, Sapbyňky düşnükli boldy» diýdi-de, soňam «Ne gözel oglandyň, senem ýoluňy urdurdyň-da, Şammat. Aý, bolýa, seň ýeriňe-de özüm gaýrat ederin-dä» diýdi. Soňam elindäki kepgirini taşlady-da, meniň üstüme sürnüp ugrady.

– Hany, dur-la, Şammat, men senden bir zat soraýyn-la. Alla ýüregiňde ynananyň gowumy ýa-da ynansaň-ynanmasaň, bäş wagt eglip-galanyň gowumy?

– Hem ynanansaň, hem eglip-galsaň gowy.

– Ýok, ony men bilýän. Ynha, men Allaň bardygyna ynanýan, haram zat iýmäge gorkýan, ýöne namaz okamok. Ýene biri bar, namazam okaýar, tebäregem çykýar, ýöne gözi gelýän gidýän-de. Abraýlyrak, ketderäk biri gels-ä uzyn töwir okaýar. Ol Marraw ýaly biri gelse-de, il ýüzüne bäş söz okaýar ýa-da okanok. Ýa-da ketderäk biri: «Şu gün den raždenni edýän, öňünden bir öten-geçenmize aýat okap ber» diýse, gowuja aklyk aljagyny bilensoň, ähli işini taşlap, şoňa ylgaýar. Ýene meniň ýaly, oň ýaly biri: «Tebärek çykyp beräý» diýse-de, ýa ekini gurap barýandyr, ýa-da guma malynyň yzyndan gitjekdir. Sen şuny aýt, şolaň haýsy gowy?

– Aý...

– Ýok, sen aý-maý bilen sypjak bolma. Ynha, içi pisiň birini tutup namaz okatdyň diýeli, şol adamyň onsaň içi düzelermi? Men-ä şoňa ynanamok. Oň ýaly boljak bolsa, awtamadyň öňüne salybam okatsa bolar-la. Pis pisdir-dä, namaz okany bilen düzelmejeg-ä belli. Bir azajyk öňküsinden gowlanmagy mümkin, ýöne... meniň diýjek bolýanym, Alla şu ýerde bolmaly, o seň eliňdäki kündügiňde bolmaly däl. Dogry gerek? Bolýar, bar. Bahymrak tebäregiňi çyk. Adamlar gultunşyp otyr.

Öz gepine özi guwanyp, çakgyň çüýi ýaly mawy gözleri ýyldyr-ýyldyr ýyldyraýan Gurbany geplemän ýeňäýmeseň, gepledigiň ile gülki etjekdi. Onsoň, ýylgyran bolup gidiberdim.

Gurban maňa kakdyryp diýdimikä? Adam pahyryň gürrüňi edilse, hasam özüni ýalňyz duýýan eken. Bir ýürekdeşim bolsady, bir keçäni iki paýlaşyp otursadym.

12-nji awgust 198... ý.

Ýangyn söndürji bolup işe başladym. Üç günden bir gün işleýän. Ýöne Abdy molla bilen bir güne düşmedim. Iş bolup, edýän işim ýok. Namazly-täretli bolamsoň,

komandirem kän azar berip duranok. Hezil. Aý, öýdäkiler: «Puly nireden alýaň?!» diýmez ýaly, bolýa-da.

25-nji awgust 198... ý.

Her kim görse, hökman, sakgalymyň gürrüňini edýär. Men-ä indi bizar boldum. Ilem işini tükedipdir. Geçip barýan bolsam, durup synlaýarlar. Ýaşulular elleşip salamlaşyp, gutlaýalar. Özümden uluraklaram «Salowmaleýkim» diýişip. Bir tarapdan, erbedem däl. Näçe ýyl gazanyp bilmedik sylag-hormatymy bir penje gyl gazandyrdy oturberdi. Akbibä näme gerek, şo-da bir zat diýjek bolsa, indi öňküsinden has çekinýäni bildirip dur.

Il giň-aý. «Bar, ýok et-de, syr. Sen nire, sakgal nire» diýene duşmadym. Aslynda, beý diýer ýaly, ile eden ýamanlygymam ýok. Ogurlykda, zynada tutulamok, urşup-sögüşen ýa-da arabozarlyk eden ýerim ýok. Aý, şony edeňde-de seň sakgalyňa dawa etjek adam tapylar öýdemok. «Utanman sakgal goýberipdir dämi, isleýänem hormat dämi, baş üstüne, şol hormaty bizden alsyn. Hormatyň pul çykdajysy ýok, me, näçe gerek bolsa» diýjege meňzeýär bu il. Derýa-da. Bolsun derýa, bize-de kemje-kerdem däl. Niçik, nahar iýildigi: «Sen galdyr-da, sen galdyr» bolup, töwir galdyrdýalar.

Ýöne il, näme diýse, şony diýsin welin, sakgalda, nähilidir bir, güýjem bar bolsa gerek. Ýeňlesräk hereketler, samsygrak gürrüňler ediberseň, sakgalyň geçiň sakgalyna çalym edip barýan ýaly boluberýär. Ähli zatdan öňürti sakgalyňdan utanylaýjaga meňzeýär. Mundan-a orsuň galstugam müň paý gowy eken. Halamadyk wagtyň aýyr-da, jübüňe salaý. Muny welin, aýyrjak gümanyň ýok, gaýta, timar bermeli.

Aý, öwrenişeris. Eger sakgal bilen adamyň jogapkärçiligi, utanjy artjak bolsa, niýeti-päli düzeljek bolsa, ony perman bilenem goýbermeli etjek şalar tapylardy-la. Gaýta, Pýotr birinji zor bilen emaldarlarynyň sakgalyny syrdyrypdyr. Ýöne zor bilen syrdyrylýan bolsa, bu sakgalyň edil geçiň sakgaly bilen deň däl bolmagam mümkin? Aý, bolýa-laý, şäher içinde muny bir gün goýberip, bir gün syryp ýörenem gyt däl.

Sakgaldanmy, başga zatdanmy, nämeden bolsa-da, düýn Şammatdyk bu gün Şamyrat aga-ra bolduk, ertir Şamyrat molla-da bolarys, işallah.

Hernä, öýdäkiler öwrenişdi. Ejemem, hamala, mende hiç bir üýtgeşiklik bolmadyk ýaly, sesini çykaranok. Mümkin, utandyrmaýyn diýýändir. Kim bilýär, «Oglum akylyndan azaşyp ýör» diýse-de, diýýändir.

26-njy awgust 198...ý.

Albertem, ullakan edýän işimem ýok welin, her aý ep-eslijäni berip dur. Garaz, oň niýeti oba bilen habardar bolmak. Döwlet ýurdunda nämeleň bolýanyny, adamlaň pikirini bilmeli ahyryn. Öňki döwürleriň patyşalary ýaly gijelerine gedaý eşigine girip, gapy diňlejekmi dagy?! Haýsy ertekidedi şol, bir gyzyň: «Patyşa gapydan çykamda-da, giremde-de köwşümi öňüme alyp berse» diýýäni? Şu wagt ady ýadyma düşenok. O döwürden indi oba göçdi. Emma «gapy diňlemek» – halkyň gizlin pikirini bilmek, öňküligi ýaly, zerur. Molla halkam, näme, ähli zatdan habarly. Gapy-gapy aýlanyp ýör, toýda oturýar, diňleýär, eşidýär, sadaka barsa-da şeýle. Ýogsa, häzir: «Patyşa köwşümi giremde, çykamda öňüme atsyn» diýip, bolsady ekip

biljek barmy? Her kim kolhozyň zadyndan, işleýän edarasyndan bir zatjyk ogurlap öýüne getirip bilse, şat – şeýdibem gününi görýä. Munam bilmeýän ýok.

Bir zady ýazjakdym, başga zatlar ýazylyp gitdi. Aýlyklary jemläp öýe bir gowy garnitur aldym. Alamda dagy gözüne gül salandyryn. Göni magazine bardym-da, kassada oturana: «Inim, başlygyňyz ýerindemidir?» diýdim. «Bar, ýerinde, ýaşuly» diýenden, göni süsdürildim kabinetine. Barsam, agzy sary ýaş oglan galstugyny sypalap otyr. Tüýs ýaşulusyrap «saglyk-amanlyk» soraşdym. «Elhamdülüllany», «Tüweleme, Allaha şükürem» zol gaýtalap, gyrçuw sakgalam sypalanýandyr. Ahyry: «Inim, men-ä keýwanyň iňirdisine çydaman gelendirin» diýdim. Ýaş oglan derrew toruma düşdi: «Näme hyzmat, ýaşuly?» diýip dur. «Aý, şoň goş-golamyny salar ýaly garnytur diýdimi, bir zat beräýmeseň, öýe bararlygymyz galan däldir. Bu saçy uzynlar garranyňy bahym bilýän eken. Siz ýalykag-a seslerem çykmazdy» diýdim. Başlyk oglan ýylgyryp derrew işgärleriniň birini çagyrdy-da: «Şu ýaşula şo skladdaky garniturlardan birini ber» diýdi. Şeýdip sakgalyň arkasyndan bir gowy serwantly, bir diwanly, iki sany kresloly, bir giden oturgyçly bolduk. Özem nemisiň ýasany. Magazine, açyk satuwa ömür çykaryljaky? Bahasam beýle gymmat däl. Albertiň beren üç aýlygyny näme etjegimi bilmän ýördüm, laýyjak bolaýdy. Gerek bolsa, adam pahyr artistem boljak eken. Men almasamam, iş etmän, «Wolga» münüşip ýören ketdeleň biri alardy-da. Skladda olara ýeterligem galdy. Akbibi görgüli, begenjine, uçaýjak bolýar. Oňa-da: «Bir tanyş oglanym mebelnä direktor bolupdyr eken. Tötänden duşaýdym. Şol:«Al, muň ýaly zady öz bahasyna almarsyň» diýip duransoň, alaýdym. Pulumyň ýetmediginem işde birinden karz aldym» diýdim, garaz, çyna berimsiz ýalan sözledim. Sakgally bolsaň, namazly bolsaň, hezil, ýalan sözleýändir diýip göwnüne getirýänem ýok. Ejemem gowy gördi. Sakgaly sallap, derläp, mebilimi gurnandyryn. Haşlap, dyzanaklap, baý, haýdalandyr. Şu golaýda, munuň ýaly, işime yhlasly bolan ýerim ýokdur. Içeri gelşigine gelen ýaly bolaýdy. Öýlenenlim bäri şu iň uly eden söwdam. Serwandyň gapysyny ýerine oturdyp durkam sakgalymam gapjatdym. Eýesiziň gaty kän burmaly uzyn petlesi bar eken, bir salym iş boldy. Akbibem gapjadanymy görübem dur welin, «Sakgalyňy bir gapjadaýma» diýen bolýa. Şu sakgala-da öwrenşip bilmän geçdim.

Ýassy namazyny okap otyrkam bu günki eden söwdam, magaziniň müdiriniň ýanyna baryşym, soň derläp olary guruşym, sakgalymy gapjadanymdaky awunşyma çenli, edil kino ýaly, göz öňümden geçdi. Bitiren işime hoşal boldum. Alla şükür etdim. «Eger edenim şeýle ugruna bolsa, Alla menden razydyr» diýen pikir göwnüme geldi.

Beýle Alla üçin bäş wagt eglip-galmak bolar-la. Belki, Alla bir maşynjagazam berer. Akbibi aýtmyşlaýyn, «Namaza başlalymyz bäri rysgymyz artaýdy».

Öňem biri pully düwünçegini nirde goýanyny bilenok diýýä. Namazyny okap durka-da, güpbe, ýadyna düşäýipdir. Derrew namazyny okap bolup, aýalyna «Düwünçegi nirede goýanym namaz okap durkam ýadyma düşdi. Pylan ýerde bolmaly, bar getir» diýýämiş. Aýaly görgülem «Sen namazyňy okadyňmy ýa düwünçegiňi gözlediňmi?» diýipdir. Biziňkem bolýa-da...

Gowusy ýataýyn.

27-nji awgust 198... ý.

Öý-ä mebelden doldurdyk welin, sakgalyňy sallap, kresloda uzak oturyp bolanok. Gapydan biri: «Molla aga, tebärek çykyp beräýseňiz» diýip geläýjek ýaly bolup dur. Ýöne, ynha, diwan bolýar. Onda hezil edip ýatýan. Wah, bu kreslolar galstuk dakynyp işe gidýän ýyllarym gerekdi-le.

Hawa, wagtynda galstugam dakynandyrys.

Prokuraturadan çykyp, obamyza ýurist bolup işe geldim. Ullakan edýän işim ýok, kolhozyň edaralara ýazýan hatlaryny düzgünli ýazyp berýän, edarlarda algysy bar bolsa, arbitražyň üsti bilen alyp berýän. Dogrusy, o-da kän bolmazdam. Başlyga-da kanuny bilýän adam gerek. Onsoň, näme, boýnum galstuklyja, ütüklenen jalbarlyja kolhozyň kontorasyna gidip-gelen bolup ýörün. Men o wagtlar ýaş, ile güýmenje gerekdirem öýdemok. Stalinden, Hruşşýowdan başlap, Fidel Kastro çenli, bilenimi, gürrüň berýän. Ýeserräk buhgalterler: «Hany, Şammat, Kastrodan, Çerçilden gürrüň bersene» diýşip, gözjagazlaryny güldürselerem, göwnüme zat getirmändirin. Soň bir gün köçäň ugrunda aşyk oýnap ýören çagalaň deňine geldim welin, olaryň biri meni görkezip: «Çyrçyl, Çyrçyl» diýip, diriň-diriň bökýär. Ýoldaşlaram gülüşýäler. Ilki nämäň-nämedigine-de düşünmändirin. Soň ýüzümiň gyzany özüme bildirip gitdi. «Näme diýýäň?» diýip, ýaňky çaga tarap bir ädim ätlänimden, ol, balagyny çekdi-de, ýazzyny berdi. Beýlekilerem, serçe sürüsi pytran ýaly, çar tarapa pytrap gaçdylar. Nädip ýerden daş alanymy bilmändirin. Hernä, zyňmadym. Elimdäki daş topazçarak bardy. Hudaý gorady, bir masgaraçylyk bolsa, bolaýmaly eken.

Içigar, sadalygym-da. Bir gezek Çerçiliň ýatanda iki düşekçe ýazdyryp ýatýan ekendigini, gije oýansa, beýleki düşege geçýänini gürrüň beripdim. «Beý, o näme üçin beýdýäkän-aý?» diýen boluşlaryndanam aňaýmaly welin, gaýta:

– Siz heniz ýatylmadyk täzeje prostynyň nämedigini bileňizok – diýýän-dä.

Şonda garry hasapçy:

– Aý, biz pirossin diýýäniň nämedigini bilemizog-a – diýen-de, töweregindäkileriň pakyrda berişleri, ýaňy bolan ýaly, gulagyma eşidilip gitdi.

Göni barşyma, başlyga arzamy berjekdim. Başlyk ýok eken. Nälaç, syr bermän, oturmaly boldum. Işe güýmenen bolup oturşyma-da, kontor işgärlerini synlaýan. Annak aga diýip biri bar, ýaşy altmyşa ýeteňkirländir, uzak gün bir-iki kagyzyň ýüzüni garalar, onsoň, edere iş tapman, pallap oturandyr. Çaý içip, gününi geçirjek bolar. Gözem gapydadyr, biri iş bilen geläýse dagy, şony sypdyrmajak bolup, müň gepiň başyny agyrdar. Ilçilik-dä, her hilisi bar. Bir gün Saryja aga diýip, özi ýaly, işsiz skladçylaň biri geldi. Täze bellenen birgadiriň gybatyny edip, gürrüňini ýaňsa alyp, agzyna öýkünip çaý goýanlaryny ýatlaryndan çykarypdyrlar. Tokly kitrem, suwy boşap, gapdallarynda atylýar welin, ýaňky garry: «Haý, ýetişeweriň!» diýip daşaryk ylgandyr. Soň: «Haý, içgargalmyş, tokly kitir eken. Ýaňky birgat gelip, goşaň iki gözünem boşadandyr öýtdüm» diýýä. Ýene biri bar – Nury tilki diýýäler, Meretjäň kakasy, ýaşy ellä golaýlandyr, elinde siňek urulýany, ürç edip, bir günde näçe siňek öldürenini sanaýar. Öňden oturan, ýöräp ýören siňegi ursa, «pyýada goşun», uçup gonan badyna uran siňegine-de «duşman samalýoty» diýýär. Işiň soňuna ýakynlaberende her gelen-gidene: «Bu gün söweş ganly boldy. Ýetmiş iki baş garşy tarapdan, olaryň elli dördüsi pyýada goşun, on sekiz sanysy istrebiteller. Biziňkilerden ölüm-ýitim ýok» diýip habar berýär. Adamlaram düşüş bolupdyr, ony

görenlerinden: «Söweş nähili gidýär?» diýip soraýar. Çalarak eşitdirip: «Obaň tilkisi awa çykdy» diýýänlerem bar. Iki-ýeke ýerlerinden galman işleýänlerem ýok däl. Olaram buhgalterler – aýýň ahyry ýakynlaşar welin, «aý aýak» diýşip ýapyrlyp ýatandyrlar. Menem işsizlerden biridim. Kä wagt bir hat ýazylsa, ýazylýar, soň oňa-muňa güýmenip oturmalydyr. Özüm bilmän ýaňky gününi geçirip bilmeýänleň güýmenjesine öwrüläýen ekenim-dä. Baý, Lermontow hakynda, Puşkiniň dueli hakynda gürrüň baryny berendirin. Hezil edip diňleýärdiler, zyýany degesi ýok diýip, janygyp-janygyp gürrüň bererdim. Ýaňsa alynýandyryn, oýnalýandyrynam öýtmändirin.

Niçigem bolsa, syr bermän, bir aýa golaý işledim. Olar ellerine tokly kitirilerini alyp, çaý demleşip bir ýerik üýşüp, gülüşip-pakyrdaşyp ugraýalar welin, öz üstümden gülünýän ýaly boluberýärdim. Şonda-da aralaryna baryp oturýadym, bir gülseler, men iki güljek bolýardym. Işden çyksamam, näme üçin çykanymy birem duýan däldir. Iň soňky aýlygymy alyp, hasaplaşan günümem içimi güldürip, Pariž kommunasynyň gahrymany Maradyň öldürilişi barada gürrüň berip gaýdypdym. Şol wagt biri: «How, ol Marat diýýäniň Myrat bolaýmasyn» diýýär welin, beýlekisi: «Myrat montýormy?» diýen bolýar. Menem sadasyran bolýan, hem içimden: «Kim-kimi oýnaýarka?!» diýip, hezil edýärdim. Beýik şahsyetleň gürrüňini etseň, Watan, söýgi, il-gün üçin janyňy pida etmek ýaly zatlar barada bolýar-da, beýle sözler olar üçin gülküdirem öýtmändirin.

Bu ile belet bolarça bolandyryn. Muňa bilimlem gerek däldir, molla-da. Bulara ölüsini ugradýan, täbärek çykyp berýän gerek. Edil dellekçiň gerek bolşy ýaly-da. Onsoň sen kim bolduň, danamy, diwanamy, parhy ýok. Sakgal goýberseň, arapça-da bir zatlar ýat tutsaň, boldugy. Gaýta, diwanaragy kem däl bolaýmasa. «Ony eýtmäň, muny beýtmäň» diýmez ýaly. Diýäýende-de: «Otursan-aý, özüň kim-aý» diýäýmeli.

9-njy sentýabr 198... ý.

Şu wagta çenli ejem bilen daşyrakdan görüşsegem, beýle pete-pet gabat gelişmändik. Ikindi namazynda elim kündükli täret kylyp gelýärkäm, ejem edil öňümden çykdy. Onuň ýüzüne seredip bilmedim. Şonuň üçin ejemiň maňa nähili seredenini ýa-da onuňam seretmän geçip gidenini bilemok. Ýöne olam maňa hiç zat diýmedi. Ogurlykda tutulan ýaly boldum. Şu wagtam, şol wagtam özümi bogýan utanç duýgusynyň sebäbini bilemok.

Utanç diýlenem geň duýgy-aý. Ýadyma düşýär bir gezek oglanlar bilen bir oturlyşykda keýpikök otyrdyk. Garaz, gürrüň aýal-gyzlardan çykdy. Aramyzda: «Men pylançasy bilen bile boldum» diýip öwünenlerem tapyldy. Şonda türkanaragymyzdan biri henize çenli bir gezegem şolar ýaly iş etmändigini aýtdy welin, onuň üstünden gülüp ugradylar. Şol wagt menem, il ugruna gülen bolsamam, heniz şoň ýaly zada ýanaşmadykdym. Emma muny aýtmaga utandym. Soň ol oglan elini daşyna aýlady-da: «Şundan beýläňiz puç» diýdi. Biz on-on bäş oglan bardyk. Hemmämiz birhili bolduk. Gülkümiz tapba kesildi. Şonda: «Dur, meni puçlama. Menem seň ýaly» diýip bilmedim. Men ikinji gezek utandym. Ýogsa, näler puçlananlaryň arasynda bolasym gelenokdy. Belki, şol utanjym sebäplidir, bu hapa işe soň birnäçe gezek bulaşdym.

Bu gün bolsa namaz okaýanymdan utanýan. Alsam alypdyryn-da bir garnitur. Dagy indi meniň öýümde şo-da bolmaly dälmi? Menem adam ahyryn. Onsoňam, adam tutduramok, basdyramok. Ýok, mesele munda däl bolaýmasa. Namazyma özüm mynasypmy? Eje, seni gözüňi açyp gitmeli etmejek bolaryn. Inşalla, deräň eýesi bolmasamam, metjidiň eýesi-hä bolaryn. Näme metjidem bir deredir-dä. Uly il yzyňda saňa görä eglip-galyp dursa, armanyň näme?! Hormatymam bolar. Ýöne utanç duýgusam aýrylanok. Aý, zyýany ýok, öwrenişerin. Eje, senem maňa düşünersiň. Alla-da düşünýändir, esasy zat, özüm-özüme düşünip bilsem...

Ýadyma düşýär. Meger, dört-bäş ýaşlarymda bardyryn. Ejem meni her hepdäň anna güni legende suwa düşürerdi. Soňa-baka utanjak bolan bolardym. Kä wagt suwa düşürip bolan soň, daşyma polotense orap, gujagyna gysyp bir aglardy. Hiç diňip bilmezdi. Soň menem, näme etjegimi bilmän, bile möňňürip ugrardym welin, goýardy. O agylaryň asyl sebäbini o wagt-a, asla-da, bilemokdym, ýöne häzirem bilip baramok. Çyn sebäbem, çyn agy ýaly, aňsat-aňsat görünmeýän eken. Ejemiň aglanyny-ha däl, gözüne ýaş aýlanynam menden başga gören ýokdur. Meniňem şol mana düşünmeýän ýaşlarymda görenim. Diňmeýän agyny nädip görjek? Diňmeýän aga gözýaş ýetermi?!

Ejem meni suwa düşürip bolardy-da, ýumşak düşekçäme geçirip, ýyljak ýorgan bilen üstümi ýapardy. Ol ýorganyň ýylysyny, ejemiň çygly saçymy sypalaýan elleriniň ýumşaklygyny nädip ýazaýyn?! Obada deň-duşlarymyň içinde saç goýberýän ýeke mendim. Maňlaýyma dökülip duran saçlarym bardy. Saçym sebäpli, obada bir adym «çubdy».

Bu gün bolsa ejem deňimden sesini çykarman geçip gitdi.

Ejem ikimiziň aramyzda öňräkden bäri sowuklyk bardy. Ol sowuk nämeden döredi, bilmedim. Belki, öýlenenimden soň, mende öňki ýaly ejeçillik azalandyr. Ýa-da garradygyça, ölüm aýralygy golaýlaşdygyça, perzendiň seniň bilen bile gabra girmejekdigi baradaky hakykata düşünmek, sen garradygyňça, çagalaryň, gaýta, ýigit çykýandygy şol sowuklygy döredýändir. Bilmedim.

Mümkin, özüm bilmän, ony ynjydandyryn. Bir gezek ol maňa: «Kakaňa meňzeýäň» diýipdi. Şu wagt anyk ýadyma düşenok welin: bir ýowuzlyk, rehimsizilig-ä edipdim şo gezek. Hä, ýadyma düşdi. Gapymyzda daňylgy itimizi urupdym. Ol itimiz, näme üçindir, meni gördügi, her gezek, edil ýat adamy gören ýaly, üýrýärdi. Meniňem gaharym gelýärdi. Şol wagt 14-15 ýaşlarymdadym. Şonda, näme üçindir, kakama meňzeýändigime-de buýsanan ýaly bolupdym. Belki, erkek kişä, uly adama meňzedilenime begenendirin. Aslynda, kakam hakynda ejem ikimiz hiç gürrüň etmeýärdik. Şo gezegem: «Ýene bir gezek üýräýse, urup öldürerin» diýip, gomalan bolup, içki jaýa girip gidipdim. Ertesi ejem ol iti kimdir birine berip goýberdi. Soň biz hiç it saklamadyk.

Belki, meniň kakama meňzeýänligim, ejem ikimiziň aramyza sowuklyk salandyr.

Gep nokatlaýan, ýalňyz ejem bolsa, ulaldygymça, has ýalňyz galýar. Goňşy-golam aýallardanam ýanyna gelip, oturýany ýok. Ejemiň olar bilen kän gepem alyşmaýar.

Ýalňyzlygyň ejeme näçe agyrdygyny bilsemem, elimden gelýän zat ýokdy. Onuň özbaşyna bolýanja otagyna köp barýardym. Oturýardym. Käwagt naharymam

bile iýýärdim. Akbibä-de: «Ejemiň ýanynda otur» diýip, telim tabşyrýardym, ýöne bujagaz aladalar, gark bolup barýana: «Gark bolma, gaýrat et, ýüzjek bol!» diýen ýaly bir zatdy. Men ýüzüp bilemokdym. Aslynda, men kenarda, ejem bolsa deňziň ortasyndady. Ýüzüp bilemde-de, oňa ýetip biljek gümanym ýokdy. Gaýta, biz biri-birimizden uzaklaşýardyk. Ol garraýardy, men bolsa, uly adam bolýardym.

Ýataýyn. Nähili çüýrük dünýe. Ýalňyz inýäň, ýalňyz ýaşaýaň. Ýalňyzam gömülýäň. Bolýa, ýalňyzlyga men razy, ýöne ynsanda özüne taý gözlemek, dost küýsemek, ýürekdeşler bilen bütewileşmek islegi bir bolmadyk bolsady...

12-nji sentýabr 198... ý.

Namaz okap, sadakalara gatnap tebärek çykyp ýörenime eslije wagt geçendir. Men-ä namaz okamak bilen, il-günem meniň sakgalym bilen öwrenişdi. Gün-günden mollaçylyga-da ökdeläberdim. Mollaçylyk kän bir erbet zadam däl eken. Kä ýerde, kä wagt, diňlenjegimi bilsem, dini rowaýatlaram aýdan bolýan. Halkyň arasynda abraýym artyp barýar. Albertiňem kän azary degenok. Aýlygyny sypdyrman berýär. Oba-da märekesini sowup berseň, boş goýberenok. Garaz, syr bildirmän ýaşap ýörün. Ýöne wagtyndan ir garran ýaly duýgy gelýär. Özümi altmyş ýaşa ýeteňsoň ýaşamaly düzgünde ýaşaýan ýaly duýýan. Hemme zat parahat, kellagyrym ýok, öýdäkiler bilenem gygyryşamyzok. Kä wagt şeýle bir ýüregim gysýar. Goşgy ýazyberesim gelýär. Deňzem kä wagt tolkun atmasa, deňze meňzänok. Menem özümiň ölüdigimi-diridigimi duýamok. Beýle-de bir asudalyk bolar eken. Ýa-da bu asudalyk däl-de, maksatsyzlyk, hiç zada ýaramazlykmyka?

Kiçijikligimden mende bir häsýet bar. «Bir işi et, şony sen hökman edäýmeli» diýseler, şol işe höwesim gaçýar, edesim gelenok. Emma özüm bir işe ýapyşsam höwesli edýän. «Şol işi etme, nämäňe gerek» diýseler, gaýta, hasam hyjuwlanýan. Belki, şondandyr, namazy ilki okaýan döwürlerim okasym gelip okaýadym. Ýöne indi her kim seň namaz okaýanyňy bilýär. Indi sen, isleseň-islemeseň, okamaly diýen pikir kelläňe gelýär. Hökman okaýmalydygym mende namaza öňki höwesi azaldýar. Hasam ýassy namazyny okamak agyr degýär. Agşamy okap, sähel salymdanam, täretiňi bozman, ýassynam okaýsaň-a, bolýaram welin, gijikdirdigiň turasyň gelenok. Ýaltandygyňça-da, ukyň tutýar. Ukyň tutdugyça-da, ýaltanýaň. Ýöne il-gün, daş-töwerek bir gowy zat. «Beýdip soň adamlaň ýüzüne nähili seretjek?» diýýän-de, okaýýan. Alla geçirisin-dä. Kä mahallar: «Il-günden çekinişiň ýaly, Alladanam gorkaýsaň» diýýän.

13-nji sentýabr 198... ý.

Şu gün «Bäbegimize azan aýdyp ber» diýip çagyrdylar. Birinji gezek bäbege azan aýtdym. Myşşyldapjyk ýatan bäbege gözüm düşende, ýüregimiň urşy üýtgäp gitdi. Bäbejigiň ýatan otagyndan gül ysyndanam ýakymly ys burnuňa urýardy. Bu gelejegiň ysy ýaly ýakymlydy. Akja bäbek ýumak ýalyjak bolup gundagda ýatyr. Onuň kiçijikdigini. Iki garyşdan uly däldir. Pile ýalyjak bolup ýatan zadyň ulalyp, adam boljakdygy haýran galdyrýar. Diňe bir ulalmagam däl, ýene-de edil şu wagtkysy ýaly başga bir bäbegi dünýä inderjekdigine ynanmak kyn. Hem miwe, hem indiki miwäni özünde göterýär. Häzir bolsa ony – ýakymly tamalaryň, hoş umytlaryň ýumagyny gundagynyň daşyndan alaja ýüp bilen berk sarapdyrlar. Ak bilen gara

ýüplük biri-biriniň iç-içine girip, işilip özboluşly nagşy döredipdir. Çaga daşyna aýlanan bu bagy – gije we gündiziň, ömrüň bagyny, ulaldygyça, çöşlär hem özüniň kimdigini tanadar.

Ejesem çagaň öňüni dolan, megerem, ilkije çagasy bolarly. Hem bäbegine seredýär, hem maňa. Hoş söz diýerime garaşýar. Arassaçyl gelin bolarly, ütüklenen arlyklar gyrada goýlupdyr. Çaganyň ýüzüni açyp, «Tüweleme, tüweleme!» diýen boldum. Şu sözümden gelin monça bolup, ýaşmagynyň aşagyndan ýylgyrdy. Enesem, elli ýaş töwereklerindäki daýza, agtygynyň bolanyna begenjine, näme edip, näme goýýanyny bilenok. Çaga ýaly guwanylýan, çaga ýaly ynsana dert bolýan zat bir barmyka?!

Çagany kybla bakdyryp ýatyrdym. Adyny soradym. Enesi lezzet bilen ýylgyryp: «Gündogdy dakaýdyk. Ilki agşamdan «bolar, bolar» diýen bäbegimiz, garaşdyryp-garaşdyryp Gün dogansoň boldy» diýdi.

– Bolubilýä, adyna eýe bolsun.

Entek ýaňy dogan çaganyň kim boljagy belli däl welin, edil Görogly doguran ýaly, begenişlerine näme diýjegiňi bileňok. Niçigem bolsa, bäbegiň sag gulagyna azan, çepine kamat aýdyp, soň dileg etmäge oturdym. Emma dilime hiç dileg gelmeýärdi.

Näme diläýin? «Gündoganda dünýä inişi ýaly, ömründe-de Günüň ugruna ýatyp-turup ýörmesin» diýeýinmi? «Gün dogdy» diýip örüp, «Gün ýaşdy» diýibem ýatyp, Günüň ugruna ýaşap ýörmeýän ynsany, häzir, tutuş millet bolup dileseňem, dünýä inmese gerek. Aslynda, olar ýaly ynsan dileg bilen alynýanmydyr? Men özüme näme dilejegimi bilemok, ýaňy dogan çaga näme diläýin? Özüm şol Gün bilen turup, Gün ýaşyp, garaňky düşýäni üçinem ýatyp ýören adam.

Ahyram, hiç zat dileg etmän, üç gezek: «Seniň adyň Gündogdydyr» diýip, ýerimden turanym bilen, bäbejigiň ejesi – ýaş gelin ony gujagyna aldy. Onuň ähli mähri bäbegindedi. Ol bu suw ýaly çagany tä adam bolýança, gerek bolsa, gijeler ýatman, gerek bolsa, özüni oda urup, hakykatdanam, Göroglyny ýetişdirýän ýaly, ýetişdirer. Şeýdilip ýetişdirilenine görä, obaň gyzlary joralaryndanam gizläp, içlerinden: «Şo ýigidiň käsesine ýekeje gezek çaý guýup bersem, armanym ýok» diýip, ony biri-birlerinden gabanaýsalar. Haý, ýöne ýigit çykansoň, haýsydyr bir edarada edere iş tapman, tokly kitirinde özüne çaý oturdyp, gelen-geçeniň gybatyny edip oturan biri bolaýmasa? Aňry gitse, özüne Kastry-Çyrçyl diýdirer.

Öýden çykyp barşyma, beýleräkde oturan enesine eşitdirip: «Ýaşy uzyn bolsun, berildigi bolsun, musulmany bolsun, ene-atasyna, il-gününe haýyrly ogul bolsun!» diýişdirdim. Bäbejigiň enesi elime düwünçek tutduryp:

– Ejeňem ile-güne ýarandyr, senem, tüweleme, iliň hyzmatynda. Taňryýalkasyn. Şujagaz çagaň kakasy dünýä inende seň ejeň göbegene bolandyr. Şähere dogtora gidip ýetişmedik, mydam göbegene bolup ýören Annagözel eje-de şo gün obada ýok eken. Onsoň ejeň göbegenelik edipdi. Senem, ynha, oň oglunyň azan atasy bolduň. Taňryýalkasyn – diýdi. Ile çykyp, ýüzüm gowy ýyrtylanam bolsa, ejemi ýatlanyndan boldumy, erbet utandym. O daýza hiç zat jogap berip bilmän, zordan: «Bile ýalkasyn, zat nämä gerekdi» diýen boldum-da, düwünçegimi alyp, çykyp gaýtdym. Haý, meniňem bolup ýörşümi! Bu zatlara ýeňil garamaly-la welin, her zada siňe seredip, gan görüp ýörün. Il derdine ýaraýan. Ene görgüliň göwni bitdi. Boldy-da.

Öýe girenim bilen ejemiň oturýan otagynyň açyk gapysyna gözüm düşdi. «Beýdip gaçyp ýörmäýin, baraýyn. Bahanamam bar şu wagt» diýdim. «Eje» diýip, gapyny çekdim welin, ejem öňüne çaý alyp, gyşaryp ýatan eken. Ol: «Hä, gel, oglum» diýdi. Öýe girip-girmän: «Al, eje, saňa çaý bilen içer ýaly süýji-köke getirdim» diýmekçidim. Ýöne ejemiň öňküler ýaly mähirli däl-de, birhili ýakymsyzmy, aljyraňňymy seredişinden, dilim tutulan ýaly boldum. Niçigem bolsa, içeri giremsoň, donuma dolanjyrap, ýanynda oturdym. Bir salym ikimizdenem ses çykmady.

Ahyry, ejem meniň geplemejegimi duýandyr-da, özi söz açdy: «Tüweleme, sakgal-a saňa gowy gelşipdir. Bir wagt çublyja oglandyň, indi sakgally ýaşuly bolupsyň. Wagtyň çalt geçäýşini».

Ejem näçe begenensirese-de, sakgalymy halamaýanyny duýýardym. Şonuň üçin, aýdanlaram gulagyma ýalan eşdildi. Bu ýasamalyk ýakymsyzdy.

Ýuwaşlyk bilen elimdäki düwünçegimi donumyň syýy bilen gizlejek boldum. Bu-da, gaýta, ony gözilginç etdi. Ejemem gürläre bahana tapylanyna begenip: «Düwünçegiňdäki köke-süýjüden hödür-kerem edeňokmy ejeňe?» diýdi. Utanjyma, elimiň aýasyna çenli çygjardy. Zordan düwünçegi uzatdym. Gürrüň açjak bolup, gaýta, meni hasam utandyranyny bilip, ejemem indi geplemedi. Öňündäki käsesine çaý guýup, maňa uzatdy. Zordan: «Ýok, içjek däl» diýdim. Ejemiň öňünde tutulan guş ýaly bolup oturyşyma, turup, penjiräň öňüne barasym geldi, emma oturan ýerime çüýlenen ýalydym. Nädip: «Çagyrsalar, gitmänem bolanok» diýenimi bilemok.

Ejem ýüzüni ýerden galdyrman jogap berdi:

– Bu düwünçegiň bilen çaga eklemersiň. Gury gybatyňy ederler.

– Çaga eklemek däl, iliň ýumşy diýlip, Allaň razylygy üçin...

– Alla gullugy öýde, ile çykmanrak etseň näderdi...

– Öýe gömlüp oturmagam kyn...

– Seni prokuror edäýjekdim, o diýenim-ä bolmady. Obada-da ýerlemediň... Aý, janyň sag bolsa, bolýa...

Ejemiň tamasyny ödäp bilmänim üçin, özümi näçe müýnli saýsamam, edip biljek zadym ýokdy.

– Çagyrylsaň, gitmänem bolmaz. Iliň derdine ýaraýanyňam gowy zat. Ýöne, göwnüme, köplenç, il bir ýana, Alla başga ýana ýaly bolup dur.

Ejeme garşy gidip biljek däldim. Onuň öňünde özümi on üç on dört ýaşly oglan ýaly duýýardym.

– Meduçilişşede bir güýçli mugallymymyz bardy, aýal ugrundan okadýardy. Bir gezek şondan: «Adamyň içindäki dört aýlyk çaga nädip birden jan girýär? O jany oňa ejesi özüniňkiden bölüp berýärmi?» diýip sorapdym. Mugallymymyz: «Bilemok, gyzym. Şu soragyň jogabyny menem bütin ömrüme gözleýän» diýipdi. Adamyň maýmyndan döremänine akylym çatýar. Ýöne Allany arka tutunyp, günä-sogap diýip, adamy günäkärlemegin. Her kimiň öz günäsi ýetikdir. Hiç kimiň – Abdy mollaňam, Hudaýnazar mollaňam, Şamyrat mollaňam, meniňem adam günäkärläre ýagdaýy ýokdur.

Ýene-de ejem meni gürletmek, nähilem bolsa, bu kyn halymdan halas etmek isleýän ýaly: «Düwünçegi kimler berdi?» diýdi. Zordan: «Pylanylaň ogly bolupdyr, azan aýdyp berdim» diýdim. Özümi edil mugallymyň öňünde öý işini etmedik

okuwçy ýaly duýýardym. Mugallym diýeniň depderiň bilen ýeňsäňe çalaýsa, hemme zat ýerbe-ýer bolaýjakdy, ejem bolsa başymy sypalaýardy.

– Hä, ýadyma düşýär. Kakasy dünýä inende göbegene bolupdym. Bu birinji gezek göbek kesişimdi. Enesi pahyryň: «A gyz, «bissimilla» bir diýdiňmi?» diýip, sorany şu günki ýaly ýadyma düşýär. O döwrüň adamlary şeýle sadady. Garry görgülini ynjaltmak üçin, «Hawa» diýip, ýalan sözlemeli bolupdym. «Bissimilla» nireden ýadyma düşýär, aljyrap, ber-başagaý bolup otyryn. Şonda, näçe almajagam bolsam, maňa-da düwünçek beripdiler.

Ejem birhili ýasama ýylgyrdy-da: «Görseň, ejeň senden has öňräkden ilden düwünçek ýygnap başlandyr» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Ahyry, özüme zor salyp, turdum. Baryp aýnany açdym. Içerik güýz gününiň ýakymly howasy urdy. Daşarda bäş ýaşlyja gyzjagazym goňşymyzyň ýaňy dil çykaranja ogly bilen oýnap otyrdy. Men dünýäni unudyp olaryň oýnuny synlanymy duýman galdym. Gyzym süýji kagyzlaryny boş towlap, käsine palçykdan süýji ýasap salyp, käsine kesek, käsine daş dolap oglanjyga berýärdi. Oglanjygam her sapar hakyky süýjüdir öýdüp, hasyr-husur ony açýardy. Soňam aldananyny bilip, boş kagyzy gaharly yzyna zyňýardy. Gyzym bolsa «jykyr-jykyr» gülýärdi. Soň oglanjygam, birden, gyzyma goşulyp gülüp başlady. Indi ol gyzymyň içi daşly süýji kagyzlaryny açanda, aldanyny bilip, öňküsi ýaly gaharlanmaýardy-da, gyzym bilen bile gülýärdi. Men aýnaň öňünden aýryldym.

– Özüň bir ýagşymyň?

– Ýagşy, şükür. Ýöne garraýanym gün-günden bildirýä. Bu janymyň gereklenýänini duýýan. Ýöne «Janym menden başga kime gerekkä?» hem diýýän. Elbet, eýesine gerekdir-dä.

Ejeme jogap tapmadym. Esli salym penjiräň sekisine ýaplanyp, arkamy daşaryk öwürip durdum. Dymyşlygymyz uzaga çekdi. Eneli-ogul herimiz öz dünýämize gitdik. Ahyry, oturmanam: «Bolýa, eje, o tama baraýyn» diýip çykyp gitdim.

Allaň razyçylygy nire?! Eje, seniňem, meniňem baş maksadymyz «deräň eýesi» bolmak. Il-günden arymyzy almak üçin, gözümizi açyp gitmezlik üçin gara «Wolga» münüp, möhür eýesi bolmak. Şu çüýrük maksat bilen ekilen tohumyň miwesi neneň ajy däne bolmasyn?! Gowusy, ýataýyn-la. Biz boş kagyza süýjüdir öýdüp aldalanlar...

18-nji sentýabr, 198... ý.

Albert goňşy obadan Seýitmuhammet molla diýip biriniň öýüne gitmegimi tabşyrdy. Ol adam barada näçe giňişleýin maglumat alyp bilsem, almalydym. Men-ä haýran, ýeri näme maglumat alarsyň? Bararsyň welin, oturandyr çalasowadyň biri. Oturyp-oturmankaňam özünden çigit ýalam tapawut etmeýän, başga bir mollaň gürrüňini edip ugrar. Ýogsa-da, «gyş sowuk geldi» ýa-da «ýyl gurak boldy, meýdanda ot-çöp ýokmyş» diýer. Garaz, göwnüňi göterjek zat eşitmersiň. Bularyň barynam kagyza geçirip, Alberte bermelisiň. Hamala, bu bir bilinmeýän zat ýaly. Aý, maňa näme, «Git!» diýseler gitmeli bor.

Seýitmuhammet mollaň gapysynda-da geň galdyran zat gözüme ilmedi. Adaty howly. Daşynyň suwalmanyna ep-eslije ýyl geçen, öňi eýwanly, salynaly 20-25 ýyl bolan jaý. Daşky gapyň tutawajynyň töweregi, adam eliniň kirinden, garalyp gidipdir. Üzümli dalbary, onda-munda çaşyşyp ýatan demir-dümürler, garaz, tertipli ýaşamagyň nämedigini bilmeýänleriň öýi. Belki-de, tertiplejek bolýan ýekedir-de,

alan zadyny elten ýerinde taşlap ýörenler birki-üç bardyr. Mellege-hä gowy syn edip bilmedim welin, odur-budur ekilýän ýaly göründi. Çaýyr basyp, ideg görmeýän ýere-hä meňzänokdy. Beýleräkde göleli sygyr, agylda bäş-üç sany goýun görünýär.

Şular ýaly zatlary synlamda, hemişe bir zada haýran galýan: – oba adamlary nädip şeýle ortalygy tapyp bilýärkäler? – dünýe üçin jepa çekip, ony bejerip-bezäp, reňkläp, nagyşlap, tertiplejek bolubam ýörenoklar, terkidünýäligem ýok. Mal ýerinde maly bar, ekin ýerinde ekini bar – bolany. Bir ermeniň howlusyna girseň, başga dünýä düşen ýaly bolýaň. Melleginiň bir gyrasynda ýörite dynç alar ýaly ýerjagaz. Ýörite stoljagaz, ýeňiljek oturgyçlar goýlandyr. Hemmesem arassaja, ýaňy reňklenen ýalydyr. Töwerek daş düşelen, suwlanandyr. Beýleräkde her hili çyrmaşyk otlar, bir-iki düýp limon agajy ýaly delje ösümlikler gögerip oturandyr. Bararsyň welin, göwnüň açylar. Aý, bolýa, bizem öwreneris-dä. Üzümi dalbara çykarmagam ýaňy-ýaňy öwrenipdiris-ä. Öwrene-öwrene, aslymyzdan-a zat galmady.

Daşarda eli jamly bir zatlara güýmenip ýören gartaşan aýaldan (megerem, mollaň aýaly bolsa gerek): «Molla aga öýdemidir?» diýip soradym. Garry daýza başyny galdyryp maňa seretdi-de, sakgalyma, donuma gözi düşenden, sowuk äheň bilen: «Öýdedir, baryberiň» diýdi. Sowuk seretse, sowuk seretsin, bu garryň ýylysyna ýylynmak derdim ýok. Eýwanyň gapysyny çekdim. Ilki bilen burnuma uran mör-möjeklere garşy ulanylýan dermanyň – DUST-yň ýakymsyz ysy boldy. Penjiresiniň kiçiliginiň, üstesine, diwarlara, gapa çalnan goýy ýaşyl reňk otaglary hasam garaňky görkezýärdi. Ençeme ýylyň geçmegi bilen, garalan ýaşyl reňk jaýy ýürekgysgynç edýärdi. Daşky otaga diňe keçe ýazylypdyr.  Bu otagda içerdäkileriň ählisi üýşüp, gyk-da-bak bolşup nahar iýýän bolsalar gerek. Häzir welin, ullakan tabaga salnan saçak otagyň bir burçynda ýekesiräp otyr. Içki otagyň gapysyny çekdim. Törde peşeneli, etli-ganly, ýaşy ýetmişden geçiberen bir garry otyrdy. Ol oturan ýerinden gozganman, salamymy aldy. Men elleşip salamlaşdym. Onuň baş ujuna üýşüren zatlaryny, ilki ýeke-ýeke synlap, ýetişmänkäm, tirýek edýäniň goş-golamydyr – özbaşdak çäýnek-käsesi, sim gyzdyrar ýaly kiçijik tok peçjagazy, içi süýjüli düwünçejigi we ş.m.-leridir öýtdüm. Emma soň synlasam, peçdir öýdenim üsti-üstüne goýlan üç-dört sany kitap bolup çykdy. Tok simi bolsa peje däl-de, kiçijik oturma çyra gelýän eken. Näme üçindir, ol çyranyň üstüniň kölegeligi aýrylypdyr. Çyranyň aşagynda açyk goýlan galyň depderdir galama gözüm düşenden soň, bu giň maňlaýy gasyn-gasyn, gür gaşy gözüne düşüp duran garrynyň «adaty mollalardan» tapawutlydygyny duýdum. Ýöne onuň özbaşyna ulanýan çäýnek-käsesi hem kiçiräjik agzy gapakly süýji gaby esli wagt bäri ýuwlup-arassalanana meňzemeýärdi. Adatça, myhmany azrak içeride bu tämizlige üns berilmeýär. Mümkin, ýaşulyň özi gaty bir ynjyk, arassaçyl adam däldir. Dünýeden göwnüçökgün adam bolmagam mümkin. Onuň goşlarynyň köpden bäri ýerinden gozganman, ymykly, belli ýere ýerleşene meňzemegi öýüň törüniň, penjiräniň öňüniň ýaşulynyň hemişe oturýan ýeridigini aýdyp durdy. Penjire pessejikdi. Ondan ýatan ýeriňden köçäni synlap oturmalydy. Köçeden bolsa, her hili geýnen, dürli adamlar geçýändir. Garry molla köçeden dar eşikli, başy açyk işe barýan gyz-gelinleri synlap, käýinip oturýandyr diýip pikir etdim.

Garrynyň arkasynda eşik salynýan şifonýer, çäýnek-käse salynýan köneje serwant, üstüne ýorgan-düşek galdyrylan gadym sandyk hatarlanyp goýlupdyr. Bu

zatlaryň onuň otagynda goýulmagy, içerä aýal-ebtadyň, islän wagty, girip-çykyp durandygyndan habar berýärdi. Diýmek, molla içeride gaty bir çekinilýän adam däldir. Edil meniň içki pikirlerimi tassyklajak bolan ýaly, şol wagt bir gelin içerik girip, serwantdan diňe myhman gelende ulanylýan üzüm gülli çäýnek bilen käsäni alyp çykdy. Ýaşuly gelne öz çäýneginem uzatdy.

Adaty «Soraşyň», «Sizdendirde» Seýitmuhammet molla menden gözüni aýyrman synlaýardy, her hereketimden, jogap berişimden, hatda sesimdenem many çykarjak bolýardy. Men, başardygymdan, saýhally sypata girip, sakgalymy zol-zol sypalaýardym. Mümkin, onuň gözüne Marsdan düşen ýaly bolup görünsemem, görünendirin. Akyl isläp, birek-biregiň ýanyna barmak häsýetini atam döwründen bäri ýitirdik. Her kimiň öz akyl käsesi püre-pür, daşyna çogýar. Hakykatda welin, ynsan hemişe birek-bireginiň zary, ýöne gapylar gulply, mähnet item agzynda ýatyr.

Ýaşulynyň göz astyndan, assyrynlyk bilen däl-de, göni dikanlap synlaýşy, hamala, maňa göwni ýetmese, aňyrsyny bakyp oturyberjek ýalydy. Ol: «Nirden borsuň?», «Kimlerdensiň?» diýip, ölüň soragyny ýagdyryp başlamanka, özüm söz açdym:

– Tüweleme, okaýan ekeniňiz-ow, molla aga...

Ýaşuly gobsundy. Ýaşy gidenligine garamazdan, onuň etlek göwresi birden hereketlenip gitdi welin, depe gozganan ýaly boldy. Ol kirläp ugran tahýýasyny arkan-öňin süýşürip:

– Hä. Aý, okan-a bolýas, elimize düşenden – diýdi.

– Molla aga, bu kitaplarda hüşür-zekat hakynda-da aýdylýarmy?

Elbet, işim ugruna boljakdyr-da, bu ýüzugra kelläme gelen sowalym, garry mollaň göwnünden turdy. Onuň nazary ýumşady. Meni haýran galdyryp, mähirli ýylgyrybam goýberdi. Ol irimçik eliniň penjesi bilen dyzyny gysyp:

– Hawa, zekat hakynda-da bar – diýdi.

Birden bulaşdyraýmaýyn diýip, sesimi çykarman oturamsoň, ýassygynyň birini maňa oklap, gürrüňi ýene özi dowam etdi:

– Şu wagta çenli ýanyma gelip zekatdan gürrüň gozgan ýeke sen bolduň diýsemem boljak. Näme mal-garaň barmy ýa-da ekin-tikin ekýäňmi?

Ogurlykda tutulan ýaly bolsamam, syr bermediksirän bolup: «Aý, ýok. Üýtgeşik malymam ýok, ekinimem» diýdim. Goja gynançly bir zat eşiden ýaly, çyny bilen: «Wah, bolmad-ow» diýip, başyny ýaýkady. Onuň göwresine laýyk gazan kellesi, ýer togalagy ýaly, hasam uly göründi. Bu ýaşuly ýaşka göreş tutup pälwanlyk edendir diýseň, gelşäýjekdi.

– Saňa malyň zekatyny bermäň ugruny bilmän gelensiň öýtdüm. Indi olar ýaly adamlaň gelmejegine akylymam ýetýä-le welin...

Onuň umydyny puja çykaranyma gynanyp gitdim. Sahawaty, jomartlygy ýürekden küýsän bu goja kişiniň göwnüni götermek üçin, baý bolasym geldi. Emma bolasyň geleni bilen, baý bolup bolaýýarmy?

Mollaň endigi bolarly, zol tahýasyny galdyryp, kellesini gaşaýardy. Dogrusy, onuň saçam ösüpdir.

– Saçyňyzam-a ösüpdir, syryp beräýeýin – diýenimi duýman galdym. Ýaşulyň ýüzi açylaýdy.

– Şony etseň-ä, sogap gazanarsyň.

Bir adamyň içerisine çagyrylman-edilmän baryp, indem gürledip, maglumat aljak bolup oturmagyň sanjysyny ýeňledäýjek ýaly, höwes bilen:

– Näme etmän, molla aga, bu işiň agyrlygy ýok. Hudaýa şükür, gyssanmaç ýerimizem ýok – diýdim.

Ýaşuly derrew başujyndan päkisini aldy. Ýeňillik bilen gopup, aýalyny gygyrdy. Daşky jaýda gapyň öňüne garny ýarylan ganary ýazdyrdy. Bir arassa legenem getirip goýan aýalynyň welin, ýüzi agyrdy. Ol meniň gele-gelmäşe, esentanyş ýaly bolşumy halaýan däldir öýtdüm. Aýaldyr-da, mümkin, gelnine gahary gelendir.

Bäh, molla agada kelle berekedi-hä bar eken. Degişen bolup:

– Molla aga bu kelläňiz ýarpy bolanda-da, biziň dolymyzdan kän boljak – diýdim. Garry göwün muňa hoşal bolup, loh-loh güldi. Soňam:

– Şu legenem uly-da. Içi boş bolsa, gaýta, gury ýük. Ynha, saňa-da o başyndan bu başyna çykaýjak bolsaň, iş berer – diýdi.

Ýetmişden geçenem bolsa, ýaşuluda entek gujur bary bildirýärdi. Etlek ýeňsesi, ýasy eginleri onuň ýaşka hasam daýaw adam bolanyny aýdyp durdy.

– Saçyňyzam daş ýaly gaty eken.

– Aýdýan-a. Sen entek «dilimden bela galypdyrynam» diýersiň.

– Alymlar saçy gaty adamlar sazanda bolmaga ukyply diýýäler.

– Aý, goýa. Beý, şu alymlaňam bilmeýän zady ýog-ow. Bizem bir wagt dutar tiňňildeden bolardyk. Gowuja-da çalardym. Daýhançylyk diýdik, mollaçylyk diýdik, galyberdi-dä.

Garry molla bilen ikimiz, kyrk ýyl bile tirkeşip ýören ýaly, öwrenşip gitdik. Ýaşuly maňa ýaraýardy. Merdemsidi. Beýle adamlar gödegräk bolsalaram, bir gepli bolýandyrlar. Dosta dost bolmagy başarýandyrlar. Esasy zat bularyň «häsini» berip, ugruna kowsaň, senden gowy adam ýok. Seýitmuhammet aga myhmana ýumuş buýranyna müýnli ýaly, «taňryýalkasynymy» ýetirip, gümmi-sümmüräge-de:

– Oglum gelip, syryp berip gidäýerdi welin, şu günler gara berenok, işi känmi, nämemi – diýdi.

– Şäherde oturýarmy?

Ýaşuly «Hä, hawa» diýdi-de, bu gürrüňi dowam edesi gelmedi. Saç syrylyp bolundy. Garry mollaň süňňi ýeňledi. Ol sesine bat beribräge-de: «Hany, indi bize bir çaý beriň» diýip gygyrdy. Biz içki jaýa dolanyp baranymyzdan, garry daýza çaý getirdi. Molla aga çäýnekleriň täzesini öňüme süýşürdi. Onuň gürrüňdeş tapanyna göwni hoş, gürrüň açmankam özi gürläp ugrady. Maňa-da geregi şoldy.

– Käbir içerilere barylýa welin, şol öýüň naharyndan iýmäge çekinýäň. Ynha, ýakyn garyndaşlarymyzdan biri gapysynda klýonkaň aşagynda gök ekýär, eslije-de gazanýar. Arada baramda «Muň hüşürini berýäňmi?» diýip sorasam: «Aý, ekini ýygnanymdan soň ýaşululary çagyryp, tebärek çykardyp, sadaka bererin-dä» diýýär. Şol hüşür berdigimiş. Onuň «sadaka» diýýänem zyýapat ahyryn. Tanyş-biliş, garyndaşlaryňy çagyryp, nahar bermekden, doky doýurmakdanam sadaka bolarmy, hüşür-ä beýlede dursun?! Bir zat diýseňem, ýene seni halanoklar.

– Halanmajagyny bilýän bolsaň, sesiňem çykarmazlar.

Arkamdan çykan aýal sesine, «häh» diýlen ýaly, ziňk edip, gaňrylanymy duýman galypdyryn. Görsem, ýaşulynyň aýaly, çaý getiren garry daýza çykyp gitmän eken. Gapa golaýrak ýerde diwara arkasyny berip oturan daýza üçin bu gürrüň

«wawwaly mesele» bolarly, ol maňa barmysyňam diýenokdy, ýadyrgabam duranokdy. Seýitmuhammet mollaň gulagam owal müň gezek şu iňirdi bilen gazalany belli, ýüz ugruna aýalynyň jogabyny berdi:

– Aý, akmak heleý, o sesini çykarmasa, men sesimi çykarmasam, näder? Ahyry, biri oňa dogrusyny aýtmaly bolar-a. Ahyretde: «Eşitmedim, Seýitmuhammet molla aýtmady-ha» diýmez.

Ýaşulynyň ullakan agzyna gelşip duran galyň dodaklary ony hasam hyrsyz görkezýärdi. Onuň bir elini gür sakgalynyň öňüne tutup, beýleki elini hereketlendirip gürleýşi dyňzap gelen gaharyndan habar berýärdi.

Öýüň ýaşulusyna görä ýaş görünse-de, saçyna gowy ak giren,  daýza-da ýeň bermedi:

– Şony aýtmak, ala-böle, bize düşäýipmi? Sen-ä aýdýaň, olaňam gaçgyny sen.

Daýza ýere tiňkesini dikip, diýjegini diýýärdi. Biziň aýallarymyzy gürletme, bir gürletseň, soň, çapaýsaňam, diýjegini diýer. Daýza-da «Men bir diýip, içimi sowadaýyn, soň çapsaň, çapaý» diýýän ýalydy. Ýogsa, bu ýarak itiň ýüzi deýin hyrsyz ýaşulynyň ýüzüne göni sereder ýalam däldi. Häzir çaýly çäýnek daýza tarap zyňylar öýtdüm, «Nirden başymy bela sokupdyryn!» diýip, gelenime puşman etdim.

– Gaçsalar, owarralaryna gitsinler. Ynha, ýörite sorap gelýänlerem bar.

Molla aga meni özüne arka tutundy. Ikarada garryň dadyna ýetişen boldum oturberdim. Daýza muňa näme jogap gaýtarjagyny bilmese-de dymybam oturmady:

– Aý, bilmedik, ogluňa çenli ýigrenji bolup ýörseňem, gowy däldir.

– Hany boldy. Gowyny nä bilýäňiz, erbedi nä bilýäňiz?!

Daýza turup çykyp barşyna: «Aý, hawwa-la, sen diliňe buýrup bilesiň ýok-la. Il-ä il welin, öz çagalaňam gaçgyny sen. Ahyrzaman, ahyrzaman diýip, öýüňde ahyrzaman gopduryp otyrsyň» diýip hüňürdäp gitdi.

Garry daýza adamsynyň iň awuly ýarasyna basypdy, Seýitmuhammet aga gaharyny saklamagyň gaty kyn düşýäni bilidirip durdy. Ol:

– Aý, ogulam halanyny etsin, biziňki aýtmak –  diýdi-de, agyr dymdy. Bu waka şaýat bolanym üçin, maňa-da ýakymsyz seretdi, soňam ýene meni oňaýsyz ýagdaýa salmajak bolýan ýaly, göwünsiz, düşündirmäge durdy:

– Ogul bolup, ýeke oglum bar. O-da oturlyşygy gowy görýä. Haramragam ýaşaýa. Bir gün gijäň ýary içip gelipdir-de, bazyk-buzzuk edip: «Kaka, meni bagyşla. Men seň ýanyňa bagyşla diýmäge geldim» diýip dur. Menem: «Meň ýanyma geljek bolsaň, adam bolup gel, häzir meniň üçin senem bir, batga agynan doňuzam bir, git, gözüme görünme» diýdim. Şondan bäri ataly-ogul gürleşemizok. Bularyň maksady atany-enäni razy etmek däl, gaýta, içiňden igletjek bolýalar. Gözümiň görmedigi şoň ýaly ogul bolsun.

Molla aga ýene agyr başyny ýaýkady. Esli ýuwlan bolansoň, reňki sarygylt görünýän ak ezýaka türkmen köýneginiň üstünden ýelbegeý atynan donunyň arkasyndan gaçyp barýan taýyny egnine çekişdirdi. Soňra, ýene özüni aklajak bolýan ýaly, özüniňkini subut etmäge durdy:

– «Hüşür-zekaty berilmeýän mal edil damak gan ýaly haramdyr» diýýä. Onsoň sen damak gany iýip bilmersiň ahyryn. Çagyrylansoň, gitmän-ä bolanok, baraňsoňam, ýöne çaý-paý içen bolup, syr bermän gaýdybermeli welin, onam birde etseň, birde diýmeli bolýa-da... Bu zatlary aýdýaňam welin, geleniňden gelmäniňi

kem görenoklar, ýigrenji sen bolýaň. Aýtman-diýmän öýe gelseňem, aýtmanyň üçin özüňi gynaýaň. Ölýänem bolsaň, öldürilýänem bolsaň, aýtmak, bildirmek seň borjuň diýýäň.

Baş atyp, «Hawa. Şeýle-dä» diýsemem, molla aga köşeşer ýaly däldi:

– Obada adamsy uruşdan gelmedik, ýeke gyzy bilen galan Bibijemal ýaly garry gytmy? Zekatyňy ber, sadakaň bolsa, onam äkit-de, şoň gapysynda daň-da gaýt. Garyp görgülä esli wagt hurş boljak. Ýok, ile gazanjyny, sadaka berýänini mazamlajak bolýan ýaly, üýşürýäler töweregini. Ne janly ýer tutýar, ne sogaby bolýar. Yryýa-da, yryýa...

Ikimizem dymdyk. Molla aganyň aýdýanlary dogrudy. Ogly hakynda-da, köpçülik hakynda aýdýanlarynda-da mamlady. Ýöne, şonda-da, onuň tarapyna geçip bilmeýärdim. Nämedir bir zat meni ondan itekleýärdi. Ýaşuly dymyşlygy dellilendirjek bolýan ýaly, çaý owurtlady.

– Aý, iliň öňüne düşmek kyn-da – diýip, ýekirilýän ýaşula ýene teselli beren boldum. Gasynlarynda der görünmese-de, endigine görä, maňlaýyny ullakan gyraly ýaglygy bilen sylyp, molla aga aýdanlarymy ýüreginden syzdyryp tassyklady:

– Şoň ýaly kyn zat ýok eken. Ynha, ýaňky bilen elli ýyl-a bardyr bile ýaşaşyp ýörenimize, şoňa-da dil düşündirip bolanog-a. Ogul diýeniň munça-da ýok. Onsoň, ýöne «Alla ýüreklerine guýsun» diýip oturberýäň. Başga alajyň näme? Şu dünýede bilmese, ahyret-dä biler kakasynyňkyň dogrudygyny. Ýöne soň giç boljagyna düşünenoklar... Ahyretden howp edýän. Bu millet ahyret güni nä güne düşer. Alla, özüň geçirimlilik edeweri.

Gowusy, adama gep düşündirjegem bolma diýsene. Düşündirip bolar diýen düşünjäňem bolmasyn. Ýalňyşýan bolsa, maňlaýyny ýaran soň düşüner, şonda-da düşünmese, garagy aksyn diýmeli welin, näme, onam edip bolýamy? Onam edip bolanok. Ýa-da, ynha, biri ýogalsa, jynazasyna durarsyň, köwşüňe manat atýarlar. Ýa-da «Kur’an agdaryp ber» diýip, dünýäň zadyny getirýäler. Almajak bolsaňam, şol berjek bolup dyzaşyp durandyrlar. Men-ä onsoň: «Garrapdyryn, ýaramok» diýip sypaýýan. Hernä, obada şol zatlara ilgezik başga biri bar – alýaram, edýärem. Şoň barlygam gowy zat diýýän käte. Ýogsa, millet seň üstüňe döküljek-dä. Nika gyýmalam bolsa, Kur’an agdarmalam bolsa, baryna ýetişýä, tüweleme. Gaýta, bizden gabanjagam bolýa.

Garry molla ýaňsa alýan kişisi ýanynda oturan ýaly, maňa bakyp ýylgyrdy. Onuň ýylgyrşy juda sowukdy, ýüregiňi üşedip barýan sowukdy. Bu hemme zady bilýän, halahon, dikdüşdi mollany birden halaman başladym. Öz ogluňa, elli ýyl bäri bile ýaşaşyp ýöreniňe gepiňi düşündirip bilmeýän bolsaň, bu akyl satan bolup, ili günäkärläp, ýene birini ýaňsa alan bolup oturmaň näme diýsene?! Ýakyn oturdyp, mesge ýaly, endamyňa siňip, ýüregiňi ýumşadyp barýan sözler tapyp, Allany düşündiren bolsaň, belki, menem seni tapardym, ýanyňa Albertiň ýumşy bilen däl-de, arassa ýüregim bilen gelerdim.

Onuň kejine gaýdasym geldi:

– Molla aga, bizem çagyrylsak, giden bolýas. Bildigimizi edýäs welin, şol düwünçek berjek boluşyp durlar. Dogrusy, alasyň gelenok welin, almasaňam, göwni ýykyljak, alsaňam, berjeklerini berip, yzyňdan gybatyňy edýäler. Siziň ýaly garram

däl biz, garrylygy bahanalar ýaly. Gitmeseňem tebärek çykylmadyk nahar diýip, iýip bilmän otyrlar, elewreşip. Onsoň «il oňlasa, atyňy soý» diýýä...

Birden, gürrüň garaşmaýan tarapyna agandanmy, Seýitmuhammet molla maňa ýaňy gözi düşen ýaly, täzeden bir synlady. Içinden: «Kim bilen nämäň gürrüňini edipdirin?!» diýdi öýdýän, gözüni güldürip, gür sakgalynyň arka tarapyny süýem barmagy bilen dyrmalap köp manyly:

– Obada mollaçylyk edýän başga-da barmy ýa ýeke özüňmi? – diýdi.

– Bar. Abdy mollany-ha tanýansyňyz.

– Hawa, tanaýan. Tanamsoň soraýan. Hudaýnazar aga-da bardyr. O-da indi, görgüli, garrandyr. Sen hakda-da daş gulakdan eşidilýä. Tüweleme, arassa, hoşgylaw diýýäler.

Seýitmuhammet agaň öwdügi, «Garşyma gitme!» diýlen ýaly eşdildi. Ýöne indi götünjekläsim gelmedi.

– Hawa, çagyrylan ýere-hä barýas. Bilenjämizi edýäs.

– Esasy Abdy molla ikiňizsiňiz-dä?

– Hawa.

– Abdy molla-da, seň ýaly, baran ýerinden boş gaýdýan däldir-le?

– Hawa, berleni almandyr diýib-ä eşdemizok.

Köpi gören molla «Hümm» etdi-de goýaýdy. Bu hümmüldiden näme düşünseň, «Onda, gedaý torbamyzy boýnumyzdan asdyk diý-dä» diýip düşünseňem, düşünip oturmalydy.

Müýnli ýaly:

– Aý, şol düwünçek üçinem edilenok welin... – diýmeli boldum.

Seýitmuhammet molla elinde oýnap oturan süýji gabynyň gapagyny oklap goýberdi-de, dikeldi:

– Düwünçek üçin etmeýän bolsaň, alyp näme etjek?

– Aý, hondan bärisiräp, «alman» diýip durmagam birhili.

Ýaşuly sesini çykarman bir salym oturdy. Uludan demini aldy. Onuň bolşy diline has awuly sözler gelip, onam aýtmajak bolup, özüne basalyk edýän ýaly, ýogsa-da, tersine, has teýeneliräk söz gözleýäne meňzeýärdi. Şu wagt bu hyrsyz goja dalap goýberse-de geň görünjek däldi. Niçigem bolsa, birinji gezek görüşi, öýünde otyryn, üstesine-de, saçynam syryp beremsoň, sypaýçylyk etdi öýdýän – oturan ýerinden arkan bir dikeldi-de, ýaňsyly äheňde:

– Beý, indi alýan däl-de, almaýan günäkär boldy duruberd-ow – diýdi. Bu dymyşlyklar, «hümmüldiler» çekindirip ugransoň, aýdanlarymy ýuwmarlamaga çalyşdym:

– Aý, ýok, alynmasa-da bolar-la. meniň alýany aklap, almaýany garalamak niýetim ýok, ýöne almaly däl diýilmeginiň manysyna düşünesim geldi-de, aýdaýdym. Dogrusy, özüm-ä, uzadylsa, ilki «ýok» diýýän.

Götünjekleýänimi aňan molla hasam üstüme sürünmäge başlady. Ol sesini batlandyrybyrak kesgin:

– Dyzaljagyny bileňsoň, «ýok» diýýänsiň, ýogsa, bir «ýok» dýeňsoň, almazdyň – diýdi. Indi gaýtargysyny beräýmesem, tükeniksiz käýýeljegimi, has öteräk zatlaryňam diýiljegini duýdum. Onuň özündenem azymlyrak jogap bermäge çalyşdym:

– Alamda näme?! Näme meniň edenim iş dälmi? Ölse, ölüpdir ölüsi. Uzakly gün – ölen güni otur, üçünde otur, ýedisinde otur, aýynda otur, kyrkynda otur, aňsatmy? Her gelene-de töwir galdyr. Näme, meniň başga öz dert-aladam ýokmy? Üstesine-de, mugt. Näme, mollada çaga ýokmy? Daşyndan daýhançylk etsemem, ýarym mollalygymda galýan. Ýarym molla dinden goýar, ýarym dogtar jandan. Ýarym mollalygymyzdan dälmi öz çagalarymyza-da dinimizi söýdürip bilmeýänimiz? Ondan, gowusy, al, galan wagtyňam diniňi öwren.

Näçe dogumlysyrasamam, bu sözleri, awtomat ýaly arasyny üzmän aýdaryn öýdemokdym. Ýöne ogluny iň soňuna goýup, şoň bilenem uranym gaty täsir etdi. Ýaşuly esli salym näme diýjegini bilmän oturdy. Onuň bu gezekki dymyşy öňküsi ýaly däldi. Ýaşulynyň başy aşak eglip, ýere degäýjek bolýardy. «Şu wagt ýene bir-ikini suňşuraýsam, ýaşula: «Biz ýaly çaşan garry bilen deň bolmaň-da» diýdirmek boljak» diýip, içimden pikir etdim. Emma, dogrusy, ýaraly gaplaň ýaly bolup oturan garrydan hem gorkdum, hem oňa dözmedim. Sesimi çykarmamsoň, basyk ses bilen: «Näme, her kim özüniňkini özüçe aklaýar-da. Mümkin, seňkem dogrudyr. Ýöne men-ä Kur’any çaga eklemek üçin öwrenmedim. Indem şoň üsti bilen çaga eklejek bolman» diýdi. Indi gowy ekezlenipdim. Gürlämde elimi dyzymyň üstüne goýup, öňe garşy omzabam goýberşimi häzir täzeden gören ýaly bolýan.

– Ekläýin diýseňizem, iliň käwagt berýän bäş manat puly bilen çaga ekletmez. Ýöne molla görgüliň alýany sähelçe zat welin, oňa ýüklenýän günä düýe götärdenem agyr. Başga biri gelip, bäş minutda şeýtan gapyrjagy – telewizoryňy bejeren bolýa-da «pylança manat» diýýä welin, şon-a hiç kim geňlänok. «Şeýtanyň ussasynyň» agzyndan näme çyksa, berilýär. Molla görgüli onam edip bilenok. Bir zat berseň, gaýta, «gerek däl» diýen bolup alýar. Özem Kur’an okap, saňa, seň öliňe ýagşy dilegler edýär.

Seýitmuhammet molla başyny aşak salyp, esli oturdy. Onuň içinden özi bilen edýän gürrüňini daşyna çykartjak bolup gününe goýmadym. Onuň edýän pikirleri, hakykatdanam, meniň üçin gyzyklydy hem bu iliň garalawjysy ýaly bolup oturan ýaşulynyň «pirini kädä gabanyma», göwnüm heşelle kakýardy:

– Alýanymy aklajak bolub-a edemok bu gürrüňi, ýöne ýogalanyň ýerine gelýän milletiň köpüsi zordan «kulhuallany» bilýär. Ýaş-eleň-ä şonam bilenok. «Mundan düşewünt ýok» diýip, hiç kim din öwrenmese, aýat okara molla tapylman dursa, o-da birhili. Din zat üçin ýöredilse-de, asla edilmäninden-ä gowudyr.

– Hawa, oň ýaly bolanynam gördük. Hümm, indi «Pul bermeseň, dini dessurymyzam ýöretjek däl» diýlip oturylsa, senem oňa jogap tapyp bilmän otursaň – bu ahyrzamanyň alamatydyr.

Ol nazaryny maňa tarap dikende, gözleri meni däl-de, has aňrylary görýän ýalydy. Bu serediş inimi jümşüldetdi. Hamala, ol meni eşiksiz, ýalaňaç tenimi görýän ýaly boldy.

– Ýok, edil beý diýlibem durulanok-la, edilýä-le welin...

– Bu gün diýmeseň, ertir diýersiň... Sen Kur’an okaýaň ahyryn, ýagşy dilegler edýäň, arada öliň hormaty bar, senem: «Pylança bermeseň, baryp biljek däl, ekinime suw aldym» diýip otursaň, nähili bor?!

– Ýok, molla aga, ýalňyş düşündiňiz. Men «Pylança ber» diýjek däl, ýöne, berlenini alanymyň günäsi näme?» diýdim.

– Aý, goýsana, tapawudy näme? Ýogsa, nä, dilegçiligem etjekmi?!

Indi bu gürrüňi gozganyma puşman edip başladym. Ertir «Şamyrat molla gelipdir-de, şeý diýip otyr» diýip, gürrüň edäýse, onsoň, gybatyň ýatmaz.

– Diýmeseňem, diýlen ýaly, geçen anna güni obada garybyrak biri bilen, pylan zawmag bir günde yz-yza ýogaldy. Ikisiniňkä-de barylýa-la welin, ýaňky zawmagyňka daş obalardanam görmedik mollalarymyz üýşüpdir. Garybyňky-da welin, adam ýok. Gelen molla ýöne işli bolaýýa. Gelen-gidene-de aýat okap, töwir galdyryp bermeli, onsoň, garry janyma, özüm oturmaly boldum. Hemmesem ýaňky seniň diýýäniň üçin. Ýene sen göniňi aýtdyň. Telewizor bejerýänem, molla-da deň boldy. Gaýta, ussa kärini beýleki ussadan mollaňkyça gabanýan däldir. Mollaň nebsi şeýtanyň ussasynyň nebsinden has beter.

Ýaşuly aýtjagyny aýdan ýaly etdi-de, ýene öz-özüne jogap berýän ýaly: «Dinimiz manada satylýa diý-de, gutar-da» diýdi.

Bu sözlerden soň ýaşuly kiçelen ýaly bolaýdy. Mollalaryň, şolar bilen birlikde, Seýitmuhammet mollaňam, özümiňem arkamy alasym geldi. Men seresabrak äheňde:

– Hezreti Omaryňmy, Osmanyňmy döwründe mollalara aýlygam tölenen ýaly-la... – diýdim. Gazan kelle, hakykatdanam, boş däl eken. Ol meniň aýtjak bolýanymy öň köp gezek akylyndan öwren bolarly, janyndan syzdyryp, düşünjesini aýtdy:

– O döwür molla mollalyk edipdir. Adamlara dini sapak beripdir, wagyz edipdir. Biziňki ýöne bir, bilişimize görä, Kur’an okamak ahyryn. Indikiler aýlyk berseňem, iliň uzadanyny alar, bu zatlaryň wagty geldi.

Molla aganyň «wagty geldi» diýmegin-e doly düşünmedim, ýöne şo wagt «Dogry aýdýaň, molla aga. Ynha, şol diýýäniň-ä men. Albertden aýlygam alýan, şonda-da iliňem köpräk berenini kem göremok» diýäýsem, näderdikä?

Seýitmuhammet molla başyny galdyryp, pyşyrdap diýen ýaly:

– Sen, han ogul, maňa iliň düwünçegini gysganýandyr öýtme. Il ony bereni bilen, garyp düşmez. Hökümet halamasa-da, Allany tanap, namaza başlap, aýat-töwir öwrenýäler, soňam «Kur’an okanyň üçin zat almak bolanok» diýlip ýazylanyny şol Kur’andan okabam, ýene nebislerine buýrup bilenoklar. Göwnüňe, «Din ejizmi, Kur’an ejizmi ýa biziň olary bilşimiz ejizmi?» diýip soraýaň – şu ýüregiňi ezýä – diýdi.

– Bilşimiz ejizdir, molla aga.

– Ýogsa-da, bilşimiz ejiz. Emma il-gün beý diýenok. «Molla-da şeýle bolsa, dinliňem dinsizden tapawudy ýok» diýýä. Ýaňky heleý: «Ogluň bilen oňuşaňok» diýdi, senem şony ýanjadyň. Ol oglum il arasynda: «Şo gezek kakam bagyşlan bolsa, ähli zady taşlajakdym» diýen bolýamyş. Gör-ä ony... Maňa-ha: «Wah, şonda gatyrak diýäýdim-dä» diýdirip, ahmyr çekdirjek, il-güne-de: «Ogluny bagyşlamazam ata bolar oguşýa. Onuň ýaly boljak bolsa, şu bolşumyz gowy ýaly. Alla bilenem işiň bolmasyn, namaz bilenem» diýdirjek. Özem öňki bolşuna ýaşajak. Hiç kim oňa: «Seň düzelmek niýetiň ýokdur. Düzeljek adam, düzeler, soňam atasynyň günäsini geçmegini Alladan dilär» diýenok... Ilçlikdir, belki, diýýänem bardyr.

Garra näme diýjegimi bilmedim. Bahymrak turasym gelýärdi.

– Ýöne adamlaň aladasy bizi günäkrlemek däl, dini günäkärlemek, bizem muňa sebäpkär bolýas. Alla biziň bu günämizi geçermikä? Biz mollalar Alla gulluk edemizok, Allany bähbidimize gulluk etdirjek bolýas. Herimiz bähbidimize görä,

Alla ýasanýas. Herimiziň görjek peýdamyza görä, Allamyz bar. Belki, bizden telewizor bejerýän-ä däl, butparazam gowudyr... – diýdi-de, ýaşuly elýaglygyny gözüne ýetirdi. Ol gözýaşyny syldymy, derini syldymy, düşünmedim. Ol şeýle bir başyny aşak egipdi welin, gözi däl, ýüzem görnenokdy. Diňe ýaňy syrylan mähnet kelläni, onuň depesini örtüp duran, könelşip ugran tahýany, hem ezýaka köýnekden çykyp duran bokurrak boýny görýärdim. Onuň boýnunyň ýüzünden gidýän çuň gasynlar agymtyl gyzyl öwsüp, çyzyk-çyzyk bolup görünýärdi. Terslin-oňlyn gidýän owunjak ýygyrtlar sanardan kändi. Goja özüne zor salyp, özbaşyna gyryljyk gürleýärdi:

– Bärden bararsyň welin, «molla aga-da, molla aga» bolup öňüňden çykýarlar, aşagyňa ýumşak düşekçe ýazýarlar. Bilýänsiň, Pygamberimiz sallallahi wesellemiň aşagyna Äşe enemiz düşekçe atanda, «Aýyr» diýenini. Şony eşiden günümden bäri düşekçede oturýanam däldirin, ýatanam däldirin. Hanha, alty ýyldyr şo düşekçämiň eplengi durşy – diýip, ýaşuly ýüzüni sandygyň üstündäki düşekçelere öwürdi. Soň birneme demini dürsedi.

– Muny saňa öwünjek bolup aýdamok, Pygamberimize öýkünip gaty ýerde ýatyp ýörmämiz nire, oglumyzyň dilini tapman, her görene gürrüň bolup ýörmämiz nire?! Ynha, sen geldiň saçymy syrdyrdym. Ýogsa, goňşyny çagyrýan. O-da her gelende agzyny towlap «Allamyrat görnenok-la?» diýen bolýa. Allamyrat oglumyň ady. Goňşyň bu sözi ok bolup geçýär. Görýäňmi ýaňky heleýiň tasanjyraýşyny? Ol: «Ogluňy kow-da, her gelene saçyňy syrdyr-da otur» diýýä. Diýsinler. Men hiç wagtam gepden çekinen adam däl. Uniwersitetiň üçünji kursuny taşlap, namaza başlamda-da, baý, gürrüňimi edipdiler. Men göwnümiň islänini etmegi öwrenen adam. «Il näme diýer?!» diýip, ömrüme ýaýdanjaňlyk eden adam däl. O wagtky gürrüňler, gaýta, maňa güýç berýärdi. Indiki gürrüň welin agyr. Olara: «Mollalara-da belet. Hanha, Seýitmuhammet molla diýjeksiň, görene at dakar welin, öz ýeke ogly bilen oňuşman ýör» diýdirýän – diýdi.

Aslynda, dilimi ýuwudan ýaly bolup oturmalydym, ýöne dymyp oturmagam kyndy. Akylyma ilki gelen sözi diýip goýberdim:

– Elbet, wagty gelýändir-dä.

– Wagty gelýändir, gelmelidirem, belki. Ýöne ikarada sebäpkär bolýas, dine dil ýetirdýäs, adamlary dinden, dogry ýoldan ürküzýäs, şoňa gynanýan...

Sakgal goýbermegem ýoň bolup barýa, adamlaň partiýa girjek bolup, para-peşgeş berişip ýörüşleri ýaly. Partiýa girýänem partbilidiň üsti bilen gününi gowlajak, sakgal goýberýäniňem niýeti şol. Ol sakgalyň yzynda durmalydygyny, onuň her gylyny ýetmiş perişdäň goraýanyny bilenok. Bu gidişine gitse sakgalda-da sylag galmaz, ýaşuluda-da. Ýaşulusy sylanmaýan milletem owranyp gitdi biläý. Gyz oglanymyz gysga köýnek geýip, ýary gijeden soň öýe geler-de, atasy oňa «Näme gije entäp ýörsüň?» diýip bilmez. Diýäýse-de: «Sen öz sakgalyňy oňar, meniň bilen işiň bolmasyn. Isleýşim ýaly ýaşajak» ýa-da «Kaka, senem biziň ýaşymyzda şeýdip gezensiň-laý» diýen jogaby eşider. Gaýry milletde şeý diýip ýörenler kän-ä. Özlerini görmesegem, telewizorda kinolaryny görýäs. Bizem şo milletler ýaly bolarys...

– Aý... Alla bardyr. Il bilen gelen toýda-baýram diýýä...

– Il bilen gelen imansyzlygam toýda-baýrammyka?

Uly göwre-de, sykylsa, gözüňe ejiz bir zat bolup görünäýýän eken. Ýaşulyny mundan artyk gürletmegem, diňläp oturmagam mümkin däldi. Ony ýene sähel gürletseň, gönüläp: «Belki, seň sakgalyňam partbilitden tapawudy ýokdur» diýäýmegem mümkindi. Aslynda, diýme kemini goýmady-la. Nädibem bolsa, bir bahana bilen turdum. Ýaşulam meniň gidenimi kem görmeýän ýaly göründi. Ol meni ýüregini açmagyna mynasyp däl ýaly gördi. Hakykatdanam, oňa mynasybam däldim. Ol şol wagt diňe meni däl, özünem ugradyp bilse, ugratjakdy.

21-nji sentýabr 198... ý.

Ýöne Seýitmuhammet molladan soň düwünçek almamy goýdum. Dogrusy, Albertiň berýäni ýeterlikdi. Onuň damak gan diýeni, agyr başyny ýere degiräýjek bolup oturyşy birnäçe gün düýşüme girdi. Bir gezek dagy, Albert bilen şäheriň çola parklarynyň birinde bagyň aşagynda otyrkam, aňyrdan bir ýaşuly gelýä welin, Seýitmuhammet molladyr öýdüpdirin. Gorkanymy Albertem aňdy. «Näme birden reňkiň agaryp gitdi?» diýip, töweregine garanjaklady. Niçigem bolsa, «haňk-huňk» bilen zordan sypdym.

22-nji sentýabr 198... ý.

Şu gün mekdebiň deňinden geçdim. Oglan bolup oýnanja ýerlerim gözüme ýakymly göründi. Ullakan üýtgän zadam ýok. Aňyrda howzam garalyp görünýär. Posly simem öňküsi ýaly daňylgy durandyr. Ýangyn bolmasa, ony kim açsyn. Şu wagta çenli onuň açylyp-ýapylanyny görmedim. Özi beýigräkde bolansoň, aşakdan turbasynyň agzyna kakylan agajy tomusyň güni aýyrýalar. Bäş üç-gün suwsuz boş duransoň, ýene dolduryardylar. Şolam arassalandygy bolýardy. Bäý, samsyklyk etseň, edip oturbermeli eken-aý. Seň ähli janyň, diriligiň ýeke samsyklygyň eliňde. Hudaýyňam şol, ajalyňam. Gahara, öýkä bäs gelip bilmedik bolup, suwa özüňi okladygyň, gutardy. Ynha, gerek bolsa, saňa gudrat, güýç. Ynsanyň özi özüniň Allasy. Ony başga bir zatlardan, bäş wagt eglip-galmakdan gözlemek nämä gerek?!

Ýöne Alla bar bolsa, juda adalatly. Näme etseň, nähili ýaşasaň, hatda janyňa kast etseňem, öz ygtyýaryň diýäýmek üçin nähili adalatlylyk gerek.

«Adalatly ýaşasaňam, öz eliňde, adalatsyz ýaşasaňam, öz eliňde, öňi-soňy kösenjek özüňsiň» diýip, adamy özbaşyna kowup goýbermek, göräýmäge, adalatsyz ýaly görünse-de, iň uly adalat, ynsanyň golundan gelmejek adalat şunda. Bäh! ýer ýüzüniň hiç bir döwletinde-de şeýle adalat ýok. Alladan başga hiç bir zat beýle adalatly bolubam bilmez. Özüne-de döneýin, adalatyna-da... Ýöne ýaş ýigitler ölüp, ölen garram ölüp bilmän ýatyr-da. Kim bilýär, bu-da biziň akylymyzyň ýetmejek adalatdyr. Her edenine akylyň ýetip dursa, ondan Alla bolarmy?!

Mekdepjigim, öz kiçijikligim ýaly, kiçijik. Oba ulalýar. Täzesini gurjakmyşlar. Mekdebiň gaýrasyndaky eriklerem gurapdyr. Garawulynyň ýok wagtyny peýläp, baý erik iýendiris. Erige münmekde-de iň birinjidim. Kiçijik bolamsoň, agramym ýeňiljekdi. Inçe şahalara çenli dyrmaşardym. Seýitlidi öýdýän, biri bilen-ä ýaryşyp, kim ýokaryk dyrmaşmaşak edipdik. Gaty ýokaryk dyrmaşypdym. Menden ýokarda hiç kim ýokdy. Obadaky ähli deň-duşlarym aňalyp maňa seredýärdi. Näme üçindir, hemişe, hemme zatda ýokarda bolmaly diýen düşünjäm bardy. Hatda bir erik şahasam menden üstün bolmaly däldi. Inçe-de bolsa, şoňa-da çykaýmalydym. Şeýdip,

münen şaham döwlüp, elimi döwdüripdim. Şeýdip, ähli zatda ähli kişiden ýokarda bolsamam (bar, edil beýle bolmasa-da, hiç kimden hiç zatda pes-ä däldim) dostuma: «Şol çöpdüýbi bilenem dost bolýaňmy?» diýipdiler. Şeýdip, göwnüm döwülipdi. Elimiň döwügi bir wagt bitip gitdi.

Gündeligim, meni mekdebiň deňinden geçirenem, ony üýtgeşik duýgular bilen synladanam, elimiň, göwnümiň döwügini ýatladanam sen. Sen bolmasaň, bu zatlara ünsem bermezdim, ýatlamazdymam. Üns bersemem, sähel salym üns bererdim, ýatlasamam, diňe özüme ýakymlysyny ýatlardym. Seni ýöretmämi goýaýsammykam?! Seň bilen öwrenşibem gitdim. Sen birhili Münker-Nekiriň depderlerini ýatladýaň. Ölmezmiň öň ýanlary, ýaşym, kim bilýär, togsana ýetende seni okap, nähili oýa batarkam? Nähili gorkunç. Adam üçin öz ömründen gorkunç zat, megerem, ýokdur.

1-nji oktýabr 198... ý.

Abdy mollaň öýüne çagyrýanyny eşdenimden, süňňüm bir erbet zady syzdy. Nämesindendigini bilemok, Abdy mollaň ady tutulsa, ýüregime ýakymsyz duýgular gelýär. Barsam, howsala bilen garşy aldy. Öýüne salyp-salman: «Öýüňde del kitap barmy?» diýdi. «Nähili del kitap?» diýsem, «Dini kitap, dini» diýip pyşyrdaýar. «Aý, üýtgeşik kitabym ýok» diýdim. Aslynda, mende ýeke dini kitabam ýokdy. Kä wagt Albert: «Tanşyp gör, gyzykly ertekiler bar» diýip, dini rowaýatlar ýazylan kitap bererdi, onam bir hepdä ýetirmän yzyna alýardy. «Näme bolupdyr?» diýsem, «Bir-iki günlükde Seýitmuhammet mollaň öýüni döküpdirler. Ähli kitaplaryny ýygnapdyrlar. Bir gije-de milisede saklapdyrlar. «Dini kitap terjime edýäň, ile ýaýradýaň» diýýämişler» diýdi. Abdy mollaň gorkany çynydy. Ol gürrüň berip otyrka-da, gapydan egni pogonly geläýjek ýaly, zol töweregine ýaltaklaýardy.

– Ony bir-ä gowuja edip satypdyr. Kim: «Ogly edipdir» diýýä, kim goňşusyndan görýä, garaz, seresap bol. Köpüň içinde kän dini gürrüň etme.

Niçigem bolsa, syr bermän, Abdy mollaň ýanyndan turup, öýüme geldim. Seýitmuhammet mollaň gazan ýaly kellesini aşak egip, ýüzünimi, gözünimi ullakan ýaglygy bilen sylyşy göz öňümden gidenok. Organ işgärleriniň öňünde-de şeýdip oturandyr. Näme diýipdi: «Din satylýar diý-de gutar-da» diýipmidi. Adam satylýar, molla aga, sen diniň gürrüňini edýäň.

11-nji oktýabr 198... ý.

Üstesine, bu zatlary, hil bir iş bitiren ýaly, ýazybam otyryn diýip, gündeligimi elimiň tersi bilen zyňanyma on gün töweregi geçipdir. Edil tiryekkeşiň tiryekden aýrylyşyp bilmeýşi ýaly, gündeligimden aýrylyşyp bilemok. Nähilidir bir güýç maňa muny ýatladyp, böwrüme dürtüp duran ýaly. Bilmedim, güýç diýýän welin, şeýtanmy, ýa al-arwahmy?!

Garaz, şu gün Gyşşowlar sadaka etdi, «tebärek çykyp ber» diýdiler, şoňa gitdim. «Maşyn aldym, gündiz-ä hudaý ýoluna sadaka edýän» diýerler, agşamam urha-urlukdyr. Emma näçe gidesim gelmese-de, gidäýmelidim. Ejemiň aýdyşy ýaly men il gözüne molla bolanlaryň iň aňrybaşydym. Indi maňa sadakadan, jynazadan galmak bolmaýar.

Düýnki Şammat halyma «urha-urluk» diýen bolup, eýýäm utanman, mollaçylyk satan bolýan. Ýogsa, adamlaryň ikiýüzliligini halamazlykda utanar ýaly zadam ýok.

Öňi-soňy agşam aragyň başyna geçjegiňi bilip durkaň, hudaýýolyň nämä gerek? Sen kimi aldajak bolýaň? Hudaýymy? Eger Ony aldap bolýandyr öýdýän bolsaň, adyny tutup näme etjek? Ol: «Hudaýýoly etmediň» diýip, maşynyňy eliňden aljak bolup duranog-a. «Toý edýän» diý, « nahara çagyrýan» diý. Adamlar Hudaýam özleri ýaly bir mahluk hasaplaýalarmy, nämemi?! Göwni üçin bir zat etseňem razy bolar öýdýälermi?! Ýa Ony oýunjak edinjek bolýalarmy?! Garaz, her kim meniň ýaly, menem il ýaly. Obada Allany oýunjak hasap etmekde meniň öňüme geçjek, belki, ýokdur. Ýöne siz ikiýüzli bolaňyzsoň, menem size görä. Men siziň «terbýelän» adamyňyz. Halkyna görä mollasy.

Elimiň ýüzüme ýetenini duýman galdym. Hamala içimden eden bu pikirimi kimdir biri ýüzümden okaýjak ýaly boldy. Seýitmuhammet mollaň aýdýany çyndy: Hakykatdanam, men  Alla gulluk edemokdym, gaýta tersine Alla maňa gulluk edýärdi. Irden hudaýýoly edip, agşam oturlyşyk edýänlere-de Alla gulluk edýärdi. Ýadyma ýene Seýitmuhammet molla düşdi.

Başga bir erbet pikirem beýnime sanjylyp gitdi:

«Men hiç. Men ýeke. Bu gün bolmasa, ertir öler giderin, ýöne tutuş halkyň ikiýüzliligi menden has aýylganç».

Soňam «Aý bolýa-laý» diýip, donumy geýip Gyşşowlara tarap ugradym.

Maşyn alan adam agşam begenmäge, elli gram uraýmaga-da haklydyr ahyryn?! Alla baram diýme, ýogam diýme, asla o zatlar hakynda pikir edip, kelläňem agyrtma. «Bolanda bolmanda, biz bir kiçijik adam, oň aladasyny etmek bize galypmy?!» diý-de, namazyňy oka-da geziber. «Allaň biziň bilen işi ýok, bizem Alla azar berip ýörmäli» diý-de, bolşuna görä, ýaşaber. Şeýtmeseňem, Seýitmuhammet mollaň güni başyňa geler. Özümi, hakykatdanam, Alla azar ýaly duýdum.

Hezillik Gyşşowlarda boldy.

Barsam Abdy molla, ýene-de bäş-üç sany ýaşuly üýşüpdir. Men gadyr bilen salamlaşamda, ol birhili hemişekilerinden sowugrak. «Aý, bir zada gahary gelendir» diýip, geçip oturdym welin, ýaňky ýaňsa meňzeş gürrüň edip başlady.

– Owal obada sadaka sowara molla tapylanokdy, indi, şükür, iki molla birden gelýär. Şammat seň şü, mollaçylygy kär edineniň-ä erbedem bolmady. Men tapylmasam, Hudaýnazar aga görgüli, garry janyna, süýrenip ýörmeli bolýady.

Abdy mollaň bu gürrüňleriniň nirä degýänini bilmesemem, gulagyma ýakanokdy. Onda-da başymy atyp: «Hawa, hawa» diýen bolýan.

– Aý, how, seň arapça diliň öwrülişem gowy. Aý, sen bizden ozdurjak – diýip ugrady welin, ýaňsa alynýanymy duýup başladym. Ýöne ne munuň sebäbine düşünýärdim, ne-de näme etjegimi bilýärdim. Mende baş atyp oturmakdan başga alaç ýokdy. Näçe okamajak bolsamam, Abdy molla tebäregem maňa çykartdy.

Tebäregiň bir sözünem sypdyrman, sokdurmaly ýerinde sokduryp, säginmeli ýerinde säginip, yhlas bilen okadym. Nahardan soň, bahymrak turanymy gowy gördüm. Toýa gelenleriň köpüsem mollalaryň bahymrak turup gidenini, çüýşeleriň bahymrak saçagyň başyna gonanyny isleýändir. Üstesine-de, molla agaň dili gijäp durdy. Hernä, şol wagt, bagtyma, mekdebimiziň taryh mugallymy Marlen aga geläýdi.

Mugallymyň, birden, maňa gözi düşdi-de: «O-how! Täze dörän molla, saglykmy? Tüweleme, saňa sakgal-a gowy gelşipdir» diýdi. Indi oňa iş boljagymy bilýärdim, onuň gözläp ýöreni meniň ýalydy. Diýişim ýaly, ol oturyp bilmedi:

– Molla aga, gaty görme. Sakgal diýlen geçä-de gowy gelişýändir. Ýöne goýny sakgally göz öňüňe getir – asla gelişmez. Şoň üçin, sen «gowy gelşipdir» diýilse, gaty bir gomparan bolubam oturma, he-he-he.

Gowusy, onuň adyny tutmazlykdy. Ýylgyran boldum-da oňaýdym. Hemem diýdiň-diýmediň bary bir diýýän äheňde, ýanymdakyň hal-ýagdaýyny soraşdyran boldum. Marlen agaň ýeke özi güldi, hezil etdi. Onuň gülküsine goşulan ýaşuly tapylmady. Her kim ony barmysyňam diýmän ýeňýärdi. Marlen agaň öňüne nahar äberdiler, Abdy molla öňküsindenem beter buza döndi. Elbet, Marlen aga bilen ýakyn oturmaly bolanyna dagy gahary geýändir-dä diýip kän ünsem etmedim. Birden, ýaşuly mugallym gygyryp başlady: «Hany, muň aragy ýokmy? Ýaşululara äbermeseňiz, özüňiz biliň, meniň olar bilen işim ýok». Toý eýesi sypaýçylyk edip:

– Marlen aga, soňrak aýlanaýyň – diýdi. Emma ýaşuly mugallym ýeň berer ýaly däldi. Megerem, ol ýaşulularyň barmysyňam diýmeýşine gahar edip, biziň içimizi ýakmak üçin arak getiriň diýip dyzaýardy.

– Ýok, onyňyz bolmaz, he-he-he. Men, mümkin, biraz soňrak gelip bilmerin. Kim bilýär – men ölerin, he-he-he. Hanha, Şammat molladan sora, «Ajalyň haçan geljegini bir Alla biler» diýer. Tak çto, getiriň meniň paýymy. Dogry aýdýan gerek, Şammat molla? meniň ajalymyň haçan geljegini aýdyp biljegiňiz barmy içiňizde? «Bilýän» diýip bilseňiz-ä, onda häzir içjek däl, agşama goýaýjak.

Hiç kim ýene sesini çykarmady.

– Görýäňmi? Getir, Gyşşow meniň paýymy. Maşynyň haýyrly bolsun. Gelinli maşyn bolsun.

Onuň häsýietine belet Gyşşowam nälaç arak getirmeli boldy. «He-he-he» edip, taryhçy araga işdämen ýapyşdy. Gyşşowyň sadakasyna gaýtmankam eden pikirlerimi gaýtalaýan, gazak ýüzi ýygyrt-ýygyrt, gözi çala görünýän mugallymymy gözümi aýyrman synlaýardym. Ol gülende çekgesine tarap gaýdýan ýygyrtlary çuňalyp, gözleri şeýle bir kiçelýärdi welin, ýöne çyzyga öwrüläýýärdi. Men mugallymyň indiki çykarjak hokgasyna garaşýardym. Ol uzak garaşdyrmady, Abdy molla süýkenip başlady:

– Abdy molla, näme ýüzüňi kürşerdýäň? Näme halaňokmy? Içjek. Halamaýan bolsaňyz, turuň gidiberiň. Uly il siziň turaryňyza garaşýar. Men size «Bile içeli» diýemog-a. O jaýa-da geçjek däl. Eger ylymyňyz ýetik bolsa, düşündiriň, näme üçin arak içmeli dälmişim?

Abdy mollaň oňa gep düşündiresi gelenokdy. Ol gobsunjyrady-da oňaýdy.

– Düşündirip bilmersiň, he-he-he. Näçe içmelidigini, nirede, kim bilen, haçan içmelidigimi bilsem – içemde näme? Bu derman aharyn. Dezinfeksiýa edýär. Ukol urduraňyzda öňünden spirt çalýalar-a, şon-a çalma diýäýeňizok. Ýogsa, siziň pygamberiňiz aragy derman ýerine ulanmagam gadagan edipdir ahyryn.

Men oňa bat bermek üçin:

– Ulanmagy däl, mugallym. Derman ýerine içmegi gadagan edipdir – diýdim. Pikir edişim ýaly gürrüňine goşulanyma onuň göhi geldi.

– Tapawudy näme? Çalsaňam, deriňe siňip, bedeniňe ýaýraýar. Walerianka içýäňiz, näme, onda spirt ýokmy? Häzir dermanlaň köpüsi spirt garylyp ýasalýar.

– O dermanlar başgasy bolmansoň näläç içilýär. Siz bolsaňyz ýaşyňyz ýetmişe ýetip barýar welin, keýpine içýäňiz.

– Görýäňmi, Abdy molla, ýokary bilimli molla bilen bilimsiziň tapawudyny? Siz dymyşar oturarsyňyz, bu welin jedele girýär. Bolýa, gel, okuwly ýaş molla, jedelimizi dowam edeli. Maňa altmyş ýaşly diýýäň. Gaýta, altmyş ýaşly arak içmeli dälmi? Ýaşyň on sekizkä seň başyň şeýle-de aýlanyp dur ahyryn. Hany, saglyk bolsun, Gyşşowyň maşynam gelinli maşyn bolsun.

Zaňňar mugallym ýarym stakan aragy bildimem etmän jyňkytdy-da, ýene sözüni dowam etdi:

– Şu ýaşda bize gam basar gerek. Şammat molla, sen okuwlam bolsaň, adam psihologiýasyny gowşak bilýäň.

Men-ä oňa näme jogap berjegimi biljek däldim welin, hernä, Abdy molla-da oturyp bilmedi:

– Arak bilen ajalyňdan gutulaýjaksyň welin...

– Aý, näçe Alla, Alla diýseňizem, Alla size-de dözmezçilik edip goýanok-la. Siziň üstüňize-de iberýär şol Ezraýyly.

Abdy molla elini salgady.

– Imanly ölmek bilen, imansyz ölmegiň tapawudyny bilmeýän melguna nädip gep düşündirjek?

Töweregindäkiler baş atyşyp, onuň aýdanyny tassyklasalaram, «melgun» gep alyp galarly däldi:

– O imanly gürrüňiňi zat bilmeýän daýhanyň ýanynda et, molla. Iman diýýäniň näme? Iman diýmek – ynam. Ilki tebärek çykardyp, yzyndanam arak içýän imanlymy ýa-da birsalymdan arak içiljegini bilip dursa-da, donuny ýele galgadyp, sakgalyny sallap şol öýe tebärek çykmaga gelýän imanlymy? O nähili imanmyş?! Sizden-ä menem imanly. Ynanan zadyma berk ynanýan. Beýdip hem o dünýäni, hem bu dünýäni tutjak bolup oturamok. Gör, täze mollaň gözüni aýyrman meniň arak içişime seredäýşini. Näme oň aňyrsynyň küýsäp duranyny, ýöne näläç, saklanyp oturanyny göremokmy, he-he-he.

Çym-gyzyl boldum. Ýüzümi onuň stakanly elinden sowsamam, indi giçdi.

– Siz how, imany oýunjaga öwürdiňiz ahyryn. Näçe molla gördüm, näçe sakgally gördüm. Ýöne günäsini ýatlap, gözüni ýaşlap oturanyna duşmadym. Magtymguly: «Ýüzüm ýuwsam ýaşlar bilen» diýýär. Sizden, gaýta, men adamlary dine köp höweslendirýän. Sizi gören dinden umma gaçýar-a. Siziň bir zadyňyz gowy, o-da synja kylýanyňyz. Ine, munyňyz makul. Men hajathana mydam elim kündükli gidýändirin. Bagyşlaň, naharyň başynda edilmeli gürrüňem däl welin, halaýan zadymy halaýan diýýän.

Nähilem bolsa, ol meni masgara edipdi, men abraýymy dikeltmelidim.

– Marlen mugallym. Beýle batyrlyk satýaň, ýöne ölseň, seni jaýlajak, jynazaňy okajagam-a bizdiris. Ýa ölseň, aýagyňdan tutup, maslyk süýrän ýaly süýräp, gömüp gaýdyberelimi?

Mugallym elindäki stakanyny şo bada ýerde goýdy. Abdy molla wagty sypdyrmaly däldigini aňdy öýdýän, hamala, hiç zat bolmadyk ýaly, maňa ýüzlenip: «Biz-ä turjak, Şamyrat, senem gitseň, öýüňiziň deňinde taşlap geçeýin» diýdi.

– Turaly, molla aga.

Biz turduk, Marlen aga-da, ýüzüni aşak saldy-da aragy bilen galyberdi. Çykyp barýakak ýaşulularyň biri: «Şuna oňardyň, Şamyrat. Indi içeni zäher bolaýmazmyka?» diýse, ýene birem: «Aý, oňa diýdiň-diýmediň birdir-le» diýdi.

Daşaryk çykdyk welin, Abdy molla şol ýakymsyz sowuklygy bilen: «Seň bilen bir gürrüňimem bardy» diýdi. Birden aýaklarymyň ysgyny giden ýaly boldy. Ýüregim erbet urdy, içimdenem: «Muň meniň bilen näme gürrüňi barka? Ýa Albert bilen göräýdimikä? Görende, Albertiň kimdigini nirden bilsin? Ýa kolhozyň başlygy kabinetindäki duşuşygy dilinden sypdyraýdymyka? Ýa-da bir ýerden Seýitmuhammet molla hakda habar berenimi biläýdimikä?» diýip, müň pikir öwürýän. Maşyna mündük. Güýzüň günem bolsa, maňlaýym çygjardy. Abdy molla-da: «Näme derleýäň? Aýnalary açaý bolmasa» diýen bolýar. Menem dilim tutulan ýaly bolup otyryn. Ahyry öýe golaýlaberemizde ol çybynyny ýardy:

– Şammat han, namaza başlanyň ýaňy, eýýäm bize göwnüetmezçilik edip, gybatymyzy edýämişiň-le.

– O nämäň gybaty?

– Mönsürän bolma, bolup oturşyň aýdyp dur-a edeniňi-etmäniňi.

Gürrüň Seýitmuhammet mollaň, Albertiň üstünden barmansoň, birneme göwrümim giňese-de, sesimi çykarman otursam, etmedigimi etdim diýen ýaly boljakdy. Ýöne Abdy mollaň gepiňi diňlemejegem azymly sesinden bildirip durdy.

– Sen hakda, hiç ýerde, hiç kimiň ýanynda ýaramaz gürrüň edemok. Kim diýýän bolsa, getir, ýüzleşdir.

Abdy molla kellesindäki gaba telpegini çykardy. Onuňam mençeräk derlänine gözüm düşdi, sakgalam saňňy-saňňyl edip titreýärdi. Ol hatda ýaňky Marlen dinsize-de beýle azymly seretmändi. Ony beýle gaharly halda heniz görmändim.

– Aýdan adam seň ýalaky bilen ýüzleşip, wejera boljak adam däl.

Nähilem bolsa, ony köşeşdirmäge çalyşdym:

– Molla aga...

– Maňa gaýdyp molla aga diýme. Sen tetellä namaz öwredenime namys edýän.

Birden meniňem gaharym geldi:

– Molla bolman, kim bolsaň, şo bol. Ýöne, getir, Kur’andan ant içeýin, sen hakda...

Abdy molla Kur’an diýenimden, maşynynyň tormozyna basdy. Maşyn jygyldap durdy, kellämdäki telpegim öňdäki otrugyja gaçdy. Ol eliniň tersi bilen telpegimi uzatdy:

– Seň ýalaky oýnaş... sen tetelliňem anty bormy? Düş maşyndan.

Telpegimi alyp, maşyndan düşdüm. Abdy molla duran ýerinde gaz berip, palçyk syçradyp gitdi.

Heý, molla aga, molla aga. Öz erbetligimi seň gowulygyň dar agajynda asjakdym. «Biri hakynda erbet pikir edip, günä galanyňdan, gowy pikir edip, ýalňyşanyň gowudyr» diýen özüň dälmidiň?! Ýa-da «Mollaň diýenini et, edenini etme» diýleni bolýarmy şü?

Ynha, şeýle, Şammat han. Köp garaşmalam bolmadyň. Abdy mollanam tanadyň. Çapak çarp, hezil et. Marlen mugallym, Seýitmuhammet molla, siz mamla, ine, biz – mollalaň bolup ýörşi.

Birden kelläme erbet agyry geldi. Ýene şol howzuň başyndan turup gaýdanja, çagyl düşelen köçämiz bilen, howlukman, öýümize tarap barýardym. Aýaklarymyň ädilesi gelmeýärdi. Dünýeden argynlygyň, irginligiň gara suwuna bir wagt gark bolanymy duýdum. Öýümize barýan ýolda ullakan üýtgän zadam ýok. Şol tutlar, şol suwagy könelen tamlar. Açyk penjireleriň birinden magnitofonyň sesi gelýärdi. Bir ýaş gyz gussa bilen, «gijeler» diýip aýdym aýdýardy. Bir oglanjyk edep bilen «Salowmaleýkim» diýdi. Bu salama ýüregim gyýlyp gitdi. Bir ýaş gelnem meni görüp, hasyrdap gyňajynyň ujyny agzyna ýetirdi. Emma bu zatlaryň hemesi görnüş – hiç kimiň meniň bilen işi ýok, meniňem şol ýalňyzlygym. Bokurdagymyň dolanyny duýman galdym. Ýüzüme ajy ýylgyryş geldi. Megerem, şol iki damjadan soň, gözýaşym gutaran bolarly. Ýöne bu ýylgyrma agydan agyrdy. Howzuň başynda gözümden ýaş damandan soň, ýüregim giňän ýaly bolupdy. Bu ajy, it ýylgyrşymdan soň welin, gaýta ýüküm öňküdenem agraldy. Abdy mollaň şol iki damja degmeýändigine akylym ýetip durdy. Tutuş dünýäni terezä goýsaňam ýene şol dury damjalardan ýeňil geljekdi. Muňa düşünmek, hakykatdanam, agyrdy. Ýüregim şol döken gözýaşlaryma degýän bir zady şeýle bir aňyrdan küýseýärdi. O zat bolsa ýokdy. Ýaňky oglanjygyň salam berşi ýaly, salam berip gelsedi. Emma o zat gelenokdy. Töweregim kirşen basan ýapragy saralan tutlary bilen, selkilleşip ýören itleri bilen, Abdy mollalary, Albertleri bilen... boşlukdy. Zada degmeýän boşlukdy. Meniň Ony söýesim gelýär. Ýöne söýüp bilemok. Alla menden daşda. Meniň hyýaly däl-de, gözümiň görüp duran zadyny söýesim gelýär.

Uzakda it uwlaýar.

Abdy molla hiç. Ondan ir-u-giç şuň ýaly bir zadyň çykaryna garaşýardym. Adamy adam adyna mynasyp ýaşatjak bolup, Allany oýlap tapan adam bu pişesinden netije çykmanyny görüp, nähili örtenendir. Ynsany Alla bilenem ýaramazlykdan saklap bolmaýan bolsa, Alla bilenem gorkuzyp bolmaýan bolsa, näme etmeli? Özüň adam edilip ýaradylanyňa utanjyňa, it bilen bile uwlabermelimikä?

Obaň mollasy diýmek, sygyr çopany diýmek däl ahyryn. Her kim ýaňy bolan bäbejigine çenli seň öňüňde ýatyryp, ýagşy dilegler etdirýär, öýlenende nika gyýdyryp ýene-de seniň ýagşy dilegleriňe bil baglaýar. Ölensoňam-a ýene tabytda, seň öňüňde ýatyr. Uly il oňa-da ýagşy dilegi mollasyna etdirýär. Hatda Marlen mugallyma-da jynazasyny okajagyň bizdigini ýatlatsaň, dili tutulýar. Adamlar Allany biziň ýüzümizde görjek bolýar. Biziňem bolup ýörşümizi görä. Ýüzümizde şeýtan heşelle kakýar.

Aslynda, meniň bilen deňeşdireniňde, Abdy mollanam başyňa täç edäýmeli. Milleti näbelli Albertem it ýylgyryşyny edip, göz öňümde. Nämemiş, goýun ýaly halkyň öňüni gaýtarmalymyşym. Kim öýünde çagalara namaz okadýar? Kim tutuş maşgalasy bilen namaz okaýar? Orazada kim agzyny bekleýär? Kim ölüsine ýanjanly edýär, kim etmeýär? Näçe adam ölüsiniň üçüni üçünji güni, näçesi dördünji güni edýär? – bu zatlaryň baryny ýeke-eke atlaryny, doglan ýyllaryna çenli ýazyp, Albertiň eline berýän. Gaýratyň bolsa, git Seýitmuhammet mollaň ýanyna. Bar-da, ötünç sora, «Razy bol!» diý. Başarmarsyň. Aýalym bolsa otursa-tursa, «Namaza

başlaly bäri ryzkymyzam artaýdy» diýip dilinden düşürenok. Alberte duşalym bäri ryzkyň artan bolaýmasyn?!

«Estagfirullah» diýip täze söz öwrendim. Bu «toba edýän» diýmekmiş. Men nire, toba nire?! Bulary «estagfirullah» bilen ýuwarmyň? Indi «Elhamdülüllah» diýibem bir söz bar, şonam zol-zol diýmäni öwrenmeli. Bu sözleri köp gaýtalaýşyňa görä-de, il saňa dindar diýýär, saňa ynanýar.

Geziber-dä öňki günüňe, Alla bilen nä işiň, din bilen nä işiň, halk bilen nä işiň, goýun bilen nä işiň. Indi bu zatlardan maňa halas bolmak barmyka?! Owf! Kelläm ýaryldy.

Seýitmuhammet mollaň ýanyna gidip bilmesemem, Alberte ýagdaýymy düşündireýin. Bu işi oňaramok diýeýin. Aýlygam gerek däl, zadam. Men adamlaryň ynamyny gaýtaryp beremok, gaýta, galanjasynam alýan.

Bu gün «waklara» baý gün boldy. Ýassy namazymy okap bolup, gündeligim bilenem iç döküşip, ýerime geçeýin diýip durdum. Daşardan bir aýalyň agy sesi geldi. Tisginip gitdim. Ylgap daşaryk çyksam, bir aýal, ýanynda-da on-onki ýaşlaryndaky oglan, eýwanda, Akbibiň ýanynda aglap otyr. Bir bada ol aýaly tanamandyryn.

– Wah-eý, hol Saparlyň aýaly-la.

– Kim Saparly? – diýenimden, güpbe ýadyma düşdi. Bu şol mekdepde bile okan, maňa çöpdüýbi diýenleri üçin urşan dostumyň aýaly.

Bir wagtky jan ýaly dostumyň okuwa girip bilmän, gulluga gidenini, soň gelip, öýlenip, bir edara maşyn ussasy bolup işe girenini, aragy gowy görýänini bilýärdim. Birki günlükde şäherara gatnaýan maşynda oňa gabadam geldim. Ol tanar ýaly bolmandyr. Öňki mertlikden, edenlilikden nam-nyşan galmandyr. Gözleri gapydan kowlan aç güjügiň gözleri ýaly, dilenip dur. Gepinde-sözünde-de duz-tagam ýok. «Molla aga, molla aga» diýip barýançam ýüregime düşdi. Ahyrky maksadam, bäş manat dilejek bolýan eken. Maşyndan düşdük, sag bollaşjak bolamda, saklanyp bilmedi. Müňbir gepler tapyp, bäş manat diledi. Berdim welin: «Aýlygymy aldygym, oglanlardan ibärin, taňryýalkasyn» diýdi-de, ýok bolaýdy. Iberişem şol boldy, aýlyk alanam. Şeýle myrtar boldum. Ýüregim hapa batyrlyp çykarylan ýaly boldy. Adamyň ejizlänini görmek, gotur şagaly görendenem beter ýüregiňi bulaýar. Bir tarapdan, kemem bolmady. Şondan soň ol meni görse, gaçmany çykardy. Ýa şol puly dilär öýtdümi. Her kimiň bir ykbaly bar boldugy-da. Oglanka-ra oglanyň merdidi.

– Näme boldy? – diýsem, Akbibi ondan öňürdip jogap berdi:

– Ýer çekmiş, «Arak tap» diýip urýamyş.

Hiç zat bolmadyk ýaly, ýene yzyma girsem – gelşiksiz, göwünlik berere-de, näme diýjegimi bilmän, ýanyndaky ogluna lak atan boldum.

– Hany, salamyň nirede-how, seň?

Oglanjyk «Salowmaleýkim» diýip, gelip görüşdi.

– Adyň näme?

Ol gyzaryp, zordan «Röwşen» diýdi. Ýaňy sesi ýognap ugran oglanjyk kakasynyň oglanlygyna düýbünden meňzemeýärdi. Kakasynyň ýüzi ýarak itiň ýüzi ýaly hyrsyzdy. Gaharjaňdy. Bujagaz welin, gyz sypat, näzik, molla sypat diýseňem boljak.

– Gowy adyň bar eken.

Onýança aňyrdan ýene Akbibiň sesi geldi:

– Şojagazam namaza höweslimiş.

– Dogrudanam, namaz öwrenesiň gelýärmi?

Oglanjyk başyny atdy. Şol wagtam Saparlyň sesi geldi. Çaga tisginip gitdi. Dostum aýalynyň adyny tutup, köçäni dolduryp, sögünip gelýärdi. Aýaly görgüli maňa naýynjar seredip: «Siz baryň, o sizden çekinýär» diýdi. Mende götünjekläre ýagdaý galmady. Näçe islemesemem, diliniň diýýänini gulagy eşitmeýän köne dostumyň öňünden çykdym. Sakgalyma sögse-de ýa has mojuk bir zat diýse-de, oňa edip biljek zadym ýokdy. Şonda-da ýumrugymyň berk düwülenini duýdum. Bu maňa birhili güýç berdi. Saparly alkymyma geldi-de, sakga durdy. Aragyň myrtar ysy haplap burnuma urdy. Megerem, ol şeýle ýakyna gelýänçä tanamadyk borly. Soňam müýnürgäp: «Senmidiň-aý. Ýaňky sizdemi? Sizde bolsa, zyýany ýok-laý» diýdi. Birdenem, hyrra öwrüldi-de, yzyna ötägitdi.

Bäh, meniňem sylagym bar eken. Sakgalyma-da, hakykatdanam, hormat goýulýan eken. Bu näme diniň güýjümi? Edil öňki bolşum bolan bolsa, «Hany heleýim?» diýäge-de, gulagymyň düýbüne berer goýbererdi. Öňki bolşum bolsa, belki, öňünden çykmaga-da het edip bilmezdim. Bu bolan işe haýran galdym. Bu millete düşünmek kyn. Abdy molla nähili, bu nähili?!

Öýe dolanyp geldim. Aýaly görgüli alkyş baryny aýdýardy. Oguljygam kakasynyň bolşuna özi günäkär ýaly ýüzüni sallap, gyzaryp durdy. Men onuň elinden tutdum-da, öz bolýan otagyma saldym. Öňümde oturtym-da: «Seň çyndanam namaz öwrenesiň gelýärmi?» diýdim. Ol bu gezek başynam atyp bilmedi. Onuň ýaňagyndan iki damjajyk gözýaş syrygyp gitdi. Oglanjygyň näzijek elinden tutanymy duýman galdym. Röwşeniň aýamyň içini ýyladan eljagazy, ullakanja bolsa-da, şeýle ejizjedi. Aýamda enaýyja guş saklap duran ýaly duýgyny başdan geçirdim. Hatda ol guşjagazyň ýüreginiň tirpildisem elime bildirip durdy.

– Allany söý, Allany razy et. Diňe Alla söýeniňe degýän zatdyr. Adamlar seni aldar, ýöne Alla aldamaz. Adamlar seni ýigrenip biler, ýöne Alla seni ýigrenmez. Namaz oka. Kakaň aragyny taşlamagyny Alladan dile. Inşallah, Alla-da dilegiňi kabul eder. Seň gaty gowy kakaň bardyr. Oň bilen bile okapdym. Gaty gowudyr.

Bu sözler nädip dilime geldi, bilemok, ýöne, hakykatdanam, ol içeride namaz okalmagyny isledim. Tüm ýaly garaňkylyga bürenen içerini häzir diňe namaz ýagtyldyp biler. Ol öýüň derdiniň dermany diňe namaz.

Ýüzi nurana oglanjyga özüm namaz öwrenemdäki eden ýazgylarymy berdim. «Şulary ýat tut-da, gel, soň hereketlerini öwrederin» diýdim. Akbibi bir çäýnek çaý getirdi. Oňa bir käse çaýam içirdim. Oglanjygyň ýuwaş-ýuwaşdan ýüregi düşüşdi. Özümi näçe ýigrensemem, içi porsy suwly howuzdan gowurakdygymy şu ýerde bildim. Muňa çynym bilen begendim. Bir salymdan olar gaýdarman boldular. Oglanjyk maňa gyryljyk sesi bilen «Taňryýalkasyn» diýende, ýüregim jigläp gitdi. Alla bar bolsa, megerem, onuň dilegini kabul etse gerek. Gurap barýan nahalyň düýbüne bir bedre suw guýlan ýaly boldy. Abdy mollaň gündizki salan ýarasyna bu çagajyk, özi bilmän, melhem ýapdy. Oglanjygyň elini ýene bir gezek aýama alasym, ejizje guşuň ýylysyny, ýüreginiň tirpildisini ýene bir gezek duýasym geldi. Emma, näme üçindir, utandym, mümkin, elimi onuň tämizje elinden hapa görendirin. Olar gitdiler. Çagaň ýüreginde men hakynda ýakymly, mährli duýgular oýanandyr. Ol öýlerine baransoňam pikirimi eder, eden gürrüňlerimi ýatlar. Belki, öz kakasynyňam

maňa meňzänini islär. Hemişe menden şu günki ýaly mähre garaşar. Emma tamasy çykmaz. Gyşyň ýylysyna aldanan agaç gül açar, soňam üstüne gar ýagan gül agşamyň sowguna doňar, daňdan bolsa döküler. Ýaz çykansoň, ol agaç, belki, güllese-de, güllär, ýöne juda az güllär. Gyş gülläp, gülüni döken, soňam ýaz gülläp bilmän oturan agajy synlapmydyň? Mendäki ýyly şol gyşyň aldawçy güneşi ýaly. Öz ýylymdanam – mährimdenem utanýan, gorkýan. Mümkin, menem gyş güllän agaçlaryň biridirin. Gülläsimiň gelýäni-hä çyn, gülläp bilemok. Her näme-de bolsa, Allahym, şu oglanjygyň bir ýüregini iman nurundan doldur. Biziň ýüregimiz ýaly, boş, garaňky eýleme!

12-nji oktýabr 198... ý.

Ili erbet görmek isleýändigimi, il näçe erbet tarapdan maňa görünse, şonça-da içimde şatlygymyň sesizje hiňlenýändigini Marlen mugallymy gözümi gyrpman synlaýarkam duýdum. Asyl meni ýaşadyp ýören şu düşünjäm bolmagam mümkin. Iliň gowulygyny görmek maňa agyr degýär. Belki, iň ýigrenýän adamym Seýitmuhammet molla hemem... Röwşendir.

14-nji oktýabr 198... ý.

Bu gün öýe Marlen mugallym geldi. Köpden bäri gelenok diýip ýördüm-dä. Ýene şol bir bolşy, şo bir gülküsi. Öňümize çaý alamyzsoň, ilki bir mollaçylygy ýaňsa aljak ýaly etdi. Edýän gürrüňiniň ýakmaýanyny bildirdim welin, esli-salym sesini çykarman oturdy. Soň Moskwada turýan galmagallardan söz açdy. Dogrusy, Gorbaçýowyň döwlet baştutany bolanyny bilýärdim. Onuň daşyndan edilýän gürrüňler bolsa, gulak gabardanyňa degenokdy. Näme-niçik bolýar, bolanda göräýmeseň. Moskwa el ýeterdenem, ses ýeterdenem daşda. Emma her kim bu galmagallary, goňşusynyň öýünde turýan ýaly, gyzyklanyp görýär. Adamlar täsirini ýetirip bilmejek zada şeýle höwesek boluşlary ýaly, özüne gönüden-göni degişli, borçly zada-da höwesek bolsadylar. Marlen aga çyny bilen: «Pioner, komsomol diýen zatlaryň bir wagt möwrütini ötüren zatdygyny bilýän. Bularyň ýerine başga bir täze guramalar döretmeli» diýdi. Oňa okuwy gutaraýan ýylymyz kolhozyň kelemlerini weýran edişimizi gürrüň berdim:

- Anyk ýadyma düşenok, öz-ä bir baýramçylykdy. Magazinden arzanjak çakyrdan ep-eslije alyp, obaň gaýrasyndaky suwuň başyna gitdik. Ýogsa, howa beýle yssam däldi. Şonda-da çakyrdan içen bolup, skwažinaň sowuk suwuna girip-çykan bolýadyk. Biz muny isläp däl-de, özümizden ulular şeýdensoň, şolara öýkünip edýärdik. Suwuň gyrasynda kolhozyň kelemi bardy. Birden aramyzdan biri turdy-da, kelemleriň ýaňy kelleläp ugran kellesine depdi. Kelemiň kellesi zyňylyp gitdi. Bizem güpürdeşip bardyk. «Kim bir depende kelem kellesini goparyp bilmese, iki stakan çakyry yz-yza içmeli» diýişdik. Jahyl oglanlar, baý, dep-hä-dep – kelem baryny weýran etdik. Soň üstümize kolhozyň başlygy geldi. Baý, pahyr, şeýle bir käýindi. Aramyzda Hudaýnazar agaň inisiniň oglam bardy. «Sen dagy öwlat adamyň çagasy, uly il sizden görelde almaly, siz ile bolmaýan ýerine «dur» diýmeli ahyryn» diýdi. Şonda başlygyň bu sözüni «Sen, Şammat ýaly, atasyz ulalan ýetim däl ahyryn» diýen ýaly eşidipdim. (Elbet, muny Marlen aga aýtmadym). Başlyk görgüliň: «Özümiz günäkär, pioner diýdik, komsomol diýdik – özümiz sizi azdyrdyk. Indi siziň baryňyz

obaň ýaşulusyndan akylly, okuwly. Ýaşulularyň arasynda oturýanyňyz ýok, ýaşuly diňlenenok. Öňler ýaş-ýeleň toýda-tomguda arak içäýse-de, hiç kime görünmän, içkiden-içki jaýa girip içerdi. Indi komsomol toýy diýip bir zat tapyldy, ýaşululaň gözüniň alynda aragam içilýär, tansam edilýär. Ynha, sizem ýaşuly bolarsyňyz şonda agtyklaryňyza näme gürrüň berjek, nädip edep berjek? Biz-ä atalarymyzdan, ýaşululardan eşidenimizi aýdýas. Siz näme aýdarsyňyz? Kolhozyň kelemini zer-zaýa edişiňizi aýdyp berjekmisiňiz?» diýeni şu wagtam gulagyma gelip dur. Aýtjagy diline geler durardy-da pahyryň...

Marlen mugallym baş atdy:

– Hawa, Aman agaň aýdyşy ýaly boldy. Indiki ýaşlaň gaçgyny ýaşulular. Menem okuwçylarymyň ýaşululary diňlemänini isleýärdim. Täze döwri gurjak ýaşlary terbiýeläsim gelýärdi. Gaýta: «Goýsan-aý, bilýän zadyň barmy?» diýip, atasynyň ýüzüne gelip duran ýaşlary ýetişdirdik.

Şeý diýdi-de, Marlen mugallym, birden, turarman boldy. Muňa haýran galdym. Henize çenli bu adamyň gürrüňi özüni müýnli saýyp gutaran ýeri ýokdy. Öňündäki çaýynam oňly içmändi. Ol: «Gelip duruň!» diýmänkäm, öz-özüne diýýän ýaly: «Ýene gelerin» diýip, çykyp gitdi.

Marlen mugallymyň birden turup gidenine gynandym. Mollalyga baş goşalym bäri birinji gezek adam bilen adam ýaly gürleşip, onuň bilen gepimiň alyşyp gidişidi. Ondan sorajak zatlarym bardy. Derdinişjekdim. Ýöne keýpine gelip gitmäni-hä belli.

15-nji oktýabr 198... ý.

Abdy molla bilenem haklaşdym.

Gowusy, başdan ýazaýyn. Abdy mollanyň tozanyndan soň, sadakalara ir ýa-da giç gidip başladym. Dogrusy, «molla» adyndan utanýan. «Şamyrat molla» diýenlerinden «Şammat» diýenleri gowy welin, nätjek. Ne Abdy molla, ne-de Hudaýnazar aga görnesim gelmedi. Emma, näçe gaçsamam, bolmady. Düýn bir sadaka giçden soň barsam, ikisem bar eken. Abdy molla  hemişeki ertekilerini otaryp otyr. Bilimlisireýär, sypaýysyraýar. Hem gürrüň berýär, hem «sen meniň ýanymda hiç kimsiň» diýen manyda, kä wagt göz gytagyny maňa tarap aýlan bolýar. Niýetim bahymrak  duz dadyp, töwir galdyryp turmakdy. Ýöne Abdy mollaň gürrüň bermäge başlan hekaýaty maňa tanyş rowaýat bolup çykdy. Muny Albertiň  beren kitaplarynyň birinde okapdym. Gepiň gysgasy, Muhammet pygamber döwründe Ýemende ýaşap geçen bir düýe çopany Weýsel Karany baradaky rowaýaty Abdy molla, öz eşidişine görä, üýtgedip gürrüň berýärdi. Onuň aýdyşyna görä, Muhammet pygamber bilen görüşmegi arzuw eden Weýsel Karany niýetine ýetmek üçin, Mekgä tarap ýola düşýär. Ýolda suwsuz erbet horlanýar. Ahyry, öldüm-öldümde-de sowuk suwly çeşmäň üstünden barýar. Ol suwdan gana-gana içýär. Doýansoňam ýene içýär. Suw gaplaryny doldurýar. Ol süýji suwdan şeýle bir köp içýär welin, soňa-baka suwa tarap seredesi hem gelmeýär. Şol wagt hem onuň kellesine şu pikir gelýär. «Men häzir Muhammet pygamberiň didaryny görmäge teşne, ýöne, görsem, şu suwdan ganyşym ýaly, ganaýmaýyn? Maňa şu teşneligim gowy» diýýär-de, ol pygamberi görmän, yzyna dolanýar. Şeýdibem, ol pygamber bilen görşüp bilmeýär. «Pygamberi bir görsem» diýip, Onuň didaryna teşnelikde dünýeden ötýär.

Men oturyp bilmedim.

– Bu rowaýatda ýa Weýsel Karany ýalňyşýar, ýa-da ony gürrüň berýän adam – diýdim. Bu sözüm ortada top atylan ýaly etdi. Gürleşip oturan gürrüňini kesip, nahar iýip oturan çemçesini agzyna ýetirmän saklap, her kim maňa tiňkesini dikdi. Abdy molla-da beýle zada garaşmansoň, hemişeki gaharjaňlygy bilen:

– Niresi ýalňyşmyş? – diýdi. Jaýda siňek uçsa sesi eşdiljekdi. Her kim Abdy molla bilen birlikde, meniň jogabyma garaşýardy. Beýle pursady elden gidermek akmaklykdy. Abdy molla diýýäňmem diýmän, oturanlara ýüzlendim:

– Bir kişi namaz okamaga teşnemişin diýeliň. Soňra ol: «Namaz okap başlasam, birden teşneligimi gandyraýmaýyn. Soňa-baka namazdan doýaýmaýyn» diýip pikir etse, nähili bolar?

Abdy molla durup bilmedi. Ol gurup goýanja duzagyma göni düşdi:

– Heýem, namazdan doýularmy?

– Eger musulmanlara namaz okamagy öwreden adamdan doýup bolýan bolsa, näme üçin namazdan doýulmasyn?

Abdy molla aljyrap näme jogap berjegini bilmese-de:

– Biz-ä eşdenimizi aýdýas – diýdi.

Aňalyşyp oturanlaryň bolşuny diýsene. Atyşykly kinonam beýle gyzygyp görýän däldirler.

– Molla aga (bilgeşleýin «molla aga» sözümi has batlyrak aýtdym), siz bilýäniňizi aýdýan bolsaňyz, rugsat berseňiz, okanymyzy aýdyp bereli.

Weýsel Karany Ýemende ýaşap geçen, Pygamberiň döwürdeşleriniň biri. Ol, hakykatdanam, Pygamberiň didaryny görmek arzuwynda ýaşapdyr. Onuň keselbent ejesem bar eken. Weýsel Karany ejesiniň iýjegini agzyna tutup naharlaýan eken. Ahyry, Pygamberimiziň didaryny görüp gelmek üçin, ejesinden rugsat soraýar. Ejesi: «Pylança günden köp eglenmegin» diýip tabşyrýar. Şeýdip, ol Ýemenden Pygamberimz sallalahiweselemiň bolýan ýerine gelende, ol ýerden Ony tapmaýar. «Garaş, bir-iki günden geljek» diýseler hem, ejesine beren sözi üçin, garaşyp bilmeýär. Netijede-de, ol Pygamberi görüp bilmän, yzyna gaýtmaly bolýar. Bu ýerde gürrüň enä goýulmaly hormat, onuň öňünde ýalançy bolmazlyk barada gidýär.

Abdy molla edil maşyndakysy ýaly derledi. Şol wagt nahar iýip bolup gürrüňimi gutararyma garaşyp oturan ýaş ýigitlerden bir-iki sanysy: «Töwir galdyryp beräýseň» diýdiler. Bilgeşleýin:

– Molla aga, töwir edäýseňiz – diýdim. Ol zordan:

– Özüň galdyraý – diýip bildi. Uly lezzet bilen, Hudaýnazar agadan töwir galdyryp bermegini haýyş etdim. Ýogsa, onuň hem okamajagyna gözüm ýetip durdy. Ol hem maňa rugsat berenden soň, gözlerimi süzübräge-de «Euzibillähimineşeýtanyrrejim» diýip başladym. «Bu meniň doly ýeňşimdir öýtme, Abdy molla, ýeňişleri entek görersiň. Entek metjit guraryn, sen meni ymam edinip, yzymda namaza durarsyň». Ýene mollalygyň keýpine düşdüm. Aslynda, Albertden köpräk kitap alyp okamaly. Köpräk rowaýat öwrenmeli.

Agşamara Röwşen geldi. Tüweleme, namazy gowy öwrenipdir. Begenýä. Duruja gözlerinden maňa bolan hormatyny, ýüregindäki begenjini okap oturmaly. Saçyny ýuwupdyr, oňatja darapdyr. Ýyljak jaýda galyňja geýnen Röwşen derleýärdi. Bu çaganyň şeýle owadan derleýşi bar. Maňlaýynda, burnunyň üstünde der damjalary, düzülen dürler ýaly, çyraň ýagtysyna ýyldyraýar. Ýüzem nurana. Jaýymyň

içine nur çaýylan ýaly. Arassa çaga arassa ynama baglansa, nähili gowy. Oňa gözüm gidýärdi. Maňa bu arassalyga ýetmek ýokdy. Haý, ýöne, saňa, bu arassalygyň bilen, öňüňde nähili synaglar garaşýandyr?! Bu arassalygyňy saklap biläýseň-ä, ne ýagşy. Arassalykdan öýkeleseň, ondan göwnüň geçse, ondan ýüz öwürseň, dat güňüňe. Oňa: «Irden azan aýt-da, ertir namazyňy okaber» diýdim. Edip bolýan bolsady, oňa ýokuşjak kirlerem häzir özüme almaga razydym.

Ertir namaza duraryn, edil şol wagt dört-bäş öý beýle ýanymda bujagaz ýetginjegem sähel ýognap ugran arassa sesi bilen, daň sazyna goşup, azana gygyrar. Belki, daň şular ýalylaryň arassa sesine agarýandyr.

Ynsan ynsan boljak bolsa, hökman aladaňdan bolsun ýa-da it uwlaýan ýary gije, tapawudy ýok, «Men haramdan, ýalandan, bet niýetden, zynadan... ýene-de ençeme, adamy adamlykdan aýyrýan işlerden daş durmaga söz berýän» diýip gygyrmalydyr. Muny iliň eşitmegi-eşitmezligi wajyp däl, bu beren sözüňi, esasy zat, özüň eşitmeli, yzynda-da durmalysyň. Eger muny etmeýän bolsaň, ynsanam dälsiň. Onda sen Şammat mollaň taýysyň... Biziň gowy ýaşamagymyz Brežnewe ýa-da Gorbaçewa bagly däl, her birimize bagly. Özümiziň özümize berýän sözümize bagly. Emma öz başarmaýan zadyňy ile «etmelisiň» diýmekden beter bihaýalyk barmyka, molla aga?

* * *

Ertesi Albert bilen görüşdim. Ol, hemişekisi ýaly, ýylgyryp, mähirli garşylady. Hamala, bir zat aňýan ýaly, meni öwdi – «Ýolbaşçylarymyz senden razy» diýdi. Oňa Röwşeniň namaza başlanyny aýtdym. Halamaz, käýiner öýtdüm. O zaňňar welin, sähelçe-de syr bermedi. Näme-de bolsa, ýüregimi bire baglap: «Meni bu işden boşat. Mollalygam oňaramok, ymamlygy-ha asla oňarman» diýdim. Albert, hamala, kellä gelmejek bir zat eşiden ýaly, geň galyp, sebäbini sorady. Menem näme diýjegimi bilemok. «Aýlygyňyzy az görýäňizmi?» diýdi welin, «ýok, ýok» diýenimi duýman galypdyryn. «Onda näme boldy? Ýa biriniň ýanynda bizde işleýäniňiz barada gürläýdiňizmi?» diýende hasam erbet boldum. Ol, hakykatdanam, näme üçin işläsimiň gelmeýändigine düşünip bilenokdy. Ahyry: «Ýaramok, irden namaza turup bilemok. Namazymy okamasam, il meni molla edinmez» diýen boldum. Albert agras görnüşe girip, oýa batdy. Soňam:

– Indi siz namazy taşlasaňyz, il halamaz. Bu dogry, ýöne sizi şähere ýa başga bir oblasta göçürip äkitsek, belki, bolar. Siziň gowy käriňiz bar. Sud-prokuraturada işleseňizem, peýdaňyz deger. Bu niýetiňizi ýolbaşçylara aýdaýyn. Meseläni olar çözerler – diýdi.

Bu sözleri eşdenimden hopukdym.. Prokuratura beýlede dursun, ýönekeý bir edarada işle diýilse-de, ömür işlejek däldim. Owalam ýaňy dyndym edara işine gatnamakdan. Abdy mollaň ýangyn söndürýän edarasyna zordan gidip gelýän. Edarada işläniň-ä işläniň, üstesine, o taýda-da näme gep-gürrüň bolsa, ýetirip durmaly boljakdym. Işi taşlajak diýenime puşman edip, götin gaýdyp başladym:

– Aý, bolýa-la. Şu işimi edibereýin. Namaza-da gaýrat ederin-dä. Sen başlyklaňňa zadam diýme. Şäher içinde-de tanyş-biliş tapylar. «Öňki mollaň sakgalyny syrdyryp bolup ýörşüni» diýerler.

Albert meniň dürli öwsüp durşumy geň gördi. Geň görse, nädeýin.

– Sizi bir zad-a biynjalyk edýär?

Jogap bermedim. Ýalbaryp, kiçelesim gelmedi. Bir salym olam sesini çykarman oturdy. Dünýeden şeýle bir doýupdym, elimden gelse, asmany aşak çekip, Ýeri okundan sypdyrjakdym. Has dogrusy, ertirden agşama mellekden çykman, kartoşka ekesim gelýärdi. Ahyry, Albert:

– Siz menden gaty görmäň. Bu bolan gürrüňi başlygyma hökman aýtmaly bolaryn. Ýöne gowy netijä gelinjekdigine ynanýan. Mümkin, siziň biraz nerwiňiz gowşandyr. Bu biziň işimizde bolýan zat. Ynha, tomus zähmet rugsadyna çykarsyňyz. Sizi Gara deňziň boýuna ibereris. O ýerde biziň gaty gowy daçalarymyz bar. Arkaýyn dynç alarsyňyz. Hemme zat gül ýaly bolar. Esasy zat, siz köp pikir edip, özüňize agram salmaň, alada galmaň. Biz arkaňyzda bardyrys – diýdi.

Asman el ýeterden daşdady, Ýeriň okunyňam nirededigini bilemok. Biz ýalynam göterip ýören bu binamys Ýeriň okam gaty berk bolarly. Başymy aşak salyp, günäkär ýaly, dymyp oturamsoň, ýene Albert sözüni dowam etdi:

– Edaramyzyň başlyklarynyň siziň işleýşiňizden umuman razydygyny öňem aýtdym. Siz bize gerek işgär. Siz döwlet üçin gaty peýdaly iş edýäňiz. Entek mundanam peýdaly işleri edersiňiz. Biziň sizden tamamyz uly. Ýaramaz niýetliler, ýurtda pyssy-pyjurlyklar döretjek bolýanlar üçin musulmançylygyň uly perdedigine düşüniň. Biz şol perdäni syryp, şeýle bet niýetli adamlaryň hakyky ýüzüni açyp görkezmelidiris.

Albert bu düşündirşiniň soňundan ýoknasyz ýylgyryşyny edip arkama kakdy-da: «Metjit gurarys, metjit! Sizi hajy hem ederis, molla aga. Arabystana gidersiňiz. Siziň dünýede bolup ýörenlerden habaryňyz ýok» diýip, ýerinden turdy. Meniň welin, oturgyçdan turasym gelenokdy. Soňra Albert portfelini açyp, kagyza dolangy puly çykaryp, maňa uzatdy:

– Bu-da aýlygyňyz.

Puly aldym. Ýerimdenem turdum. Albertiň syrtaryp duran dişine seretdim. Ol ýene egnime kakyp, ýürekdeşsiräp:

– Bolýa, kärdeş, sag boluň. Häzirlikçe ýumuş ýok. Dynjyňyzy alyň. Indiki hepde görüşeris – diýdi. Aýlygymy goltugyma gysyp, öýüme dolandym. Güýzüň ortaky aýy şeýle ýürekgysgynçdy.

Ölesim geldi. Namysdanam däl, özüme ýigrenjimdenem däl – çynym bilen dünýeden doýupdym. Bilýän, näçe erbedem bolsam, bir topar gargalaryň içinde bir gargadygymy bilýän. Men asmandan gaçan gara tegmil däl.

Akbibi çagalary hor etmez. Ejemem indi garrapdyr. O-da menden soň uzak ýaşamaz. Oňam ýaşanyndan, ölenini kem görmeýändigini bilýän. «Her ýyl şu dört pasyl çalşyp gelip durjak bolsa, bir ýyl ömür maňa besdir» diýen baýguşda akyl bar eken.

Özümi öldürmegiň ýollaryny gözledim. Maşynyň öňüne özümi oklasam, «adam öldüripsiň» bigünä şofýory diýip basarlar. Ol: «Adam öldüremok, adam satan öldürdim» diýip bilmez. Onuňam «kaka» diýip, garaşyp oturanjalary bardyr.

Suwa – kanala gidip, gark bolasym gelmedi. Maslygymyň çişip, porsap suwuň ýüzüne çykmagyny islemedim. Iň gowusy, awy içmek welin, awyny nireden tapjak? Özümi asyp, dilimi sallap, agajyň şahasynda hallan atyp durasym, direleň gözüne betnyşan görnesim gelmedi. Men arassaja, hem mertebäňi peseltmeýän ölümi isleýärdim. Şu agaçlardan ýapragyň tänişi ýaly, tänip gidesim gelýärdi.

Ýok, ölümden gorkup, tilki sapalagyny atamokdym. Dogrusy, häzir ölümem menden ýüzüni öwürýärdi. «Ýaşa!» diýip, ýüzüme tüýkürýärdi. Aýaklarym bolsa, meni öýmüze getirýärdi. Öýmüze tarap barýan ýol özüne çekip barýardy.

Bu ýola aýagymy basanymdan soň, özümi öldürip bilmejegimi bildim. Soňam birden: «Näme üçin ölmeli? Näme üçin ölmeli?» diýip ädimlerimi gataltdym. «Albert üçinmi?». «Abdy mola üçinmi?» «Seýitmuhammet molla üçinmi?. Sorag berdigimçe, ädimlerim dogumlanýardy: «Näme üçin ölmeli?», «Näme üçin ölmeli?»...

Häzir gündizki akylymdan geçenleri ýazyp otyryn welin, gorkyma, hopugýan. Heýem bir, çagalary taşlap, ölüp gidibermek bolarmy?! Şu çagalar üçin ýaşap ýörüs dälmi?! Onda-da kim üçin diýsene... «Ölüşiňe görä gömüşim», dünýe, sen nähili bolsaň, menem şeýle ýaşaryn.

27-nji noýabr 198... ý.

Bir aý gowrak wagt geçdi, gündeligimi elime almadym. Derdinşesim gelýän Marlen agamam ýaňy gelip gitdi. Ilk-ä bir salym «he-he-he» eden bolup, oň-muň gürrüňini etdi. Mugallymymyz gowy garrapdyr. Ýöne ýyllar bu adamy üýtgedip bilmändir. Onuň kiçijik gözleriniň şol bir ýiti, ýakymsyz seredişi. Mugallymlarymyzyň içinde iň gowy görýänim Marlen mugallymdy. Bu adamyň beýleki mugallymlar ýaly, ýöne sagadym dolsa bolýar diýip, süýrenşip gününi geçirmän nähilidir bir maksatly, bir zatlar etjek bolup ýaşaýanyny gowy görerdim. Onda hemişe, nähilidir bir, joş daşyna urar durardy. Onuň gözleriniň ýitiliginem şondan görerdim. Marlen aganyň häzirki bolup oturşynda-da, birhili, bir zatlar diýjek bolýany duýulýardy. Dogrusy, ondan Alla hakynda, iman hakynda jedele garaşýardym. Özümiňem mugallymym bilen şeýle jedele giresim gelýärdi. Emma ol düýbünden garaşmaýan zadymy diýdi:

– Şammat molla, sen maňa namaz öwredip bilmezmiň? He-he-he...

Soragy diýseň, soragy, üstesine, soňky gülküsi hasam haýran etdi. Gözleriniň töweregindne çekgesine tarap gidýän sansyz ýygyrtlary, güldügiçe, çuňalýan mugallymyň oýny-çynydygyna düşünmedim. Ol gobsunjyrap, ýassygyny hasam aşagyna düýrledi-de, gülküsine goşup:

– Sen, ýöne, maňa molla boljak bolýandyr, ile tebärek çykyp berjekdir öýdäýme – diýdi. Megerem, ýaşuly bu gülküsini ýüzüniň perdesi hasaplaýandyr-da, ýogsa, gülere zat ýokdy. Hatda nämä ýylgyrjagymam bilemokdym. Ahyry, ol çynlakaý sypata geçdi.

– Gyşşowlarda maňa: «Ölseň, maslyk süýrän ýaly, süýräp, gömüp gaýdyberelimi?» diýeňde bir zada düşündim. Men özümiň süýrelip gömülenimi islemedim. Özüme jynaza okalanyny isledim. Diýmek, mende Alla gorkusy bar. Eger men Ondan gorkýan bolsam, Onuň bardygyna-da, belli bir derejede, ynanýandyryn. Belli bir derejede. Şu jümlä üns ber: «Belli bir derejede».

Oňa seredip aňalyp oturşyma:

– Men-ä, mugallym, size düşünen däldirin – diýdim. Marlen aga ellerini daldalap, «Sen sözümi bölme-de, diňle!» diýýän ýaly yşarat edip nutugyny dowam etdi:

– Bu ýerde düşünmez ýaly zat ýok. Eger menem Alladan gorkýan bolsam, onda bu milletiň imany güýçli bolmaly. Diýmek, muňa kembaha garamak ýalňyş. Iň bärkisi, senem namaza başlarsyň diýip, ýatsam-tursam, kelläme gelenokdy. Ýöne, esasy zat, terkidünýä bolmaly däl. Adamlarda Alla bolan ynam belli bir derejede bolmaly. Alla diýip, durmuşdan üzňe-de ýaşamaly däl, ýagny, ýeri gelende, aýal-gyzdanam, arak-şerapdanam, belli bir derejede, paýyňy almaly. Haramzadalygam, halallygam belli bir derejede saklamaly. Namazlygyňy süýräp, ylymdan, ösüşden yza-da galmaly däl, ösen ýurtlara öýkünen bolup, hiç zatdan gaýtman ýaşamalam däl. Adamlar üçin din bilen dinsizligiň arasynda bir ýol ýasap bermeli. Bu ýol hem olary dogry kommunizme tarap alyp barmaly!

Mugallymyň öňünde, şol çagalygymdaky ýaly, aňkaryp galdym. Ol gürledigiçe, meni haýran edýärdi:

– Her kimde, hatda çagalarda-da, «Alla bar» diýen düşünje bolmaly. Ýöne, «Alla bar» diýip, özüňi duşaklabam ýörmeli däl. Alla o dünýä üçin däl, şu dünýä üçin ynanmaly.

Mugallymyň öz aýdanlaryna düşünip-düşünmänini bilmek üçin, dymyp, okuwçysyna seredişi ýaly, Marlen aga-da maňa tiňkesini dikip seretdi. Men welin, hiç zada düşünemokdym.

– Esasy zat, Alla geçirimli, bagyşlaýjy ahyryn, şeýle dälmi? He-he-he. Eger Alla biziň bilen deň bolmajak bolsa, deň bolmazam, işalla, onda az-owlak arajygam içip bolar, birdir-ikidir zyna-da etmek bolar. Döwrebap ýaşamaly-da, düşünýäňmi?

Marlen mugallym gyssanyp gürleýärdi. Hamala, aýtjak bolýan zatlaryny bulaşdyraýjak, pikirleriniň ujyny ýitiräýjek ýalydy. Ol näçe janygsa-da, näme diýjek bolýandygyna düşünemokdym. Onuň özem öz pikirinden tolgunyp, hopugyp, demigip barýan mysalydy:

– Emma çenden çykybermeli däl, çünki Alla bar. Gaty gidiberseň, Alla halamaz. Namaz-ybadat – bu zatlar biderek. O daş görnüş hökman däl. Esasy zat, ýüregiňde ynamyň bolsun.

Ol gursagyna taýly gezek gütledip urdy. Hatda düňküldisinem eşiden ýaly boldum.

– Esasy zat ynamyň şu ýerde bolsun.

– Nämä?

– Nämä bolar öýdýäň – Allaň bardygyna, Oň seni bagyşlajakdygyna. Esasy zat näme? Köpçüligi, halky belli bir ahlak derejelerinde saklamak. Şol bir wagtyň özünde-de, oňa ynamyny gaýtaryp bermek. Hiç zada ynanman ýaşamak mümkin däl. Men muňa öz tejribämde göz ýetirdim, he-he-he.

Marlen mugallym bir zatlary garyşdyrýanyny özem bilýän ýalydy. Emma ony bildirmejek bolýan ýaly, pikirine, ideýasyna şeýle bir berlenlerden görünjek bolýardy. Janygyp çalt-çalt gürleýärdi. Alla diýende barmagyny asmana tarap çommaldýardy. Ahyry, ol maňa gep düşündirip bilmejegini aňdy öýdýän – gönüledi:

– Sen maňa namaz öwretjekmi-ýokmy?

– Namaz daş görnüş diýmediňmi?..

– Dogry, ýöne daş görnüşem öwrenmeli. Gerek ýerinde, ýerine ýetirmäni başarmaly.

– Seň bu aýdýanyň mynapyklyk bolýar-a...

Marlen aga ýene elini silkip goýberdi. Ol gürlände, asla, elleri dek durmaýardy.

– Sen, goý, ol dini terminleriňi. Din – uly güýç, uly ýarag. «Biz mundan, belli bir derejede, peýdalanmagy başarmaly» diýdim ahyryn. Biz dini şu dünýe üçin peýdalanmaly? Muny başarman, «mynapyklyk», «gapyllyk» diýip, sakgallymyzy sallap, kündügimizi goltuklap ýörsek, hiç wagt hem dünýäniň ösen döwletleriniň deňine ýetip bilmeris. Näme üçin musulman döwletleri yzagalak? Ynam, ybadat diýilýäniň belli bir derejede bolmalydygyna düşünmeýändikleri üçin.

– Mugallym, bu dünýe diýýäň, soňam ölsem jynaza okalmagyny isleýän diýýäň. Din uly güýç diýýäň. Namaz öwret diýýäň, namaz gerek däl diýýäň. Sen o dünýäň bardygyna, dogrudanam, ynanýaňmy?

Bu sorag berişim özüme: «Muňa men ynanamok welin, sen ynanaýýaňmy?» diýýän ýaly eşidildi.

Içimden: «Alla, jennete, dowzaha, kyýamata «ýok» diýýäkäň «bar» diýmek aňsat, ýöne «bar» diýeňsoň «ýok» diýmek kyn. Marlen mugallymam «ýok» diýýänlerden bolany üçin, belki, oňa häzir bar diýmek aňsatdyr» diýip pikir etdim. Marlen aga bolsa öz pikiri bilen başagaýdy:

– Ýok-laý. O dünýe bolarmy-aý. Adam öler-de, direlermi?

Ol «Hawa, ynanýan», dagy bolmasa, «Aý, kim bilýär, bolsa, bolar duruberer-dä» diýer öýdüpdim. Kellämdäki pikirlerim ýene bulam-bujar boldy.

– Ýoldaş mugallym, sen-ä meni çaşy etdiň. Eger Alla ynanmaýan bolsaň, geziber-dä şu bolşuňa, namazy başyňa ýapjakmy? Ýa «ynanýan» diýmäge çekinip, «ynanamok» diýäýýäňmi?

Marlen mugallym birbada näme diýjegini bilmedi. Soňam dikeldi-de, öýüň töründäki kürsä geçip oturdy.

– Sen-aýt, Şammat, bet molla bolupsyň. Maňa-da «O dünýäde direljegimize ynanýan» diýdiräýjeg-aý. Düşün, molla aga, bu zatlaryň bary adamzadyň häzir ylymda gazananlarynyň pesliginden. Ynsan ýuwaş-ýuwaşdan bu ertekileriň ýalandygynyň üstüni açar. Gowusy, goýaly bu gürrüňi.

Ýa bu mugallym akylyndan azaşypdy, ýa-da meniň kelläme taýak degen ýalydy. Nälaç öňki soragymy gaýtalamaly boldum:

– Saňa namazyň nämä gerekdigine düşünip bilmedim.

Marlen eliniň aýasy bilen buduna urup, kürsüden turdy. Öýüň ortarasynda dik duran ýerinden:

– Gepe düşmez ekeniň-aý. Tüýs, molla diýseň, molla-da. Aýtdym ahyryn, adamlarda, belli bir derejede, Alla ynam bolmaly – diýenden, ýene garşylykly sowal berjek bolsam, gepletmedi:

– Hawa, Alla ýogam bolsa, adamlar oňa ynanmaly. Gowuja diňle-de, düşün. Adamlar, şeýle-de, Allaň bardygyna ynanýar. Ýöne belli bir derejede, ýagny, ýeri gelende, ogurlygam edäýýä, haramam iýäýýä, zyna-da edip goýberýär. Ýöne has çenden çykyp bilenok. Sebäbi ýüreginde Alla gorkusam bar, düşünýäňmi?

Ýuwaş-ýuwaşdan oňa düşünip başladym. Marlen baş atanymy görüp, hasam hyjuwly düşündirmäge başlady:

– Düşünýän bolsaň, oýlan, eger Allany dogry peýdalanyp bilsek, ol biziň ösüşimize peýdaly bolup biljek uly güýç. Esasy zat näme? Esasy zat, Alla çenden aşa ynanmaly däl. Belli bir derejede. Mysal üçin, kä wagt gaty erbet iş etseň, göwnüňi

rahatlandyrmak üçin, täret kylyp, eglip-galmak gowy zat. Düşündiňmi? Ahyry düşünen bolsaň, maňa namaz öwret.

Ol ýene kürsä geçip oturdy-da:

– Mekdepde okaýarkaň-a beýle gepe düşmez däldiň – diýdi.

Marleniň aýdýanlaryna düşünsemem, akylyma sygdyryp bilemokdym. Pekgeligime gahary geler öýdüp çekinsemem, anyklasym geldi:

– Sen bir erbet iş edeniňden soň, göwnüňi rahatlandyrmak üçin namaz öwrenjek bolýaňmy?

Näme-de bolsa, Marlen mugallym gaharlanmady. Ony şol ýoknasyz gülküsi bar zatdan halas edýär öýdýän.

– He-he-he... Namazy öwrenip goýjak, kim bilýär, gerek bolar. Gazetler din azatlygy diýip ýör. Birden metjit-zat gurulaýsa her kim namaza eňer, şonda namaza öz düşünişimi aýdyp bermek üçin öwrenjek.

Tisginip gitdim.

– Sen illere namazy belli bir derejede okamalydygyny öwretjekmi?

Ahyry mugallymyň «sabyr käsesi» doldy. Ýene iki buduny şapbatlady:

– Bolýa, Şammat molla, öwretmeseň, öwretme. Turaýyn.

Akyly çaşan garry mugallymyň indi kejine gaýtsam, gaty öýkelejekdi. Şonuň üçin sakladym. Oňa namaz okaňda bilmeli zatlar, ýat tutmaly süreler ýazylgy depderimi berdim. Goý, öwrensin. Heý, Marlen mugallymam namaz öwrenermi?! Sähelçe günden «Meniňki bolanok» diýip, yzyna getirip berer.

Mugallymyň aýdanlary şol wagt maňa bolup bilmejek bir zat ýaly eşdilen bolsa-da, köp wagtlap içimden: «belli bir derejede» diýip gezdim.

28-nji noýabr 198... ý.

Agşam düýşüme Marlen giripdir. Ikimiz bile namaz okaýarmykak diýýän. Mugallymym öňde ymamlyk edýär, menem yzynda. Her gezek egilende «Allahu Ekber» diýmegiň ýerine, ol: «Belli bir derejede» diýýär. Menem yzyndan gaýtalap egilýän. Ilki ýeke özüm ýalydym welin, bir görsem, biz giden jemagat bolupdyrys. Birdenem, atyşyk başlanýar. Kim kimi atýar, kim-kimi öldürýär, düşüner ýaly däl. Bir sapda namaza duranlaram biri-birine sapança çeneşip durlar. Hopugyp, gorkup oýanypdyryn.

Marlen agaň pikiri beýnimi iýip barýar. Onuň «Belli bir derejede Alla ynanmaly, Alla ahyretiň üçin däl, şu dünýede gowy ýaşamak üçin ynanmaly» diýen pikirini makullasym gelip barýar. Hem bu pikirden eýmenýän. Adamlaň bir mukaddes saýýan zady namaz, onam oýunjaga öwürseň, nähili bolar?

«Alla ýok» diýip biläýsem, bar dertlerimden halas bolaýjak ýaly. Men kyýamatdan, hasap gününden gorkaýýarmykam? Hakykatdanam «ýok» diýýäkäň «bar» diýmek aňsat, ýöne «bar» diýeňsoň, «ýok» diýmek kyn. Emma, näler, «ýok» diýesim gelýär. Aý, ýöne hasapsyz zad-a ýokdur. Beh, öleňsoňam, güňüňe goýman, dowzah diýip, südenekledip bararlarmykan-aý?! Aý, ýok-laý, beýle-de zat bolarmy?!

Isleýşiň ýaly ybadat et. Namaz okasyň geldimi – tur, oka. Okasyň gelenokmy – mysal üçin, ýassyny ýa-da ertiriňi – okama! Näme etjek özüňe zor salyp! Alla zor bilen ybadat edilmeden, zor bilen söýülmeden beýigräkdir ahyryn. Ýa-da, tersine, Alla seniň isleýşiň ýaly söýeriňden, isleýşiň ýaly ybadat ederiňden beýigräkmikä?!

29-njy noýabr 198... ý.

Indi Abdy molla meni görse, gaçmaga başlady. Obaň içine meniň adymy ors mollasy diýip ýaýradýamyş. Ýöne muny onuň nämä esaslanyp aýdýanyna düşünemok. Ýa kolhozyň başlygy pýançylykda gürläýdimikä? Halk bir gowy zat. Onuň üçin sen ors mollasy bol, alyp-satyp ýören söwdagär bol, tapawudy ýok – molla bolsaň bolýa. Tebäregini çykyp berseň, nikasyny gyýyp berseň, ölüsini ugratsaň boldy. Marlen mugallym aýtmyşlaýyn, «belli bir derejedäki» millet.

Ýöne bu gürrüňler Akbibä-de eşitdirilipdir. Ol soňky döwürler şähere diýip gidýänimden, jübümiň pullujalygyndan bir zatlar aňjak bolýar, emma nämäň-nämedigine düşünip bilenok. Gönüläp soramaga-da çekinýär.

Bu günem gije basyrganyp ýatyp bilmedim. Zol tisginip oýandym durdum. Daşarda ýel ösýär. Ýeliň sesini ýigrenip ýatyryn. Sähel irkilidigimem şol hemişeki görýän myrtar düýşlerimi görýän. Birini atsam, meni bäş ýerden oka tutýalar. Aýak aldygyma gaçýan. Boşan pomidor çeleklerine bukulýan. Bir ullakan pomidora ok degdi welin, pytrap gitdi. Onuň gyzyl içgoşy töwerege syçrady. Onuň bir syçrantgysy gelip ýazzy maňlaýyma degende, tisginip oýandym.

Akbibi saçagy alyp baş ujumda goýdy-da: «Bilýän dogalaňdan oka-da» diýdi. Soňam sesini peseldip, müýnli ýaly: «Bolmasa şähere gitmäňi goýaý, kärtişgäni köpräk ekäýeli» diýdi. Ýatyşyma doňup galdym. Hatda ýelem ýatan ýaly boldy. Näme jogap berjegimi bilmedim. Birdenem, görgüli janyndan syzdyryp: «Garyplyk gursun-da, adama ýamanlygymyz-a ýokdur» diýdi. Ýene jogap bermedim. Ertesem, birigünem Akbibi gaýdyp beýle gürrüň etmedi. Hamala, şol gijeki aýdanlarynam aýtmadyk ýaly boldy geziberdi. Bu onuň meniň ýaşaýşymy doly makulladygydy. Akbibiň näme üçin maňa garşy gitmänine düşünip bilemok. Zat üçinmi? Abraýym üçinmi? Ýa-da «Indi yzyňa nädip gaýtjak?» diýip pikir etdimi? Ýa-da «Özi gowy bilýändir» diýdimi? Bilmedim. Belki-de, il ýüzüne bolsa-da, ol meniň namaz okanymy isleýändir? Aý, meniň pullujalygym oňa-da ýaraman durýan däldir. Dogrusy, öň bir gezek ikiçäk otyrkak: «Sakgal-a saňa gowy gelşäýdi. Beýle gelşerem öýtmändim» diýipdi. Mümkin, pul üçinem däldir? Kim bilýär, ol indi meniň sakgalymy syranymy isleýän däldir? Munuň sebäbini hiç wagt Akbibiden sorap bilmen, onuň özem aýtmaz. Bulaň galasy bisowatlygymyka? Moskwany gutaryp gelenleri-hä derrew ýewropalaşyp gidiberýär. Biziň çölden çykybererligimiz ýokdur-la. Wah, sowadyňyz bilen birlikde, şu durkuňyzy sakladyp bolsady.

Sen aýallaň aladasyny edýänçäň, özüňden habar bersene?!

5-nji dekabr 198... ý.

Gündeligimiň bir gahrymanyň eden edermenlikleriniň ýazgysy bolmajagyny bilmän-ä duramokdym. Ýöne ýazan zatlarymyň kä ýerini özüm okamaga utanýan. Utanýanyma-da şükür. Utanýan bolsam, azajygam bolsa, adam ysym bardyr. Ýöne özümi asyp, aýagym bir garyş ýere ýetmän şahadan sallanyp durşuma: «Görüň, sizden bir garyş ýokardadyryn, sizden ýokardadyryn» diýip bilsedim. Hany mende oň ýaly gaýrat. «Eýtsedim», «beýtsedim» diýen bol-da şondan lezzet al – şo-da ýeterlik.

Gündeligim, senden bir zady isleýän. Gep owadanlap, ýygnap-ýygşyrjak bolup nädeýin – gündeligim, sen meni ile has gowy tanadarsyň. Erbetligimi ýaşyrmaýşyň ýaly, gowulygymam, ýok, gowulygymy däl, gowy bolasymyň gelýänini bildirersiň.

Ýalan-ýaşryk ýazmasamam, munda saňa kömek etjek bolaryn. Seň barlygyň bir gowy zat. Ýogsa, kime kimligimi tanadardym?!

Kimligim kime bildirdim,
Çyna berimsizdir derdim,
Ömrümi özüm öldürdim,
Ýasyny tutsadym käşgä.

Bä, men goşgam goşup biläýjek ýaly-la. Goşgy diýlen adamyň içiniň ýarasydyr öýtmeýärdim.

7-nji dekabr 198... ý.

Obaň ýaşulularynyň biri Agaly aga dünýeden ötdi. Gün öýläne çenli işim aýat okap, töwir galdyrmak boldy. Abdy molla-ra kän oturman turdy welin, Hudaýnazar aga galman oturdy.

O-da garrap bir gysym bolupdyr. Şu gün-ä hasam ýarawsyz görünýär. «Gaýdyber» diýilse-de, edenok. Edilýän gürrüňem şo bir gürrüň:

– Näçe ýaşatdylar, pahyry?

– Segsen dört.

– Tüweleme, o ýaşa ýeten bolsa, armany ýok-la.

Aramany barmy, ýokmy, şu wagt Hudaýnazar agadan soraýsaň, aýdar-la. Biri dagy gönüläp: «Senden-ä kiçidir-le?» diýibem sorady. Hudaýnazar aga birhili gobsundy-da, syr bermänräk:

– Bäş-alty ýaş dagy kiçidir – diýdi.

– Aý, indi obada senden ýaşul-a ýokduram welin, deň-duşlaram azalyberendir? Ýaş näçä ýetdi, Hudaýnazar aga?

– Bir kem togsan.

– Tüweleme. Her kime siziňki ýaly ýaş nesip etsin.

– Hä, hawa, uzak ýaşam höwes edilýän zat-da... Näçe ýaşasaňam, ýene ýalançy dünýe-dä bi... Gelen gitmeli-dä...

Eti gurap, süňk bolup galypdyr. Başyny ýerden galdyranok. Keçäň gyrasyna batyp galan çöpjagazy dyrmap otyr. «Ämin» diýlende ak çäkýaka köýneginiň giň ýeňi aşak syrygyp, bilegi ýalaňaçlanýar welin, daşyna ham geýdirlen süňk-dä. Göwnüme bolsa-da bilemok, şu gün-ä oň seredişem birhili naýynjar ýaly. Ep-esli oturylansoň, gaýtmakçy boldum. Hudaýnazar aga-da maňa garaşyp oturan eken, meniň bilen bile galyberdi. Şonda-da aňşyrman gidiberjek boldum welin, ol sowuk barmaklary bilen ýeňimden aslyşyp, meni saklady.

– Şamyrat, dur, bile gideli. Sen meni ugrat.

Ikimiz tirkeşip, obaň içi bilen ýöräp ugradyk. Daşarda eşek öldüren Gün çykyp durdy. Zordan ýöreýän garryň aýagyna görä, mytdyldap barşyma, ýene derde galdym. «Näme diýjek bolýaka? Abdy molla bilen sene-mene edenimizi eşidendir, käýejek bolýandyr. O bolsa, hiç-le» diýip barýan.

– Adam garrasa, ähli zadyň ýylysy gaçaýýan eken. Günem çykyp dur welin, ýylysy ýok, sadagasy gitdigim.

– Tüweleme, enetek siz ýagşy-la.

– Hä.

Hudaýnazar aga ýöremesini goýup, bir dynç alan ýaly edende, onuň göwresiniň çala saňňyldaýanyny duýdum.

Garryň «ah-wahyny» diňlemäge razydym, emma ol esli wagt sesini çykarman gidensoň, garaşyşym ýaly, ýaraly gürrüňi edip ugrady.

– Ejeň tabam ýagşymy?

– Şükür, ýagşy.

– Siz şu oba göçüp geleňizde men obaň ýeke-täk mollasydym. Kakam Rejepdurdy molla-da o wagtlar dünýeden ötüpdi. Şonda ejeňe köp azar beripdim. Otursam-tursam, märekä barsam, siziň gürrüňizi etdim. Hatda Aman başlygyň ýanyna çenli ýörite gidip: «Şol aýaly obadan göçür, ýogsa, haramylaň syrgyny dörär» diýdim.

Depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Bu zatlary aýtmak Hudaýnazar aga-da aňsat düşen däldir welin, diňlemek hasam agyrdy. Bu adamlar günüme goýjak däl-ow. Ýaňy bir ýaramyň ýüzi könelýär welin, bir zat tapylýar. Emma Hudaýnazar aga «Bes et, şu meseleden irdim» diýip bilemokdym. Mejbury diňlemelidim. Bu gün-erte öljek bolup duran garrynyň agtarýan köne samanlarynyň ýakymsyz ysyna boglup gitmelidim.

– Agaly pahyram gitdi. meniňem köpüm geçip, azym galypdyr. Indi şu dünýeden kyýamatahyr has ýakyn, has anyk görünýär.

Bu garra göwünlik beresim gelmedi. Göz öňüme onuň başlygyň ýanyna ejemi obadan göçürtjek bolup gidip barşy gelýärdi. Esli dymyşlykdan soň, ýene Hudaýnazar aga sözüni dowam etdi:

– Adam eňen ugruna eňäýýän eken. Siziň o wagtky kiçijik, arassa obamyza azgynçylygy getirjegiňize şeýle berk ynanypdym. Hamala, siz sebäpli obadan bereket göterläýjek ýaly, ogurlyklara, pyssy-pyjurlyklara ýol açylaýjak ýalydy. Hatda sen hakda: «Yzyna tirkäp geleniniňem atasy näbellidirem» diýipdim. Bu gep meniň öz tapan gepimdi...

Garşydan sowuk, çygly şemal ösüp ugrady. Men gözümi-gaşymy çytyp, zordan sesimi çykarman barýardym. Öýümizem iki ädimdedir welin, şu wagt-a allaowarra giden ýaly boldy. Garra-da geregi şody. Ol hasadan ýapyşan ellerini saňňyldadyp, özbaşyna gürläp barýardy:

– Emma obamyzda jenaýat edip, ilki türmä basylan adam öz doganymyň ogly boldy. Bir toýda urşup, öýüne gelse, kakasy: «Biz-ä seň ýaşyňda burnumyzy gara-gan edip öýümize gelmeýädik. Beýlekiň garnyndan gapy açyp onsoň öýe gelýädik» diýip, oglunyň eline ak saplyny berýärmişin. Oglam atasynyň ogly boljak bolup, birini pyçaklady. Hernä, ara ölüm düşmedi. Ýöne agamyň ogluna ýyl kesdiler. Bolan işe namys edip, ilden utanyp, esli wagt ne toýa görnüp bildim, ne-de ýasa gitdim. Ol oturyp çykan soň, obada «pylany tutulypdyr, pylanyň ogluny ýygnapdyrlar» habary köpeliberdi. Agamyň oglunyň göreldesi bilen, yzýany öz körpe oglumam tirýek söwdasyny edipdir. Onam tutdular. Bu Allanyň maňa görkezýän yşaratydy. Ýöne şonda-da siz hakdaky pikirimden dänmeýärdim. Bu zatlary siziň göçüp gelmegiňizden görýärdim, sizi göçürdip bilmeýänim üçin Allaň maňa edýän jezasy hasaplaýardym. Gör-ä adamyň akyl ýetirişini.

«Muhammet pygamberiň ýanyna ogurlykda tutulan Patma diýen bir aýaly getirenlerinde oň eliniň kesilmegini buýrýar. Ol aýalyň kowumdaşlary töwella

gelseler, Pygamber: «Öz gyzym Patma bolanam bolsa, şerigatyň düzgüni üýtgemezdi» diýip, jogap beripdir» diýerdim. Aman başlyk paýhasly eken, ol maňa: «Indi o döwür däl, jenaýat üçin el kesilenok, ýa obadan çykarylanok. Ol aýalyň eden işi jenaýatam hasaplananok. Häzir sen ony göçmeli edäýseň, döwlete arz eder welin, gaýta, meni, seni obadan göçürerler. Üstesine-de, ol aýaly oba başlyk edip goýarlar» diýipdi. Şonda-da pikirimden dänmändim.

Tas: «Indi meniň molla bolanymy görüp pikiriň üýtgäýdimi?» diýipdim. Bu garryny, sakgalyndan tutup, palçykly köçäň ugrunda süýräberesim gelýärdi. Bir aýagyny göre sokan garry eprut bolsa, seň içiňde gaý turaýsyn, tapawudy ýok – porsy saman dörmesine gümra bolup, gürrüňini dowam edýärdi:

– Soň bir gün sadakadan turup gaýtjak bolamda, maňlaýy saçlyja bir oglanjyk köwşümi getirip öňümde goýdy. Muňa ony et diýenem ýokdy. Geň galdym. «Kimiň çagasy-aý bu edeplije çaga?» diýip soramda, şol saçlyja oglanjyk sen ekeniň. Ýüzüme urulan ýaly boldum. Uzak gije ýatyp bilmedim. Agam, agamyň türmede ýatan ogly, öz körpe oglum, seniň mähirlije çaga ýüzüň göz öňümden gitmedi. Galina mugallymyň diýenleri gulagymda, ýaňy diýlen ýaly, täzeden gaýtalandy. Ýöne etjegimi edipdim. Boljak iş bolansoň, çekýän jebrim bir aşyga-da degenokdy.

O wagtlar sen bolaýsaň bäş-alty ýaşlyja oglandyň. Häzirem otuzdan-a geçensiň. Hawa, ýigrimi bäş ýyldanam köp wagtdan bäri ökünjiň agyr daşyny ýüregimde göterip ýörün. Senden ýaşyryp nädeýin, ýüregimiň jümüşinde seňem bir jenaýat bilen türmä düşeniňi isledim. Bu islegim ýadyma düşende, her näçe toba etsemem, özüme buýrup bilmedim. Size uly betbagtçylyk, maňa bolsa ýeňillik getirjek şeýle şum habara garaşyp ýaşadym. Ýöne sen jenaýat etmediň, okuwy gutardyň, kär edindiň, indem obaň mollasy bolduň. Seň, gelip-gelip, mollaçylygy saýlamagyň, Alla gulluk etmek islegiňem ýene meniň üçin Alla tarapyn yşaratdyr. Bu yşarat eger siziň bilen razylaşmasam, günämiň geçilmejegine, dowzaha barjagyma yşarat bolmaly. Siz günämi geçmeseňiz, Alla-da geçip bilmez. Dowzaha gitmeden gorkýan...

Ýöremäge haly galmadyk Hudaýnazar aganyň gözlerinden boýur-boýur ýaş akýanyna, birden, gözüm düşdi. Ol çaga ýaly aglaýardy. Saklanyp bilmedim, baryp elinden tutdum. Onuň hasa direnýän elleri, tutuş göwresi saňňyl-saňňyl edýärdi. Ol zordan:

– Meni oturt, oglum – diýdi. Goltugyna girip, ýoluň gyrasynda oturtdym. Näme diýjegimi, bu ýumruk ýalyjak bolan garra nädip göwünlük berjegimi bilmeýärdim. Dilime hiç söz gelmeýärdi. Obaň köçesiniň adamsyz wagty ýokdur welin, şu wagt golaýda-goltumda bir adamam görnenokdy. Hudaýnazar aganyň bolsa, gitdigiçe, ýüzi agaryp barýan ýalydy. Ol elimden berk gysyp, goýbermeýärdi. Ahyry, ýene onuň özi dillendi:

– Gorkma, oglum. Ýüregim biraz agyrjak boldy. Indi goýberdi. Gurbanmyradyň maşyny gapysynda ýaly, özem bardyr. Aýt, öýe düşürsin.

Hakykatdanam, biziň duran ýerimiziň arkasyndaky jaýyň gapsynda ýeňil maşyn görünýärdi. Aljyrap, şonam görmändirin. Gurbanmyrat ikimiz Hudaýnazar agany öýüne eltdik. Sähel silkseň, süňkleri bogun-bogun şakyrdap döküläýerli görünýän, garrylygyndan ham bilen süňke öwrülen garry mollany mydama ýazylgy durýan düşegine, pejiň başyna geçirdik. Indi men näme etjegimi bilmedim. Gideýin diýsem, onuň gürrüňini äsgermedik ýaly boljakdy. Oturmagam gaty agyrdy. Hernä,

Hudaýnazar aga ýagdaýymy bilen ýaly: «Senem gaýdyber, Şamyrat, inşallah, ýagşylaşaryn, soň görüşeris» diýdi. Arkamdan agyr ýük aýrylan ýaly, hezil edip, «Bolar, bolar, Hudaýnazar aga. Alla kuwwat bersin» diýip, çykyp gaýtdym. Menden bir hoş söze garaşan ýaşuly yzymdan tamakin nazar bilen seredip, «Taňryýalkasyn» diýip galdy.

Ýene-de öýümize tarap barýan ýol bilen ýeke özüm pyýadalap barýan. Gyşyň ýakymsyz şemaly ýüzüme urýar.

...Mekdepde okap ýörkäm, kä wagt köçä seredip duran tamlaryň penjirleriniň aýnalaryny döwesim gelerdi. Hatda ýerden daş alan gezeklerimem bolardy. Aýnalar şaňňyrdap döwülse, içim sowaýjak ýalydy. Häzirem şol islegim ýadyma düşdi. Döwsedim, bar zady kül-uşak etsedim...

Öýüme ýetiberemde gapymyzdaky eşekleri görüp haýran galdym. Bu nämekä? Ýa bu-da Hudaýnazar agaň yşaratlarynyň birimikä?

Öýe girsem iç işikde gapyň agzynda üsti-başy kir, ýüzi-gözi ýanyk bir garry otyr. Ony gören badyma tanadym. Bu ähli ýerde tanalýan Allaýar eşekçidi, Allaýar dälidi. Ol oba-oba aýlanyp, eşek satýardy, satyn alýardy. Onuň biziň öýümizde näme işi barka? Bir kemim dälidi. Salam berdim welin, ýaňky däli ýapyşyp ýatyr elimden, hem alkyş okaýar:

– Tüweleme, gowy maşgalaň bar eken. Meni gül ýaly eşikli edäýdi. Hudaýym, döwletiňiz mundanam beter artsyn.

Aýalym oňa meniň geýmeýän, könerägem bolsa, abat eşiklerimi beren eken. Däli görgüli muňa tüýs däli begenji bilen begenýärdi. Oňa çenli Akbibem aňyrdan geldi-de: «Hammama girde ýuwunaý, hem şo ýerde eşigiňi çalyş diýsem, edenok, görgüli» diýdi. Däliň elinden silkäge-de, ýerinden turuzdym-da, südenekledip howlymyzyň bir çetindäki hammama tarap alyp ugradym.

– Gözleýänim seň ýaly däli-dä. Ýuwun derrew şu taýda. Ynha, seret, şuny towlasaň, ýyly suw akar, muny towlasaň sowuk. Öz janyňa laýygyny et-de, gowuja ýuwun. Ýöne pişik ýuwnuşynam edäýmegin. Gapyny daşyňdan gulplajak bir sagatdan bärde açar öýtmegin. Egniňdäkilerem aýyr-da, hol beýläk goý, şularam geýersiň.

Däli görgüli eýle-beýle diýjek boldy-da soň çynymdygyny bilip, ýöne: «Bor, molla aga, bor, molla aga» diýip dur. Ýeli boşan böwen ýaly, boşadym. Gaharymy däli görgüliden çykardym. «Alyň aryny Ahmetden aldym». Süňňüm gowşady. Hudaýnazar aga-da ýuwaş-ýuwaş göz öňümden gitdi. Ýerime geçip süýndüm. Şo bada-da uka gidipdirin. Düýş görüpdirin. Ýogsa, köpden bäri düýşem göremokdym. Düýşümde Abdy molla, Hudaýnazar aga hem men eşek çapyşýas. Pellehanada-da eli baýdaklyja Albert dur. Allaýar dälem: «Duruň, edýäniňiz näme, meniň eşeklerimi horlamaň» diýip gygyrýar. Bir görsem, iň öňden Marlen eşegini saýgylap barýar. Oň nirden çykanyny näbleýin. Üstesine, onuň eşegi agsagam welin, bize ýetdirmän barýar. Şol barmana-da, eşegim büdräp ýykyldy. Menem eşegiň boýnundan öňe tarap zyňylyp gitdim. Meni saklajak bolup Hudaýnazar aga-da erbet ýykyldy. Hopugyp oýandym. Gözümi açsam, Akbibi yralap dur. «Gyýw, basyrganýaň, samraýaň» diýýär. Oýanan badyma namazym ýadyma düşdi. Sagady sorasam, ikindiň wagty giren eken. Otagymdan çyksam, eýwanda Allaýar däli otyr. Gören düýşüm ýadyma düşüp, tisginip gitdim.

Ýuwnup-ardynan Allaýar arassa eşikde hil bir adam bolup, ýyljak peje aýagyny uzadyp, çaý süzen bolup otyr. Görgüli meni görüp gobsundy-da: – Turduňmy, molla aga? – diýdi. Menem: – Şükür Hudaýa. Içiber çaýyňy arkaýyn, ynha, namazymy okap geljek – diýdim.

Dälinem däli edýän daş keşbi öýdýän, hil bir adam bolaýypdyr. Oglanlygymdan däli adamlardan gorksamam, olary synlamagy gowy görerdim. Olar bilen gürleşesim, däliň akylyny, onuň pikir edişini bilesim gelerdi. Obamyzda biri bardy, her ýyl ýaz çykanda akyly üýtgärdi. Onsoň ony dälihana äkiderdiler. Tomsam ýene öýüne dolanyp gelerdi. Daýawdy, bir eli meniň iki elim ýalydy. Onuň ullakan ýüzüni merdemsi görkezýän dodakman, ullakan agzy bardy. Ýylgyranda, iri hem bolsalar, owadan görünýän dişleri agzyny dolduryp durardy. Ol akyly üýtgejek bolanda öňünden özi: «Meni äkidiň, ugrum ýok» diýerdi. Ýöne gowy adamdy. Owadan motory bardy. Meni görse, motoryna mündürip aýlardy. Ikimiz dostduk. «Şu adam kakam bolan bolsa bolmaýamy» diýip göwün ýüwürderdim. Bir gezek däliligi ýaňy gozgajak bolanda öýlerine bardym. Näme üçin baranymy, o wagt näçe ýaşlarymdadygymy bilemok, öz-ä gaty kiçi däldim. On dört-on bäş ýaşlarymda bardyryn. Şonda, o pahyr, uly adam bilen salamlaşan ýaly, iki eli bilen salamlaşypdy, soňam sen-men ýok: «Bilýäňmi, Şammat, bu dünýede sag bolup ýaşanyňdan däli bolup ýaşanyň müň paý gowy. Ýöne sen muny hiç kime aýdaýmagyn. Aýtsaň, saňa-da däli diýerler» diýipdi. Gözleriniňem agy köpelip, peträp hanasyndan çykyp barýardy. Şonda o görgüli maňa ýene köp zatlar aýtjakdy welin, dogtarlar gelip alyp ötägitdiler-dä. Dogtor gördügi, görgüli, şeýle bir ýuwaşaýardy. Ýüzüniň merdemsiliginden dagy nam-nyşan galmaýardy. Edil çaga ýaly: «Bolýa, bolýa. Ukol etmeseňiz bolýa» diýer durardy. Oňa nebsim agyrardy, hiç kime bidirmän, aglardym. Garşysyna giden islendik zady ýykyp-ýumrup gidip biljek edermen sypatyny ýitirşine gynanardym. Kinoň gahrymanlary dagy onuň ýanynda ýasama bir zat bolup galaýýardy. Diňe uçgun syçraýan ýaly ýiti gözlerem ol artistleriň onusyna degýärdi.

Allaýar däliniň däliligi welin, başgady. Bu ejirli bendäň adam bilen işi ýokdy. Bu bir däli bolup, dälem däldi, sag bolup, sagam däldi. Bakjak bolsaň, mal gitmy? Goýun bak, sygyr bak, towşan baksa-da, ol sag adamlaň hataryna goşulardy. Ýöne bendäň bileni-biteni eşekdi. Gowy, daýaw eşeklerem bardy. Oba girdigi, çagalar topar-topar bolşup yzynda ylgaşardylar. Menem oglankam kän ylgandyryn, eşeklerini ürküzendirin, olary münendirin, çapandyryn. Bu däli hem edil obamyzdaky motorly gelip-gitmeli adam ýaly, çagalary gowy görýärdi. Ol: «Eşeklerimi horlamaň» diýen bolsa-da, biziň bilen deň böküşip ylgardy. Hemämiziňem adymyzy bilýärdi. Hä, sen pylanyň ogly, pylanyň ogly diýerdi. meniňem ejemiň adyny tutup: «Hä, sen pylan dogtoryň ogly. Ösüpsiň, ulalypsyň, tanar ýaly bolmansyň. Bahym meniň ýanymda ylgamaňy goýarsyň» diýerdi.

Çaýdan keýpini kökläp, gürrüňdeş gelerine garaşyp oturan Allaýaryň ýanyna bardym. Ol edil içimdäkini okap oturan ýaly, çagalygymy ýatlady. «Sen deň-duşlaryň arasynda iň kiçijegi hem iň süňňüne buýrýanydyň. Iň ýakymsyz eşeklerdenem ýykylmazdyň» diýip, güldi. Bäh, gülüşem üýtgemändir. Gaýnan kündük ýaly, lykyr-lykyr edip dur. Ýeri, bu adamyň niresi däli diýsene? Göwnüme gelenini dilime aldym:

– Allaýar aga, siz dälä meňzäňizog-a...

Allaýar aga gülküsinem kesmän jogap berdi:

– Aý, gowuja geýindirip, ýuwundyryberseň, dälä meňzejegem däl men.

Munuň degişmesine menem güldüm. Allaýaryň gülküsi başgarakdy. Ol gülmesini tapba kesýärdi-de, soň ýene elini salgap gülmäge başlaýardy. Munuň gülküsine birden-ä iniň tikenekleýärdi, birdenem goşulyşasyň gelýärdi. Edil onuň özi ýaly, arasyny kesip-kesip, hezil edip gülesiň gelýärdi.

– Bu dünýäni gülüp ýeňäýýäň öýdýän, Allaýar aga?

– Aý, muny gülübem ýeňmersiň, aglabam. Muny diňe ýaşan ýeňýändir.

Gülkim kesildi. Gözläp ýören bir zadymy tapan ýaly: «Nähili ýaşan?» diýenimi duýman galdym.

– Hydyr ata ýaly... Isa pygamber ýaly... Muhammet pygamber ýaly ýaşan – diýen Allaýaryň gözlerinde çyg göründi. Ol her ady tutanda esli durup, göwresine agram berip, hamala, olary ýüzbe-ýüz görýän ýaly bolup aýtdy welin, meniňem depäp düýrügiberdi.

– Bir bendäň barmagyna tiken çümse, ýaňky aýdanlarymyň barmagynda gan görner eken. Sadagasy gideýin olaryň. Muny başarmasaň, bu dünýäni ýeňjegem bolmagyn.

Allaýar eşekçiniň bu sözünden soň näme diýjegimi bilmedim. Beýle düşünje, munuň ýaly duýgy biz saglara ýatdy. Biriniň barmagyna tiken çümse, ony göreniň ýüreginiň awunmalydygyna akylym ýetýär. Ýöne bu akyl bilen başaryp bolýan zatmy? Gaýta munda akylyň zyýany bardyr. Belki, munuň üçin däli bolmak gerekdir.

Allaýar däli ullakan, kirli ýaglygy bilen ýüzüniň derini süpürdi-de:

– Oglum, Allaýary arassa eşik bilen, ýuwunduranyň bilen dälilikden açmarsyň. meniň bu keselim gaty aňyrdandyr – diýdi. Soňam ýassykdan dikelip özüniň däli bolşuny gürrüň bermäge başlady. Ol gürrüň berýärkä, kä aglaýardy, kä lykyrdap gülýärdi. Birdenem, çakgyň çüýi ýaly, içiňden geçip barýan ýiti gözlerini tiňkäme dikýärdi. Ol şeýle bir tiňkesini dikýärdi welin, sümülere deşik gözledip barýardy. Hernä, uzak seredip durmaýardy. Nazaryny sowup, ýene gürrüňini dowam edýärdi. Ýa-da ol dikanlap duran gözlerden ýaş paýrap gidýärdi.

– Muny hiç kime gürrüň bermändim. Gürrüň bermekçem däldim. Her göreniň «Ah-wah» edip maňa nebsi agyryjy seredenini islämok. Saňa welin gürrüň bereýin. Näme üçin gürrüň berýänimiň sebäbinem soňundan aýdaryn.

Biz – Allaýar bilen Hudaýýar ikimiz gumda oturýan baýyň iki ogludyk. Goýnumyzyň sany müňden geçýärdi, düýämiziň sanyny-ha bilmezdigem. Biziň adymyz, kakamyzyňam ady kolhozda çopan diýip ýazylýardy. Çopana berilýän aýlygynyňam daşyndan aýlyk töläp kolhozyň bir sürüsini başga birine bakdyrýardyk. Kakam ýylda bir-iki gezek başlygyň ýanyna bir düwünçek pul alyp, gidip-gelerdi. Onsoň biziň adymyzy tutup bilýän bolmazdy. Tarhandyk. Islän örimizde goýunlarymyzy bakardyk, islän guýymyzyň suwuny içerdik. O wagtlar öýeräýmeli oglandym. Ýigrimi-ýigrimi iki ýaşlarymdadym. Hudaýýar menden alty-edi ýaş kiçidi.

Bir gün biziň oturýan oýumyza dowul düşdi. «Bir uly başlyk geljekmiş» diýdiler. «Mallarymyz sanaljakmyş, adam başyna on ikiden artygy alynjakmyş» diýip tapdylar. Kakamam: «Siz bir janlyny soýuň, men o gelýän başlygyň öňünden çykaýyn» diýip, motoryny tarladyp gitdi. Menem bar zatdan doýgun, tärime arkamy berip ýatyrdym. Çopançylykdan bizar bolupdym. Aşgabada gitmänime iki-üç ýyla

geçendir. Biz baýlygy, puly şol emaldar başlyklar üçin ýygnaýan ýalydyk. Nämemiş, biz baýmyş. Baý bolmagam bolmaýamyş. Käşgä, malymyz haramdan ýygnanan bolsa. Şeýdip içimi hümledip ýatyrkam jigim geldi-de: – Janlyny öldürjek dälmi? – diýdi. Menem: – Özüň öldüräýsen-aý – diýdim. Hudaýýar ýaşyna görä bolanda-da bir janla güýji ýetmelidi welin, özi ejizdi. Onuň ýeke özüniň horlanjagyny bilsemem, içimden: «Aý, eti gatasyn. Haçana çenli muňa çaý gaýnatdyryp ýörjek. Erkek kişiň işinem etsin-dä» diýip, kömekleşmäge-de barmadym. Ol hyk-çok bilen, garaz, zordan janlyny soýupdyr. Ýöne gapyrgany aýyrjak bolanda çalaja elini kesdiripdir.

Kimiň göwnüne gelýä beýle-beýle zatlar. Beýle boljagyny bilsedim, tutuş ömrüme elini sowuk suwa urdurmazdym. Ýöne, nädeýin doňbagyrlyk etdim.

Allaýar gözýaşyny süpürip, ýene gürrüňini dowam etdi:

«Adamyň ýasalyşy şeýle, Adam atadan bäri gelýän düzgün bü – etjegimizi edip, soňundan gözýaş döküäs. Ynha, indi bütin ömrüme aglap gezýän, peýdasy näme?!».

Oturyp bilmedim: «Jigiňe näme boldy, Allaýar aga?» diýdim.

– Jigim-ä öldi. Bilmedik näme bolanyny, «Şol elini kesdiren ýerinden kesel geçipdir» diýdiler. Ýogsa, goýnam sagat goýun. Etinem iýdik, hiçimize zat bolmady. Jigim welin, bäş günem ýatmady. Öldi. Damarlary çekip, saňgaty bolup öldi. Aşgabatdan üç dogtar getirdik, peýdasy degmedi.

Şeýtdim-de, ýeke galyberdim. Göwnüme agyr gussa çökdi. Jigimi dirikä beýle gowy görýändirin öýtmeýärdim. Gitdi welin, dünýäm boşady galaýdy. Gaty kän agladym. Agymy diňdirip bilmediler. Kyrkyny sowduk, şonda-da açylmadym. Tiryek çekdirip gördüler, arak berip gördüler, bolmady. Bu zatlar hasam derdimi artdyrdy. Kakam görgüli meniň üçin dogtar baryny getirdi. Aşgabada äkitdi. Olaryňam peýdasy degmedi.

Ahyry bir gün jigim düýşüme girdi. Ak eşikde, gül-gülzarlykda uçup ýör. Daşynda owadan kebelekler. Günüň şöhlesine kebelekleriň ganatlary dürli öwüşgin atyp lowurdaýar. Menem yzynda: «Jigim, meni bagyşla, beýle bolar öýtmedim» diýip ylgaýan. Ol diýýäňmem diýenok. Eýläk-beýläk uçup ýör. Menem aşakda elimi serip ýalbaryp, ondan-oňa ylgaýan. Ahyry, jigim uçup barşyna, yzyna gaňryldy-da: «Bolýa, ýöne sen bütin ömrüňe sergezdanlyk edip, göreniň gapysynda gaşyňy çytman, ýatyp-tursaň, goýun ýerine-de, eşek bakyp geçirseň, bagyşlaýyn» diýdi. Tisginip oýansam, gijäň ýary. Güýz günleridi. Içeride ýatylýardy. Daşaryk çykdym. Ýyldyzlar patrak ýaly. Uçup ýören jigim görnäýjek ýaly, asmandan gözümi aýyrasym gelmeýärdi. Aý aýdyňdy. Aýyň ýagtysyna bar zat altyn çaýylan ýalydy. Çöl şeýle owadandy. Birden, eşegimiz erbet aňňyrdy. Onuň sesine tutuş oba öräýermikä öýtdüm. Emma ol eşegiňem daşyna altyn çaýylan ýalydy. O meni çagyrýardy. Bardym. Maňlaýyny sypaladym. Haýwan meni tanady. Eşek-eşek diýilýär welin, eşekde-de mähir bar eken. Onuň boýnundan gujakladym. «Äkit meni, jigime ýetir. Başyňa döneýin, şuny başarsaň, suw ýerine süýt bereýin» diýdim. Ony howlukman gaňňaladym. Soňam eşegimi münüp, obadan çykdym-da gidiberdim. Hamala, biri yzymdan itekleýän ýaly, biri ýola çagyrýan ýalydy. Öýden çykyp gidenimi hatda obaň itlerem duýmady.

Birbada kyn boldy. Bilmeýän-tanamaýan adamlarymyň gapysyna baryp: «Taňry myhmanyny alarmysyňyz?!» diýdim. Bäş-on sany eşegem topladym. Ömrümde dilegçilik edip adamyň gapysyndan barmadyk baýyň ogly halyma, kişi gapysynda

boýnumy burdum. Eşeklerimem üstüne. Öňümde goýlan nahary, garaz, aç bolamsoň, zordan bokurdagymdan geçirdim. Kir basdy, bitledim. Emma şonda-da, il gowy eken. Bir gezegem: «Git, gelme» diýip, döşümden iten bolmady. Her kim men günäliň arkasyndan sogap gözledi. Ine, şeýdip sergezdançylyk edip ýörenime-de otuz ýyldan geçendir.

Jigim, jigim, nowça jigim,
Ýakma meni munça, jigim,
Seni görsem haçan, jigim?
Haçan, jigim, haçan, jigim,
Menden ara açan jigim.

Allaýar gürrüňini gutardy. Ýöne mende oňa, sähelçe-de, nebsagyrjylyk duýgusy döremedi. Gaýta, onuň düşen gününe höwes etdim. Nätjek, bu duýgymy Allaýara aýdyp boljak däldi, göwni üçin, uludan dem alan boldum. Allaýaram birden hiç zat bolmadyk ýaly, çynlakaý görnüşe geçdi:

– Başymdan geçen-ä diňlediň, molla. Ýöne, garradygymça, bir zat horlaýar. meniň düýşüme giren, hakykatdanam, jigimmikä ýa-da al-arwah, şeýtan beýlekimikä?

Bu soraga birhili bolup gitdim. Däli görgüliň düýşüne giren biçäre jigisinden başga bir zatdyr diýen pikir kelläme-de gelmändi. Onda-da:

– Jigiňdir-le, Allaýar aga – diýen boldum. Allaýar oturan ýerinden hasam dikeldi. Onuň gözleri lowur-lowur ýanýardy:

– Ýok, mollam. Ýalňyşýaň. Menem başda oňa jigimdir öýdüpdirin. Ýöne jigim beýdip meni horlamaz. Ol käwagt goýna gatyrganyp sögünsemem halamazdy. Jigim ýaşanja on dört-on bäş ýylynyň içinde bir adamy ynjydyp, närazy eden ýa-da gaşyny çytanam däldir. Näme diýseň, «bolýar» diýer ýörerdi. Guzyň ýüňi ýaly ýumşakdy. Ol maňa beýle ejiri dözmez. Eger düýşüme girse-de: «Agam, özüňi nähak horlama!» diýip, göwünlik bererdi.

– Belki, göwünlik bersem, has beter örtener diýendir?

Allaýar aýdan bu pikirmem eden eken. Ol lykyr-lykyr edip däli gülküsini etmedik bolsa, «Hakykatdanam, sen däli däl» diýerdim. Eşekçi görgüli gülüp keýpden çykansoň: «Biziň pikir edişimiz deň çykýar-aý» diýip, ýene bir salym güldi. Soň, birdenem, uludan demini alyp:

– Eger seň diýşiň ýaly bolsa, onda ol bir-iki ýyldan soň ýene düýşüme girip: «Seni bagyşladym, agam. Bar, garry ejeme, gurbaty giden kakama seret» diýerdi. Menem hezil edip, eşeklerimi taşlap, obama, bir ogluny pile beren, bir ogluny ile beren garry kakamyň ýanyna, menden az aglamaýan biçäre ejemiň ýanyna dolanyp barardym. Olary ölmeziniň öňünde bir begendirerdim. Ýöne Hudaýýar soň bir gezegem düýşüme girmedi. Ejem-kakam ölüp gidipdir. Malymyz dargapdyr. Şonda-da jigim düýşüme girmedi. Gijäni söýdüm, ukyny söýdüm, düýşleri söýdüm. «Düýşüme jigim girsin» diýip, Ýaradana ýalbardym. Girmedi... – diýip, ýene gözüniň ýaşyny saklap bilmedi. Öňümdäki boş käsä buz bolan çaýymdan guýup, däli görgülä uzatdym. Allaýar çaýy içdi.

– Taňryýalkasyn, molla aga. Ýaşyň kiçi bolsa-da, «Aga» diýäýýän, göwnüňe almagyn.

Allaýar bükülen bilini ýene dikeltdi. Emma gözleri bu gezek lowurdamaýardy. Olar gussalydy, çuň gussalydy, däli gussasy bilen gussalydy. Beýle gussaly gözleri sag adamlaryň birinde-de görmändim.

– Indi senden etjek dilegim bar.

– Aýt, Allaýar aga. Seniň üçin elimden gelenini gaýgyrman.

– Şeý diýjegiňi bilip gelendir Allaýar. Eliňden geleniňi gaýgyrmajagyň çynyň bolsa, meni oka. Gaýrat et! Diňe sen diýip geldim.

– O nähili oka?

Çaga ýaly ýalbarýan Allaýaryň sesi hasam gamgyn eşidildi:

– Nähili okajagyňy özüň bil, oglum. Ýöne men däli däl, düýşüne aldanan akmak men. Dälini açyp bolýar, akmagy açmak dagy näme?! Ýa akmaklyk açylmaýan dertmikä? Sen gaýrat et, molla aga. Sen açarsyň. Bilýän. Senem açmasaň, men Allaýar däliligime ölüp gitmeli bolaryn.

Allaýara näme diýjegimi bilmedim. Aslynda, men öwlüýä aýlanmak, molla okatmak diýlen zada çigit ýalam ynanýan adam däl ahyryn. Ýöne bu dälämi, akmagamy muny nädip düşündireýin? Akmaklygy çyn bolsa, aldajak bolup bir göreýin. Ýalan köp zadyň açarydyr. Çyndan peýda ýok ýerinde ýalan ýetişýändir.

– Allaýar aga, okamaly bolsa, bilenjämi okaýaryn. Ýöne okuwdan bärde, dogtorlar bar. «Bendäm bendäme sebäp» diýýä.

Allaýar başyny ýaýkady:

– Men dogtora ynanamok. Ynanmanym üçin, olaň dermany maňa kär etmez.

– Öwlüýä daga aýlanyp görmediňmi?

– Sadagasy gideýin tümmekleň. Ýöne, göwnüme, olaňam aşakda öz derdi özlerine ýetik ýaly. Menem üstlerine dert bolasym gelenok. Onsoňam, bu eşeklerim bilen öwlüýä nädip aýlanaýyn?

– Sen eşekleriňi dagydaga-da, göwnüňe ýaran obalaň birinde bolubereňde nädýä?

Allaýar ýene lykyr-lykyr güldi.

– Sen geň molla-aýt. Sen şu gün meni Allaýar däli edip ýatyrjak-da, ertir Allaýar sag edip oýaraýjag-ow. Bu dilde aňsat, mollam.

Allaýaryň dälä mahsus mantygy maňa eýgerdenokdy. Hüjüm edibem bir göreýin.

– Allaýar aga, bir zat sorajak, dogryňy aýtsaň, saňa okuw täsir etjegini-etmejegini bilerin.

– Sora. Allaýardan henize çenli ýalan gep çykan däldir.

– Jigiň bagyşlanyny näme etjek? O saňa nämä gerek?

– Oňaraýdyň-ow. Şu dünýede hem o dünýede rahat ýatyp-turmak üçin gerek. Dagy näme üçin gerek bolsun?!

– Şu dünýedemi ýa-da o dünýede?

– Ikisinde-de welin, indi bu dünýede näme ömrümiz galdy, o dünýede rahatlyga ýetsegem, razy.

Allaýaryň o dünýe diýjegini bilýärdim. Şonuň üçin taýýarlap goýan soragymy gönüläp berdim:

– Beýle o dünýäň aladasyny edýän bolsaň, jigiňden öňürti, Allany razy etmäň aladasynda gezseň bolmaýamy?!

Allaýar doňan ýaly sakga durdy. Ondan hiç bir gymyldy-hereket bolmady. Onuň diňe gorkuly göreji göz okarasynda eýläk-beýläk at salýardy.

– Allany närazy etjek işi edýändirin-ä öýdemok. Toba estagfirullah. Jigimden aýrany üçinem Alladan närza däldirin. Jigimiň ýoklugyna kaýyl – ir-u-giç barymyz ölmeli. Oň öňündäki günämden, özümi günäkärlemeden halas bolup bilemok. Şo çaýyňdan ýene bir käse guýsana.

Uzadan käsämdäki çaýy owurtlap-owurtlap içýän Allaýar dälä göwnümdäkini aýtdym:

– Allaýar aga, Allany närazy etmejek bolýan bolsaň, namazyň näme, orazaň näme? Bulary etmelidirem-ä öýdeňok.

Allaýar ýene aglamaga başlady. Esli wagt köşeşip bilmedi. Ýaradylyşym ne myrtar – Allaýar eşekçinem, edil Hudaýnazar agany edişim ýaly, köşeşdiresim gelmeýärdi. Şonuň üçin köşeşdirere sözem tapamokdym. Gaýta, içimden: «Aglasyn, aglasa, ruhuna derman bolar» diýýän ýaly, onuň entegem aglanyny isleýärdim, hem ony agladyp bilenime buýsanýardym. Başga birini agladyp bilmegiň lezzetini duýýardym. Ýöne özüm welin, ruhuma derman bolsun diýip, Allaýara goşulşyp aglasym gelmeýärdi. Gülemokdymam, ýöne aglabam bilemokdym.

Ahyry Allaýar köşeşdi:

– Oglum, namaz okajak boldum, bolmady. Namaza dursam, süreleri ýadymdan çykarýan, olary ýadyma salsam, rekegat sanymy bulaşdyrýan. Käwagtam okasym gelýär. Ertir namazynyň parzyny iki rekagat däl, on iki rekagat, tä, sütünim süýnüp ýykylynçam okaýan. Garaz, däliň namazy bolýar. Onsoň, özüň ýaly bir mollaň ýanyna baryp, ýagdaýymy aýtdym welin, «Däli bilen çagadan sorag ýokdur, özüňi kösäbem ýörme» diýdi.

Däliden sorag ýokdugyny birinji gezek eşitdim. Dogrudanam, däliden nämäň hasabyny sorajak. Däli bilen çagaňkydan hezili ýok. Ýeri, dälilikden açylyp näme etjek diýsene?! Isleseň, özüňi öldürip bolşy ýaly, isleseň, däldiräbem bolýan bolsady.

– Allaýar aga, hany eliňi ber.

Allaýar aga elini uzatdy.

– Ýok, çepiňi berme, sag eliňi uzat.

Däliň eli gataňsydy. Röwşeniň eli ýaly çagaja guşy ýatladanokdy. Eliniň jaýryklary aýamyň hamyny, birhili, dyrçanaklaýardy. «Euzibillähimenetşeýtany-r-rejim, bismillähi-r-rahmany-r-rahym. Allahu lä ilähä huwel haýýul kaýýum...» diýip, bilýän sürelerimi gaýta-gaýta okadym. Okan aýatlarymyň ýeke sözüne düşünmesemem, düşünýänlerden boljak bolýardym. Bar yhlasym bilen Allaýary ynandyrmaga çalyşýardym. Allaýaryň eline titreme geldi. Ol titreme maňa-da geçýän ýaly boluberdi. Birdenem, durdum-da: «Allaýar aga meniň gözlerime seret!» diýdim. Özümem onuň gyzaran gözlerine ähli mährim bilen seretdim. O biçärä başgaça sereder ýaly hem däldi.

– Allaýar aga, men seň jigiň däl, ýöne seni jigiň ýaly gowy görýän. Elimden gelsedi, ömrüm ötýänçä saňa çoluk bolup gezerdim, eşek bakyşardym. Çaýyňy gaýnadyp bererdim, çöregiňi bişirerdim... Eşekleriňi seň gowy görüşiň ýaly gowy görerdim.

Gözlerimiň nädip ýaşaranyny özümem duýmadym. Ýogsa, şol howuzdan soň gözümde ýaş galandyr öýtmeýärdim. Elim Allaýaryňkydan beter titreýärdi. Ömrüme heniz beýle hala düşmändim.

– Bu dünýede seň ýaly adam ýokdur, bolaýsa-da, sanaýmalydyr. Jigiň razylygy üçin, sen ähli zatdan, eneden-atadan, maldan-baýlykdan geçip, dünýeden ýüz öwrüpsiň. Şu kiçijik obada-da näçe dogan doganyndan öýke-kine edip, aralaryna haýat saldyryp ýör. Biri beýlekisiniň ýasyna barmaýan doganlaram bar. Biz molla bolup, okap, açyp bilýän bolsak, şolary açmaly. Şol haýatlary ýykmaly, öýke-kineleri süpürip aýyrmaly.

Bogulyp barýardym. Howa ýetmeýän ýalydy. Ýöne aýdasym gelýärdi:

– Telim mollany gördüm, ýöne «Namazymy sütünim süýnip ýykylýançam okasym gelýär» diýeniň üstünden barmadym. Allany närazy etmekden seň gorkuşyň ýaly gorkýany görmedim. Sen meni oka, Allaýar! Menem bir adamlary gowy göreýin. meniňem adamlary gowy göresim gelýär. Seň jigiňi gowy görüşiň ondan biri ýaly, töweregimdäkileri... Ýok, şu dünýede ejemden ýakyn maňa hiç kim ýok, seň jigiňi gowy görüşiň ýaly, ejemi gowy görüp bilsemem, razy. Şony başarsamam, dünýäm düzelerdi... Bu dünýäde adamlary ýigrenip, olardan gaçyp ýaşamak kyn. Wagtal-wagtal ejeň ýüzüne-de: «Sen meniň hakyky kakamyň kimdigini gizleýäň. Mümkin, kakam sen sebäpli ölendir. Ýogsa, şu ýaşyňa çenli bir gülmän, ýüzüňi aşak salyp, müýnli ýaly gezmezdiň. Ýüregiňde daş bar, agyr daş bar...» diýen nazar bilen seretmesedim... Adamlary gowy görmäni, olara nebsiň agyrmany öwret...

Allaýaryň gataňsy aýasy gözýaşymy syldy. Ol yzyny üzmän: «Haý, däli mollam. Haý, meniň däli mollam» diýip gaýtalaýardy.

Birden özüme geldim. Bolup oturyşymy keseden synlan ýaly boldum. Allaýar sag-da, men dälidim. Tapba sesimi goýdum. Gözümi süpürip, ylgap daşaryk çykdym.

Allaýar şol gije ýatansoň, gün guşluk çagy öz ýoluna gitdi. Menem onuň bahymrak gidenini kem göremokdym. Allaýaryň öňünde ejizlänime utanjyma, ol gidinçä, öýden baş alyp çykyp gidiberesim geldi. Işlisirän bolup, ýanyna barmadym. Allaýaram däli bolsa-da, ýagdaýa düşgür eken – kän eglenmedi. Ol ýola düşmeziniň öň ýany hoşlaşyp durka:

– Sag bol, mollam. Ýüregimi giňeltdiň. Köp adama özümi dälilikden açdyrjak bolupdym, ýöne henize çenli maňa: «Däliligiň gowudyr» diýen bolmandy. Dogrudanam, dälilik bilen öwrenşibem gidipdirin. Indi maňa: «Bir ýerde oturymly ýaşa, öýli-işikli bol» diýseler, hakykatdanam, däliräýmegim mümkin – diýip, şol owadan gülküsi bilen güldi. Soňam: «Gaty garrasam, çoluk gerek bolsa, habar ýetirerin, seňem dermanyň sergezdanlyk bolaýmasa, taýyn bol-da oturber» diýip, degişmesiniň üstüni ýetirdi. Gülküsine görä ýylgyran bolup, Allaýary ugratdym.

– Ýoluň düşse, gelip dur.

– Gelerin, işalla, kirlämde gelerin. Sen hammamyň suwuny sowatma. Sag otur.

Allaýar gidensoň, erbet ýüregim gysdy. Öýüm boşan ýaly bolaýdy. Onuň yzyndan ýetip: «Ýene bäş-üç gün bol!» diýip, yzyna dolaýasym geldi. Güýmenje bolmazmyka diýip, gündeligimi başdan-aýaga okap çykdym. Gyzygypdyrynam. Ýöne ýa sögüşýän, ýa gorkýan, ýa özümi öldürjek bolýan, ýa möňňürip aglap otyryn – bir arkaýyn ýaşan günüm ýok ýaly. Emma hakykatda welin, bu wakalaryň, çaknyşyklaryň arasynda gaty köp parahat, asuda, dynç alyp, salkyn saýada özümden

hoşal bolan günlerim bardy. Olar galypdyr. Görüp otursam, boş günlerem boş geçmeýän eken. Olar bir giden boşluklary dolduryan, edil maşynyň ýagy ýaly bir zat eken. Şeýle günler bolmasa, ynsan sürtülmelerden, çaknyşmalardan ýaňa, bir wagt pelegiň çarhynyň arasynda döwülip, owranyp gitjek eken.

23-nji dekabr 198... ý.

Hudaýnazar agaň ýagdaýynyň agyrlaşandygy barada oba gürrüň ýaýrady. Ejeme onuň bilen bolan gürrüňi aýtmalydym. Aýtmasam, ganatlaryny kakyp, ýaraly guş ýaly urnup, bize garaşyp, ölüp bilmän ýatan garrynyň öňünde hemişe günäkär bolup galmagym mümkindi. Onuň näçe wagta çydajagy belli däldi. Emma ejemiň ýanyna barmaga-da aýagym çekenokdy. Ýarasyny täzeläsim gelenokdy.

Näme-de bolsa, şu egnimdäki ýükümi bir düşüreýin. Eje ejedir, oglunyň ýüküni agyr görmez. Edil oglanjyk ýaly, müýnli ädimläp, oturýan jaýyna bardym. Keçäň gyrasynda dyzymy epdim.

Gülli keçäniň o tarapynda bir dünýe, bäri tarapynda düýbünden başga dünýe otyrdy. Garşymda oturan şol meni legende suwa düşürip, saçymy sypalap ulaldan ejem däl ýalydy.

«Hudaýnazar aga-da öz gününi özi görsün, men-ä ejeme zat diýjek däl» diýip pikir edenim hem şoldy welin, özi ondan söz açdy oturberdi. Ejem keçäň gülüni dyrmalap: «Hudaýnazar aga-da, demini sanap ýatyrmyş diýýäler» diýdi. Baş atsamam, dilim tutulan ýaly bolup otyrdym. Gelenime puşman edýärdim, turup gidibermäňem ebeteýini tapamokdym. Ýene ejemiň özi dillendi:

«Hudaýnazar agaň şol atan töhmetinden köp wagtlap özüm utanyp gezipdim. Bir gezegem gözüne görünmedim. Seňem oňa görneniňi islemezdim. Ýöne indi molla bolduň, hudaýýoluda-beýlekide görüşmeli bolýansyň. Meni halamansoň, belki, senem jyny alýan däldir, ýa o zatlar ýadyndan çykyp gitdimikä?..»

Içen bir käse çaýymdanmy ýa-da ejemiň gürrüňindenmi, şagga derledim. «Eje, ol-a saňa: «Bagyşla, razy bol» diýjek bolup, diýip bilmän ýatyr» diýesim gelýärdi welin, bokurdagym dolup, teý, gürläp bilemokdym. Häzir ejemiň atylan töhmetden çeken azaryny gaýtadan çekýän ýalydym. Gürläýsem, möňňürip aglaýarlydym. Allaýar däliden soň, zol bokurdagym dolmany çykardy. Çola ýere, obaň gaýrasyna gidip, ýeke özüm aglap-aglap içimi sowadasym gelýärdi. Ýene ejem syr bermedi: «Akbibä: «Sygyry suwa ýak» diýipdim welin, ýakdymyka?» diýdi. Bu maňa «bar git» diýildigidi. Men turup gaýtdym.

Içki jaýa geçdim. Ýassygy gujaklap, ýüzin düşdüm. Sakgalym döşümiň aşagynda galyp, eňegimden aşak çekdi. Bäş-üç gyl gyrlyp, eňegimiň aşagy awap gitdi. Gaharyma, arkan düşdüm. Elimden gelsedi, sakgalymy goparyp zyňjakdym. Adam öňi-soňy öljegini bilýär, onsoň, nämä gerekkä beýdişip, birek-birege bitmejek ýara salyp, soňam ölüp bilmän ýatmak? Aslynda, Hudaýnazar agaň elinden näme gelipdir? Ýeri, ejem ikimizi şu obadan göçüräýende-de, başga bir obada ýaşardyk. Kim bilýär, biraz hor-homsy ýaşardyk. Kim bilýär, günümiziň has gowy bolmagam mümkin. Şonda-da näme üýtgärdi? Gaýta, dul aýala nebsi agyryp, ýetim çaga dözmezçilik eden bolsa, arkamyzy alyp, «Hany, entek göreliň. Kimiň kimdigi bahym tanadar» diýen bolsa, bu gün arkaýyn amanadyny tabşyrardy. «Kyýamat, kyýamat»

diýip ýatmazdy. Aslynda, adamyň elinden ahyretini gazanmakdan başga gelýän zat barmyka? Pejiň ýylysyna uklapdyryn. Şäherde okaýan döwrüm düýşüme giripdir:

Oba bilen şäher arasynda gatnaýan dyknyşyk awtobusda barýan. Goltugymda-da kitaplam. Gapyň agzyragynda dik durun. Öň ýanymda, edil aýagymyň düýbünde iki-üç halta kartoşka basylgy. Ol kartoşka bazara barýamy ýa-da geçmän, yzyna alnyp barylýamy, bilmedim. Her kimiň gahary şo haltalarda. Hamala, şolar bolmasa, awtobusyň içi giňişlik bolaýjak ýaly. Haltalaryň eýesem ak sakgally ýaşulymyş. Ýaşulynyň ýygyrt-ýygyrt gara-ört ýüzünde sakgaly hasam göze ilginç bolup görünýär. Haltalarynyň biriniň üstünde çöküp oturan garrynyň özem ýüküni her kimçe ýigrenýäne meňzeýär. Megerem, olary ýüklejek bolanda-da görgi baryny görendir. Howa-da yssy. Elinde-de Kur’an. Oýanyp ýatlaýan welin, düýş diýer ýaly däl. Hemme zat, hakykatdanam, hakykat. Ýöne awtobusyň içinde ýekeje-de ýat adam ýok. Diňe men däl, ähli kişi biri-birini tanaýar. Awtobusdakylaryň köp bölegem aýallar bolarly. Ýa ýasdan gelýärler, ýa toýdan, anyk saýgaryp bilemok. Ýanlaram kileň çagaly. Ekabyrrak çaga bolsa, ne ýagşy, suw ýaly bäbegine geýdirip bilenini geýdirip, goltuklap oturanlaram bar. Awtobus sähel ýöräp-ýöremänkä ýaňky bäbekleriň biri yssa, dymyk howa, maşynyň sesine çydaman, çyrlap başlady. Eje diýlenem ilki diňdirjek bolan  boldy, soňam gaharyna, berdi ýagyrnysyna. Öz ýagyrnyma şapbat degen ýaly boldy. Gartaşanrak aýallar: «Edýäniň näme?» diýip, gelniň elinden çagasyny aldylar. Görsem, ýaňky gelin öz aýalym Akbibi. Ol: «Şu gün, ýöne, şuň sesinden bizar bolaýdym» diýip, tosunjyrap, iň körpe oglumy garrylaryň birine berýär. Çaga garryň elinde-de duranok. Onuň sesi beýnimi iýip barýar. Her kim aldygyna derini süpürýär, ýüzüni ýelpän bolýar, elindäki gazetdir kagyzlaryny Günüň öňüne tutup kölegeledýäler. Şofýoram nebisjeň, ýolda el galdyranlaram, durup, mündürýär. Içindäkiler nätjegini bilenok welin, daşyndan ýene «süýşüşäýiň-dä bir azajyk, orta boş-a» diýşip, dykylyşyp münýärler. Münýäleňem barysy garyndaşymyzmyş. Haýran galýan. «Munça doganym, daýym, daýzam, gelnejem, doganoglanym... bardyr öýdemokdym» diýip içimden pikir edýän. Awtobusyň içindäkiler: «Boş ýer barmy? Şofýor nirä mündürjek how, munça adamy?» diýip, näçe gygyryşsalaram, ýene arkan süýşüşýärler. Şofýoram eşitmedik bolýar, oňa-da gazanç gerek. Awtobus säginende sesini peseldýän çaga-da, ugradygy ýene başlaýar. Aglaýanyň öz oglumdygyndanmy, sesi hasam ýakymsyz eşdilýär. Elim ýetsedi, «Goý, sesiňi» diýip, açyk penjireden daşaryk zyňyp goýberjekdim. Akbibem yzda. Oňa-da diýjegiňi diýip bolanok. Açyk penjireden daşaryk seretdim. Ýolda iňlär siňek ýokdy. Diňe guran çöpler, düz meýdan. Ýürege düşgünç görnüş. Awtobusyň penjiresinden howur urýar. Göwnüň şol penjireden daşaryk uçup gidibersem diýýär. Her kim birek-birekden bizar. Emma hiç kim, ne çaga, ne-de uly, hiç kim düşenok. Her kim tä barjak ýerlerine barýança, dişini gysýar. Baryljak bolunýan ýere-de ýeter ýerde ýetilenok. Ahyry ýaňky ak sakgal garry ýerinden turdy-da: «Düşýäniňizem bolsun-a maşyndan, ýöne münüp gidip otyrsyňyz» diýip gygyrdy. Aýallar muňa gülüşdiler-de: «Aýdýanyň näme, çaşan garry?! Biziň barymyz garyndaş ahyryn. Biri-birimizden aýrylyp, nirä düşeli?» diýdiler. Garry ýene başyny tutup, kartoşkasynyň üstüne çökdi.

– Çagany bir diňdiräýiň, bolmasa...

– Ulalsa, özi diňer.

Garryny tanadym. Ýogsa, ony ömrümde bir gezegem görmändim. Nädip göreýin, ol kakamyň kakasynyň kakasam dogulmanka dünýeden ötüp giden adam ahyryn. Ol ýedi arkamyzyň aňyrsy, tirämiziň başyny başlan Ak aga diýilýändi. Biziň tirämiziň ady-da Aklarmyş.

– Çaga ulalýança şu awtobusdan düşmän gitmelimi? Men okuwa gijä galýan – diýip gygyrdym. Maşynyň gapysyna tarap dyzadym. Emma bir garyşam öňe süýşüp bilmedim. meniň sesime-de aýallar gülüşdiler. Näme üçindir, awtobusyň içinde hezil edip barýanlar aýallardy. Olar çagaň agysyna-da, erkekleriň gykylygyna-da öwrenşip gidipdirler. Ýene gygyrdym. Birden, öz gykylygyma tisginip oýandym. Gözümi açsam, gara der bolupdyryn. Oýananym bilen Ak aga diýýänim göz öňüme geldi. Ony has açyk görjek boldugymça, Hudaýnazar aga meňzäp barýardy. Awtobusdaky garyndaşlarymyň biriniň ýüzünem ýatlap bilmedim. Soň Ak diýilýän hakynda ejemden soradym. Ejem «Ýok, men-ä Ak aga diýip senden eşidýän» diýdi. Biziň tirämiz pylanylardyram diýmedi. Mümkin, ol öz tiresini aýtjagyny ýa-da kakamyň tiresini aýtjagyny bilen däldir. Tire kakadan yzarlanýar ahyryn. Aý, gümüne gitsin-le. Arak içesim gelýär. Şeýle bir içesim gelýär. Islegim şeýle güýçli bolandanmy, nämemi, saklanyp bilmejegimi anyk duýdum. Bu gün bolmasa ertir, ahyr bir gün arakdan doýaryn. Öli ýaly ýatyp, ahyry ukymy alaryn. Soňam hiç zat bolmadyk ýaly, «Allahu Ekber» diýip zowladyp, namaza durjagymam göz öňüme geldi. Zowlatjakdygymam anyk belli. Çünki indi maňa namazy taşlamak ýok. Albert bilen namazdan maňa dynma ýok. Öz rahatlygym üçin olaryň ikisinden birini saýlamalydym, emma ikisinem saýlasym gelenokdy. Ýüregim üçünji bir zady gözleýän ýalydy. Ýöne ýalydy, hakykatda welin, hiç zadam gözlämok. Çünki gözlemek üçin näme ýitireniňi bilmeli. Men ne ýitirenimi bilýän, ne-de tapanymy.

10-njy ýanwar 198... ý.

Agzyma arak almanyma tas bir ýyl töweregi bolupdyr. Bu düzgünli-tertipli durmuş basmarlap barýar. Özümi birhili ýürekgysgynç duýýan. Oýun bilen başlan pişäm çyna ýazdy. Daşyna kagyz dolap arak alyp barýanlary görsem, birhili, erbet görüp, halaman başladym. Bu oňlulygyň alamaty däl. Alberte: «Çola jaý tapyp ber, bir-iki gün namazdan dynç alaýyn» diýäýsem näderkä? Irden öýden çykamda Akbibä: «Agşam gelmerin, öwrenjek zatlam bar» diýäge-de, çykyp gitsem. Ol görgüli din öwrenjekdir öýdüp «bor» diýip galar.

Albert bolsa islegimi geň görer. Men kino gören ýaly, hyýalymda Albertiň ýanyna baryşymy görýärdim. Albert eýýäm: «Beýle zat biziň planymyzda ýokdy, ýöne siz bir sagatdan şu ýerik geliň, men size mümkinçiligimiziň baryny-ýoguny aýdaýyn» diýip gider. Menem garaşaryn. Bir sagatlap garaşmak näçe agyr degse-de, garaşaryn. Öz-özüme «Sakgalymy sallap bolup ýörşümi» diýip, näçe utandyrsamam, gaýdyberip bilmerin. Gaýtjagam bolsam, «Alberte garaşaýyn, «gerek däl» diýip aýdaýyn» diýen ýaly bahanalar tapan bolaryn. Ýogsa, gözümem ýetip durandyr, Albert «bolýa» diýse, «ýok» diýip bilmejegime. Diýşim ýalam bolar. Ol meni yzyna tirkäp alyp gider. Albert ýagdaýa düşünýän adamdyr, ýolda-da ýalandan-çyndan hiç zat diýmez. Baran ýerimizde eýýäm iýer-içer ýaly zatlardan taýýar edilip goýlandyr. Elbetde o ýerde hiç kim ýokdur. Albert hojaýynsyrap, derrew arak guýuşdyrar. Häzir

tost aýdyp, bar keýpi bozar öýdersiň welin, zaňňar, düşüşdir, «Saglyk bolsun» diýerde, çala çakyşdyryp ýelmäp goýbär. Menem yzyndan götererin.

Edil çyn ýaly göz öňüme getirmäge ökde ekenim-aý. Agzymam ajap gitdi. Arak aňrymam ýakyp, yzarlap barýan ýaly boldy. Gel, yzyny dowam edeli, muň soňy nähili bolarka?

Hawa, Albert bir-iki gezek göterensoň, meni ýeke goýup gitmeziniň öň ýanynda gümmi-sümmüräk edip, gyz-gelnem agzar. «Oň ýaly zat boljak bolsa, menem seň bilen häzir gitjek» diýip dyzan bolaryn. Dogrusy, çykyp-gitsem gidäýerinem. Gidäýerinem däl, hakykatdanam, giderin. Kes-kelläm razy däldigime göz ýetiren Albert köşeşdirip, gidemde açary nirede goýmaldygymy aýdyp çykyp gider. Boldyda. Onsoň, ýeke özüň tä ýykylýançaň iç-de ýat. Öz-özüň bilen gürleşip: «Aragyň şol öňküje tagam-aý. Baran ýerini edil gülledip barýar» diýen bolarsyň. Krowadyň gyrasynda ýörite sport eşiginem epläp goýandyrlar. Onsuz bolmaz-a. Ony geýerin. Sport eşige sakgalam, baý, gelşer-aý. Ýöne aýnaň öňüne barasyň gelmez. Garaz, ş.m.-ler. Ýöne...

Ýöne göz öňüne getirýän dynç alyşym isleýänimi berenokdy. Ýeke özüm içýänimdenmi, hiç keýp alyp oturyşymy göz öňüne getirip bilemok. Gaýta, her bulgurdan soň utanjyň artar. Ýogsa, kimden utanýanyňa-da düşünmersiň.

Aş saýlaýan aýal ýaly, ýüregim bir zat isleýär. Nämedigini bilemok. Kelläm ýarylyp barýar. Agşam namazymy okadym welin, nähili okanymy bilmedim. Kellämi seždä goýamda batly urup maňlaýymy ýaraýasym geldi. Gowusy, ýataýyn.

13-nji mart 198... ý.

Nirä barsam damak gan gözüme görünýär. Öýde naharymy zordan iýýän. Gijelerine daş çykmaga gorkýan. Daş çykmajak bolup, agşamdan soň çaý içmämi goýdum.

14-nji mart 198... ý.

Gündeligim, sen-ä indi maňa belet bolarça bolansyň, ýöne özüm welin özümi tanamok. Öten aşam ýene bir geň düýş görüpdirin.

Uly bazar. Bazaryň gyrasynda-da geň sypatly biri. Öz-ä bir horja, egninde-de köneje eşigi. Ol her geçeniňem alkymyna dykylyp barýar, mümkin hyzmatyny hödürleýändir-dä. Her kim oňa: «Özümiňkini nätjegimi bilemok» diýýä-de, deňinden geçiberýär. Käbiri-hä: «Bar, göläňe dogra» diýibem azgyrylýar. Her kimiň derdi özüne ýetik, her kim ondan elli bizar. Ahyry ol ýoluň gyrasyna geçip, aglamaga oturdy. Oňa nebsim agyrdy. Näçe gündir, içinden ýyly geçene meňzänok, bolmanda, göwünlik bererin diýen niýet bilen, ýanyna bardym. Garnynam doýursam, doýuraýaryn diýip pikir etdim. Başyny sypalap: «Näme beýle gözüňden boýur-boýur ýaş dökýäň? Näme derdiň bar?» diýdim. Ol elini salgady-da, hynçgyryp-hynçgyryp, agyň arasyndan: «Sen, geçiber. Saglar menden bizar, däli meni başyna ýapsynmy?» diýdi. Onuň maňa «däli» diýmesini birbada geň görsemem, içimden «Şunuň diýýäniniň jany bar-aý, özümiň sag däldigim-ä bilýän» diýip pikir etdim.

– Beý, diýme-how, dälide-de göwün bar. Men-ä saňa dözmän geldim. Saňa kim diýerler?

Ol başyny galdyrdy. Bäh, onuň gözleriniň şeýle çuňdan mähirlidigini.

– Men Akyl. Iň köp hem iň gyt, iň halanmaýan, hem iň gözlenýän zat men.

– Şondanmy akylyň köp-de, akyllyň azlygy?

Bu sowalyma Akyl görgüli başyny aşak egäýdi.

– Hany, diňsene, seň Akyllygyň nire, beýdip ejizläp durmaň nire? Akylam bir «akmak meni almady» diýip aglarmy?! Bu bir tebigy zat ahyry. Seniň Akyl bolup, şuňa düşünmeýşiňe men haýran.

Akyl çuň gözleri bilen maňa ýürekdeş garady:

– Ýalňyz galdym. Her kim meni süňk duşmanydyr öýdýär. Näçe akmak bolsaň, nadan bolsaň, şonça-da bu dünýede ýaşamak aňsat diýen düşünjä uýýarlar.

Meniň bolsa diňe ony köşeşdiresim, azajygam bolsa, derdini ýeňledesim gelýärdi. Ol birden-birden Allaýar aga-da meňzäp gidýärdi. Ýüregimi giň tutansyran bolup:

– Dagy näme ýalanmy? Akmaklykdan geçip, meniň ýaly däli bolsaň dagy, hasam hezil – diýip gülen boldum.

– Seň bu gürrüňiň «Kör bolsaň, hezil, seni idekleýäler, barjak ýeriňe äkidip getirýäler, iýjegiňi bişirip öňüňde goýýalar, hatda köçedenem geçirip goýberýärler» diýen ýaly bolýar. Emma: «Gel, beýle hezil bolsa, gözüňi oýaýyn» diýseň, bir kişem etmez.

– Gözlüligiň nämedigini köre düşündirersiň, ýöne akylyň nämedigini akmaga nädip düşündirjek?

Nädersiň Akyl bu sowalyma jogap tapyp bilmän, başyny aşak sallap duruberse. Däliň akyldan döwi güýçli diýildigi şu bolýandyr-da. Ýöne, dogrymy aýtsam, bu «ýeňşimden» hoşal-a bolmadym. Ýene akyla nebsim agyrdy.

Şol wagtam aňyrdan goşarlary tüýlek, kelteräge-de dolmuş bir pyýada geldi-de, ýaňky biçäräň berdi eňeginiň aşagyna. Görgüli ýere ýazylyp gitdi. Dälem bolsam, meniňem tas ýüregim ýarylypdy. Ejiz biçäre ýene dikeldi. Dikeleni bilen, ýaňky doňýürek paýyş sögüp, ony ýene-de urdy. Akylyň agzy-burny gara-gan boldy. Akylyň sary giden köneje köýnegi ganyna boýaldy. Ol şonda-da ýene dikeldi.

Men durup bilmedim. Akyly bu ýyrtyjynyň elinden aldym.

– Sen kim-how, munda näme kastyň bar?

– Meni tanaňokmy, maňa nadanlyk diýerler.

Içimden: «Bolasy, ýüzi tanyş göründi-le» diýip oýlananymdan, ol sapançasyny çykaryp, ikimizem oka tutup başlady. Tisginip oýandym. Agzym gurap, gara dere batyp gidipdirin.

29-njy mart 198... ý.

Gündeligimi elime almanyma, dogrusy, alyp bilmänime ýarym aý geçipdir. Şu ýarym aýyň içinde başymdan geçenleri ýadyma düşüşine görä ýazaýyn.

Şo gezek 15-i güni howa diýseň gowudy. Ähli zat hereketdedi. Hatda ýerden çykan mör-möjekleriňem aýak sesleri eşdilýän ýalydy. Ikindi namazynyň öň ýanydy. Men döşümi ýassyga berip, Albertiň beren kitapçasyndan Mansur Hallaç barada okap ýatyrdym. Şu wagtam şonda okan rowaýatymy ýatlasam, inim jümşüldäp gidýär. Garaz, Mansury dar agajynyň aşagyna eltýäler. Aşakdan millet oňa daş zyňýar. Şol wagt, daşlar bilen birlikde, ýekeje gyrmyzy bägülem Mansura degýär. Megerem, ony

zyňan söwer dosty Ymam Şibli... Mansur gül bedenine degende iňleýär. Onuň ýanyndaky jellat soraýar:

– Mansur ýumruk ýaly daşlara sarsmaýardyň, gül degende näme iňlediň?

– Halymdan habarsyzlaryň atan daşy hiç zat, ýöne halymdan habarlynyň güli ynjytdy...

Mansuryň jogabyny okap ýüregim jigläp gitdi. Hamala, şol gül maňa-da degen ýaly, bütin bedenim syzlady. Kitaby goýup, ikinidimi okamak üçin täret kylmaga çykdym. Akbibi öňümden ýyljyraklap çykyp

– Ejeň täret suwuňy ýylydyp goýupdyr – diýdi. Süňňüm gowşap gitdi. Ejemiň ahyry meniň bolup ýörşümi makullajak gününiň geljegini bilýärdim. Ol günden haçandan bäri gorkýardym. Uly il meni mollasy edinse-de, ejemiň muňa razy bolanyny islemeýärdim. Ýogsa, suw ýylydyp oturmagyň geregem ýokdy. Muňa-da Akbibi görgüli şeýle bir begenýär. Mylaýym täret suwy, meniň üçin welin, dowzahyň odundanam howurly. Men ejesinem aldadyp bilen iki ýüzlüdim. Iň aýylganjam, ol howur, ol ýalyn endamyma degende, gygyryp bolanokdy, çabalanyp, kömege-de çagyryp bilemokdym. Dowzahda-da, megerem, adam şeýle ýanýandyr. O taýda kimi kömege çagyrjak?!

Niçigem bolsa, namazlygyň başyna geçdim. Namaz okap otyrkam göz öňüme ejemiň täret suwumy ýylydyşy, o suwa täret kylyşym, Akbibiň begenşi geldi. Birdenem, Mansuryň gana boýalan bedenine degen gyrmyzy bägül gözüme aýyl-saýyl görnüp gitdi. Agym tutdy. Teý, özümi saklap bilmedim. Namazlygyň başynda Alla däl, ejeme ýalbarýardym, oňa: «Bagyşla, günämi öt!» diýýärdim. Ejem bagyşlasa, Alla meni bagyşlar. Ejemden utansam, Alladan utandygym. Ýöne aglan bolmagym utandygym däldi. Muny agy bilen däl, belki, gan bilen... Mansuryň gany bilen...

Göz öňüme ýogyn ýüp geldi. Özümiň ol ýüpüň ujynda asylyp durşumy gördüm. Depe saçym düýrügip gitdi. Emma haýsydyr bir güýç ýeňsämden itekleýärdi. «Indi dogry pikire geldiň. Muny başarsaň, ejeň seni bagyşlar. Ýüp saman kümede külterlengi dur. Bar, özüňi Albert belasyndan, ýasama namaz okamak derdinden, iki ýüzlülikden halas et. Ýaşap, ýaşamany-ha oňarmadyň. Ölmäni bir oňar. Nokadyny goý-da, dyn» diýýär. Nädip namazymy taşlap, turup gidenimi bilemok. Ýüp, hakykatdanam, aýdylan ýerde, külterlengi duran eken. Ony kümäň pürsünden daňanymy bilýän. Aýagymyň aşagy damak gan bolup göründi. Damak gany depdim. Hapa gan aýagyma çyrşaldy. Depirjekledim. Goýy gara gan özüne sorup barýardy. Ahyry ol meni ýuwutdy. Gözüm garaňkyrady...

Birdenem, özüme geldim. Ümür-dumanyň içinde töweregimi saýgaryp bilmedim. Kellämde erbet agyry bardy. Kelleçanagym ýarylyp barýardy. Howadan doýamokdym. Şol wagt maňa dem almakdan başga hiç zat gerek däldi. Demimiň her gelip-gitmesi, dag howasyndan dem alýan ýaly, janyma şypa berýärdi. Ýene-de gözüm garaňkyrap, özümden gitdim.

Ikinji gezek özüme gelemde töweregimi has aýyl-saýyl gördüm. Meni hassahana getiripdirler. Burnumda kislorod, ýanymda ak halatly ejem otyr. Kelläm welin, öňküsindenem beter agyrýar. Dilim çişipdir, agzyma syganok.

Ejemiň göz okarasy ýaşdan doly gözlerine gözüm kaklyşdy. Gözümi sowup bilmedim. Ol elimden tutup otyrdy. Ejemiň çuň gussaly gözleriniň näme diýenini,

ejiz nazarymyň näme jogap berenini ýazyp, düşündirip bilemok. Edil Mylly agaň «Humaralasynyň» ýüregiňde oýarýan duýgularyny düşündirip bolmaýşy ýaly. Biz uzaga çeken gysga salymyň içinde tükeniksiz hem agyr «gürleşdik». Ahyry ejem dillendi:

– Ýatyber, oglum, ýatyber. Özüňi horlama.

Gözlerim ýumuldy. Ondan syrygan ýaşy süpürmäge ysgynym, kellämi sowmaga-da halym ýokdy. Ejem özüniň gözýaşyndan öl bolan aýasy bilen gözümden syrygan ýaşy syldy. Biziň gözýaşlarymyz garylyp gitdi.

Ejemiň: «Ýatyber, oglum, ýatyber. Özüňi horlama» diýmesi çagalygymy göz öňüme getirdi. Meger, bäş ýaşlarymdadym. Erbet gyzdyrdym. Gyzamyk çykaran bolmagymam mümkin. Şonda gije gapymyz şakyrdap açylyp, kellesi jaýymyzyň depesine ýetip duran, mähnet, ýüzüni tüý basyp giden bir adam ýuwaşja ýöräp, ejem bilen ýatan ýerimize tarap gelýärdi. Ýany bilenem ýük maşynyň biçak ullakan tigiri üstüme tigirlenip basyp barýardy. Zordan: – Eje, gelýä, gelýä – diýip bilýärdim. Şonda-da ejem: «Ýatyber, oglum, ýatyber» diýipdi. Ejemiň sesi eşdilenden ýaňky gorkunç zatlar ýitirim bolup gidýärdi. Gapymyzyň içinden ildirilýän kilti bardy. Her gezek gapyny açyp-ýapaňda şol kilt gapa degip şakyrdaýardy. Ol gorkunç zatlar gelende-de gapymyz şakyrdady. Şol tanyş şakyrdyny gaty aýan eşidýärdim. Üstüme gelýän adamy şeýle aýyl-saýyl görýärdim. Ejemiň ony görmeýşine, gapyň şakyrdysyny eşitmeýşine haýran galýardym. Sesini çykarman ýuwaşjadan ýöräp gelýän gorkunç adamy ejeme görkezjek bolýardym. Dilim zordan: «Eje, gelýä, gelýä...» diýýärdi. Gözümi onuň gelýän tarapyndan aýryp bilmeýärdim... Ejem ýene: «Ýatyber, oglum, ýatyber. Hiç zat ýok. Hiç kim gelenok» diýip, başymy sypalaýardy welin, ol adam ýanyndaky mähnet tigri bilen ýitip gidýärdi. Uzak gijämi şeýdip samrap: «Gelýä, gelýä» diýip geçiripdim.

Kelläm... Kelläm agyrýar. Maňa näme boldy?

Birdenem, göz öňümde ýüp göründi. Bu biziň sygyr örkleýän ýüpümiz. Kümämiziň üstüne atylan pürsler... Damak gan... Ähli edenlerim iň kiçijik zatlara çenli ýeke-eke hakydamda janlanyp başlady. Kyýamat güni bütin ömrüň saňa, edil kino ýaly, gaýtadan görkeziler diýilýänem şunuň ýaly bir zatmyka? Beýle «kinony» göresim gelenokdy. Emma kinozalyň oturgyçlaryna daňlan tomaşaçy ýalydym. Ne bir «kinony» duruzyp bilýärdim, ne-de seretmän.

Men aýagymyň aşagyna dört sany pomidor çelegini howlukman ýeke-eke goýýan. Olaryň rahat durmagy üçin iň aşakyň gaýra burçuna bir bölejik şalman gysdyrýan. Olary basyşdyryp, yrgyldadyp biri-birleriniň üstünde berk duruşlaryny barlap görýän. Seresaplyk bilen ýokaryk çykýan. Çelekleriň tagtasy agramyma döwülmez ýaly, gyralaryna basýan. Ýüpüň bir ujuny pürsden geçirip daňýan. Honha, pürsüň garaňky burçunda bir möý kerep edinipdir. Ol menden gaçyp, kerebiniň aňry başyna gitdi. Ýüpüň beýleki ujyny öň halka edip goýupdyryn. Muny haçan taýýarlap goýanymy bilemok. Ony boýnumdan geçirenimden soň, biygtyýar, töweregime göz aýlaýan. Honha, Akbibiň pili, iki sany kätmen... Kartoşkalar indi täze ýyl kätmenlener. Täze ýyl. Bir gün däl, iki gün däl – tutuş ýyl. Soň ýene telimsi... Ýyllaryň köplügi meni basyp, mynjyradyp barýar. Birdenem, çelekler çaýkanan ýaly boldy. Aýagymyň aşagyna seretdim. Olar damak ganyň içinde ýüzüp ýörler. Gan

köpelýär... Olar aýagyma ýetdi. Damak gany depdim. Hapa gan aýagyma ýelmeşdi. Ýüp dartyldy. Depirjikledim...

Ýene özümden gitdim.

Üçünji gezek özüme gelemde kellämiň agyrysynyň ýeňlänini duýdum. Burnum kislorodly. El-aýagymda ysgyn ýok. Bir ýaş gyz damarymdan suwuklyk goýbermek üçin iňňesini sançýar. Ak ýektaýly ejemiň şol elimden tutup oturyşy. Daşardan serçeleriň sesi gulagyma geldi. Ömrümde beýle ýakymly sazy eşiden däldirin. Diri galanyma begenç duýgusy ýüregimi gurşady. Ol begenç meni ýyladýardy. Gözüme ilýän her bir zat – hatda diwaryň keseginiň gopanja ýerem şeýle eziz, ýakymly görünýärdi. Soň ejemiň «Allaha şükür ýüreginiň uruşy gowulanýar» diýenine düşündim. Ejemiň yzy bilen içimden: «Allaha şükür» diýip gaýtalanymy duýman galdym. Şeýle bir ýaşasym gelýär. Burnumdan gelip gidýän demime, gulagyma gelýän owazlara... ähli zada şükür edýän. Birinji gezek diriligiň şeýle gowy zat ekenligini duýdum. Alla bolsadym, ähli adamlary bir öldürip, soň direlderdim...

Birdenem, erbet der basdy. Iň aýyp görülýän erbet bir işi edip durka tutulan adam ýaly, tutuş göwräm bilen utandym. Hatda jaýyň ýagtysyndanam özümi gizläsim gelýärdi. «Jaýy garaňkyradyň» diýsem, şol bada diýenimiň ediljegine kelläm işledi. Ýöne şu bolup ýatyşyňa ýene bir zatlar ediň diýmek, bu bihaýalygyň aňry başydy. Ýeri ýagtydan gaçdyň, garaňkyny nätjek?! Dirilikden gaçdyň, ölümi nätjek?!

Gözlerimiň nädip öz-özünden ýumulanyny duýman galdym. Birinji gezek ölmändigime gynandym. Bar zat dowam etjekdi. Hiç zat täzeden başlajak däldi. Men bolsa nokady isleýärdim. Täzeden baş harp bilen, täze sözlem düzesim gelýärdi. Alladanam öňe düşüp, senden hasap soramaga howlugýan adamlaryň arasynda täzeden ýaşamak mümkin däldi. Näme üçin ölmedim? Ýogsa, ölmek üçin şunça taýýarlyk gördüm ahyryn. Ony, hakykatdanam, isledim. Ony çagyrmaga güýjüm ýetdi. Ajalym, näme üçin gelmediň? meniň bigaýratlygym azmy, sen bir bigaýratlamaly däl ekeniň-ä! Bigaýradyň ajalam bigaýratdyr, namardyň neneň mert ölümi bolsun?! Ýa ajal diňe gaçýanlary kowalap tutýamyka? Kellämde erbet agyry duýdum. Iňledim. Ejem ýene-de: «Ýatyber, oglum, ýatyber» diýdi. Agyr gabaklarym ýene ýumuldy...

Näçe wagt geçenini bilemok, gözümi açsam, ýanymda Akbibi otyr. Ol oturgyçda oturyşyna kellesini diwara diräp uklapdyr. Megerem, daňa golaý bolsa gerek. Munuň şeýledigini bildirýän hiç zat ýokdy. Ne horazyň, ne-de maşynlaryň sesi gelýärdi. Penjireden Aýyň ýagtysam düşenokdy. Burnumdan kislorody aýrypdyrlar. Çalaja açyk gapydan dermanyň ysy gatyşyk howa gelýärdi. Ýerimden turasym, penjiräni açasym, daşaryny, gijäni synlasym geldi. Ýyldyzlary, dolan Aýy göresim geldi. Dünýä täzeden salam beresim geldi. Sähelçe gün mundan öň iteklän dünýämi, ýüzüne tüýküren dünýämi gujaklasym geldi. Bu bihaýalykdy. Dünýeden utandym. Diriligimden utandym. Akbibiň birahat ukusyndan utandym. Döşümi tutup duran çal sakgalymdan utandym. Emma garaňky penjireden dünýe maňa: «Aýby ýok, bolýan zat. Gel. Gel, salamlaşaly. Diri galanyňa bile begeneli» diýýän ýalydy. Özüme zor salyp, ýerimden turjak boldum. Bolmady. Ysgynym ýokdy. Çala elimi gymyldadyp bildim. Ýöne el-aýagyma, tutuş göwräme gurp gelýänini syzýardym. Bahym bu aýaklaryma güýç geler. Olar meni penjiräň öňüne, dünýe bilen görüşmäge elterler. Olar muny söz berýän ýalydy. Ýüregimde aýaklaryma minnetdarlyk duýgusy döredi.

Dirilik gaty gowy zatdy. Muny diňe ölümiň bäri ýanyndan gaýdanlar biler. Hatda utanjy bilenem gowudy.

Goltugyma girip, daş çykaryp ugradylar. Hassahanada ýatasym gelmedi. Muňa sebäp bolanam Abdy molla boldy. Ol meni soramaga geldi. Dürli-dümen, miwe baryny alyp gelipdir. Halymy soraýar. «Gerek zadyň barmy?» diýýär, emma gözleri welin, gülýärdi. Diňe gözi däl, ernem ýyrşaryp gidýän ýalydy. Bilmedim, ýa özüm onuň gelmegini halamamsoň şeýle gördümmi. Saky-saky edip gürrüň baryny aýtdy. Hudaýnazar agaňam ýagşylaşanyny aýdanda: «Aý, ol bizi öldürmän, ölerli däl, tüweleme» diýdi welin, nädip ýere seredenimi, gyzaryp gidenimi duýman galdym. Hawa, ol şonda ýyrşaran ýaly etdi. Garaz, on bäş-ýigrimi minut oturdy welin, edil aýlap depämde oturan ýaly boldy. Belki, ol indi, ernini syrtardyp, aýlap däl, ençeme ýyllap depämde oturar, kim bilýär. Abdy aga turup gitmeziniň öň ýanynda: «Beýle habary eşdip, gaty erbet boldum. Öz-özüme: «Şamyrat ölüp ötägiden bolsa, näderdiň?» diýenimi duýman galdym. Seň keşbiň hakydamdan aýrylmady» diýdi. Soňam çyny bilen: «Adam-da, göwne-de degişiläýýä-dä» diýip, ýere bakdy. Onuň ýüreginden syzdyryp ötünç soramasy meni, oda tutulan ýaly, eretdi. Hatda jogabam berip bilmedim. Turup hoşlaşanda-da ýüzüne seredip bilmedim. Aslynda, men ondan ötünç soramalydym. Ony görenimden görmänimi gowy görenim üçin, zat baryny alyşdyryp ýörite halyňy soramaga geleninden gelmänini gowy görenim üçin, emma bu dünýede hemişe aýypsyz aýyplyň öňünde özüni aýyply ýaly duýýar. Hatda ondan ötünç hem soraýar. Hernä, Hudaýnazar aga gelmändir, Seýitmuhammet molla gelmändir...

Abdy molla gideni bilen, Akbibä dogtary çagyrdyp: «Gitjek, öýde ýatjak. Indi gowlandym» diýdim. Dogtor görgülem bolşumyň üýtgänini aňandyr-da, ýöne: «Bolar, ýaşuly. Bolar, ýaşuly» diýdi durdy. Akbibi derrew maşyn tutup geldi. Şeýdip, hassahanada alty gün ýatyp, ýedilenji gün diýlende-de çykyp gaýtdyk. Hä diýmänem öýe geldik. Belki, Abdy molladanam öň oba girendiris.

Ýol obaň gaýrasyndan göni girýärdi. Obamyz dagyň eteginde, oýurak ýerde, ýüzügiň gaşy ýaly, tegelenip otyr. Meger, birinji gezek obamyzy ýyly mährim bilen gujaklandyryn. Ýeke özüm bolsadym, durup, onuň daşlaryny ogşardym. Hon-ha at howly, onda kolhozyň atlary saklanýar. Kiçijikkäm onuň haýatyna çykyp, atlary synlap oturardym. Honha-da atbakar Hanmämmediň öýi. Oň öýi bärden baraňda ýoluň gyrasyndaky birinji öý. Eşek arabasam gapysynda dur. Ýöne özi öldi pahyryň, indi atlara ogly seredýär, megerem, arabanam şol ulanýandyr. Dagyň belentligini diýsene. Oňa ýakynlaşdygyňça, üstüňe abanyp barýar. Depesinde gar galman eräpdir. Görogludamy:

«Garrady, garrady, göwün garrady,

Ala dagda gar galmýan eridi» diýýäni. Ähli kişiňem obasy biziň obamyz ýaly owadanmyka? Wah, ýazmaga şeýle ökde bolsadym, onda obamyzyň owadanlygy has gowy görnerdi. Sizem ony ölüp-direleniň nazary bilen synlardyňyz. Nädeýin, ölüp-dirilmäni oňarsamam, ýazmany oňaramok. Hakykatdanam, ölýän adamlaň ruhuna obalary nähili ýakymly görünýändir. Olar aýrylyşyp bilmänem, obaň daşynda gezýändirler. Ne oba girip bilýän, ne-de ondan gidip bilýän ruhlaryň täsin haly bardyr. Hiç kim dirikä o haly başyndan geçirýän däldir. Belki, meniň ýaly geçirendirin öýdýänler bardyr. Ýöne tutuşlygyna, dolulygyna...

Öýe gelenim bilen gözüm kümämize düşdi. Akbibi bilen uluja oglum hersi bir goltugyma girip, öýe alyp barýarkalar ünsümi sowjagam bolýan welin, bolanok, tä öýe girýänçäm gözümi kümeden aýryp bilmedim. Ol meni ýöne özüne çekip barýardy. Oglumyň bardygyny, oňam ulalyp gidenini birinji gezek duýdum. Ýapyşýan bahanasy bilen, ony gujakladym. Bokurdagym doldy. Ejem görgüli elewräp, maňa düşek ýazýardy. Ýerime geçdim. Adam pahyryň öz öýüne taý geljek zat ýok. «Bir azajyk irkilip bilmezmikäm» diýdim. Ejem, Akbibi dagy meni ýeke goýup daşky jaýa geçdiler.

Ölüp bilmedim. Akylymda diňe – Albert. Indi onuň ýüzüni görmekden beter agyr zat ýok. Hatda ölümem Albertden halas bolmak üçin saýlan bolmagym mümkin. «Albertden dynmak üçin şu sakgalymdan dynmaly, namazy taşlamaly» diýen pikir kellämde ýyldyrym çakan ýaly etdi. Gözüm tikin maşynyň üstünde goýlan gaýça düşdi. Nädip dikelenimi, oňa elimi ýetirenimi duýmadym. Ony sakgalyma saldym-da, bir ýaýdandym. Bu sakgaly goýberjek bolamda beýle kyn düşmändi. Edil elimden biri ýapyşýan ýalydy, ýöne gaýçyny öňki ýerinde goýubam bilemokdym. Gözümi ýumup, hyrçymy dişläp, kesjek bolan wagtymam içerik ejem girdi. Ol ylgap gelip gaýça ýapyşdy.

– Haý, duraweri...

Ejemiň sesine elimiň ysgyny giden ýaly boldy. Sähelçe, bäş-üç sany gyly kesip bildim. Gaýçy eýýäm ejemiň elindedi. Oňa çenli Akbibi bilen çagalarymam sese ylgaşyp geldiler. Olar gapydan gireni bilen, ejem:

– Bolan zat ýok. Özüm gorkaýypdyryn. Hany, ýörüň, azar bermäň. Kakaňyz ýatsyn. Ýörüň, ýörüň – diýip, aňka-taňka bolan Akbibi bilen çagalarymy jaýdan çykardy. Kellämi ýassyga goýdum.

Daşky jaýdan goňşularyň soramaga diýip gelenini eşitdim. Hernä, ejem olaram: «Ýatjak bolýa, oýarmaň» diýip, goýbermedi. Obamyza girenimde akylymdan geçenleri, nähilem bolsa, ýazdym. Sebäbi o wagt göwnüm üýtgeşik duýgular bilen doludy. Ejem elimdäki gaýçyny alyp, derrewem, hiç zat bolmadyk ýaly, syr bildirmän, çykyp gidenden soň, akylyma gelenleri welin, nädip ýazjagymy bilemok. Diňe jaýyň içi, daş-töweregim däl, kellämiň içem boşdy. Gum-guklykdy. Erbet biparhlygy, sowuklygy duýýardym. Edil çaşyp, özünden giden adam ýalydym. Akylym hiç zady, hiç zady kabul edenokdy, etjegem bolanokdy. Sakgalymy kesip bilmänime ne bir gynanyp bilýärdim, ne-de begenýärdim. Edil ähli ýerim, el-aýagym, tutuş göwräm, hatda pikirlerim, duýgularyma çenli bary daňlan ýalydy. Olar urnup-urnup, indem urunmadan netije ýokdugyna düşünip, hereketden galan ýalydy. Birdenem, hakykatdanam, uka gidipdirin. Zol basyrganyp oýanyp dursamam, ahyry gaty uklandyryn-da, gözümi açsam, ýanymda Röwşen otyr. Onuň burnunyň aşagyndaky ýumşajyk tüýjagazlary... Uzyn boýny, horja ýüzünde hasam uly görünýän burny, tegelenip duran mähirli garaja gözleri maňa şeýle eziz göründi. Ol ýaňy ganat bitip, uçurym bolan guşjagaza meňzeýärdi. Ýylgyranymy duýman galypdyryn. Olam ýylgyrdy.

Soň eşitsem, meni halas eden Röwşen ekeni. Ol gelip, meniň depirjikleýän aýagymdan gujaklap, ýokaryk galdyrypdyr, Akbibem boýnumdaky ýüpi aýrypdyr. Ejizje çaganyň nädip meniň göwrämi götermäge güýji ýetipdir, haýran galaýmaly.

Ol şonda bir zat soramaga gelen eken. Namazymy taşlap, kümä tarap ugramda öňümden çykypdyr. Men oňa: «Şu taýda bir azajyk garaş, häzir gelýän» diýipdirin. Röwşenem kümäň agzynda eslije durupdyr. Soňam çykmady-la diýip, kümä boýnuny uzadyp, asylgy duranymy görüpdir. Soň meni hassahana äkidensoňlar, gyzdyryp, agzyna uçuk gaýnap, bir hepdeläp oňly uklap bilmedik Röwşen häzir göwresini dikeldip, gahryman sypata girip, döşjagazyny gaýşardanda, gözjagazlary hasam ýyldyraýardy.

Ol birden morta: «Kakam arak içmesini goýdy» diýdi. Jogap ýerine, onuň elini aýama aldym. Bokurdagym ýene doldy. Ýeke agyz gürläre-de ýagdaýym ýokdy. Röwşen elini yzyna aljagam bolmady. Gaýta, golaý süýşüp, kakasy bilen bolan wakany gürrüň bermäge başlady:

«Şo gezegem kakam gowy içipdir. Dili zordan aýlanýar. Ilki ejeme gygyryp başlady. Soňam maňa: «Mollam, gel, ýanymda otur» diýdi. Oturasym gelmese-de, ýanyna bardym. Birdenem, agym tutdy. Gözümden ýaş ýöne akyp dur. Kakam ilki: «Bar git, ejemogly, sümükli» diýip, ýanyndan kowdy. Men beýleki jaýa geçip, agzymy ýassyga berip, agladym».

Ol aglanyna müýnli ýaly, utanyp, gürrüň berende gulaklaryna çenli gyzaryp gitdi. Ýadyma özümiňem ýüzümi ýassyga berip, aglaýşym düşdi. Şonda, bolaýsam Röwşeniň ýaşlaryndadym... Bu dünýede gaýtalanýan zat ýogam diýýäler.

«Birden gapy açyldy-da, kakam içerik girdi. meniň ýassygy gujaklap ýatanymy görüp: «Henizem diňeňokmy?» diýdi. Bu gezek onuň sesi ýuwaşdy, bolşuna görä mylaýymdy. Nädip ýüzümi oňa tarap öwürenimi bilemok, siziň edişiňiz ýaly, elinden ýapyşdym. «Kaka, men herimiziň bir tarapa äkidilenimizi islämok» diýdim. Kakam aýdanyma düşünmän: «Nirä bir tarapa?» diýdi. «Birimizi jennete, beýlekimizi dowzaha...» diýdim. Ol elini çekip aldy-da: «Aý, senem ertekä-de ynanýaňmy?» diýdi. «Erteki däl, kaka, men görýän, kaka. Zynjyrlaň şakyrdysyna çenli eşidýän» diýdim. Kakam tisginip gitdi. Näme diýjegini bilmän: «Goýsan-aý» diýse-de, elini çekip almady. «Eşitdim, gördüm. Seni görüşim ýaly, düýşümde gördüm. Bile gideli, bir ýere gideli» diýip gaýtaladym. Soň durup bilmedim, ýene ýüzümi ýassyga goýdum. Ýöne sesimi ýassygam saklap bilenokdy. Tutuş göwräm saňňyldaýardy. Kakam, birden, ýalbarmaga başlady: «Goý, oglum, goý. Indi gaýdyp içsem, atamyň döli däldirin. Goý, aglama» diýdi. Begenjime, kakamy gujakladym. Ýöne agymy diňdirip bilmedim. Ýüzümi kakamyň döşüne goýup gaty kän agladym. Kakamam sesini çykarman, diňýänçäm şol başymy sypalady oturdy. Gije-de ikimiz bile ýatdyk. Olam edil siziň edişiňiz ýaly, uzak gije elimden tutup ýatdy.

Mollam, kakam size «taňryýalkasyn» aýdýar. Özem ýanyňyza geljek diýdi. Çyndanam, kakamy dowzaha alyp baryşlaryny düýşümde gördüm.»

Gözýaşymy zordan saklaýardym. Gepläre ýagdaýym ýokdy. Çaga ýaly aglasym gelýärdi.

7-nji aprel 198... ý.

Allaha şükür, uzak ýatmadym. Bäş-üç günüň içinde daş-iç çykyp ugradym. Goňşy-golamlar ýagdaýymy soramaga geldiler. Olar bilen hiç zat bolmadyk ýaly, hamala, adaty bir kesele ýolugan adam ýaly gürleşmek agyr bolsa-da, nätjek, özüme erk etmäge çalyşdym. Gelýänlerem dürli-dürli – käsi ony-muny bahana eden bolýar-

da, derrew turýar, käbiri işsizlikdenmi ýa-da göwnümi açjak bolupmy – köp oturýar. Hemmesem maňa haýran galyp seretse-de, hiç biri: «Nädip beýle boýnuňa syrtmak salaýdyň?» diýip soranok. Hemmesiniň akylynda-da şol sowal. Olar adamyň nädip şo derejä ýetip bilşine, indem, üstüne sowuk suw guýlan gaýnag kitir ýaly sowap, adaty görnüşe gelip bilşine haýran galýarlar. Olaryň göwnüne adam şo derejä ýetmejek ýaly, ýetensoňam öňki kaddyna dolanyp gelmejek ýaly. Menden dälilik alamatyny gözleýäler. Dogrusy, bu sowaly özüm özüme berýän, jogabynam tapamok. Nähilem bolsa, bu hal-ýagdaý soraşmalaryň meni adamlar bilen ýene öwrenişdirýäni geň. Röwşeniň kakasam gelip gitdi. Ol gelende daşardadym. «Öýe gireli» diýsem, bir ýere gyssanmaçlygyny bahana edip, girmedi. «Soň arkaýynçylykda gelerin» diýip, etmedi. Öýe girere ýagdaýam ýokdy. Ikimizem biri-birimizden beter ýüzmizi ýerden galdyryp bilemizokdyk. Ikimizem ogurlykda tutulan ýalydyk. Ol gidensoňam kän wagtlap özüme gelip bilmedim. Beýle ýagdaýda dadyňa ýetişýän arakdyr welin, onam edip bolýamy? Ýa-da içäýsemmikäm? Şu wagt maňa içdiň diýip biljeg-ä ýok. Her kim ýagdaýyma düşünýär. Öz pikirimden özüm utanyp gitdim. Adamlaryň häzirki saňa garaýşyndan peýdalanyp, jögülik edýän ýaly boldum. Hem gorkdum. Indi öňüme arak alybersem, sakgalymy gaýçylabersem göni dälihana gidibermeli bolaryn. Dälihanadanam ölümden beter gorkýan.

15-nji aprel 198... ý.

Albertiň ýanyna gidemok. Ol her hepde duşuşýan ýerimize barýandyr. Megerem, indi barmajagyma düşünendir. Bu hala düşenimi bilýändir, bilmejek gümany barmy?! Belki, indi ol meni günüme goýar? Goýsa gerek.

Daşaryk çyksam, uluja oglum sygrymyzy otara äkitjek bolup duran eken. Onuň elindäki ýüpi gördüm-de, ýüregim jigläp gitdi. Ýüp şol özümi asan ýüpümdi. Oglum ony sygryň şahynyň daşyna aýlady, gondybagy salyp çekdi. Onuň hereketlerini synlaýarkam, özümiň ýüpüň bir ujyny pürsüň daşyna aýlaýşym, gondybagy daňyp, çekip görüşim aňymda aýlandy. Inim tikenekläp gitdi. Ýüzümi sowdum. Indi ol gün meni tä ömrüm ötýänçä yzarlar ýörermikä? Unutjak bolmaly. Unutmaly. «Unutmaly» diýip ýazanam bolýan.

Unudylmasa, bile ýaşabermeli bolar-da. Ýakymsyz ýatlamalarym, siz bolmasaňyz, ýakymlylarynyň gadyryny nädip bilerin. Ýakymly ýatlamalyrymy gowy görşüm ýaly, belki, hiç zadam gowy görýän däldirin diýen bolup, göz öňüme çubumy getirmäge çalşdym. Ejemiň meni suwa düşürişini, okuwa göterýänje ütüklenen elýaglygymy, ejem ikimiziň jümjümeli meýdanda ot ýygyşymyzy özüme zor salyp ýatladym. Gury ýerden ýene, suwa gaçan balyk ýaly, lezzet duýjak bolýardym. Birden, Allaýar agaň elinden tutup aglaýşym, ilki gezek namaz okan günüm ýadyma düşdi. Tas bularyň baryny bir ýüpe daňyp...

20-nji aprel 198... ý.

Şeýle boljagyny bilýärdim. Albertiň bir görüşmän sypdyrmajagy bellidi. Ýene başlyk çagyrýar diýip alyp gitdiler. Başlyk diýlenden düşündim, ýöne «barjak däl» diýip bolýamy?! Ýol boýy içimden Alberte aýtjak sözlerimi gaýtalap: «Meni näme etjek? Şeýle-de, adamlara din gerek däl. Molla diýilýäniňem elinden gelýän zadam

ýok. Onda üýtgeşik abraýam ýok. Adam bilen işim bolmaz. Sadakalara gidip tebäregem çykman. Mollalar bilen jedelem etmen» diýýärdim.

«Olar näme edip biler? Öldürmejeg-ä belli. Türmä ataýyn diýse, günäm ýok. Etse, ile masgara eder. Masgara-da mundan beter nädip boljak? Öňde-de biriniň: «Ulurak toýdanam kowulyp gördük» diýişi ýaly. Alla, Özüň bu beladan gora! Senden başga gorajak ýok» diýip, öz-özümi rahatlandyrmaga çalyşýardym. Boýnuma alýan, şol wagt özümi aždarhaň öňüne barýan ýaly duýýardym. Garaşýan hadysadan, tutuş süňňüm bilen, gorkýardym.

Barsam, kabinetinde başlygyň ýeke özi otyr. Tas: «Hany Albert?» diýipdim. Başlyk meni görenden, ýitigini gören ýaly, hormat bilen garşylady. Nirede oturtjagyny bilenok. Ahyry stoluna ýakyn goýlan mähnet, ýumşak kürsüde oturtdy. Bu kürsi şeýle bir ýumşakdy welin, içine çümüp gitdimmikäm öýtdüm. Başlygyň özi gapdalda duran oturgyçlaryň birini çekip, ýakynyma geçdi. Iki sözünden bir «molla aga» diýip, halymy sorady.

– Bizde derek ýok. Biz ýaşululara hormat goýmagy başaramyzok. Şu wagta çenli bir gezegem sizi Gara deňze dynç almaga ibermedik. Özüňizem obada iň sylanýan mollamyz. Ugruna çyksaň, bu bir kyn iş däl ahyryn. Şu ýyl hökman, molla aga. Tomus hökman Gara deňze dynç almaga ibereris. Men muny söz berýän. Saglygyňyzy berkidersiňiz. Siziň ýaly ýaşulular bize gerek. «Ýaşlaň arasynda garrylar gerek» diýýämi bir aýdymda?

Täzeräk goýlan bu ýaş başlygyň her hereketinde Albertiň buýrugy görnüp durdy. Başardygymdan, «ýok, gerek däl» diýen bolýardym welin, ol ýoguňy-beýlekiňi diňläbem duranokdy. «Kolhoz üçin bu hiç zat. Obaň abraýly mollasyna profsoýuzyň üsti bilen mugt putýowka bermäge doly hukugymyzam bar, mümkinçiligimizem, Hudaýa şükür» diýýär. O gürledigiçe, ýarymsaklyk etdigiçe, ýüregim bulanýardy. Ýöne özüme zor salyp: «Aý, hany entek tomus bir gelsin, görübereris» diýmeli boldum. Başlyk «mus-muslap» ahyry «Mustapa» diýdi.

– Molla aga bir gowy habaram bar. Hökümet bize obada metjit gurmaga rugsat berýär.

Özüm bilmän, ýerimden dikeljek boldum, emma ýumşak kürsüden turup bilmedim.

– Siz geň görmäň. Menem ilki eşidemde, haýran galdym. Indi halklara din azatlygy berildi. Moskwadan şeýle görkezme gelipdir.

Albert munuň şeýle boljagyny bir ýyl öňünden bilipdir, ýogsa Seýitmuhammet mollaň öýüniň dökülip ýörmesi ýaňydy ahyryn. Albertiň özi näme üçin gelmedikä? Başlyk bu sözleri maňa şoň tabşyrygy bilen aýdýarmyka ýa-da indi din azatlygy diýip, menem azat ediläýdimmikäm? Aý, göwnüň isleýändir. Bular bir eline düşeni ömür sypdyrarmy?!

– Molla aga, ýöne bu işe kolhoz, hökümet goşulmaly dälmiş. Metjidi siz – obaň ýaşululary, halkdan pul ýygnap gurmaly. Eger metjidi hökümet gurup berse, onda ol hökümetiň metjidi bolar. Metjit halkyňky bolmaly, ony halkyň özem gurmaly. Elbet, kolhozam kömek berer.

– Hä-ä.

– Hawa, biziň sizden tamamyz uly, molla aga. Metjit düşünjeli adamlar tarapyndan gurulmalam, işledilmelem. Hökümet adamlaram şuny maslahat berýär.

Siziň ýokary bilimiňiz bar. Syýasata, hökümetiň alyp barýan ýoluna gowy düşünýäňiz.

Başlygyň soňky sözleri Albertiň sözleridi. «Ýok, ýarawlygymyň ugry ýok» diýip sypjak boldum welin, gaýta, näz edip, gadyrymy artdyrýan ýaly boldum. Başlyk, ýaşam bolsa, sakyrtga ýalydy. Edil Albertiň elinde bir ýyl okan ýaly. Ahyry razylyk bermeli boldum. Başlyk bilen hoşlaşyp, çykyberjek bolamda:

– Weý, tas ýadymdan çykarypdym. Ine, şujagazam alyň. Metjide kömek bolar, hem size sowalga – diýip, kagyza dolangy puly uzatdy. Kagyza edil şeýdip dolanan puly öňem kän alamsoň, Albertiň elin gelip-gidenine düşündim. Metjit gurmaga razyçylyk beremsoň, puly almazlyga ýagdaýym ýokdy. Ýene öňküje tora düşdüm. Aslynda, o tordan, bu kerepden boşadyňmy bir diýsene?!

Bu duşuşyk soňky nokadyna çenli taýýarlanyp goýlan ýalydy. Şol wagt başlyk iň soňky aýtmaly sözlerini pyşyrdap aýtdy:

– Size Marlen aga-da kömekleşer.

Şeýdip, kelläme taýak degen ýaly bolup, başlygyň ýanyndan çykdym. Bu gezek, näçe göwnemesemem, başlygyň maşyny öýümize-de düşürdi.

Gelsem, Hudaýnazar mollaň dünýeden ötenini aýtdylar. Gapydan içerigem ätlemän, olara gitdim.

Pahyry şol öýüne eltip gaýdanymdan soň, ýekje gezek halyny soramaga barypdym. Şond-a ýagdaýy gowudy. Özi daş-iç çykmaga ýaraýardy. Hudaýnazar aga aramyzda hiç hili gürrüň bolmadyk ýaly garşylapdy. Ejemdenem söz açmandy. Bir: «Ejeňem ýagşymy?» diýdi. Menem: «Hudaýa şükür» diýip oňdum. Belki, pahyr gowulaşaryn öýdendir, ejemiň ýanyna-da özi gelip razylaşaryn diýip pikir edendir. Kim bilýär, «Eliň bilen etdiň, egniň bilen çek, garry» diýip, özüne ýowuzlyk edendir. Ejemem onuň ýagdaýyny soramaga gitmedi. Alla rahmet etsin.

Barsam, adam bary ýygnanypdyr. Abdy molla meni ýanyna çagyrdy:

– Mollamyz: «Jynaza namazymy Şamyrat okatsyn» diýip wesýet edipdir.

– Siz okadaýyňsana...

– Pahyryň wesýetini ýykmaly.

...Jynaza duranlaryň öňüne geçdim. Bu birinji gezek jemagata ymam bolşumdy. Menden öňde diňe tabyt hem Hudaýnazar mollaň jesedi bardy. Nähili duýgulary başymdan geçirenimi ýazyp bilemok. Ýöne uly jogapkärçiligiň boýnumdadygyny duýdum.

Özüm-ä görmedim welin, Marlen aga-da yzymda jynaza namazyna duran eken. Öwlüýäden gelemizsoň muny gürrüň berdiler. Her kim onuň namaza başlandygyna begenýän ýaly. Marlen aga-da ýanynda iki adamyň başy çatylsa: «Muňa Şamyrat molla sebäkär boldy. Ölseň, maslygyňy süýräp, gömüp gaýdyberelimi?» diýdi welin, dünýäm üýtgäp gitdi. Hakyt, süýrelişimi gözüm bilen gören ýaly boldum» diýýärmişin. Şeýtdi-de, «öz janyna kast etjek bolan dinsiz» adyny almaly halyma, «Marleni ýola salan, Hudaýnazar mollaň jynazasyny kyldyran molla» adyny aldym. Uzak gün Kur’an okaldy. Ekiniň, malyň gürrüňi edildi. Öýleden soň adam azalyberende başlygam geldi. Şoňa çenli Marlen aga-da gitmän, aramyzda oturdy. Onuň beýle uzak wagtlap öýüne gaýtman, bir gyra geçip, kän gürrüňe-de goşulman oturmasynyň sebäbi başlyk gelenden soň belli boldy. Başlyk aýat-töwir okalandan soň turup gidiberjek boldy welin, ony Marlen aga saklady:

– Başlyk, wagtyň bolsa, biraz eglenseň, bir maslahat bar – diýdi. Barymyz geň galyp, üşerilişdik.

– Hemmäňizem telewizor görýänsiňiz, gazet okaýansyňyz. Indi Moskwada ýagdaý üýtgedi. Din azatlygy yglan edildi. Orsýetde ybadathanalar işläp başlady. Aýtjak bolýan zadym, Abdy molla, Şamyrat molla, başlyk, hem şu halk garşy bolmasa, raýispolkoma gidip, obada metjit gurmaga rugsat sorajak.

Başlyk sähelçe-de oýlanman: «Gaty gowy bolar, Marlen aga. Bizden näme kömek gerek bolsa, gaýgyrmarys» diýdi. Başlygyň ikirjinlenmän, hyzmata taýyn bolmagy, Marlen ikisiniň arasynda bu maslahatyň biçilip goýlandygyny aýdýardy. Abdy molla welin, öz gulaklaryna ynananokdy. Ol aňka-taňka bolup oturşyna: «Nähili metjit? Nämäň metjidi?» diýip, maňa garanjaklady. Düşünmediksirän boldum. Başlyk ýaly şobada bar zada düşünip otursam, syrym açyljakdy.

Haýran galaýmaly, syr gizläp, il ýüzüne bir hili, hakykatda bolsa, başga hilidigim üçin boýnuma tanap salanym ýaňy. Emma eýýäm at oýnadyp, samsyksyrap otyryn. Özüňem ýaňy ölini ýuwduň, ynsanyň ahyrynyň näme bilen gutarýanyny gördüň. «Onda, tur, aýt-da baryny bolşy-bolşy ýaly» diýýän welin, muny asla edip bolmajagyna-da gözüm ýetip dur. Ýalan bir sil, hakykat saman ýaly.

Marlen aga, köpi gören zaňňar, mönsüremäme derrew düşündi.

– Molla agalar, kowalanyp-kowalanyp, bukulyp-bukulyp halys gyrpa bolupsyňyz, he-he-he. Indi döwür üýtgedi. Moskwa dine, sünnet etdirmäge doly rugsat edýär. Şu wagt momendini sypdyrman, metjit guralyň, şäherde-de guruljakmyşyn diýýäler. Şamyrat molla sen dagy ýokary bilimli ahyryn, telewizor dagy görmeýäňmi? Ýa-da Kur’andan başga zady okamagy goýaýdyňmy?

– Okalyb-a okalýa-la welin, şu wagt zada ynanar ýalymy?

– Aýdýan-a, siz çekinseňiz, ýokarlaryk özüm giderin. Ynha, başlygam: «Kömek ederin» diýýä.

– Hawa, hawa. Ýöne kömek diýsem, metjidiňizi özüm gurup bererin diýdigim däl. Elimden gelýän zat – ýer bereýin.

Şol wagt bäş-alty adam geldi. Olara aýat okap bermeli boldum. Aýat okap oturyşyma-da gözastyndan Abdy mollany synladym. Näme üçindir, onuň öňki keýpi ýokdy. Ýüzüni ýerden galdyranokdy. Metjit guruljagyny halaman-a keýpi gaçmaz. Muňa Marleniň ýolbaşçylyk etjegini halamaýarmyka? Aýat okalyp bolandan soň:

– Marlen aga, gaty görmeseň, bir zat aýtjak – diýdim.

– Aýt, aýt, mollam.

– Aýtsam, uly il «Marleniň namaza başlany düýn, eýýäm metjit gurdurýar. Obaň belli mollalaryna näme bolduka?» diýer.

Marlen mugallym «Onyň-a dogry» diýmekden başga jogap tapyp bilmedi. Abdy molla: «Bu işi, eger ediljek bolsa, Abdy aga, siz etmeli» diýdim. Molla edil başyna towky inen ýaly boldy:

– Ýo-ýo, men başarman. Senem, tüweleme, tanalýan molla. Iliň içinde abraýyň bar. Sen özüň boýnuňa al.

Esli salym hiç kimden ses çykmady. Ahyry başlyk oturyp bilmedi: «Şamyrat aga, ýene bir aýat okap berseňiz, men turaýyn» diýdi. Abdy mollaň ýüzüne seretdim. Ol çalaja: «Okaý» diýdi. Bu «okaý» – «ygtyýary saňa berdim» diýildigidi. Ýöne,

näbleýin, metjit dikeliberse, eýe çykjak köpeläýmese, şu wagt ygtyýary berseňem-ä, berýänsiň welin.

Men aýat okadym.

21-nji aprel 198... ý.

Gapydaky kartoşka kätmen urup, bolup barýarkam Abdy molla geldi. Onuň gapymdan birinji gezek gelişi bolsa-da, meniň üçin geň görünmedi. Molla aga welin, syr bermejek bolsa-da, aljyraýardy. Uzak garaşdyrmadym, öýe girdik.

– Içerimiz pukararakdyr welin, aýyplaşmarsyňyz-da.

– Ýo-ýo, kemi ýok.

Abdy molla äberilen çaýy öňüne çekip ünjüsini aýtmaga başlady:

– Düýn üns berdiňmi, Şamyrat, Marlen metjitli gürrüňi agzandan, başlyk, öňden düşüş ýaly: «Men kömege taýýar» diýiberdi? Ikimiz welin, aňka-taňka bolduk.

– Hawa, şon-a menem geň gördüm.

– Bu gürrüň owal başlyk bilen Marlen ikisiniň arasynda edilen bolmaly.

– Bolup biler. Aý, edilen bolsa, edilen bolsun, bize näme?

– Sen meniň diýjek bolýanyma düşünmediň. Düýn agşam seni düşürip, göni şähere eňdim. Şäherde metjit guruljagy çynmyş. Oňa eýýäm hökümet rugsadam beripdir.

– Aý, goýa!

– Hawa, ikimiz piliň gulagynda uklap ýörüpdiris. Marleniň namaza başalamasynyň sebäbine-de düşündim. O deýýus, metjide rugsat berlenini has öň eşiden bolmaly. Aý, men-ä şoňa, günäsini it götersin welin, hökümetiň adamsymyka-da diýýän.

Birhili erbet boldum.

– Aý, beýle däl bolaýmasyn?

– Şamyrat, seňem türkligiň aýryljak däl-aýt. Marlen, näme, pensiýa çykdy, mugallymçylygy goýdy, indi oňa güýmenje gereg-ä. Aragam içip bilenokmyş. Arada bagryndan tutup, tas ölen eken, işigaýdan. Dogtarlar: «Arak içseň, ölersiň» diýipdirler. Hökümet adamsam hemme ýerde gereg-ä...

«Hökümet adamsy» diýlen söz eýýäm birinji gezekki ýaly täsir etmedi. Türksirän bolmasam, başga näme edeýin?!

– Aý, näbileýin, menem, çyndanam, biriniň namaza başlamagyna sebäp bolaýdymmykam diýdim.

Içimde turýan apy-tupanlardan habarsyz Abdy molla hezil edip güldi:

– Aý, Marlen diýilýän, ikimiz düzederden geçendir-le. Indi ony gabram düzedip bilmez.

Menem onuň gülküsine goşuldym.

– Oň niýeti metjit gurduryp, abraýa eýe bolmak. Her üýşmeleňde-de: «Mollalaň birem, gorkusyna, het edip bilen däldir, metjidi özüm gurdurandyryn» diýmekdi. Ýöne sen oňardyň. meniňem seň diýeniňi diýesim geldi welin, diýip bilmedim. Diýibem bilmezdim. Men gorkak, Şamyrat. Mahal-mahal öz-özüme: «Sen Alladan däl, ölümden gorkup namaz okaýaň» diýýän. Alladan gorkýan bolsam, Marlenden gorkarmydym?!

Adam aýybyny diline alsa, erbet bolýan eken. Ondan-a, meniňki ýaly, ýazanyňam gowy. Ýaşuly adam şeýtse, hasam beter oňaýsyz hala düşýän ekeniň. Näme diýip, näme etjegimi bilmedim.

– Ýöne sen, berekella, çekinip, ýüz görüp durmadyň. Sen şeý diýdiň welin, Marlen süňk ýuwudan ýaly boldy oturberdi. Syn etdiňmi şoňa?

Zordan «Hä, hawa» diýdim.

Soň Abdy molla dikeldi. Ine, onuň ýüzüni ýerden galdyrman aýdanlary, başardygymdan, sözme-söz ýazýan:

– Türkmençilikde kän bir-birege «bagyşla» diýlip ýörülmeýä. Menem saňa «bagyşla» diýjek bolup aýdamok. Ýöne bahyllygymdanmy, gahardanmy ýa-da şeýtanyň alyna aldandymmy, saňa köpçüligiň içinde «ors mollasy» diýdim. Muňa soňabaka ynanybam ugradym. Janyňa kast etjek bolanyňy eşidenimden soňa-ha, hasam ynandym. Ynsabyň bilen oňuşman eden etmişiň diýip düşündim. Marlene namaz öwredeniňi eşidenimden soňa, asla-da, ikirjinlenmedim. «Ors mollasy özüne nöker toplaýar» diýdim. Hakykatda welin, diňe çen atýardym. Elimde hiç hili subutnamam ýokdy. Ýöne düýn özümiň ýalňyşanyma düşündim. Sebäbi hökümetiň metjit gurmaga rugsat berýänini ilki sen bilmeli, o pikiri ilki aýtmalam sendiň. Düýn welin, beýle bir zady edip boljakdygy ikimiziňem akylymyzda ýokdy. Bar, diýeli, sen özüňi tanatmazlyk üçin, muny aýtmagy Marlene tabşyran bolaýaňda-da, sen Marlene: «Namaza düýn başlap, bu gün metjit gurdurjak diýseň, il näme diýer» diýmezdiň. Has beterem, bu işiň ýolbaşçylygyny maňa hödürlemezdiň. «Müňkürlik – günäň ulusy» diýýäler. Kyýamat güni seň öňüňde müňkürligimden utanmaly bolanymdan, goý, şu dünýede utanaýyn, ýöne razylygyňy bir alaýyn diýýän. Menden razy bol. Ynsan çig süýt emen-dä, kellesine her zat gelse-geliberjek eken. Ýöne müňkürlik erbet zat eken. Hudaýnazar molla-da size müňkürlik edenine ömrüniň soňunda kän ökünip gezdi. Soňabaka dagy, pahyr, seň bar ýeriňe barmanam kyn gördi.

Näme üçindir, bir diwara, bir elimdäki käsä seretdim. Emma ýüregim buz ýalydy. Akylymam doňup durdy. Zordan: «Sizden razydyryn, Abdy aga! Sizem menden razy boluň!» diýdim.

Abdy molla «Menem razydyryn» diýmedi. Megerem, ol meniň soňky aýdanlarymy ýöne gep owadanlamak üçin aýdaýandyr öýdendir. Bilmedim. Bu adamyň kellesinde nähili pikirleriň at salýandygyny, hakykatdanam, bilmek kyn.

Aýtjagyny aýdandyr diýdim welin, Abdy molla bir salym dymyp oturdy-da, şulary aýtdy:

– Türkmen gedem halk. Goý, ol sygyr bakyp ýören çopan bolsun, emma öz ýanyndan «Men bir sygyr çopany ahyryn» diýmez. Oňa bir gepläp, iki gezek: «Bagyşlaň, ýalňyşýan bolmagymam mümkin» diýdirmersiň. Eger diýmeli bolaýsa-da, özüni şeýle bir kiçelen, masgara bolan hasaplar. Hatda şol «bagyşla» diýmeli bolan adamsyny itden beter ýigrenip başlar. Emma «bagyşla» diýmän, bolşuň bilen, ötünç soraýandygyny duýduryp bolsady. Olam eýgerdäýýärmi?!

– Onda siz meni «itden beter» ýigrenýänsiňiz?

Abdy molla gürrüňinden beýle many çykanyna aljyrady.

– Ýo-ýo. Men bu zatlary kyýamat güni arkaýyn bolmak üçin dilime aldym.

Her näme diýseňem, molla aga, seň meni ýigrenýäniňi bilýän. Häzirem belki, şol ýigrenjiňi güýçlendirmek üçin «bagyşla» diýip oturansyň. Maşynyň içinde

«oýnaşdan...» diýip, sakawlaňda muňa göz ýetirdim. Ýigren, molla! Ýigrendigiňçe men şat. Ýöne meniň özümi ýigrenişimi bir bilsediň, seň ýigrenjiň dagy oň ýanynda hiç zat.

Abdy molla it ýylgyrşyny edenimi görüp, gözüni sowdy. Şol wagt hem daşardan aýak sesleri eşdildi. Soň gapy açylyp, Marlen mugallym göründi.

Üçümizem bir dem salym doňup galanymyzy duýmadyk. Ýene men syr bermedim. Abdy molla: «Men turaýyn» diýiberdi. Ony gobermedim. Abdy mollany ugradyp, Marlen bilen iki-çäk galaýsaň, bu müňkür işigaýdanyň, gör, nämeler pikir etmegi mümkindi.

Marlenem «he-he-he» eden bolup töre geçse-de, Abdy mollany görerin öýtmäni hereketinden bilidirip durdy. Olary iki-çäk goýup, derrew çaý alyp geldim. Gelsem, şol dymyp oturyşlary.

– Marlen aga, bizem Abdy aga bilen seň düýnki metjitli gürrüňiň maslahatyny edip otyrdyk.

– He-he-he. Ony, aýtmasaňam, bilýän.

– Gelen netijämizi aýdaýynmy ýa onam aýtmasamam bilýäňmi?

Marlen sözünde tutulanyna hezil etdip gülüp oturansoň, Abdy molla-da ýylgyran boldy. Abdy mollany howatyrlandyrýan netije diýip aýtjagymdy. Ol gobsunjyrap zol maňa seredýärdi.

– «Bu işe Marleni ýanaşdyrmaly däl» diýensiňiz-dä. Ony sen düýnem düşnükli edip aýtdyň-a.

Abdy mollaň imany göçdi. Şol wagt: «Bäh, nädip bildiň-aý, mugallym» diýäýen bolsam, towşan ýürek molla näderdikä? «Aý, töhmet. Men beý diýemok» diýip dikelibererdimikä? Öz-ä ors mollasy diýen bolýar, özem ors mollasyndan öler ýaly gorkýar.

– Ýok, bilmediň, gaýta: «Şu işiň bir ýanyndan Marlen mugallymy aýyrmaly däl, ol edaralara baranda gepini gowy düşündirer. Baýry mugallym ady bar» diýdik. Dogry dälmi, Abdy aga?!

Meniň ugruma: «Hawa-la, Şamyrat dogry aýdýa. Bu iş sensiz ýol almaz» diýýän molla aljyramadan ýaňa, öňündäki boş käsäni agzyna ýetirdi.

Men-ä men, Marlenem köne hudaýsyz, ýeri, Abdy molla, sen nämä ýalan sözleýäň? Maňa aýdanlaryňy özüne-de aýt-da, seň ýitirjek zadyň näme?! Näme hökümet «magaziniňi» ýapar öýdýäňmi? Kim bilýär, ýapsa, ýapaýaram.

Marlen mugallymyň derisi giňedi. Ol:

– Bu işiň bir ýanynda boljak bolsam, ilki bilen-ä gowy edip, arza ýazmaly – diýip, edilmeli işleri aýdyp ugrady. Abdy mollaň ýene gözi tegelendi. meniňem göhüm geldi. «Gel, şu bisowat mollany gowy oturdaýyn-la» diýen niýet bilen:

– Biz-ä obamyza metjit gerek diýip, arza ýazyp, gol goýsak, ertesem hökümet geläge-de: «Dini ýaýratjak bolýaňyzmy?» diýip, ýygnap oturyberse nähili bolar? Hä? Abdy molla, bu hökümete ynam barmydyr?

– Ynam-a ýokdur.

Marlen oýun edýänimi aňmady:

– Aý, nätdiňiz-aý. Onda goýalyň bu gürrüňi.

– Hany, «Şäherde gurmaga rugsat berlipmişem-ä» diýýäler. Şeý diýdiň dämi, Abdy aga?

– Hawa, şoň ýaly «myş-a» bar. Kim bilýär, anyk gözümiz belen-ä rugsady göremizok.

Abdy molla naýynjar sypatda: «Şol iş arzasyz bolmazmy?» diýende, sesem çala sandyrap gitdi.

Oýun edip eden gürrüňimiň çyna ýazmasy erbedem bolmady. Marleniň Albert bilen gatnaşygynyň baryny-ýoguny meniňem bilesim gelýärdi. Eger bar bolsa, ol häzir batyrlyk satmalydy.

Biz ikimizem Marlene tiňkämizi dikdik. Taryhçy mugallym hasapda ýalňyşdy.

– Siz gol çekmeseňiz, geziberiň. Özüm giderin raýispolkoma. Siz-how, gazet okaň, telewizor görüň. Dünýede nämeler bolýanyndan habaryňyz ýog-a. He-he-he.

Abdy molla ikimiz Marleniň gülküsini diňläp, biri-birimiziň ýüzümize seredişdik. Abdy molla ýene durup bilmedi:

– Şamyrat, düýn sen «Men gitjek» diýdiň-ä. Sen öňe düşmeseň-ä, birhili bolar.

– O näme üçin men? Ynha, metjit salnar welin, ymam boljag-a köpeler...

Bu sözleri nädip dilimden sypdyranymy bilmedim.

– Ymamam özüň bol, raýispolkoma-da özüň git. Dogrymy aýdaýyn, şu günler işimem kän, ýarawlygymyňam ugry ýok.

Men oýna kellesi gyzan oýunçy ýalydym:

–Bolýa, Abdy aga. Hakykatdanam, ikimizden birimiz gitmesek, bolmaz. Indi Hudaýnazar aga-da ýok, ýogsa, pahyryň abraýam bardy, barsa, gepem diňlenerdi.

– Wah, o pahyr diri bolan bolsa, beýle bolmazdy-la – diýip, Abdy molla çyny bilen Hudaýnazar mollaň ýoklugyna gynandy.

– Marlen agany äkiderin. Obadan başga-da türküräk ýaşulyny, «Sesiňi çykarma-da duruber» diýip äkideris. Orazly aga bar-a. Şo näder?

Abdy mollaň özi gitmese razy, derrew:

– Gaty bolar. Orazly bilen häzir özüm gürleşerin. O maňa «ýok» diýmez – diýdi. Mundan köp otursa, ýene bu iş öz başyna atylar öýdüp gorkýan ýaly, Abdy aga uzak oturman gaýtdy. Sag bollaşyp barýarka-da ýene bir gezek: «Orazlyny özüm razy ederin. Siz arzany taýýarlaberiň» diýip, çykdy Menem ony ugratmaga daşaryk çykdym. Ol sagbollaşyp durşuna, naýynjar ses bilen:

– Ýaňkyň ýanyndan özüň aýrylmawergin. Ors mollasyna metjit saldyrsak, bizde dinem galmaz, imanam – diýip, maşynyna mündi. Ol gidensoň, Marlen aga: «Arza ýazylýaka ýanymyzda oturmaga-da gorkýar-aý» diýip, ýene hezil edip güldi. Bu adam munça gülküni nireden tapýarkan-aý?

Arzamyz, garaşyşymyz ýaly, uzak bolmady. Ýogsa, ilkä bir: «Gadymy däp-dessurlarymyzyň iň esasysy bolan yslam dinimizi gaýtaryp bermegiňizi haýyş etmek bilen» diýişdiribem başladyk. Ýöne soň «Oba ýaşulularynyň islegini nazarda tutup, obamyzda metjit gurmaga we kolhozyň prawlenýesine munuň üçin ýer bölüp bermäge rugsat etmegiňizi haýyş edýäris. Oba ýaşulularynyň adyndan, Şamyrat Myratmuhammedow, Marlen Ataberdýew» diýip ýazdyk. Marlen agadan: «Çyn adyňyzam Marlenmi?» diýip sorap goýberipdirin. Marlen aga gülmäge bu-da bahana boldy. Ol gülküsiniň arasyndan: «Atamyň dakan ady-ha Annamyrat, ýöne studentkäm ýörite pasportumy täzeledip, Marlen ýazdyrdym» diýdi. Soňam: «Indi namaza başlaňsoň, bu at kän gelşibem duranok» diýjek bolýaňmy?» diýip, ýene esli

salym kikirdedi. Ol güldügiçe, gözleri kiçelip, ýüzüniň ýygyrdy artýan ýaly, ýygyrdy köpeligiçe-de, köp gülýän ýalydy.

– Oýna öwrüp, gülmeseňiz, bir zat sorasym gelýär.

– Sora-sora, gülmejek bolaryn.

– Siz näme üçin namaz öwrendiňiz? Ýa, çyndanam, pensiýa çykaňyzsoň, bir zada güýmeneýin diýip öwrendiňizmi?

Marlen mugallym meniň «siz» diýip ýüzlenenimi ýaňsa alýan ýaly: «Bizmi?» diýdi. Soňam gözümiň içine dikan seredip:

– Özüň näme üçin öwrendiň? Hany, şony aýt – diýdi.

– Özümmi? – diýdim-de, birden, çuň pikire gitdim. Göz öňüme ilki Albert geldi. Ýöne Albert maňa diňe sebäpkärdi. Eger Albert üçin okaýan bolsam, namazlygyň başynda oturan bolardym, eglip-galan bolardym, namazymy geçirerdim.

Kä günler dagy ýassy namazyny, käte-de ertir namazyny şeýle bir okasym gelenok. Ýöne şonda-da turýan. Soňam Alla minnet edýän ýaly, kyn görüp täret kylmaga turşumdan özüm utanýan. Namazy maşk ýaly okajakdym – bolmady. Namazlyk diýlen zadyň özüniň adama täsir edişi bar eken. Ýa-da bu maňa şeýle täsir etdimi, bilemok.

Onda Alla üçin okaýanmy?

Marlen bilen bu hakynda gürrüň edesim gelmedi. Beýle gürrüňi gozganyma-da ökündim.

– Aý, bolýa. Şu gürrüňi, gowusy, goýaly. Ýöne öň-ä şeýle kommunist bolup, indem ömrüň soňunda namaza başlaýşyňyzy geň gördüm-de, soraýdym.

– Aý, biziň mollalygymyzam komunistligimiz ýaly, kommunistligimizem mollalygymyz ýalydyr-da. Esasy zat, alan-aldy-da iliň soňuna galmaly däl. He-he-he...

Biz ertir irden raýispolkoma gitmegi maslahatlaşdyk. Soň ol gitdi. Marlen gidensoň göz öňüme şol bir wagt bile işleşenimiň mamasynyň «Derdine-de döneýin, Özüne-de» diýişini gürrüň bereni ýadyma düşdi. Şol wagt hem ol garry daýza haýran galypdym welin, häzir hasam haýran galýan.

22-ni aprel 198...ý.

Raýispolkoma üç kişi bolup gitdik. Orazly agaň üstüne bardyk welin, «Gitmeli bolsa, gideris» diýip, derrew taýyn boldy. Türkana ýaşulynyň köneje maşynyna-da mündük. Ýol boýy Orazly aganyň sadalygyna höwes edip gitdim.

Raýispolkomda bizi ýaşy men duşdaş biri garşylady. Arzamyzy okady. Soňam raýispolkomyň başlygynyň ýanyna eltdi. Başlyk gapysynyň agzynda öňümizden çykyp, gadyrly salamlaşdy. Herimizi bir ýumşak kürsüde oturtdy. Arzamyzy okap çykdy-da, ýüzümize ýene bir gezek geň galyp seretdi:

– Be, metjit gurmakçy diýseniz-le. Hawa, şäherde bir metjidi gurmaga rugsat berlenden habarym bar.

Soňam elini arzamyzyň üstüne patyladyp goýdy-da:

– Ýaşulular, siziň bu haýyşyňyzy çözmäge ýeke meniň güýjüm ýetenok. Ýene bäş-üç günden aýlanyň, ýokarylar bilen maslahatlaşaýyn. «Bolýar» diýseler, bolar, «ýok» diýselerem, etjek alajym ýok – diýip, ýeke-eke gözümiziň içine seretdi. Bizem towşantüýje ýaşulular, «Bolýar, bolýar» diýip, çykyp gaýtdyk.

12-nji maý 198... ý.

Ara baýramçylyklar düşdi, zat etdi, garaz, metjitli meselämizi şu gün irden oňuna çözdüler. Metjidiň gurluşygyna rugsat berýän kagyzy Marlen agaň ýeke özi gidip getirdi. Bir tarapdan, bu kemem bolmady. Abdy molla oňa indi, şübesiz, «ors mollasy» diýýärdi. Şeýtdim-de, gyrada galyberdim. Abdy mollaň ýanynda Abdy mollalyk, Marlen agaň ýanynda-da Marlenlik bolýan. Hakykatda welin, bu işden doýgundym. «Metjidiňizem özüňize nesip etsin, mollaçylygyňyzam» diýesim gelýärdi. Gijesi ýok, gündizi ýok, ýadyma şol galyň alany üçin basylan garry daýza düşýär. Ýary gijeden soň tisginip oýanýan.

19-njy maý 198...ý.

Kolhoz obaň gündogar çetinden, gonamçylyga ýakynrak ýerden ýer bölüp berdi. Maşyn kömegini etjegini aýtdy. Ýöne puly halkdan ýygnamalydy. Toýda, hudaýýoluda Abdy molla, Marlen mugallym ilata metjit guruljagyny aýdyp: «Her kim gurbunyň ýetdiginden pul kömegini etsin» diýdi. Emma pul bermäge höwesek ýok diýen ýalydy. Ýüzümize hiç kim hiç zat diýmese-de, yzymyzdan: «Öz çagalarymyzy ekledik-de, indi Marleniň metjidi galdymy?» diýýänlerini eşitdirýärdiler. Ilkibada Marlen aga: «Gysgançlygyňyzy meniň başyma atmaň» diýen bolsa-da, soňabaka bady gaçdy. Il içinde abraýyňy bilmezlikden gowusy ýok – garry mugallym indi öýündenem çykanok. Ýöne namazyny okaýarmyş. Horlanypdyr diýýäler. Ýörite öýüne gidesim gelýär-de, aýagym ädilenok. Marlen mugallymyň oba içinde halanmaýanyna Abdy mollaňam goşandynyň bardygy belli.

2-nji iýun 198... ý.

Oturyp bilmedim, Marlen mugallymyň öýüne gitdim. Dogrusy, kiçijikligimden hormatlan, indem obadan çetleşdirlen ýaly bolup, ýeke galan mugallymym hiç akylymdan çykmady. Olam şol gyzy sebäpli, ile masgara bolan daýza ýaly, beýnimiň içine düşen bir azar boldy. Ýolda barşyma-da içimden: «Bar, git, gözüme görünme» diýip kowaýsa, näderin?» diýip, edil ýaraly gaplaňyň öňüne barjak ýaly bolup barýardym. Bir tarapdanam, adam garransoň iteklense, erbet bolýandyr. Adam ölümi ýakynlaşdygyça, iliň özüni hasam gowy görenini, ölse abraýly jaýlanyny, ýagşylykda ýatlanyny isleýändir. Indem ýüzüne tüýkürilen ýaly bolup oturan bolsa, belki, meniň barmam oňa teselli berer, ýagşy umytlar oýarar öýdýärdim.

Marlen mugallym maňa gözi düşen badyna bir çytyldy. Hemişeki gülküsinem edip bilmedi. Gelemsoň, yzyma nädip dolanaýyn, bilmediksirän bolup, gözüme urlan ýaly, howlusyna girdim. Gadyrly salamlaşdyk. «Ýüregim gysdy-da, gaýdyberdim» diýen boldum. Dalbaryň aşagyna atylan keçäň üstüne geçdik. Marlen mugallym gadym gülküsini edensoň, birneme derim giňedi. Şu wagta çenli bu howla bäş-üç gezek gelendirin. Iň soňky gezek haçan gelenimem ýadyma düşenok. Ýörite oturmaga diýib-ä birinji gezek gelşim. Özüm bir garasöýmez adam-da. Kä kişi bolýa-la, oň gapysyna barar, gümür-ýamyr edişer, soň turar, beýlekiň gapysyna barar, o ýerde-de oň-muň gürrüňini eder – şeýder gününi geçirer. Men welin, molla bolamsoň, nälaç barýan.

Nämäni ýazjakdym, nireden çykdym. Marlen agalaryň howlusy tertiplidi, hemme zat ýerli-ýerindedi. Çaşyp ýatan ýekejede zat ýokdy. Birhili, türkmeniň howlusyny meňzänok.

Çaý getirdiler. Howadan-beýlekiden söz açan boldumam welin, hiç sepleşmedi. Eger haňk-huňk eden bolup turup gitsem, onuň öýkesiniň, ýürek awusynyň hasam artjagy belli. Ýöne metjitli gürrüňi açaýmagam kyn. Ahyry Marlen aga ýaraly gürrüňi gozgady.

– Men seň geljegiňi bilýädim. Ýokary bilimli bilen bilimsiziň tapawudy şunda-da bildirip durandyr. «Ors mollasyna» göwünlik bereýin diýip gaýdyberensiň. He-he-he.

Menem onuň gülküsine goşulan bolup:

– Ors mollasy diýib-ä maňa-da diýdiler – diýdim. Marlen muny öň eşitmän eken «Aý, ýog-a» diýip, haýran galdy.

– Men-ä men, owal «Hudaý ýok» diýip ýören mugallym, ýeri saňa näme üçin beý diýýäkäler? Bäh, saňa-da ol lakamyň dakylanyndan habarym ýok. Ýeri, onsoň, sadaka çagyrmalaryny, tebärek çykartmalarynam goýdularmy?

– Aý, ýok, çagyrýadylar. Ýöne yzymdan gürrüň edýän bolaýmasalar.

– Bäh, bu milleti gör. Ors mollasy diýilýän pop ýa-da şoňa meňzeş biridir-dä. Beýle at dakaňsoň, nädip oňa sen ölen ataň üçin tebärek okatjak? Heý, şuňa akyl ýetirip bilýäňmi?

Başyny ýaýkan bolýan mugallymyň hereketlerinde, diýýän zatlaryny aýdyşynda, birhili, artistlik, ýasamalyk bardy. Öz aýdýanlaryna özem ynanmaýan ýalydy. Megerem, öýünden çykman içini hümledip ýatansoň, indem gürrüňdeş tapanyna joşýandyr.

– Özlerinden bilimli bolanyň üçin saňa şeý diýýändirler. Bilip goýgun, Şammat, bilimsiz nadanyň iň ýigrenýän adamsy sowatly adamdyr. Bu mollalarda sowat ýog-a. Arapça bäş sany suräni ýat tutýalar, bolany, şoň bilenem molla. Okaýan zatlarynyň, iň bärkisi, manysynam bilýän däldir. Howlukma, entek bu mollalaň baryny oturdaryn.

Men «hä» diýmesemem, onuň üçin tapawudy ýokdy. Garşy gitsemem diňlejek däldi. Mugallymyň diňe özüniňkini aýdasy gelýärdi, diňe özüniňkinem dogry hasaplaýardy. Çydaýyn, belki, gürlär-gürlär, ýüregi düşüşer.

– Janymyň ýanýan ýerem çagalaryny dyrnak ýalyjalygyndan Marlen mugallyma ynanýadylar. Indem ynanyp bolmajak biri boldum oturberdim. Muňa näme diýersiň? He-he-he. «Nadan adamlar» diý-de goýaý.

Mugallym göwnüçökgündir, ýalňyzdyr, gussalydyr diýip gelipdim. Onuň haýp geçen ömrüne ökünjini diňlejekdim. Belki, şondandyr, mugallymyň öçli, hyjuwly haly, näçe özüme basalyk etsememem, birhili, ýaramaz duýgulary oýarýardy. Turup gidiberesim geldi. Marlen bolsa, sesimi çykarman oturamsoň, öňündäki guýulgy çaýynam unudyp gürleýärdi:

– Metjit gurular, ony men bilýän. Köp kişi namazam okar. Ýöne «musulman musulmana dogandyr» diýen düşünje bu mollalaňda bolmaz. Sebäbi kesekini doganyň ýaly görmek üçin, Kur’anyň aýatlaryny, düşünmeýän halyňa, ýat tutmakdan peýda ýok. Ilki bilen, düşünje gerek. Görýäňmi, ynha, sen: «Mugallymym ýekesireýän bolaýmasyn» diýip, duýgudaşlyk bildirmek üçin gelipsiň. Sebäbi sende

düşünje bar, sowat bar. Seň maňa nebsiň agyrýar. Sende hakyky musulman sypaty bar. Beýlekiler näme? Heşelle kakýandyrlar. «Şol partinniý mugallyma geregem şody. Alla bilen oýun etseň, boljagyňam şodur» diýişýändirler. Men seň geljegiňi bilýärdim diýdim-ä.

Ýene özümiň gowy bolup çykanyma begenmedim. Gowa zar bolan göwnüm şol zarlygyna-da ötüp gidäýjekmikä?! Saklanyp bilmedim, degişmä salan boldum:

– Marlen aga, sizem birhili öçli ýaly gürrüň edýäňiz. Ýa olara doganyň ýaly seretmek kynmy? Siz maňa sowatly diýdiňiz welin, men-ä özümiň sowatlydygymy ýa-da nadandygymy bilip bilemok.

Marlen mugallym, bolmanda, bir säginer öýdüpdim, o welin, edil şeý diýjegimi bilip duran ýaly, ýüzüniň ugruna jogap berdi. Ýöne ol, birhili, dikelip, jogap berende gözümiň görejine arly ýaly seretdi:

– Men-ä özümi sowatly saýýan. Çünki men ilden ýüzümi öwürmedim, il menden ýüzüni öwürdi. Men ile ynanmazçylyk etmedim, il, Abdy molla, beýleki sakgallylar maňa ynanmazçylyk etdi. Ýöne ýene meniň adamdan öýkäm ýok. Eger bir halanmajak duýgym baram bolsa, nadanlyklaryna gynanjymdan döreýän gahardyr. Senem şu wagt meniň gaharymy halaman, şu gürrüňi tapýaň. Ýa senem garaňky jaýa geçip, başyny bürenip ýatan Marleni görmäge geldiňmi? Gynansaňam, Şammat molla, men halkdan utanman, goý, halk menden utansyn. Ýene bir zadam aýdaýyn, molla aga, jennet bu dünýede bolmalydyr. Nesýe jennetiňe özüňem aldanmarsyň. Alla-da şu dünýede jennet gurmak üçin gerekdir. Ynsan tebigaty özüne gulluk etdirişi ýaly, Allanam özüne gulluk etdirmelidir.

– Namaz näme?

Ahyry Marlen bir sägindi. meniňem bolup oturyşym, ony gepinde tutjak bolşum, awy oňmadyk awçyň, çala şykyrdy eşitse, tüpeňini çenäp barşy ýalydy. Ol ýere gaçan üzüm ýapragyna güýmenen ýaly etdi-de, birden, bat aldy:

– Namazmy..? Hä, Alla saňa däl-de, sen Alla bäş wagtyna gulluk edýäň diýjek bolýaňmy? Aýlap urjak bolýaň-ow, molla aga. Bäş wagtyna eglip-galýanam Allany özi üçin peýdalanyp biler öýdeňokmy? Sen juda sada adam, Şammat. Ors mollasyna beýle sadalyk gelişmeýär. «Alla özüni «adamlar menden peýdalansynlar» diýip tanadandyr» diýip pikir etmediňmi? Alla biziň gullugymyzy başyna ýapsynmy? Her kim, hatda iň dindar, iň hudaýhon, gije-gündiz Alla diýip tagat çekýänem Alladan peýdalanmak üçin, Oňa gulluk edýändir. Her kim, özüniň derejesine görä, Alladan peýdalanýandyr. Kim şu dünýesi üçin, kim ahyreti üçin. Ýöne adamlaň köpüsi şu dünýede Alladan peýdalanjak bolup eglip-galýandyr. Bu namaz okamaýanlaram «günümizi, Alla azar bermämizde-de, oňarýas» diýýändir. Olaram kyn güne düşseler: «Ýa, Alla, ýa, Hudaý, özüň gora!» diýşip başlarlar. Şu wagt bir kyrk sekizdäki ýaly ýer yransyn, nädersiň, aýal-ebtatdan başlap, boýny galstuklysyna çenli namaza başlaberer.

Bu adamyň pelsepesi, özüne çekijiligi ýalam, hopukdyrýardy. Bu pelsepäň «düýbüne ýeteýin-le» diýip, çümäýseň, soň yzyňa çykyp bilmän gark bolaýsaňam geň däldi? Aslynda, muňa gark bolanyň iň aýdyň nusgasy özümdim.

Ýassymy okap, gündeligimi elime aldym. Marleniň pelsepesini ýene bir gezek okap çykdym. Diniň uly güýçdügine düşünip, Alla ynanmasaňam ondan peýdalanjak

bolmakdan eýmenýän. Allany şeýtana hyzmat etdirjek bolmak – gorkunç zat. Mundan-a göni «Alla ýok» diýeniňem gowy.

Kelläm agyrýar. Ýene gijelerine erbet basyrganýan. Hatda ukudanam gorkýan.

16-njy iýun 198...ý.

Günortanyň yssysy biraz gowşap, ikindiden soň howanyň birneme salkynlap ugran wagtlary daşarda, kölegede otyrdym. Birden, ala-galmagal bolup Allaýar gelýär. Oň sesini eşidip, begenjime, ýerimden turanymam bilmändirin.

– Ahow, mollam, biz-ä kirländiris, hammamyňy taýynladaweri, öýde bolsaň.

Ol salamlaşanda garsa gujaklady. Ondan gelýän ys ýakymsyzam bolsa, üýtgeşik dünýä äkidýädi. Bu ysda nijeme türkmen obalarynyň, nijeme myhman alan öýleriň, türkmen sährasynyň, çölüniň, dagynyň çagyryşy bardy. Wah, Allaýaryň yzyna düşüp gidip bolýan bolsady, Albertem, Marlenem, Abdy molla-da, Seýitmuhammet molla-da ogly bilen yzda galsady. Ýeke Alla hem Alla ýar bolan iki ynsan çöl içinde bir golda sazak oduna ýylanyp otursadyk.

Allaýary näçe düşegiň başyna geçirjek bolsamam, etmedi.

– Ilki ýuwnup-ardynaýyn ahyryn. Bu adamlar sen diýip gelendir öýdýäňmi, hammamyň üçin menzil söküp gelnendir.

Däli bolsaň hezil – dälilige salan bol-da, göwnüňdäkini göni aýdyber. Nähili gürrüň etse-de, gelşip dur.

Allaýar ýuwundy, Akbibem oňa, edil geçen gezekki ýaly, arassa eşik berdi. Ol bir salymdan birgeňsi bolup, düşege geçdi.

– Hä, mollam, bedenimiz-ä ýuwduk, gel, göňňülleri ýuwaly. Hal-ahwal ýagşymydyr? Biziňem ýagdaýymyz eşek çopanynyň ýagdaýy-da. Muny eşek bakmadyk bilmez. Men ölemsoň, eşek bakanam bolmazmyka diýýän. Onsoň, dat eşeklerimiň gününe.

– Men-ä, gaýta, içimden: «Allaýaryňkydan hezili ýok. Çagasy ýok, aýaly ýok, ekini ýok, iş-aladasy ýok. Eşeklerem sähel zat tapsa, oňňut edýändir» diýip otyryn. Senem nägile bolsaň, onda bilmedim, bu dünýede gününden razy boljak bir barmyka?

Allaýar aýdanlaryma hezil edip güldi. Ol gaty bir göwnüne degjek zat diýäýmeseň, hezil edip güljekdi. Ol gürleşmekden, umuman, diriliginden lezzet alýan ýalydy. Onuň keýp edip oturyşy maňa-da şobada geçdi. Menem onuň gülküsinden, ýürekdeş seredişinden güýç alýardym.

– Ýok, günümden närza däl. Ýöne bir zatdan gorkýan – ähli keşigim iliň üstünde. Özümiňem ile edýän peýdam ýok. Kyýamat güni «güzeranyňy iliň üstüne atdyň» diýilse, näme diýerin?

– Gaýta, Allaýar aga, sen sylanarsyň. Biziň ýaly, ömür ajy doýurmadyklaryň sogap gazanmagyna sebäp bolýaň. Seň ýaly adamyň «taňryýalkasynyny» almagyň özüniňem belli bahasy ýok.

Allaýar bu düşündirişime çaga ýaly begendi.

– Aý, molla halky her zady delile getirmäge ökde bolýa-da. Şondanmykan-aýt, mollaň ýüzüniň ýaglyja bolýany? Ýogsa, molla Alla has ýakyn, ahyretde soraljak hasapdan has habarly bolansoň, öz halyndan gorkusyna, il-günüň hatasyna gynanjyna, çöp ýaly bolaýjak ýaly-da? Senem, ynha, gyşky gelemdäkiden has ýognapsyň.

Nädeýin ýognaýan-da. Öňküm ýaly kän elime pil alamok, bolmady diýeňde-de, hepde-de bir gezek sadaka diýýä, toý-tomgy diýilýä, gidilýä. Etli dogramadan, ýagly palawdan doýulýa. Orazada-da beýle horlanyp barylanok. Gaýta, agzaçar diýip, dürli-dümen, öňki iýmeýäniňem iýýäň.

– Bolýa, bolýa. Mollam, senem däliň gürrüňine-de çyndyr öýdüp barýaň. Ýaşy goýaldygyça, adam ýognamak bilendir.

Mollam diýýän-ä, «Aýalyň ýok, çagaň ýok – seňki hezil» diýdiň welin, şunyň-a jany bar. Ýaňy hemişekije barýan öýlerimiň birine bardym. Özüm duşdaş ýaşuly adam. Aý, seň ýaly gepimiň alyşýan biri-dä welin, agtygyndan zeýrendi. Agtygy neşe bolupdyr. Öýleneni üç-dört ýyl bolan ýigit, bir-iki sany çagasam bar ýaly. Indi gelnem: «Neşesini goýmasa, gitjek» diýýämiş. Atalary görgüli janyndan syzdyryp zeýrenýä-dä, «Gelnimiňki dogry. Olar ýalydan är bolmaz» diýenem bolýa welin, agyr degýä-dä, garry janyna. Onsoň içimden: «Meň eşeklerimiň-ä neşe öwrenjek aladasy ýok» diýip, begenenimi duýman galdym. Düşse, kä wagt iliň ekinine düşýä, onda-da, näme: «Haý, eş-şek» diýip, taýak oklasaň ýa kesek atsaň, çykýa. Ýaňky ýigidiň eşekçe-de bolmadygy-da. Onsaň-how, men-ä eşejiklerimi hasam gowy göräýdim, günä-de bolsa bilemok bu deňemäm.

– Allaýar aga, sen däli däl, dürdäne-le.

Görgüli, bu sözüme gülüp-gülüp, gözi ýaşaryp gitdi. Şu gülmesi däli diýdirýä-dä.

– Mollam, gaty öwüberme. Dälisi dürdäne bolsa, sagyna aýyp bolar. Sen maňa jogap ber, aýalymyň, çagalarymyň ýoklugy üçin Alla menden hasap sorarmy?

– Aý, ýok. Öýlenmek sünnet, parz däl. Näme, öýlenäýsem diýjek bolýaňmy ýa?

Allaýaryň ýene lykyrdap gülerine garaşdym. O welin, gara çyny bilen:

– Onda inimiň aýdanyny edip bilmen-ä – diýdi. Ýene onuň inisi, düýşi hakynda gürrüň edenini islemedim. Bu däli indi aglasa, menem däldiretjegi bellidi. Şoň üçin gürrüňi alyp gaçdym:

– Maşgala, ogul-gyzam daşyna ýylpyldawuk kagyz dolanan, özüne maýyl edýän bir zat-da. Hakyna seretseň welin, ol şykyrdawuk kagyzdakylar ynsan başynyň synaglary. Ata ogly-gyzy bilen synagdan geçirilýär, perzendem ene-atasy bilen. Aslynda, perzent diýlen miwe ýaly bir zatmyka diýýän. Ol agralyp agram salmasa, agaja peýdasy ýokdur. Diňe synag – başga hiç zat.

Allaýar «hä» diýdi-de, soňam:

– Mollam, onda menem eşeklerim bilen synagdan geçýändirin.

– Mümkin.

– Eşeklerime kän ezýet bermeje-gä bolýan. How, çynym bilen aýdýan, men-ä şu çydamly, işeňňir haýwany gowy görýän. «Eşek-eşek» diýiberseler, kän bir halabam baramok. Bir tarapdan-a, meniň sogabymyň köpräk bolmagam ahmal-how, mollam. Eşegi gowy görmek, ogul-gyzyňy gowy görenden kynrakdyr-a, şeýle dälmi?

– Hawa, ol-a şeýledir.

Allaýar ýene hezil etdi.

– Allaýar aga, sen dilli tüýdük diýen ýaly bir saz guralyny çalmany öwrenen bolsaň, belki, sazanda bolardyň.

– Ony nämeden diýdiň?

– Aý, birhili pikir öwrüşiň inçe.

– Haý, mollam, eşitmänmidiň iň ägirt saz ümsümlikdir diýip?! Sen üsmsümligi diňle, saz diňläsiň gelýäni çyn bolsa.

Özümi ümsümligiň sazyny eşitmejek bolup, onuň hakykatyny diňlemejek bolup, dympa-dympa gözläp ýören ýaly duýdum. Bolup oturyşymy synlaýan Allaýar däli ýene lykyr-lykyr gülmäge başlady:

– Aý, mollam, saňa taý geljek ýok. Kirleseň, seň ýanyňa geläýmeli. Göwnüňem ýuwulýa.

Dagy indi däliň derdine-de dert goşaýynmy? Allaýar eşekçi bu gezek üç-dört gün boldy. Bilmedim, Allaýara näme teselli berenimi, ýöne özümiň-ä tä ol gidýänçä süňňüm ýeňil, göwnüm giň boldy. Ýogsa, üýtgeşik gürrüňem etmedik. Allaýarda öň maňa aýan bolmadyk bir syry duýdum. Ol maňa gapy-gapy aýlanyp, «hüw-hak» diýip ýören, Ýaradany ýaradan ähli zatlaryna söýgiň üsti bilen söýmäge çalşan derwüşleri ýatladýar. Ol her gapa taňry myhmany bolup, özündäki men-menligini doly ýeňipdir, ähli kişini, eşeklerini gowy görüşi ýaly, gowy görýär. Belki, diňe adamlaram däl, ähli zady, köçede aýagyň agramyna ýere çümüp gitse-de, ýene aşagyňa düşek bolýan owunjak daşlara çenli gowy görýär.

Emma näçe höwes etsemem, maňa, Allaýar ýaly, ähli zady taşlap, obadan çykyp gidibermek güýji berilmändir. Derwüşlik, Allaýaryňky ýaly dälilik her kesiň elinden geljek zat däl. Şonuň üçin, höwes eden bolubam oturma. Seň ýalaka «boýnuňa tanap sal-da, özüňi as» diýseň. Hernä, şeýdip, diliňi sallap ölmediň, şoňa şükür et.

Allaýar sözüni dowam etdi:

- Özüňe çekip, göwnüňe almasaň, bir rowaýatjygam eşitdim, diňlärin diýseň, şonam aýdyp bereýin.

Gaty uzaltman gysgaldyp aýdaýaýyn. Garaz, bir arryk köpek halatly piriň ýanyna arza gelenmiş:

– Pirim, meni pylan molla nähak ýere urdy. Şondan hakymy alyp ber, ýogsa-da, özüm haklaşaryn – diýýämiş ýaňky garry köpek. Pirem derrew iti ynjydan mollany çagyrdyp getirdipdir. Molla bolaňda näme, adam pahyr derrew özüni aklar-da:

– Mende günä ýok, pirim. Ol deňimden geçip barýarka üstüme palçyk syçratdy.

Pir özünde müýn duýmaýan molla näme diýjegini bilmändir. Belki, diýjegini bilse-de, molla düşüner öýden däldir-dä, sesini çykarman ony ugradypdyr. Onsoň ýene köpek geler-dä öňüne. Pir çuň pikire gidipdir-de, ahyry köpege:

– Sen molladan razy bolmagyň üçin näme islegiň bolsa, aýt, bereýin. Et diýseň, et bereýin, süýt diýseň, süýt. Ýöne molla bilen deň bolma, oň günäsini geç, ahyrete goýma – diýip ýalbarypdyr. Köpek näme jogap berendir öýdýäň. Ünsli diňle, köpek pire şeý diýipdir:

– Pirim, bolýar. Saňa «ýok» diýip bilmen. Oň günäsini geçeýin, ýöne ýeke şertim bar: Goý, ol molla eşigini, molla sypatyny aýyrsyn. Oňa: «Molla adamdyr, garynjanam ynjydýan däldir, meni-hä asylam ynjytmaz» diýip, aldandym. Eger onda molla eşigi bolmadyk bolsady, deňinden sowlubyrak geçerdim, özümi urdurmazdym.

Neneň gördüň jogaby?

Ýer ýarylmady, men girmedim. Şol asylamda ölmänime şu gezek, çynym bilen, gynandym. Allaýar, Allaýar, saňa näme diýeýin?! Ölüp bilmesem, däliräp bilmesem, men nädeýin?!

Ýene däli akyllylyk edip derrew gürrüňi başga tarapa sowsa-da, uzak oturyp bilmedim. Bir-iki günden ol gitdi. Gidende-de ýüzüne göni seredip bilmedim. Göwnüme, şol urlan it Allaýaryň özi ýaly boldy durdy.

Kelläm agyrýar. Dermanyňam peýdasy az. Ýa dermana öwrenişdimi, nämemi...

23-nji iýun 198... ý.

Metjitli gürrüň obada ýatyşyberipdi. Abdy molla «ýygnanan az-owlak puly yzyna gaýtaryp bersemmikäm» diýip ýördi. Birden, ýagdaý üýtgedi durberdi. Hudaýnazar mollaň agtyklaryndan biri – Muhammetnyýaz şäherde gurluşyk edarasynda başlyk boldy. Ol namaz-beýleki okamasa-da, metjidiň gurluşygyna kömek etjegini aýdypdyr. Abdy mollaň aýdyşyna görä, onuň ýeke-täk şerti – guruljak metjide atasy Hudaýnazar mollaň adynyň dakylmagy. Abdy molla bu şerti höwes bilen kabul edipdir. Olar Abdy molla bilen gidip, ýörite özbek ussalaryny tapypdyrlar. Marlen aga-da öýünden çykmansoň, metjidiň, nätseňem, indi guruljakdygyna gözi ýeten oba ilatam bu işe goşulyşyberdi. Pul kömegini eden pul berdi, el kömegini eden ýowara geldi. Garaz, metjidiň düýbi tutuldy. Ýöne kellagyrydan ýaňa, Abdy molla kän kömek edip bilmedim. Dogrusy, ol meniň kömegime mätäjem däl. Gaýta, görünmedigimçe, gowy görýär. Onuň dert-aladasy metjide ymam bolmak.

Muhammetnyýaz şu gün gurluşygyň başynda janly soýup, sadaka berdi. Zaňňar, gara «Wolgalyja» garynjygynam ýaňy salyp ugrapdyr. Otuzdan ýaňy geçenem bolsa, ýaşuly-ýaş kiçi – her kim ör turup, onuň bilen salamlaşdy. Her kimiň men gelemde ör turanyny isleýşim ýadyma düşdi. Häzir şol islegim ýadyma düşende, ýüregim bulanýar. Ol her kim bilen elleşip gelşine, meniň bilenem elleşdi welin, gidip, elimi ýuwaýasym geldi.

Her kim oňa: «Sadakaň kabul bolsun» diýýär welin, «Hemmämiziňki kabul bolsun» diýen bolup, yzyndanam: «Abdy aga, häzir taýýar betonlar geler, ussalar ýetişmese, oglanlar kömekleşer-dä» diýen bolýar. «Geplese-de, baý ogly geplesin» diýmeýärmi?! Beton geler-de, gatadylarmy?

Oňa çenli Abdy molla onuň göwnünden turaýjak gepem tapdy: «Tüweleme, ataň adyny ebedileşdirýäň, biz öleris gideris, ýöne Hudaýnazar agaň metjidi durar».

Hawa, metjit durar. Gonamçylyga barýan ýol metjidiň deňinden geçip gidýär. Biziň barymyzy ýeke-ýekeden şu ýol bilen, metjidiň deňinden geçirip, gaýralygyna – gonamçylyga tarap alyp giderler. Metjidem ses-üýnsüz yzymyzdan seredip galar.

Off! Men gorkýan. Şol iň soňky ýolumdan, metjidiň deňinden tabyda münüp geçmekden gorkýan. Şu guruljak metjit gurulmaňka ölesim gelýär. Öleniň-ä öleniň yzyňdanam metjit seredip galsa...

Indi janyma-da kast edip bilmen. Men bagtyýatan üçin o gapam ýapyk. Häzir şol günler ýadyma düşende-de, utanjyma, erbet bolýan.

Ýöne häzirki ýagdaýym – adaty ölesi gelmek diýen ýaly bir zadam däl. Ýapyk gapyny açasyň gelmek, şol gapyň aňyrsam şeýle täsinlikdir – höwes ederlik bir zatdyr öýtmek däl. Hakykatdanam, metjidiň deňinden alnyp barlyşymy, metjidiň maňa seredişini, metjidiň maňa näme diýýänine hiç kim düşünmese-de öli halym bilen oňa düşnüşimi duýýan. Içimden: «Beýle metjit gurlandan gurulmany gowy dälmi?» diýip pikir etdim. Nähilidir düşnüksiz duýgy meni metjitden itekleýärdi.

Abdy molla, Muhammetnyýaz ikisi ussalar bilen metjidiň ölçegi, kyblasy hakynda gürleşýärdi. Marlen aga aradan aýryldy welin, Abdy mollaň bu işe eýemsiremesi haýran galdyrýar. Onuň: «Metjidem özüňize nesip etsin, ymamlygam» diýip, saňňylap durşy ýadyma düşýär. Belki, Abdy molla elimden alany üçin metjidi halaýan däldirin? Mümkin. O-da sebäpleriň biri bolup biler.

24-nji iýun 198... ý.

Ikindiň öň ýanlary goňşymyz Apbylaň deňinden geçip barýardym. Bir seretsem ol:

– Molla aga, molla aga! Gel, bir salkym üzüm iýip git – diýip gygyrýar. Apby mydam melleginden çykman ýören daýhan adamdy. Onuň eli kätmenli ýa-da orakly guma bulaşyp ýörşüni göremde, nebsim agyrýardy. Ol hemişe meni görse, hormat bilen, ilki salam berýärdi. Ýogsa, ondan, pesinden, iki-üç ýaş-a kiçidirin. Şondan bolmagam mümkin, bu il bilen işi ýok, gara gününe gümra adama hormatym bardy. «Bereket bersin» diýip geçibersemem boljakdy welin, birhili, nädip sowlanymy bilmedim. Goňşym ýassykdan dikelip, ullakan tabaga salnyp, sowuk suwa ýuwlan halylyny öňüme süýşürdi. Yssydan, gurulýan metjitden gürrüň eden bolduk. Töwir galdyryp, turup gidiberjek boldum welin, Apby çekinjeňlik bilen meni saklady.

– Molla aga, öňräkden bäri ýanyňa baraýyn, bir zat soraýyn, okuwly-bilimli adamdyr, bir maslahat berer diýip ýördüm.

– Aý, ütgeşik okuwymyz ýokdur-la...

– Beý diýme, daýhan bilen okuwly bildirip durandyr. Seňem, tüweleme, işiň kitap. Biz welin, oglankagam kitap okanymyzdan üzümleň arasynda pil depenimizi gowy gördük. Kakamyz pahyram şony gowy görerdi. Ýogsa, babam arapçany okap-ýazyp oturan adam bolupdyr.

Içimden «Gürrüň ata-babadan başland-ow» diýip, uludan demimi alanymy duýman galdym. Apby bolsa, gözüni keçäň gülüne dikip, gürrüňini dowam etdi:

– Sorajak bolýanymam, babamyň başyndan geçen zat hakda. Soragam däl-le, ýöne düşünesim gelýä.

Goňşym gürrüňine başlap bilmän, artykmaç gürrüň edýänine utanýan ýaly, tagaşyksyz hereketler bilen ýeke dyz oturyşyny üýtgedip, aýbogdaşyny gurdy.

– Üýtgeşik bilýän zadymyz-a ýodur, ýöne bilenimizi aýdarys...

Apbyň babasynyň obada sylanýan molla bolanyny, tut-ha-tutlukda-da saý-sebäp bilen aman galanyny öň eşidipdim. Ýöne ol dini bir zat sorajakdyr öýdüp, gaşym çytyldy. Ýigrendigim diniň jedelidi. Üçi, ýedisi, ýanjanly, diş goýdurmak, jynaza namazy üçin çäge düşemek ýaly, bolgusyz dawa edip ugrasalar, ýarama basylan ýaly bolýardy. «Dini meseleden ullakan bilýän zadym ýokdur» diýip, ony saklaýasymam geldi-de, garaz, sesimi çykarmadym.

– Babam pahyr ýaşynyň soňunda kolhozyň üzümlerine garawulçylyk edipdir. Bolan işem edil şu wagtlar – ýaňy halyly bişip ugraýan döwürleri bolupdyr. Obadan bäş-üç sany çaga Meretliň haýatyndaky halyla düşünipdir. Ind-ä ol haýatlar galmadam-la welin, şo mahallar şahasynda sallançak uçubermeli üzümler bardy-da. Olary senem bilýänsiň-le.

Apby meniň baş atanyma-da seretmän, gürrüňini dowam edýärdi. Bäh, beýle-de çekinjeň adam bolar eken. Ýa bolşy şeýlemikä? Goňşym maňa uniwersitetde okaýan

ýyllarymdaky dekanymyzy ýatlatdy. Olam bize käýände-de, ýüzüni ýerden galdyrman käýärdi.

– Babam her gün aýlanmaga gelse, şol halylylardan ýyglyp gidilýänini, aýak yzlaňňam çagaňkydygyny, harsal ýolnansoň, ýere dökülen üzüm tilisgelerini görüpdir. Biwagtrak garawullasa-da, teý, «ogrulary» tutup bilmändir. Ahyry, garry görgüli, şol haýatyň gizlinräk ýerinde ýer edinip, şol ýerde gijesini geçirmeli bolupdyr. Pahyr: «Aý, üzümi gysganan adam däl-le, ýöne başlyk-saşlyk görse, göwnüne bir zat getirmeginden çekindim» diýer eken. Çaga çagadyr-da, babam olary daň atyberende tutupdyr. Tutup-tutmandyr-da, oglanlar ýaňy üzümlere ýapyşyp başlanlaryndan, bukulan ýerinden çykyp: «Haý, edýäniňiz näme?!» diýip gygyrypdyr. Oglanlaram sar ören ýaly, güpürdeşip gaçmaga başlapdyrlar. Babamam daňyň ümüş-tamşyny ýaňlandyryp, sesine bat berip käýinip, ýere elini uzadypdyr. Şol wagt bir kesek böküp onuň eline gelipdir. Babam «estagfirullah» diýip, kesegi yzyna goýupdyr. Ýogsa, niýeti ony bir gije, garry janyna, meýdanda ýatmaly eden oglanlaň yzyndan salmak eken. Ol adamlar başga-da. Kesekde bir belaň baryny paýhasly molla derrew aňypdyr. Aý, olar ýöne bir molla-da däldi-le.

Apby gobsunjak ýaly etse-de, gürrüňiniň başga ýana sapmagyndan gorkýan deý, alňasak yzyny aýdyp ugrady.

– Onsoň, alada galan görgüli namazynam nähili okanyny bilmän, öýe dolanypdyr. Gelip bir käse çaý içipmi-içmänmi, ýaňky üzüme giren oglanlaň biriniň kakasy «Pylan aga, ýeteweri, ogul elden gidip barýar» diýip gelipdir. Ol babamy alyp öýüne eltipdir. Ýaňy, bolsa, 10-12 ýaşlaryndaky çaga hyrkyldap, towlanyp ýatyr diýýä. Ýaşuly muny görüp, sesini çykarman, öý eýesiniň maşyny bilen Meretliň haýatyna gidipdir. Barşyna-da, hälki eline böken kesegi alyp, yzyna dolanypdyr. Gelibem, şol kesegi urnup ýatan çagaň maňlaýjygyna degripdir welin, neressejigiň demi sogrulyp ötägidipdir...

Ine, bolan iş-ä şü. Muny ejem pahyr babamdan öz gulagy bilen eşidipdir. Ol: «Çagaň ajalynyň şol kesekde boldugy-da, şeýle nuranaja eken» diýip, babaň gözüne ýaş aýlany şu wagtam göz öňümde» diýip, gürrüň bererdi. Babamyň adyna Garry däli diýer ekenler. «Däli» diýýäni biziň tirämiz däliler...

Goňşym gürrüňini gutaranyny aňdyrýan ýaly, bir dikeldi-de, soň ýene, oňurgalary göwresini götermeýän ýaly, çala küýkerip oturdy. Agyr ümsümlik döredi. Göwnüme, daşardaky serçelerem bu gürrüňi eşidip, dyman ýaly boldy. Apby menden jogap almajagyny aňyp, ýüzüme birhili çuň nazar bilen seretdi-de:

– Şol kesegi alyp zyňaýan bolsa, babam ýeke salkym üzüm üçin bir çagaň ganyna galan boljak eken-dä... – diýdi. Soň ýene pikirlerini çöşlemäge durdy. Men aýdara söz tapman, agaç ýuwdan ýaly bolup otyrdym.

– Adamyň öz erki bilen Allanyň islegi diýjekmi ýa emri diýjegimem bilemok, işilen ýüp ýaly, dokalan dokma deýin, biri-biriniň içinden geçişine haýran galýan. Kesek üçin babam öz erkine egildimi ýa-da kesek Allaň emri bilen böküp onuň eline geldimi?! Ýa-da paýhasly ýaşuly öz erki bilen ony yzyna goýdy-da, ýene Allanyň emri bilen, ýörite gidip, ony çagaň maňlaýjygyna degirmeli boldumy?! Ýa-da Alla ömründe, bolşewik bolsun, tutha-tut bolsun, namaz-ybadatyny geçirmedik söýen guluny ýaşynyň soňunda ryswa etmek, ömri ötýänçä ökünjiň, müýnüň agyr ýüküni göterip gezdirmek islemedimi?! Ýa-da...

Goňşymyň soňky «ýa-dasy» hasam aňyrdan gaýdan ýaly duýuldy. Niçe ýyldyr bu sowallarynyň çözgüdini gözlän Apby häzirem ähli düşünjesi bilen bu täsin işe düşünjek bolýardy. Göwnüme, goňşym şu pikirleriniň çözgüdini gözläp garalana meňzedi. Ol bir salym sesini çykarman oturansoň:

– Ýa-da has çuňurak, biziň akylymyz çatardan has ulurak bir manysy barmy, bilmedim?! Şu gün oglanlar iki salkym halylyny ýuwup, öňümde goýdular welin, iýip bilmän otyryn. Ýaraty guş ýaly, çabalanyp, ölüp bilmän ýatan çaga, eli kesekli, ak sakgaly döşüne düşüp duran atam göz öňümden gitmedi. Seni görüp, çagyranymam şondan boldy.

Mundan artyk dymyp otursam, gelşiksiz boljakdy. Garaz, bir zatlar diýen bolmalydym. Dilime geleni - «Täsin waka eken» diýen boldum. Emma bu waka öz kelläme kesek degen ýaly etdi. Öýe gelip, çaý başynda: «Adam diýen çylşyrymly, mekir diýdirýär welin, käbiri şonça-da sada. Heý, ýatan kesegem eliňe bökermi?! Hany, Apba: «Munyň-a rowaýata meňzeýär» diý, ömürem ynandyryp bilmersiň» diýen bolup, özbaşyma ýylgyryp otursamam, ölüp bilmän urnup ýatan çaganyň maňlaýyna kesek degrilende uzanypjyk ýatyberşini, ýanynda duran ýaly, görýärdim.

2-nji iýul 198... ý.

Metjidiň boýy ýetip barýar. Orazly aga-da bu gün gürrüňi oba dolan gurluşyga sadaka edýär. Ýene janlyny onuň golaýynda soýup, şol ýerde-de gazan atardylar. Mal soýlýan ýere nädip baranymy bilmändirin. Gözüm damak gana düşdi. Tutuş göwräm bir tisgindi, soňam galpyldy geldi. Hernä, kän syr bermän, o ýerden gitdim, ýöne galpyldy aýrylanokdy.

Muhammetnyýazyň sadakasynda gerlen çadyry ýene geripdirler. Obaň ilatam sadaka ýygnandy. «Pylan obada metjit gurulýamyş» diýip, çar töwerege ýaýrapdyr. Bu habara Seýitmuhammet molla-da gelipdir. Onuň ýene saçy ösgün eken. Megerem ogly gelýän däldir. Goňşusam işlisiräp ýören bolsa.... Ol biziň bilen ýeke-ýeke salamlaşyp, «armamyzy» berdi, «berekellamyzy» ýetirdi. Onuň ýüzüne göni seredip bilmedim. Görgüli, kim sebäpli bir gijesini milisiýada geçirmeli bolandygyny, sandyrap, sakawlap, aýagyna ýelmeşen palçyga degmeýänleň öňünde kiçelmeli bolandygyny, öwrenip ýören kitaplaryny elinden aldyranyny bilýänem däldir. Bilmezem. Birdenem, göz öňüme kyýamat diýlen zat gelip gitdi. Seýitmuhammet molla kepenini ýele galgadyp, «Senmidiň asyl şol ýelem-ýuwlat? Men bolsa öz oglumdan görüp ýörüpdirin?» diýýär. Ýeriň çöwrülmegi, gabyrlaryň ýarylmagy üçin Seýitmuhammet agaň şu soragam maňa ýeterlik bolar.

Munuň üstesine, sadaka Marlen aga-da geldi. Abdy molla ony görenden, el-aýagyny ýitirip, girmäge deşik tapman başlady. Uly gohuň turjagy görnüp durdy. Marleniň keýpine sadaka gelmejegi bellidi. Onuň şol öýünden çykman ýörşüne, birinji gezek ile görnüşidi. Garry mugallymyň bolup gelşi gaty arkaýyndy. Ol gelşine, salamam bermän, çadyrymyzy öwdi. Soň, salamlaşyp çykansoň, Abdy molla: «Molla aga, metjidiň gurluşygyny bizem görsek bolýarmy ýa-da biz ýala gadaganmydyr?» diýip, şyggyldap güldi. Abdy molla jogap bermänkä-de, göni metjit gurulýan ýere tarap ugrady. Hiç kim oňa ýoldaş bolmady. Abdy mollaň öňündäki dograma bokurdagyndan geçenokdy. Onuň bir gözi naharda, bir gözi Marlen mugallymdady. Üstesine, Seýitmuhammet molla-da: «Kim aýt, ol?» diýdi. Abdy molla jogap

bermedi. Oturanlardan biri: «Obaň köne mugallymy» diýip jogap berdi. «Köne» mugallym ussalar bilenem bir zadyň gürrüňini etdi-de, göni bize tarap gaýtdy. Ol gele-gelmäşe, meniň ýakamdan ildi:

– Şammat molla, sen bilmeli ahyryn kartada Mekgäň nirede ýerleşýänini? Kompas bilen barladyňmy? Gümmezem-ä üç-dört boljak ýaly. Siziň gurýanyňyz metjitmi ýa-da türkleň hammamymy?

Meň ýerime Abdy molla jogap berdi:

– Kompas diýýäniň orsuň zadydyr-da, oňa-da ynam bormy?

Marlen mugallym hezil edip güldi.

– Ahow, molla aga kompas Çynma-çynda döreýär. Ýa o ýerde-de ors barmyka?

Abdy molla sowatsyzlygyndan gyzarsa-da, syr bermän, Marleniň üstüne döküldi:

– Aý, ýeri şomuş-da. Bilimlisirän bolup, gep otarma-da, gönüňi aýdaý-da. Näme ilde köýen aryňy bizden çykarjak bolýaň? Seni halamadyk il. Il saňa: «Ors mollasy birýanda boljak bolsa, pul berjek däl» diýdi. Bizde näme günä bar?

Marlen agaň ýüzi üýtgedi.Onuň tutuş göwresi sandyraýardy.

– Molla, meniň adamda arym ýok. Ýöne sen bu gomadaklap gurup ýören metjidiň näçe kerpiji halal puldan, näçesi haramdan ýygnanan, hasapladyňmy? Näme Hudaýnazar molla agtygyna gömülgi hazyna miras galdyrypmy? Ýa hökümet metjit gurar ýaly, edarasyna serişde goýberýärmişmi? Onsoňam, sen meni il bilen öjükdirjek bolma. Alla üçin namazyny okaýan-a seniň şu metjidiňe gelip namaz okamaz.

Marlen mugallymyň beýle gaharynyň gelenini heniz görmändim. Onuň ýarylmagy üçin sähel uçgun ýeterlikdi.

Abdy mollada-da «Iliň gözünden düşmejek bolsaň, gep alyp galmaly däl, ýeňilmeli däl» diýen düşünje bardy. Ol sowukganly görünjek bolsa-da, sesiniň sandyraýanyny ýygşyryp bilmedi.

– Dünýeler üýtgäp ýör-aýt. Düýnki Marlen – Marks-Lenin bu gün gelip, kyblaňa at dakýar, Allaň razylygynyň gürrüňini edýär.

– Seň ýaly mollasumakdan meniň Marlenligimem gowudyr – diýeni bilen, Abdy molla oňa topuldy. Topulany bilenem, Marleniň eline nireden pil sapy ýaly taýak ildi, bilmedik. Biz olaryň arasyna düşüp ýetişmänkäk, Abdy mollaň maňlaýy ýaryldy. Gan gören mollaň reňki ýuwlan ak esgä döndi. Ganyň gyrmyzy reňki, Abdy mollaň boýnunyň gyrasyndan akyp, ak ezýaka köýnegini boýaýşy, çüwdürilen ganyň metjit üçin taýýarlanan kerpiçlere syçrap, siňip gidişi tutuş süňňümi titretdi. Her kim «Aýyp bolar ahyryn» diýşip, olaryň hersini bir ýere aýyrdylar. Aslynda, beýle zada garaşmadyk Abdy molla el gaýtarybam bilmedi. Marlen mugallym elini salgap:

– Siziň haramdan dikelen metjidiňiz, haramdan baý bolan mollaňyz bilen.... – diýip, erbet paýyş sögündi-de, gitdi. Adamlaň dili tutulan ýalydy. Bir kişem oňa: «Edýäniň näme?!» diýip bilmedi. Şeýdip, täze metjidiň kerpiji diňe harama däl, gana-da, hapa sögünje-de ýugruldy.

10-njy iýul 198... ý.

Marlen mugallym bilen Abdy mollaň urşy tutuş obada dürli görnüşlerde gürrüň edilýär. Hasam keýpi gowy görýänler, öňlerinden sakgally çyksa, nälaç salam

berýänler çapak çarpyp, ili gülüşdirip gürrüň edýäler. «Aralaryna düşmeli däl eken. Entegem gyzdyrmaly eken. Abdyşkaň eline-de bir taýak berip, haýsynyň ýeňýänini görmeli eken» diýişýärmişler. «Aý, Marlen mugallymyň diýýänininiňem jany bar-how. Metjit diýlen halal pula gurulmaly dälmidir-aý?» diýýänlerem bar. Iň erbedem: «Şeýle dälmi, molla aga?» diýip menden soraýarlar. Sesimem çykarmaly däl welin: «Halal-haramyň hasaby ahyretde çykarylar» diýdim. Ýaňky sorag berýän: «Ahyretden bärde-de hasap bardyr-a. Nä ahyrete çenli edeniňi edip ýörmeli bolýa-da onda» diýip, çakgyň çüýi ýaly gözüni ýyldyradýar. Ýogsa, oň özi oba belli ýalançy, jypdyryp ýöreniň biri-le. Näme oňa: «Sen özüňe jogap ber» diýip bolýamy? Töweregindäkilerem, gaýta, onuň syrtyndan galdyrýalar. Birden ýerimden turup: «Haý, millet! Bu Marlen bilen Abdyň ýa-da Hudaýnazar mollaň agtygynyň masgaraçylygy däl, bu hemmämiziň masgaraçylygymyz» diýip gygyranymy duýman galdym. Milletiň sesine suw sepilen ýaly boldy. Munuň ýaly zada garaşmadyk adamlar mölerişip maňa seredýärdiler. Erbet boldum. Öz sesimden utandym. Soňam «Aý!» diýip, elimi silkdim-de, aralaryndan çykyp, göni öýüme tarap haýdap ugradym. Nämä howlugýanymy bilmesemem, hasanaklap barşyma, hüňürdäp: «Dogru-da. Mundan beter masgaraçylyk bolarmy?» diýýärdim.

Agym tutýar. Allaýar eşekçi ýaly, obadan başymy alyp çykyp gidesim gelýär.

11-nji iýul 198...ý.

Öten agşam düýş gördüm. Şondan bäri oýalygym düýş ýaly, tersine, gören düýşümem hakykat bolup görünýär. Gep uzaldyp oturmaýyn.

Obamy, şähermi – adam barynyň kellesi jübüsinde. Her kim kellesini şeýle bir gowy görýär. Kimiň kellesi goltuk, kimiňki gapdal, ýene biriniňki jalbarynyň jübüsinde. «Batyrlar kellesini etegine salyp, ýagyň üstüne çozupdyr» diýip eşderdim, ýöne kelläň jübä salynýanyny birinji gezek görýän. Täze çykan eşikleň jübüsem kän. Honha biri kellesini syrt jübüsine salypdyr. «Bäh, bu adam oturanda nädýärkä, kellesiniň üstünde oturaýýarmyka?» diýip pikir edýän. Ýogsa, syrtky jübi şeýle kiçem welin, şonda-da sygdyraýypdyr. Jübüleriň gyrasynda gözjagazlar ýyldyraşyp görünýär. Hiç kimiň azaryna-da däl. Bu, hamala, adaty zat ýaly. Kellelerem: «Bu ýer ýyljak» diýşip hezil edýärler. Şol wagt öz kellämiň nirededigini bilemok. Bu hakda pikir edip ýetişmänkäm, ýaplanyp ýatan birine gözüm düşdi. Onuň kellesi ýerindedi. Bu gyra çekilen kişiniň ýanyna baryp:

–Sen näme çetde ýatyrsyň? Kelläň näme jübüňde däl. Sen näme dälimi? – diýip soradym. Olam:

– Nätjegimi bilemok, kellämi jübüme salsam, aýaklarym onuň ýerini tutýar. Onsoň, aýaklaň ugruna görä eňibermeli. Bu ýaman hezil. Ýerinde bolanyndan bolmany gowy, kelläňi jübüňe salsaň, ol goragda-da bolýar. Görýäň-ä, gar gatyşykly ýagyş ýagýar. Kelläňi üşetseň, miningit bolmagyňam ahmal ýa-da Parkinsonyň keseli degäýse nätjek? Ýöne aýagyň ugruna görä eňip ýörüljek bolsa, bu kelläňi jübüňde şalkyldadyp ýörmegiň geregem ýok ýaly. Zyňyp goýberseň, kelläň aladasam birlikde zyňyljak, dynyljak. Şonda-da bu kelläni zyňmaga dözemok. Meniň owadan gözlerim, buýra saçlarym, onsoňam, az-owlak pikirlerim bar. Kellämi zyňsam, olaram bile zyňylmaly boljak. Şeýdip, nätjegimi bilmän, ýaýdanyp ýatyryn –diýdi.

Birden, bu eplenip ýatanyň özümdigini tanadym. Özüm özümi synlap, haýran galdym. Ýyl, ömür diýlen zat adamy nä hala salýar eken?! Özüň özüňe haýran galýaň. Özümiň aňyrsynda bolsa ejem namaz okap otyr. Ejemiň namaza başlanyny bilmesemem, näme üçindir, geň göremok. Ol, hamala, kiçijikliginden okap ýören ýaly. Ejem namazyny okap boldy-da, maňa öz gören düýşüni gürrüň bermäge başlady:

– Düýşümde kakamy, seň babaňy görüpdirin. Ol: «Gün ýaşyp barýar, ikindiňi oka» diýýär. «Gün ýaşyp barýar» diýdigi «Indi garradyň, ölümiň ýakyn geldi» diýdigidir-dä.

Şol wagt gözüm köçä düşdi. Köçeler boş. Soňuny gara tutduran ýagyşdan bolmagam mümkin, ýöne köçeler boş bolsa, erbet görünýär eken. Olar edil gan akmaýan damarlara meňzeýärdi. Birhili, köçe özüniň manysyny, maksadyny ýitiren ýaly. Gar bolsa ownuklap ýagýar. Wagty bilen diňjege meňzänok. Sowuk şemalyňam nireden ösýäni bildirenok. Köçeleriň halyna nebsim agyryp gitdi. Bir görsem, özümem ýatan ýerimden turupdyryn. Olam kellesini jübsüne salyp, keltejik paltosynyň ýakasyny galdyryp, boýnuny sowukdan gorajak bolup barýar. Onuň yzyndan

– Dur, dur. Kelle bir jübä girmäni öwrense, soň onuň ýyljak ýerden çykasy gelmez. Buýra saçlarymy şemala daradasym gelýär – diýip gygyrýan. Soňky sözlerim, näçe gygyrsamam, gokusyna, ýuwaşja çykýar. Özüm diýenimi edenok. Alaçsyz ejemiň namazlygynyň ýanynda oturýan. Ejem maňa dözmän, başymy sypalajak bolýar welin, kellämi tapanok.

Bir görsem, ejem eli uzyn sübseli şäheriň köçelerini süpürip ýör. Howa-da şeýle bir yssy. Gün depäňi deşip barýar.

Bir görsem, ol stakanlap çigit satyp otyr. Ejeme: «Sen meni masgara edýäň» diýýän welin, azaryna-da däl.

Köçeler bolsa boşluk. Hiç kimiň saçyny şemal daranok. Şu ýerde-de hopugyp oýanypdyryn. Oýananym bilen, elimi kelläme ýetirdim. Kelläm şeýle bir agyrýar, ýarylyp barýar.

* * *

Soňky bolan zatlary men – Röwşen ýazýan. Hemişekilerim ýaly, ikindi namazyna bir sagat çemesi galyberende mollamyň öýüne bardym. Ol tamyň kölegesinde kellesini tutup otyrdy.

– Kelläňiz agyrýan bolsa, soň geläýeýin diýsem, elimlen tutup, goýbermedi. Mollamyň seredişi gorkunçdy hem naýynjardy. Onuň bolşundan näçe gorksamam, mugallymymdan: «Ýaňy bolan gölejige emmelidigini kim öwredýär?» diýip soranymy, mugallymyň bolsa, «instinkt» diýip, bir zatlar düşündirjek bolandygyny, soňundanam: «Şol instinkti kim berýär?» diýip soramda, mugallymyň jogap tapmandygyny gürrüň berdim. Soňam mollamdan: «Nebsem adamlara Alla tarapyn, instinkt ýaly, berlen bir zatmyka? Ýa adamda nebis bolmasa, instinktem boljak dälmikä?» diýip soradym. Şamyrat aga başyny ýerden galdyrman, soragymy eşitmeýän ýaly, sandyrap, geň hereketler edýän barmaklaryny birinji gezek görýän ýaly, sarsman synlap oturdy. Soňam: «Kakaň gowumy?» diýdi.

– Gowy. Ol indi içenok. Ýöne namaz okaýsady.

– Okar.

Birden, mollamyň gözlerinden ýaş paýrap gitdi.

– Oglum, ynsan diňe bu dünýälik däl. Ol bu dünýä sygmaýa. Oňa hökman o dünýe gerek. Adam wagt bilen näçe ýaryşsa-da, ol wagtyň, ölçegiň ýok ýerini küýseýär. Ol wagta, ölçege-de sygmaýar. Bakylygy küýseýär. Biziň hakyky dünýämiz şo taýda. Arman, muňa giç düşündim. Maksadym şu dünýe bilen, wagt bilen ýaryşmak, ony ozmak boldy. Nähili erbet ýalňyşypdyryn. Eje, sen nähili ýalňyşypsyň! Biz boş şemal bilen ýaryşypdyrys.

Ýüzüniň reňkine çenli agaran mollam sandyraýan sesi bilen samrap başlady:

– Seýitmuhammet molla bagyşla... Ýit, özüň üstüme palçyk syçratdyň... Garry däli kesegiňi getirsene... Kesek... Kesek... Gan... Gan... Kelläm... Kelläm ýaryldy...

Soňra mollamy dälihana äkitdiler. Bir gezek yzyndan bardym.

– Häzir ýagdaýym gowy. Ýöne namaz okap bilemok, Allaýar eşekçi ýaly, näçe rekegat okanymy ýatda saklap bilemok. Onda-da kä wagt okaýan. Ýadyma düşen wagty ýadaýançam okaýýan. Şeýdip okasaňam bolýandygyny maňa dogtorym öwretdi.

Soňra ol, birden, egildi-de, gulagyma:

– Öýde, kitap goýýan sandygymda bir daşy ýaşyl depder bardyr. Şol – meniň gündeligim. Şony saňa berýän. Näme etseň, şony et – diýdi. Soňam dikelip:

– Dogtarymam maňa: «Gündelik ýazmak, kitap okamak bolanok» diýdi. Oň diýenini etmeseňem, erbet derman sançýar – diýip, pyşyrdap aýdanlarynyň üstüne goşdy.

Şeýdip, gündelik mende birnäçe ýyllap ýatdy. Elbetde, gündelikdäki adam atlaryny üýtgetmeli boldum.

Soňky birnäçe ýylyň içinde bolup geçen zatlary hem gysgajyk ýazaýyn.

Iň esasy bolan waka SSSR ýykyldy. Hakykatdanam, metjitler köpeldi. Biziň metjidimizem salyndy. Salnanyndan iki ýyl töweregi geçensoň, meni ymam saýladylar. Hem okaýan, hem ymamlyk edýän welin, kynrak bolýar. Täze ýyl-a eýgertmezmikä diýýän. Ýöne ymam bolmaga höwesliler kän. Marlen mugallymam gelip, onda namaz okaýar. Häzirem Abdy molla bilen ikisi jedele gyzýalar welin, aralary gowy. Onuň kellesindäki ýara bitip gitdi. Şamyrat mollamyň ýagdaýam erbet däl welin, ýyl-ýyldan köp aglap, az gülýär. Meni görse, hasam derrew agysy tutýar. Şonuň üçin, ýanyna kän baryp bilemok. Ýogsa, mollamy şeýle göresim gelýär. Allaýar eşekçem mollamyň ýanyna gelýär. Ikisi aglaşyp oturýarmyşlar. Lukmanlar mollama: «Aglasa, gowy. Gülmese, açylar» diýýäler. Meniňem göwnüme mollam bu gün-erte açylaýjak ýaly...